**A. Rahmanow**

# DIPLOMATIK WEKILHANALAR WE HABAR-SELJERIŞ-DÜŞÜNDIRIŞ IŞI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2016

UOK 327
R 18

**Rahmanow A.**
R 18 **Diplomatik wekilhanalar we habar-seljeriş-düşündiriş işi.** Ýokary okuw mekdepleriniň halkara gatnaşyklary we diplomatiýa, halkara hukugy, halkara ykdysady gatnaşyklary, halkara žurnalistikasy, taryh, syýasaty öwreniş hünärleriniň talyplary üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.

«Diplomatik wekilhanalar we habar-seljeriş-düşündiriş işi» okuw kitabynda diplomatik gullugyň habar-seljeriş we habar-düşündiriş işi ýaly möhüm wezipelerine seredilip geçilýär, şol sanda dünýäde habaryň roly, Türkmenistanyň milli bähbitleri we daşary syýasatda ileri tutulýan ugurlary, daşary-syýasy habara bildirilýän esasy talaplar, diplomatik wekilhanalaryň we konsullyk edaralaryň işgärleri tarapyndan taýýarlanylýan habaryň esasy çeşmeleri giňişleýin beýan edilýär, habar resminamalarynyň görnüşleri, habar-düşündiriş işiniň ähmiýeti açylyp görkezilýär, diplomatik gullukda habar tehnologiýalarynyň roly we orny kesgitlenilýär. Kitapda şeýle hem daşary-syýasy habary toplamak we seljermek boýunça döwlet işini guramaklygyň esaslary babatdaky halkara tejribä uly orun berilýär.

Bu okuw kitaby ýokary okuw mekdepleriniň diplomatik wekilhanalarda habar-seljeriş-düşündiriş işi dersini öwrenýän talyplary, şeýle hem mugallymlar we aspirantlar üçin niýetlenýär.

TDKP № 73, 2016 KBK 66.49 ýa 73

© A. Rahmanow, 2016



TURKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# Giriş

Şu günki günlerde biz dünýäniň barha özgerýändiginiň, sebitleýin we ählumumy derejelerde ýagdaýlara täsir edýän täze hadysalaryň ýüze çykýandygynyň şaýady bolup durýarys. Umuman, häzirki wagtda biziň daşymyzy gurşap alýan dünýä okgunly özgerýär, häzir diňe bir onýyllygyň içinde bolup geçýän syýasy, tehnologiki, ylmy, sosial we başga özgerişlikler üçin ozal asyrlar gerek bolupdy. Elbetde, şol ýagdaýlar, özgerişlikler döwletleriň, tutuş dünýä bileleşiginiň bähbitleri üçin özleriniň gowy düşünilmegini we oýlanyşykly, çuňňur seljerilmegini, dogry çaklanylmagyny talap edýärler.

Diplomatiýanyň daşary syýasaty amala aşyrmak üçin ulanylýan amaly çäreleriň, şeýle hem görnüşleriň, serişdeleriň, usullaryň we tärleriň jemi bolup durýandygy we şunlukda, habar-seljeriş işiniň daşary-syýasy, diplomatik işiň esasy ugurlaryndan biri hökmünde çykyş edýändigi düşnüklidir, galyberse-de, halkara meselelerini ylmy taýdan öwrenýän tejribeli alym-diplomatlaryň diplomatik işiň esasy wezipeleriniň sanawyna habar-seljeriş, çaklaýyş, administratiw-dolandyryş we konsullyk işlerini goşmaga meýilli bolmaklary hem halkara gatnaşyklarynda habar-seljeriş işiniň uly, üstesine-de barha ýokarlanýan ähmiýetinden habar berýär. Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2013–2017-njy ýyllar üçin Konsepsiýasynda halkara ýagdaýlarynyň yzygiderli ösmeginiň Türkmenistanyň daşary syýasat ugry emele getirilende öz wagtynda we degişli şöhlelendirilmegini, uzakmöhletleýin milli maksatlara we bähbitlere dogry baha berilmegini, ileri tutulýan wezipeleriň we olary amaly syýasy-diplomatik işde ýerine ýetirmekligiň usullarynyň anyk kesgitlenilmegini talap edýändigi, şeýle hem diplomatik gullugyň öňünde durýan giň gerimli möhüm wezipeleriň öz wagtynda we hil taýdan ýokary derejede ýerine ýetirilmeginiň ençeme ýagdaýlara, ozaly bilen bolsa, olaryň maglumat taýdan üpjün edilmegine bagly bolup durýandygy nygtalyp geçildi.

**Habar-seljeriş üpjünçiligi – munuň özi habary toplamaklygy, onuň umumylaşdyrylmagyny, oňa baha berilmegini we şolaryň esasynda degişli çäkde peýdalanmak, durmuşa geçirmek, umuman, karar kabul etmek üçin anyk teklipleri öňe sürmekligi aňladýar.** Şonuň üçin hem habarda ýalňyşlyklara ýol berilmegi döwlete gaty gymmata düşüp biler. Başgaça aýdylanda, habar-seljeriş işi-munuň özi diplomatik wekilhanalaryň diňe bir zadyň ýagdaýy baradaky hasabaty däl-de, eýsem ol, ozaly bilen, olaryň ýokary derejedäki professional, ýagny hünär taýdan seljerilmegidir, çaklanylmagydyr. Hut şonuň üçin hem pähimli syýasat diňe dogry habara esaslanýar. Diplomatlar tötänden ýüze çykýan ýagdaýa ýa-da duýgulara bil baglamaly däldirler. Şeýle edilse, diplomatiýa tebipçilige öwrüler. Diplomatyň sungaty habar akymyndan esasy zady saýlap almagy başarmakdyr. Şeýle hem ilçihanalar, konsullyklar, halkara guramalaryň ýanyndaky hemişelik wekilhanalar tarapyndan Merkeze ýollanýan habar diplomatik wekilhanalaryň we konsullyk edaralaryň bolýan ýurtlarynda hereket edýän taryhy güýçleriň doly seljerilmegini özünde jemlemek we syýasy ösüşiň mundan buýanky gidişini öňünden görmäge mümkinçilik bermek bilen, diplomatik wekilhanalary akkreditleýän döwletiň işiniň gün tertibinde durýan syýasy meselelere has doly laýyk gelmelidir.

Hut şonuň üçin hem maglumat – seljeriş işini hemme taraplaýyn talaba laýyk ýola goýmaklygyň zerurlygy Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2012-nji ýylyň 10-njy dekabrynda ýurdumyzyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde eden çykyşynda aýratyn we giňişleýin nygtalyp geçildi. Şonda döwlet Baştutanymyz bu barada şeýle diýdi: «Biziň alyp barýan daşary syýasatymyz we diplomatiýamyz işjeň häsiýete eýe bolmalydyr, biz möhüm ähmiýetli başlangyçlary öňe sürmelidiris. Zerur halatlarda bolsa, öňdengörüjilik bilen hereket etmelidiris, biz bolup geçýän wakalardan hemişe habarly bolmalydyrys. Şoňa görä-de..., seljeriş işlerini düýpli güýçlendirmek zerurdyr.

Türkmenistanyň ilçihanalary we konsullyklary, şeýle hem halkara guramalaryň ýanyndaky wekilhanalary dünýädäki syýasy we ykdysady ýagdaýy öz wagtynda seljermelidirler. Şol seljermeleriň

netijeleri bolsa döwlet derejesinde çözgütleri kabul etmek üçin esas bolmalydyr.

Daşary işler ministrliginiň düzüminde dogry netijeleri çykarmaga we hemmetaraplaýyn esaslandyrylan teklipleri bermäge ukyply bolan kämil seljeriş gullugyny döretsek, maksadalaýyk bolar diýip pikir edýärin. Biziň diplomatiýamyz döwletimiziň ykdysadyýetiniň we alyp barýan daşary syýasatynyň meselelerini, aýratyn-da, abraýly daşary ýurt köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde beýan edilýän, bilermenler tarapyndan ara alnyp maslahatlaşylýan pikirleri hem-de berilýän bahalary düýpli öwrenmelidir. Şoňa görä-de, biziň wekillerimiz dürli halkara maslahatlaryna has işjeň gatnaşmalydyrlar».

Geljekki türkmen diplomatlarynyň habar-seljeriş-düşündiriş işini alyp barmaga ukyply bolmaklary diplomatlardan olaryň Türkmenistany, onuň milli bähbitlerini, diplomatlaryň bolýan ýurtlaryny gowy bilmeklerini, ýurdumyzyň öňünde durýan wezipeleriň we tutuş dünýädäki ýagdaýyň özara gatnaşyklaryna gowy düşünmeklerini, öz üstünde hemişe işlemeklerini, hünär ussatlyklaryny yzygiderli ýokarlandyrmaklaryny, şol sanda habar bilen işlemek sungatyny doly ele almaklaryny talap edýär.

Diplomatik wekilhanalarda habar-seljeriş-düşündüriş işi dersiniň nusgalyk okuw maksatnamasynyň esasynda häzirki zamanyň talaplaryna laýyklykda ýazylan bu okuw kitaby türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň talyplaryny diplomatik gullugyň iň möhüm wezipelerinden biri bolan habar-seljeriş, habar-düşündiriş işi bilen mümkingadar doly tanyşdyrmaklygy öz öňünde maksat edip goýýar, onuň wezipesi bolsa, daşary-syýasy we beýleki edaralaryň merkezi diwanynda, olaryň daşary ýurtlardaky edaralarynda habar-seljeriş we habar-düşündiriş işine döredijilikli gatnaşmak üçin talyplary zerur bolan bilim bilen üpjün etmekden, şeýle hem olarda degişli başarnygyň, endikleriň emele gelmegine ýardam etmekden ybarat bolup durýar.

Kitap dokuz bapdan ybarat bolup, olarda diplomatik gullukda habar işi, daşary-syýasy, diplomatik habara bildirilýän esasy talaplar, diplomatik wekilhanalaryň işgärleri tarapyndan taýýarlanylýan habarlaryň esasy çeşmeleri, diplomatik wekilhanalaryň habar resminamalarynyň görnüşleri, Türkmenistanyň diplomatik

wekilhanalarynyň habar-seljeriş işiniň tejribesi, diplomatik gullukda habar-düşündiriş işi, diplomatiýa we habar tehnologiýalary, daşary-syýasy habary toplamak we seljermek boýunça döwlet işini guramaklygyň halkara tejribesi we başga meselelere giňden seredilip geçilýär.

Häzirki döwürde biziň ýurdumyzyň bähbitleri sebit derejesinde-de, yklym derejesinde-de, ählumumy derejede-de kesgitlenendir. Şu günki gün Türkmenistan halkara gatnaşyklarynda anyk kesgitlenen ugra eýe bolmak bilen, ählumumy meseleleriň ugurlary bolan parahatçylygy we howpsuzlygy goramak hem-de berkitmek, ýaragsyzlanmak, täze wehimlere we howplara garşy durmak, adam hukuklaryny goldamak we goramak, ekologiýa, azyk meseleleri, maliýe-ykdysady çökgünligiň netijelerini ýeňip geçmek, ylym, medeniýet we bilim ulgamlaryny ösdürmegiň meseleleri ýaly ugurlar boýunça öz garaýyşlaryny öňe sürýär. Türkmen diplomatiýasy dürli ugurlar boýunça döwletler, halkara guramalary bilen alyp barýan işlerini barha güýçlendirýär.

Şol bir wagtyň özünde Türkmenistanyň Prezidenti özüniň 2012-nji ýylyň 10-njy dekabrynda Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde eden çykyşynda häzirki döwürde biziň ýurdumyzyň öňünde giň gerimli, möhüm meseleleriň durýandygyny, şol wezipeleriň beýleki möhüm meseleler bilen bir hatarda we ozaly bilen, halkara giňişliginde Türkmenistanyň milli bähbitlerine anyk düşünmegi talap edýändigini aýratyn nygtap geçdi. Şu jähtden, şu okuw kitaby şeýle hem Türkmenistanyň milli bähbitleriniň döremeginiň şertlerini, ýurdumyzyň daşary-syýasy bähbitlerini we ileri tutulýan ugurlaryny talyplara doly düşündirmekligi, olara halkara derejesinde Türkmenistanyň milli bähbitlerini goramaklygy öwretmekligi hem özüne maksat edinýär.

«Diplomatik wekilhanalar we habar-seljeriş-düşündiriş işi» okuw kitaby şeýle hem talyplara daşary-syýasy habar işi barada zerur bolan bilimleri we endikleri bermek bilen çäklenmän, eýsem ol diplomatlaryň hünärmen hökmünde kämilleşmegi üçin juda zerur bolan hünär endikleriniň edinilmegine sarp edilýän wagty hem esli derejede gysgaltmaga ýardam etmekligi göz öňünde tutýar.

Diplomatik gullugyň esasy wezipeleriniň biri hem daşary-syýasy çaklaýyş işini dogry ýola goýmakdyr we bu ugurda işjeň, netijeli işi alyp barmakdyr, sebäbi daşary syýasatyň esasy ugurlary boýunça ýagdaýlaryň ösüşini öňdengörüjilikli çaklamazdan, ylmy-esaslandyrylan syýasaty alyp barmak mümkin däldir. **Daşary-syýasy çaklaýyş – munuň özi, umuman ýa-da aýry-aýry sebitlerde halkara gatnaşyklarynyň ösüşiniň ähtimallygyny kesgitlemek, halkara gatnaşyklarynyň ulgamynyň ol ýa-da beýleki böleklerinde bolmagy ähtimal özgermeleriň ugurlaryny seljermek, şol bir döwletiň daşary-syýasy hereketleriniň getirip biljek netijelerine baha bermek bolup durýar.** Şu jähtden, «Diplomatik wekilhanalar we habar-seljeriş-düşündiriş işi» okuw kitaby özüniň göni wezipesinden başga-da, talyplaryň daşary-syýasy çaklaýyş işi barada hem käbir bilimleri edinmeklerine ýardam eder.

Şu günki gün Türkmenistanyň ministrliklerinde we pudak edaralarynda halkara gatnaşyklaryň meseleleri boýunça bölümler döredilip, olaryň düzüminde häzirki zaman dünýäsiniň ösüşini we sebit gatnaşyklaryny, öňdebaryjy tejribäni öwrenýän seljeriş we çaklaýyş ulgamynyň hereket etmegi bellenip geçilmäge mynasypdyr. Şunuň bilen baglylykda, habar bilen başarnykly işlemegiň sungatyny kämil ele almaklygyň, ýagdaýa hakyky baha we teklipler berip bilmekligiň ýollaryny görkezýän «Diplomatik wekilhanalar we habar-seljeriş-düşündiriş işi» okuw kitaby döwlet gurluşynyň bu düzüminde işleýän adamlar üçin hem peýdaly bolar diýip ynamly aýtsa bolar.

Şol bir wagtyň özünde, häzirki wagtda, hatda dünýäniň syýasy edebiýatynda hem daşary syýasaty durmuşa geçirmegiň esasy serişdesi hökmünde diplomatiýanyň meselelerini seljerýän ylmy-barlag işleriniň juda azlyk edýändigini belläp geçeliň. Üstesine-de, bu ugur boýunça bar bolan ylmy işleriň aglaba köpüsinde diplomatiýanyň meselelerine däl-de, eýsem daşary syýasatyň meselelerine seredilýär. «Diplomatik wekilhanalar we habar-seljeriş-düşündiriş işi» atly okuw kitaby daşary-syýasy işiň iň möhüm ugurlaryndan biri bolan habar-seljeriş we habar-düşündiriş işiniň meselelerine bagyşlanyp Türkmenistanda türkmen dilinde, şeýle hem daşary syýasatyň we diplomatiýanyň meseleleri boýunça hünärmen tarapyndan ýazylan ilkinji okuw kitabydyr.

Awtor şu kitabyň diplomatiýanyň möhüm meseleleriniň biri boýunça edebiýat ýetmezçiliginiň az-da-kän-de öwezini doldurjakdygyna ynam bildirýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň halkara gatnaşyklarynyň, ýurdumyzyň daşary syýasatynyň we diplomatiýasynyň meseleleri boýunça eden maksatnamalaýyn çykyşlary kitabyň ylmy-usuly esasyny tutdy.

Diplomatik gullukda habar-seljeriş we habar-düşündiriş işi bilen bagly meseleleri has doly açyp görkezmek maksady bilen, kitapda şeýle hem käbir türkmen we daşary ýurtly diplomatlaryň, alym-diplomatlaryň, ozaly bilen bolsa, türkmen diplomatlary S.K.Berdiniýazowyň, B.S.Karaýewiň, rus diplomaty W.I.Popowyň, fransuz diplomaty F.Kaleriň, iňlis diplomaty G.Nikolsonyň we başgalaryň neşir edilen işlerinden peýdalanyldy. Kitapda belli diplomat we halkaraçy-alym awtoryň baý durmuş, syýasy, diplomatik we ylmy tejribesi, onuň şahsy arhiwi, şol sanda onuň arhiwinden alnan we olarda habar-seljeriş işiniň tehnikasy we gizlin syrlary beýan edilýän möhüm resminamalar we maglumatlar, ozaly bilen bolsa, uzak ýyllaryň dowamynda alym-diplomatyň alyp baran «Wakalaryň we söhbetdeşlikleriň gündelikleri» giňden peýdalanyldy. Kitabyň gurluşy onuň materialynyň gowy özleşdirilmegi üçin zerur bolan mümkinçiligi berýär.

Bu okuw kitaby, ozaly bilen, diplomatik gullugyň esaslaryny öwrenýän talyplar, aspirantlar, şeýle hem diplomatik gullukda ýaňy işe başlan ýaş diplomatlar üçin niýetlenýär. Awtor kitabyň halkara gatnaşyklarynda habar-seljeriş we habar-düşündiriş işi bilen gyzyklanýan giň okyjylar köpçüligi üçin hem gyzykly we peýdaly bolup biljegine ynam bildirýär.

# I BAP

# DIPLOMATIK GULLUKDA HABAR IŞI

Habar işi islendik döwletiň daşary-syýasy gullugynyň işiniň esasy bolup durýar. Şonuň üçin hem daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalaryň esasy wezipesi ýa-da olaryň esasy wezipelerinden biri habar işidir, başgaça aýtsak, daşary-syýasy habardyr. Daşary-syýasy habar diplomatik wekilhanalaryň gündelik işinde özüniň göwrümi boýunça uly orun tutýar, üstesine-de, daşary-syýasy habar işine diplomatik wekilhanalaryň diplomatik işgärleriniň ähli gatnaşýar.

Daşary-syýasy habar işiniň dürli ugurlary öz içine alýan iki sany wezipesi bardyr. Şol wezipeleriň birinjisi, diplomatik wekilhana tarapyndan onuň bolýan ýurdy barada ähli kanuny ýollar arkaly maglumatlar toplamakdan, olary seljermekden we şol ýurtdaky ýagdaý, onda bolup geçýän wakalar barada öz Hökümetini habardar etmekden ybaratdyr. Wezipeleriň ikinjisi bolsa, diplomatik wekilhananyň öz wekilçilik edýän döwleti, onuň içeri we daşary syýasaty barada bolýan ýurduny habardar etmegidir. **Şunlukda, daşary-syýasy habar – munuň özi döwletiň daşary ýurtdaky diplomatik wekilhanasynyň gündelik esasy wezipeleriniň biridir we ol, bir tarapdan, wekilhananyň bolýan ýurdundaky ýagdaý we wakalar barada öz Hökümetini habardar etmekligi, beýleki tarapdan bolsa, diplomatik wekilhananyň bolýan ýurduny özüniň oňa wekilçilik edýän döwletiniň syýasaty bilen habardar etmekligi maksat edinýär.**

Dünýädäki, aýry-aýry sebitlerdäki we ýurtlardaky ýagdaýlar bilen, bolýan döwletindäki wakalar bilen habardar bolmak, ösýän ýagdaýlaryň kanunalaýyklygyny ýüze çykarmak, olaryň geljegine göz ýetirmek we şunuň bilen oňaýly meýilleriň ösmegine ýardam etmek üçin zerurdyr. Başga sözler bilen aýdylanda, daşary-syýasy habar diplomatik hereketleri işläp taýýarlamaklyga niýetlenendir.

Elbetde, islendik daşary-syýasy, diplomatik çäräniň üstünligi ençeme ýagdaýlardan, şol sanda, esli derejede ýagdaýlaryň dog-

ry, hakyky seljerilmegine baglydyr. Şeýle hem häzirki wagtda her bir ýurduň Hökümetinde habaryň köpsanly kanallary we serişdeleri bardyr. Her bir ýurduň döwleti, Hökümeti üçin has ygtybarly habar çeşmesi diplomatik wekilhananyň materiallarydyr, onuň teklipleridir. Bu ýagdaýyň bolsa diplomatik wekiliň üstüne öz Hökümetine ýollaýan habary üçin doly jogapkärçiligi ýükleýändigi düşnüklidir. Hut ilçi, ilçihana ilkinji bolup, bolýan ýurdunyň syýasy pulsuny, ýagny syýasy urgusyny duýmalydyr, öz aragatnaşyklary, habarlary bilen özara dostlugyň, ynamyň we hyzmatdaşlygyň pugtalanmagyna we ösmegine ýardam etmelidir.

Şu jähtden, geliň, diplomatik wekilhanalaryň we konsullyk edaralaryň işinde habar işiniň eýeleýän möhüm ornuna we onuň sebäplerine, daşary-syýasy habar işiniň maksatlaryna we ugurlaryna, şeýle hem Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň merkezi diwanynda we daşary ýurt edaralarynda daşary-syýasy habar işiniň ýola goýluşyna we alnyp barlyşyna has giňişleýin seredip geçeliň.

## §1.Häzirki zaman durmuşynda habaryň roly we orny

Adamlar islendik amaly işiň üstünliginiň ençeme ýagdaýlara bagly bolup durýandygyna, ozaly bilen bolsa, onuň açarynyň işiň ýokary hilli habar bilen upjün edilmegindedigine bireýýämden bäri akyl ýetirip gelipdirler. Bar bolan habara ýeterlik üns bermezlik, oňa dogry baha bermegi başarmazlyk ýa-da habaryň ýetmezçiligi ir-u-giç düýpli ýalňyşlyklaryň, ahyrky netijede bolsa, şowsuzlygyň sebäbi bolupdyr.

Şeýle mysallara durmuşda-da, çeper eserlerde-de, şol sanda gadymy-grek şahyry Gomeriňki hasaplanylýan «Iliada» we «Odisseýa» poemalarynyň sahypalarynda, rowaýatlarda hem gaty köp düş gelse bolýar. Mysal üçin, Gadymy Troýa şäheriniň 4000 ýyllyk taryhy bardyr we ol Türkiýedäki Ida daglarynyň gözel baýyrlarynda ýerleşýär. Rowaýatlarda aýdylyşyna görä, hut şol meşhur Ida dagynyň eteginde üç sany owadan aýal hudaýy – Gera, Afina we Afrodita kimiň has görmegeýdigi hakynda öz aralarynda jedelleşipdirler. Troýanyň patyşasy

Paris hem bu jedele gatnaşyp, olaryň arasyndaky dawany çözüji kazynyň ornunda çykyş edipdir. Gadymy döwürlerden bäri ýaýran gürrüňlerde Paris şol jedelde iň owadan aýal hudaýy diýip Afroditany yglan edýär. Elbetde, munuň özüne ýeterlik sebäbi bolupdyr, çünki Afrodita oňa Menelaý patyşanyň aýaly gözel Ýelenanyň söýgüsini gazanmaga kömek etjekdigini söz beripdir. Paris gözel Ýelenany alyp gaçýar we ony Troýa getirýär. Parisiň bu etmişi Troýanyň ilaty bilen Egeý deňziniň beýleki tarapynda ýaşaýan aheýlileriň arasynda ganly çaknyşyga getirýär. Aheýliler ençeme sapar hüjüm edip, şäheriň örän berk gurlan galasyny alyp bilmänsoňlar, ahyrsoňy mekirlige ýüz urýarlar.

Olar agaçdan äpet uly at ýasaýarlar we şähere eden çozuşlaryndan ýeten zyýanyň öwezini dolýan şekilde ony troýalylara sowgat bermegi makul bilýärler. Aheýliler agaç aty galanyň daşky derwezesiniň öňünde goýýarlar hem-de öz ýurtlaryna gaýtdylar diýdirmek üçin şäherden yza çekilýärler. Atyň içinde nämäniň bardygyny Troýanyň patyşasynyň gyzy we bir din hyzmatçysy anyk bilýärler eken. Olar bu agaç aty köpçüligiň öňünde ýakmaklygy talap edipdirler. Ýöne şäheriň häkimiýetleri olary diňlemändir. Troýalylar bu sowgady alyp, galanyň içine salýarlar we olaryň bu ynanjaňlygy şäheriň elden giderilmegine sebäp bolýar. Çünki şol agaç atyň içinde gizlenen, mäkäm ýaraglanan aheýli esgerler Troýanyň ilaty bilen gazaply söweşe girýärler.

Adamlar şeýle hem eýýäm gadym döwürlerde habaryň özünde güýjüň we häkimiýetiň syryny jemleýändigine anyk göz ýetiripdirler we syry aýan etmeklik hemişe uly jenaýatçylyk hasap edilipdir. Grek rowaýatyndaky Prometeýiň ot çykarmagyň tärleri baradaky habary adamlara berendigi we şunlukda, olary hudaýlar bilen deňleşdirendigi üçin onuň ömürlik aýylganç jeza sezewar edilmegi bilen temmi berlendigi mälimdir.

Wagtyň geçmegi bilen habaryň roly yzygiderli ýokarlanypdyr. Başda habar diňe dilüsti beýanat görnüşde bolup, soňra ol toplamak üçin has amatly bolan ýazmaça görnüşe eýe bolupdyr. Habaryň adama edil howa, suw ýaly zerurdygy barha duýlup başlanypdyr. Tebigat tarapyndan özüne berlen bäş sany duýgy synalarynyň, ýagny görüş, eşidiş, ys alyş, tagam duýuş, duýuş synalarynyň kömegi bilen adam

hemişe özüne gaty köp habary kabul edýär, ony duýgy arkaly seljerýär we ondan netije çykarýar, şol netijeleriň esasynda bolsa ol özüniň hereketlerini amala aşyrýar. Iň bolmanda, şäher şertlerinde köçeden geçmegiň hem fiziki we aň derejede adamdan belli habar-seljeriş işini talap edýändigi düşnüklidir.

Jemgyýetiň ösmegi we döwletde şahsyýetiň wezipeleriniň çylşyrymlaşmagy bilen tebigatdaky we dünýä wakalaryndan dogry baş çykarmak üçin zerur bolan adamyň bäş sany duýgy organy ýeterlik bolmandyr. Adam indi döretmekligi öwrenmeli, şeýle hem özünden daşda ýerleşýän zatlar we hadysalar barada habary kabul etmeli we geçirmeli bolupdyr. Şeýle dörediji, şol bir wagtyň özünde hem, habar geçiriji serişde bolup, adamyň beýnisi hyzmat edip başlapdyr[1]. Uly fiziki güýje we berk erke garanyňda, dogry hereketleriň kabul edilmegi üçin habary ýygnamak, rejelemek we seljermek ukyby has zerur bolupdyr.

Eýsem habar näme we häzirki zaman jemgyýetinde ol nähili rol oýnaýar? Dünýä ylmy edebiýatynda habara berilýän kesgitlemeler örän köpdür. Üstesine-de, bu hadysanyň gaty köp konsepsiýasy bardyr. Habara şeýle uly ünsüň berilmegi häzirkizaman, şol sanda halkara durmuşynda bu hadysanyň örän möhümdigine şaýatlyk edýär.

Sözüň umumy manysynda, habara «hakykatyň köpdürlüliginiň şöhlelenmeginiň netijesi, hakykat baradaky maglumatlar, deliller»; «habar - ýagdaýa baha bermek we dolandyryjy kararlary işläp taýýarlamak üçin dolandyrylýan ulgamyň içerki we daşarky ýagdaýy baradaky maglumatlaryň jemi» ýaly kesgitlemeleri berse bolar.

Şu ýerde habar adalgasyny kesgitlemek üçin edilýän çemeleşmeleriň esasylarynyň käbiriniň üstünde durup geçeliň.

---

[1] Beýni adam anatomiýasynyň has çylşyrymly we iň az öwrenilen bölegidir. Ol tutuşlygyna çal massadan we ýumşak hem gülgün reňkli dokumadan durýar. Alymlaryň tassyklamaklaryna görä, adamyň beýnisi özünde takmynan 100 milliard neýrony (ýagny nerw galpyldysyny döredýän we geçirýän kletkalary) jemleýär. Şeýle hem, her bir neýron ýene-de başga 10 000 neýron bilen baglydyr. Nerw galpyldysyny geçirmek bilen, neýronlar beýniniň üznüksiz işini üpjün edýärler. Akyl işi beýnini ýadatmaýar. Psihiatriýa boýunça hünärmenler beýniniň ýadawlyk duýgusynyň biziň psihiki we joşgunly ýagdaýymyz bilen şertlendirilýändigini subut etdiler.

Şunlukda, birinji çemeleşme habara dolandyrylýan ulgama ony gowulandyrmak maksady bilen işjeň täsir etmek üçin zerur bolan maglumatlaryň jemi hökmünde düşünýär. Indiki çemeleşme habara zähmet, energiýa, maddy baýlyklar ýaly jemgyýetiň durmuş-ykdysady taýdan ösmegi üçin zerur bolan gor we baýlyk hökmünde seredýär. Başga bir çemeleşme habary jemgyýetiň durmuş üpjünçiligi ulgamyndaky iň gymmatly intellektual baýlygy, jemgyýetiň intellektual eýeçiliginiň iň möhüm bölegi hasap edýär we ş.m. Habara berilýän kesgitlemeleriň ýene-de käbirleri bilen tanşalyň.

Habar «informatio» latyn sözünden gelip çykypdyr we ol düşündirmekligi, beýan etmekligi aňladýar. **Habar – munuň özi adamlar tarapyndan dilden, ýazmaça ýa-da başga ýol bilen (şertli signallar, tehniki serişdeler we ş.m. arkaly) berilýän maglumatlardyr. XX asyryň ortalaryndan başlap, ol özüne adamlaryň arasynda, adam bilen awtomatyň arasynda, awtomat bilen awtomatyň arasynda maglumatlaryň alşylmagyny hem goşýan umumy ylmy düşünjedir [1].**

**Habar – munuň özi habar bermek arkaly alnan ýa-da gazanylan bir zatdyr, mysal üçin, başga adamlar tarapyndan habar berlen ýa-da barlagyň, öwrenmegiň ýa-da okamagyň netijesinde alnan bilimlerdir, haýsydyr bir waka ýa-da ýagdaý baradaky bilimlerdir; bilim pudagyna girizilenlerden tapawutlylykda, bermek ýa-da peýdalanmak üçin taýýarlanan delillerdir ýa-da sanlardyr. Şeýle hem gündelik tejribede habara, adatça, belli gyzyklanma döredýän we aragatnaşyk wagtynda adamlaryň alyşýan maglumatlaryna düşünilýär [2].**

Habaryň häsiýeti barada aýdylanda, onda onuň ençeme alamatlary göz öňünde tutulýar. Mysal üçin, eger ol işiň hakyky ýagdaýyny üýtgetmän beýan edýän bolsa, onda şol habar hakykydyr. Eger habar düşünmeklik we karar kabul etmeklik üçin ýeterlik bolsa, onda şol habar doludyr. Haçan habarda diňe zerur deliller bolsa, onda ol gysga we anyk aňladylandyr. Eger habar öz möhümligini ýitirmedik bolsa we özünde hereketleri esaslandyrmak üçin zerur bolan mag-

[1] Советский энциклопедический словарь. - Москва, 1980.

[2] Н. Уэбстер. Американский словарь английского языка. – Нью-Йорк, 1828.

lumatlary jemleýän bolsa, onda ol öz wagtynda berlen derwaýys habardyr.

Habaryň başga-da ençeme gymmatly häsiýetleri bardyr. Şu ýerde, aýratyn hem, soňky wagtlarda habaryň adatdan daşary gymmaty bolan haryda öwrülendigini nygtap geçeliň. Şeýle hem habaryň gymmaty ykdysadyýet, ylym we tehnika, syýasat we başga islendik ugurlar boýunça ähmiýetli habara degişlidir. Şonuň üçin hem halkara gatnaşyklarynda we diplomatiýada habar, muny ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, onuň möhümligi, hakykylygy, dolulygy we täzeligi döwletiň güýjüne we täsirine, onuň mümkinçiliklerine we halkara agramyna dogry baha bermek üçin örän möhümdir.

Şu ýerde habary dürli nukdaýnazardan saýlanyp alnan ölçege laýyklykda hem toparlara bölüp bolýandygyny nygtap geçeliň. Mysal üçin, Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk boýunça Helsinki maslahatynyň Jemleýji Aktynda (1975-nji ýylyň 1-nji awgusty) dilden, çap edilen we kino, – radio-we telewision habarlar tapawutlandyryldy. Häzirki wagtda biz bu sanawa elektron göterijilerdäki habarlary hem goşup bileris.

Habaryň nazaryýeti boýunça hünärmenler habary geçmiş baradaky habar, häzirki wagt baradaky habar, geljek baradaky habar ýaly görnüşlere hem bölýärler. Geçmiş, häzirki döwür we geljek taryhyň tükeniksiz halkasy bilen ýakyn baglaşyklydyr. Habar işinde esasy kynçylyklaryň biri hem geçmişe ýa-da geljege gönükdirilen barlagyň uzaklygyny, şeýle hem bähbitleriň çäginiň haýsy ýerden geçmelidigini kesgitlemekdir.

Habary toparlara bölmegiň başga-da görnüşi bardyr (mysal üçin, habar häsiýetli maglumatlary özünde jemleýän köpçülikleýin habar; adamlar barada resminamalaşdyrylan habar, şahsy deliller; resmi resmileşdirilen habar we ş.m.).

Habar tematiki taýdan harby, ykdysady, durmuş-syýasy, ekologiýa ýagdaýlara hem degişli bolup biler. Habar özüniň derejesi boýunça resmi we resmi däl, umumy we pudaklaýyn, içerki we daşarky we ş.m. habarlara hem bölünip biler.

Ilkinji elden alynýan we gaýtadan işlenilip taýýarlanylýan habar bolup biler. Ilkinji elden bolan habar, aýdaly, söhbetdeşligiň esasynda taýýarlanyp bilner. Gaýtadan döredilýän habar başlangyç çeşmeleriň delilleriniň esasynda taýýarlanylýar. Elbetde, bu ýerde köp zat habary taýýarlaýan adama, mysal üçin, diplomata baglydyr.

Habaryň käbir alamatlaryna gaýdyp gelsek, onda, ozaly bilen, soňky ýyllarda habaryň barha köp derejede häkimiýetiň guralyna öwrülendigini hem belläp geçeliň. Haçanda adamyň psihikasynyň duýgy döretmeklige bolan ukyby mälim bolanda[1], habar propaganda we agitasiýa görnüşinde adamlary dolandyrmagyň esasy girewi hökmünde hyzmat edip başlapdyr.

Şunlukda, habar uzak wagtyň dowamynda dolandyrmagyň ýeke-täk we hökmany guraly hasaplanan gödek güýjüň we zorlugyň ýerini tutupdyr. ABŞ-nyň öňki prezidenti Riçard Nikson milli howpsuzlyk Geňeşinde býujet çykdajylaryň meselesi boýunça eden çykyşlarynyň birinde şeýle diýipdir: «Habara we propaganda goýlan 1 dollar ýarag ulgamyny döretmeklige goýlan 10 dollardan gymmatlydyr, munuň sebäbi, soňkynyň haçanda bolsa ulanyljagynyň näbelliligidir, şol bir wagtyň özünde habar sagatsaýyn we hemme ýerde işleýär».

Hakykatdan hem, eger kimde-kim hakyky ýagdaý barada, ýagdaýyň ösüşi we hereket edýän güýçler barada has gowy habardar bolsa, onda onuň öňde durýan meseläni çözmekde iň dogry, iň mynasyp we täsirli çözgüdi saýlap almak üçin has köp mümkinçilikden peýdalanyp biljekdigi mälimdir. Wagtyň geçmegi bilen habaryň ýurtlaryň dolandyryjy toparlary, işewür adamlary tarapyndan «hemmeler üçin habar» toparyna bölünmegi, has möhüm habaryň aýratyn döwlet emlägi hökmünde goralyp başlanmagy; şeýle habara elýeterlilige bolan hukuga çäklendirmeleriň girizilmegi; habaryň ýapyklygynyň ýa-da gizlinliginiň derejesi boýunça toparlaryň peýda bolmagy, gizlin we başga ýapyk habaryň aýan edilmegine agyr wezi-

[1] Psihika – munuň özi beýniniň wezipesidir we onuň esasy duýmalar, akyl ýetirmeler, düşünjeler, duýgular, erkler we ş.m. görnüşinde hakykaty şöhlelendirmek bolup durýar; haýwanlaryň we ynsanyň özlerini alyp barmakda hil taýdan özboluşlylygyny kesgitleýär. Jemgyýetçilik zähmetiniň dowamynda ýüze çykan we diliň ösmegi bilen bagly bolan adam aňy psihikanyň iň ýokary görnüşidir. Psihika şeýle hem adamyň ruhy taýdan gurluşydyr, onuň ruhy sypatlarynyň jemidir.

pe we hatda jenaýat jogapkärçiligi hökmünde baha berlip başlanmagy hem ýöne ýerden bolmandyr.

Elbetde, habaryň doly elýeterliligi ähli jemgyýetçilik toparlary üçin deň bolmaýar. Gümmeziň ýokarsynda ýerleşýän sosial toparlar we dolandyryjy gurluşlar has doly maglumata eýe bolýarlar, sebäbi döwleti dolandyrmak bilen bagly ähli kararlar diňe şol derejede kabul edilýär. Bu kanunalaýyklyk doly derejede diplomatik gulluga hem mahsusdyr.

Mysal üçin, Türkmenistanyň Daşary işler ministrligine işe kabul edilen ýaş hünärmen ministrligiň merkezi diwanynyň degişli gurluş bölüminde ilkinji habar taýýarlygyny geçýär, diplomatik işiň ilkinji tejribesini özleşdirýär. Bu taýýarlygyň dar häsiýetine seretmezden, şol taýýarlyk ýeterlik derejede düýplüdir, sebäbi merkezi diwanda tejribe edinmek üçin ähli zerur bolan şertler, ýagny tehniki serişdeler, maglumatlar, resminamalar, diplomatik tejribe toplan ýokary derejeli işdeşler bardyr.

Bölüme işe gelen ýa-da daşary ýurda uzak möhletlik iş saparyna taýýarlanýan diplomatik işgär bölümiň başlygynyň karary bilen Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalaryndan gelip gowuşýan esasy habar materiallary bilen tanyşýar. Diplomatyň tanyşdyrylýan habarynyň dolulygynyň we gizlinliginiň derejesi diplomatyň wezipesine we diplomatik derejesine, ozaly bilen bolsa, onuň gulluk maksadalaýyklygyna bagly bolup durýar. Başga sözler bilen aýdylanda, onda diplomatik işgäriň diňe öz üstüne ýüklenen wezipe borçlaryny hil taýdan we öz wagtynda ýerine ýetirmegi üçin, ol, hakykatdan hem, zerur bolan gulluk habara elýeterli edilýär.

Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalaryndan we konsullyk edaralaryndan ýollanýan habardan başga-da, diplomatik işgärler beýleki dürli çeşmelerden gelip gowuşýan habarlar bilen hem tanyşdyrylýar. Mysal üçin, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň territorial we funksional bölümleri tarapyndan taýýarlanylýan seljeriş materiallary, Türkmenistanyň Prezidentiniň diwanyndan ministrlige ýollanýan direktiw materiallar, ministrlikler we pudak edaralary tarapyndan taýýarlanylýan gulluk we habar material-

lary türkmen diplomatlaryna döwletimiziň öňünde durýan wezipeler barada habardar bolmaklyga we öz gulluk işiňi talaba laýyk guramaklyga mümkinçilik berýär.

Daşary-syýasy edaranyň işgärleri gulluk bilen bagly habarlardan başga-da, öz işinde dürli çeşmelerden, şol sanda gazet-žurnallardan, internetden alnan habardan hem peýdalanýarlar. Habaryň şeýle köplüginde ýaş diplomatik işgäriň habara «batyp galmazlygy» üçin onuň habar giňişliginden baş çykarmagy, ondan bolup geçýän ýagdaýlara we meýillere düşünmek üçin zerur bolan iň esasy maglumatlary almagy öwrenmegi örän möhüm bolup durýar. Sözüň has giň manysynda aýdanymyzda, onda diplomat özüniň hünär tejribesine, çuňňur bilimine we giň gözýetimine daýanmak bilen, diňe bir habar akymlaryndan gowy baş çykarmaklyga däl-de, eýsem bolup geçýän wakalaryň esasyna düşünmegi öwrenmäge, şeýle hem öz hususy netijelerini çykarmaga borçludyr. Alýan habaryny diplomat hemişe akylynda çuňňur aýlamalydyr, barlamalydyr we täzeden barlamalydyr.

Sözümizi jemläp aýtsak, onda diplomatik gullugyny habar bilen üpjün etmek, şeýle hem diplomatik işgärleriň habar işine bildirilýän berk talaplar jähtinden ýurdumyzyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynda we konsullyk edaralarynda işleýän diplomatik işgärleriň bolýan ýurtlarynyň habar giňişlikleriniň aýratynlyklaryny we ähli inçeliklerini bilmekleri zerurdyr. Hususan-da, bolunýan ýurt barada yzygiderli ýygnalýan, toplanylýan, işlenilýän we DIM-e ýollanylýan habarda ýurduň syýasy, durmuş-ykdysady, harby, medeni-aň bilim we ylmy durmuşy, onuň syýasy ulgamynda san we hil taýdan bolup geçýän özgerişlikler, Türkmenistanyň şol ýurt bilen gatnaşyklarynyň ýagdaýy we olaryň mundan buýanky ösüşi, türkmen döwletiniň we onuň raýatlarynyň bähbitlerine ol ýa-da başga derejede galtaşýan ençeme başga meseleler öz beýanyny tapmalydyr. Diplomatik işgärleriň habar tehnologiýalar çägindäki ussatlygy bolsa olara bolup geçýän zatlaryň esasyna düşünmäge, şol esasy habar harpygyndan bölüp aýyrmaga, dogry netijeler çykarmaga we ädimler etmäge kömek edýär.

Şeýle hem diplomatik habaryň aýratyn hilli habardygy hemişe ýatda saklanylmalydyr. Şeýle habaryň diňe bir ýokary gymmaty bol-

man, eýsem ol uly jogapkärçilik bilen hem baglydyr. Merkeze ýollanan diplomatik habar döwlet derejesinde syýasy kararlary kabul etmek üçin esas bolup hyzmat edip biler. Şol kararlar bolsa döwletleriň arasyndaky gatnaşyklary düýpli özgertmäge, tutuş halkara ýa-da sebitdäki ýagdaýa täsir etmäge ukyplydyr.

Habary seljermeklik oňa çuňňur baha bermäge, belli netijeler çykarmaga, anyk teklipleri öňe sürmäge mümkinçilik berýär. Şol bir wagtyň özünde şeýle netijeleriň, teklipleriň gizlin häsiýetiniň bolmagy tebigy zatdyr we olar KHBS-de çap edilip ýa-da beýleki döwletleriň wekillerine berlip bilinmez. Şu jähtden, diplomatik gulluklaryň tejribesinde habary goramak üçin «Gulluk işinde peýdalanmak üçin», «Gizlin», «Düýbünden gizlin», «Aýratyn möhüm» ýaly we şulara meňzeş ýörite möhürler ulanylýar. Şol möhürler habarlaryň gizlinliginiň derejesini kesgitleýär we oňa elýeterliligi çäklendirýär.

Ol ýa-da başga bir daşary ýurduň daşary-syýasy edarasy öz ýurdunyň döwlet we hökümet baştutanlaryny, döwlet häkimiýetiniň we dolandyrylyşynyň beýleki edaralaryny daşary-syýasy habar bilen üpjün edýän ýeke-täk edara däldir. Munuň üçin habar çeşmeleriniň tutuş ulgamy hereket edýär. Şol bir wagtyň özünde degişli edaralaryň habar işinde gollanýan ýörelgelerinde ýakyn umumylyk bardyr. Şol umumylyklara KHBS-iň maglumatlaryny gaýtalamazlyk; hakyky maglumatlary toplamaklygy öz aýratyn serişdeleri arkaly alyp barmak; alnan delillere öz hususy seljermäni etmek; berilýän habaryň diňe esasyndan gelip çykýan ylmy taýdan esaslandyrylan netijeleriň esasynda ol ýa-da beýleki ädimiň ädilmeginiň maksadalaýyklygy barada teklipler bermek mahsusdyr.

**Soraglar:**

**1.** Adamlar islendik amaly işiň üstünliginiň ýokary hilli habar bilen baglydygyna haçan akyl ýetiripdirler?

**2.** Habar özünde güýjüň we häkimiýetiň syryny jemleýärmi?

**3.** Habar näme we häzirki zaman jemgyýetinde ol nähili rol oýnaýar?

**4.** Habaryň nähili gymmatly häsiýetleri bar?

**5.** Haýsy sosial toparlar we dolandyryjy gurluşlar has doly maglumata eýe bolýarlar we munuň sebäbi näme?

**6.** Türkmenistanyň DIM-inde diplomatik işgärler haýsy çeşmelerden gelip gowuşýan habarlar bilen tanyşýarlar?

**7.** Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynda işleýän diplomatik işgärleriň bolýan ýurtlarynyň habar giňişlikleriniň aýratynlyklaryny we inçeliklerini bilmekleri zerurmy?

**8.** Diplomatik habaryň aýratyn hilli habardygyna, onuň diňe bir ýokary gymmatynyň bolman, eýsem onuň uly jogapkärçiliginiň hem bardygyna nähili düşünýärsiňiz?

**9.** Diplomatik gulluklaryň tejribesinde habary goramak üçin nähili ýörite möhürler ulanylýar we olar nämäniň derejesini kesgitleýärler?

**10.** Ýurduň daşary-syýasy edarasy öz ýurdunyň döwlet we hökümet baştutanlaryny, döwlet we hökümet edaralaryny daşary-syýasy habar bilen üpjün edýän ýeke-täk edaramy?

**11.** Ýurtda hereket edýän habar çeşmeleriniň ulgamynyň gollanýan ýörelgelerinde ýakyn umumylyk barmy?

## §2. Diplomatik gullukda habar-seljeriş işi

Häzirki zaman jemgyýetinde hiç bir döwlet, hatda islendik ministrlik ýa-da pudak edarasy ýeterlik habar üpjünçiligi bolmasa, üstünlikli we täsirli hereket edip bilmez. Ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, «habar eýýamynyň» gelmegi bilen habar iň gymmatly materiala öwrüldi. Zerur bolan doly habar bolmasa, dogry karar kabul etmek mümkin däldir. Möhüm kararlar kabul edilende habaryň bolmazlygy, hakyky däl ýa-da doly bolmadyk habaryň ulanylmagy ýaramaz, hatda heläkçilikli netijelere getirip biler. Şonuň üçin hem dürli ýurtlaryň döwlet we hökümet baştutanlary, daşary işler ministrleri we ýokary wezipeli diplomatlary biri-biri bilen hemişe resmi we resmi däl gatnaşyklary saklaýarlar, biri-birine öz döwletiniň garaýyşlaryny has doly ýetirmäge we şol bir wagtyň özünde hem özleriniň daşary ýurtly hyzmatdaşlarynyň hakyky garaýyşlaryna we bähbitlerine düşünmäge çalyşýarlar. Munda bolsa diplomatik işiň iň möhüm wezipelerinden biri jemlenýär. Başgaça aýdanymyzda, diplomatiýa habary edinmek-

likde we ony özleşdirmeklikde saklanýar. Diplomatik işiň netijeliligi gönüden-göni alynýan habaryň hakykylygyna we hiline baglydyr.

Ähli ýurtlaryň hökümetleri köpsanly halkara gatnaşyklarynyň gidişinde pikir we habar alyşsalar hem, daşary-syýasy kararlar kabul edilende, olar, ozaly bilen, öz milli çeşmelerinden alnan habara esaslanýarlar. Şeýle çeşmeler hökmünde bolsa daşary işler ministrlikleri, ýörite gulluklar, seljeriş gulluklary, ekspert bileleşikleri, şeýle hem belli derejede köpçülikleýin habar beriş serişdeleri çykyş edýärler. Şol çeşmelerden gelýän habar üns bilen seljerilýär, barlanylýar, umumylaşdyrylýar we soňra ýurduň ýokary ýolbaşçylygyna geçirilýär. Ýagdaýa hakyky baha bermek, dogry we esaslandyrylan kararlary kabul etmek üçin islendik döwletiň hökümetiniň hakyky, öz wagtyndaky we has doly habar bilen üpjün bolmagynyň örän möhümdigi düşnüklidir.

Ol ýa-da başga bir ýurt, ýa-da halkara guramasy barada habaryň Merkeze, ozaly bilen, ýurduň şol ýerde hereket edýän ilçihanasyndan ýa-da guramanyň ýanyndaky hemişelik wekilhanasyndan gelip gowuşmalydygy we gowuşýandygy aýdyňdyr. Hut şonuň üçin hem gyzyklanma döredýän habarlary toplamak, olary işläp taýýarlamak, seljermek we Daşary işler ministrligine ýetirmek daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalaryň we konsullyk edaralaryň işinde esasy orunlaryň birini tutýar. Diplomatik wekilhananyň we konsullyk edaranyň bolýan ýurdundaky we şol ýurduň ýerleşýän sebitindäki ýagdaý, olarda bolup geçýän wakalar, diplomatik wekilhananyň bolýan ýurdunyň dünýä jemgyýetçiligini tolgundyrýan esasy dünýä we sebitleýin meselelere garaýşy, bolunýan döwletiň häkimiýetleriniň we halkynyň Türkmenistana bolan garaýşy baradaky habarlar düýpli öwrenilýär we seljerilýär. Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň, ýurdumyzyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynyň we konsullyk edaralarynyň işiniň habar-seljeriş-düşündiriş ugry 1961-nji ýylyň «Diplomatik gatnaşyklar hakyndaky» Wena konwensiýasy, şeýle hem «Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalarynyň statusy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny (2011) tarapyndan göz öňünde tutulandyr. Mysal üçin, 1961-nji ýylyň «Diplomatik gatnaşyklar hakyndaky» Wena konwensiýasynyň 3-nji mad-

dasyna laýyklykda diplomatik wekilhananyň bolýan döwletindäki wakalar hakynda habarlary kanuny ýollar arkaly almaga we olar barada özüni akkreditlän döwletiň hökümetine habar bermäge hukugy bardyr. «Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalarynyň statusy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 7-nji maddasynda bolsa «Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalary bolýan döwletlerindäki wakalar hakynda maglumatlary ähli kanuny ýollar arkaly alýarlar we olar barada Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň üsti bilen Türkmenistanyň Hökümetine habar berýärler» diýlip aýdylýar.

Bu ýerde gürrüň, elbetde, diňe bir gazet, telewideniýäniň habarlary, beýleki umumyelýeterli habar barada barmaýar. Diplomatik wekilhanalara we konsullyk edaralara köp we dürli çeşmelerden alynýan habarlar gerekdir. Üstesine-de, şol çeşmeler hakyky maglumatlary almaga mümkinçilik berýän ynamly çeşmeler bolmalydyr. Şonuň üçin hem habar işiniň iň möhüm aýrylmaz bölegi – munuň özi diňe bir emele gelen ýagdaý barada hasabat bermek ýa-da ony belläp geçmek bolman, eýsem, ozaly bilen, hakykata esaslanýan ýokary derejeli seljerme we başarjaň, esaslandyrylyp taýýarlanylan çaklama bolmalydyr. Elbetde, bu jogapkärçilikli işi ýerine ýetirmek üçin diplomatik işgäriň giň dünýägaraýşynyň bolmagy, onuň bolýan ýurdundaky ýagdaýy çuňňur bilmegi, sebitde, tutuş dünýäde bolup geçýän ýagdaýlara düşünmegi zerurdyr. Hususan-da, diplomatyň bolýan ýurdunyň durmuşyny gowy bilmegi, ondaky ýagdaýy çuňňur seljermegi barada fransuz diplomaty Jýuli Kambon şeýle ýazypdyr: «Ýurdy bilmek – munuň özi onuň ruhuna çuňňur aralaşmakdyr, onuň ideýalarynyň ýagdaýynda ýaşamakdyr we onuň daşary syýasatynyň içerki ýagdaý bilen aragatnaşygyna düşünmegi öwrenmekdir. Muňa ýetmek üçin ilçä ministrler we syýasatçylar bilen söhbetdeşlik etmek ýeterlik däldir. Daşyndan göräýmäge ýüzleý söhbetdeşlikler köp halatlarda ilçä işjeň gürrüňlere garanyňda köp peýda berýär, hatda ilçiniň jemgyýetde görnükli orny eýeleýän aýallar bilen duşuşyklary onuň üçin örän peýdalydyr».

Şu jähtden, rus akademigi I.M. Maýskiniň özüniň «Sowet diplomatynyň ýatlamalary» atly kitabynda halkara hünärmenleriniň,

şol sanda diplomatlaryň öz işinde üstünlik gazanmaklary üçin üç sany esasy zadyň örän möhüm ähmiýetiniň bardygy barada aýdan sözleri bilen tanyşmak hem peýdalydyr. Akademigiň pikiriçe, üstünlik gazanmagyň birinji şerti, ol hem diplomatyň akkreditlenen ýurdy bilen nazary taýdan gowy tanyşlygynyň bolmagydyr. Muňa kitaplar, gazetler, žurnallar, dokladlar we başga çap edilen we ýazmaza materiallar kömek edýärler. Ikinjiden, ýurt bilen amaly taýdan gowy tanyşmak möhümdir. Muňa bolsa hususy gezelençler, ýurduň şäherlerine we obalaryna, portlaryna we senagat kärhanalaryna, medeni edaralaryna, köne ýadygärliklerine, syýasy we jemgyýetçilik edaralaryna baryp görmek ýardam edýär. Üçünjiden, diplomatyň bolýan ýurdunyň ilatynyň dürli gatlaklarynyň wekilleri bilen giň aragatnaşygyň ýola goýulmagy we ösdürilmegi möhümdir. Daşary işler ministrliginiň diplomatik işgärleri we onuň göniden-göni töweregi bilen tanyş bolmak ýeterlik däldir. Diplomatyň syýasatçylar we žurnalistler, telekeçiler we jemgyýetçilik işgärleri, ylmyň halypalary we professional sportsmenler we başgalar bilen gowy janly aragatnaşyklary bolmalydyr.

Şu ýerde habar işine köp halatlarda onuň netijesinde «çig» delilleriň ýurduň syýasy ugruny amala aşyrýan ýa-da işläp taýýarlaýan edaralar üçin niýetlenen ylmy-barlag işiniň taýýar önümine öwrülýän ýagdaýa düşünilýändigini nygtap geçeliň. 1522-nji ýylyň 23-nji oktýabrynda ilçi hökmünde Ispaniýa ugramaga taýýarlanýan öz dosty R. Džirolama ýazan hatynda italýan syýasy işgäri, ýazyjysy we diplomaty N. Makiawelli bu barada şeýle ýazypdyr: «Öz boljak ýurduňda aljak habaryň barada aýdanymyzda, onda onuň bir bölegi saňa hakyky, beýleki bölegi bolsa, mümkin ýalňyş bolup görner. Şonuň üçin hem oňa sagdyn pikiriň nukdaýnazaryndan baha bermek gerekdir we ähli galanlaryny bir tarapa zyňyp, diňe hakykata laýyk gelýänleri kabul edilmelidir. Üns bilen saýlanyp alnan we seljerilen habar saňa wakalaryň mümkin bolan ösüşine dogry düşünmäge we hatda, öz çaklamaňy etmeklige mümkinçilik berer»

Şol bir wagtyň özünde türkmen diplomatlarynyň ýurdumyzyň syýasatynda ileri tutulýan ugurlara we zerurlyklara, milli howpsuzlygy üpjün etmegiň ýollaryna gowy düşünmekleri uly ähmiýete eýe bolup durýar. Biziň diplomatlarymyzyň örän gyzykly we köptaraply mese-

le bolan döwletimiziň daşary we içeri syýasatynyň özaragatnaşygy barada hem doly düşünjeleriniň bolmagy zerurdyr. Sebäbi, **islendik döwletiň daşary syýasaty onuň içeri syýasatynyň logiki dowamydyr.** Şu jähtden, ozaly bilen, haýsy-da bolsa bir ýurduň dünýä derejesinde yglan edýän maksatlarynyň we amaly ädimleriniň mazmunyna, daşary-syýasy ugrunyň filosofiýasyna düşünmegiň açarynyň şu özara dialektiki baglanyşykda jemlenýändigini belläp geçeliň.

Parahatçylyksöýüjilik, agzybirlik, hoşniýetlilik, ynsanperwerlik ýaly ýörelgeleri jemgyýetde, içerki durmuşda yglan etmek we durmuşa geçirmek bilen, Türkmen döwleti bu düşünjeleri özüniň daşarky dünýä bilen özara gatnaşyklaryna hem geçirýär. Şol bir wagtyň özünde,Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2013-nji ýylyň 11-nji dekabrynda bolup geçen «Türkmenistanyň Bitaraplygy: parahatçylygyň, howpsyzlygyň we durnukly ösüşiň strategiýasy» atly halkara maslahatynda nygtap geçişi ýaly, «Bitaraplygyň ýörelgeleri ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatynyň strategik wezipelerini çözmekde binýatlyk esas bolup durýar».

Döwletiň içeri we daşary syýasatynyň özara gatnaşygy barada gürrüň edilende, şeýle hem ýurduň daşary-syýasy üstünlikleriniň we onuň ykdysadyýetiniň, tutuş içeri-syýasy durmuşynyň üstünlikleriniň arasynda aýrylmaz aragatnaşygyň bardygy göz öňünde tutulmalydyr. Ol ýa-da başga bir döwletde içerki ýagdaýyň ösmegi dünýä bileleşiginiň gözüniň öňünde şol döwletiň agramyna we keşbine, halkara gatnaşyklaryna täsir etmekde onuň başarnygyna örän güýçli täsir edýär. Başga sözler bilen aýtsak, onda ýurduň içerki durmuş çägindäki her bir üstünligi, şol sanda onuň dünýä hojalyk alyş-çalşygyna gatnaşmaga bolan ukyby ýurduň daşary-syýasy güýjüni pugtalandyrýar, halkara giňişliginde oňaýly hereketlere bolan onuň başarnygyny artdyrýar. Munuň tersine, ýurduň her bir içerki şowsuzlygy täze daşary-syýasy meseleleri döretmäge ukyplydyr. «Biziň ýurdumyz öz durnukly içerki ýagdaýy, berk syýasy ulgamy, şeýle hem döwlet we jemgyýetçilik durmuşyna demokratiýa kadalarynyň tapgyrma-tapgyr ornaşdyrylýandygy bilen tapawutlanýar», diýip Türkmenistanyň Prezidenti 2012-nji ýylyň 10-njy dekabrynda Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde eden çykyşynda aýtdy. – Bu bolsa bize halkara

giňişliginde özümizi ynamly duýmaga, dünýäniň ähli döwletleri bilen birek-birege hormat goýmaga esaslanýan deňhukukly gatnaşyklary alyp barmaga mümkinçilik berýär, şeýle hem Türkmenistanyň milli bähbitlerini hemişe pugta goramak üçin zerur şertleri döredýär».

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýokarda agzalyp geçilen mejlisinde eden çykyşynda döwlet Baştutanymyz şeýle hem häzirki döwürde Türkmenistanyň sebitde durnuklylygy we howpsuzlygy üpjün etmekde esasy orunlaryň birini eýeleýändigini, onuň dünýäde uly abraýdan peýdalanýan döwletdigini, onuň güýçli depginler bilen ösýän kuwwatly ykdysadyýetiniň bardygyny hem nygtap geçdi. Bu guwandyryjy hakykat bilen bir hatarda dünýäde türkmen halkyna bolan hormat hem barha artýar. Beýleki döwletleriň arasynda biziň halkymyzyň mertebesi hut şunuň bilen – adam durmuşynyň we adam işiniň oňaýly tarapy bilen kesgitlenýär. Şonuň üçin hem zatlaryň hakyky ýagdaýynyň şöhlelenmesi hökmünde özleriniň hereketlerinden, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň has-da ýokary galmagyndan, medeniýetiň, ylmyň we tehnikanyň täze, öňdäki sepgitlere çykarylmagyndan daşary syýasatda-da gaty köp zadyň baglydygyna ýurdumyzyň her bir raýatynyň gowy düşünmegi möhümdir.

Elbetde, bu aýdylanlar milli bähbitleriň üpjün edilmegine gönükdirilen işjeň daşary syýasatyň ähmiýetiniň peselýändigini asla aňlatmaýar. Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy wezipesi ýurduň içinde bolup geçýän ýagdaýlar üçin amatly daşary şertleri döretmek bolup durýar. Içerki özgertmeler üçin iň amatly daşky şertleri döretmeklige, şol bir wagtyň özünde hem halkara giňişliginde Türkmenistanyň güýçli pozisiýasyny üpjün etmeklige borçly bolan şeýle syýasat bolmasa, düýpli içerki özgertmeleri amala aşyrmagyň gaty kyn boljakdygy ýa-da asla mümkin bolmajakdygy düşnüklidir. Türkmenistanyň halkara giňişligindäki işiniň soňky ýyllardaky tejribesi şol işiň biziň ýurdumyzyň Bitarap halkara-hukuk ýagdaýyna laýyklykda, şeýle hem sebitdäki, dünýädäki ýagdaýy nazarda tutmak bilen yzygiderli we maksada okgunly amala aşyrylýandygyny görkezýär. Bu bolsa biziň ýurdumyza syýasy, ykdysady, medeni-gumanitar çäklerde goňşy we beýleki ýurtlar, şeýle hem onlarça iri halkara guramalary bilen gatnaşyklary netijeli ösdürmeklige mümkinçilik berýär.

Şunlukda, habar işi döwletiň diplomatik gullugynyň işiniň esasy bolup durýar. Muny habar-seljeriş işiniň diplomatik wekilhanalaryň diplomatik düzüminiň iş wagtynyň ýarysyny diýen ýaly tutýandygy hem tassyklaýar. Merkeze ýollanýan habaryň hili we sany diplomatik wekilhananyň diplomatik işgärleriniň syýasy we hünär taýdan ýetişenliginiň möhüm ölçegi bolup durýar.

Habarlaryň çäksiz ummanyndan delilleri dogry saýlap almak, toplamak, olary umumylaşdyrmak we olardan hakykatda gelip çykýan netijeleri etmek we olaryň esasynda öz tekliplerini öňe sürmek – munuň özi geljekki türkmen diplomatlarynyň iň möhüm hünär sypaty bolmalydyr. Soňky ediniljek endikler olaryň iň ezberlerine habar bilen başarnykly we öz wagtyndaky işiň sungatyny kämil ele almaga mümkinçilik berer.

Mälim bolşy ýaly, islendik ýurduň milli bähbitleri onuň döwletiniň diňe bir içeri syýasatynyň däl, eýsem daşary syýasatynyň, şol sanda onuň habar-seljeriş işiniň hem esasy maksatlaryny, uzakmöhletleýin we gündelik wezipelerini kesgitleýär. Şonuň üçin hem indiki bapda Bitarap Türkmenistanyň milli bähbitleri we onuň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary barada durup geçeris.

**Soraglar:**

**1.** Möhüm kararlar kabul edilende habaryň bolmazlygy ýa-da doly bolmadyk habaryň ulanylmagy nähili netijelere getirip biler?

**2.** Diplomatiýa habar babatda nämede saklanýar?

**3.** Ýurtlaryň hökümetleri daşary-syýasy kararlar kabul edilende, ozaly bilen, haýsy çeşmelerden alnan habara esaslanýarlar?

**4.** Türkmenistanyň DIM-niň, ýurdumyzyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynyň işiniň habar-seljeriş ugry haýsy resminamalar tarapyndan göz öňünde tutulandyr?

**5.** Habar-seljeriş işini üstünlikli alyp barmak üçin diplomatyň giň dünýägaraýşynyň bolmagy, onuň bolýan ýurdundaky ýagdaýy çuňňur bilmegi zerurmy?

**6.** Döwletiň daşary we içeri syýasatynyň özaragatnaşygy barada näme bilýärsiňiz?

## II BAP

# BITARAP TÜRKMENISTANYŇ MILLI BÄHBITLERI WE ONUŇ DAŞARY SYÝASATYNYŇ ILERI TUTULÝAN UGURLARY

## §1. Milli bähbitleriň emele gelmegi. «Milli bähbitler», «Daşary syýasatyň ileri tutulýan ugurlary» adalgalary barada düşünje

Üçünji müňýyllygyň başy dünýä bileleşiginiň nobatdaky düýpli özgermeler, ulgamlaýyn başga hala geçiş döwrüne gadam basmagy bilen häsiýetlendirildi. Dünýäniň ähli ýurtlaryna öz täsirini ýetiren globallaşmak ýagdaýy özünde diňe bir syýasy ýa-da halkara wakalarynyň täsirini duýman, eýsem onuň özi halkara gatnaşyklarynyň derejesine, dünýä syýasy giňişliginde ýagdaýlaryň ösüşine täsir edýär. Şu ýerde globallaşmagyň özi barada aýdanymyzda, onda onuň dünýädäki integrasion ýagdaýlaryň täze derejesini aňladýandygyny we onuň iň täze habar we telekommunikasiýa serişdeleriniň esasynda adamzadyň köp böleginiň maliýe-ykdysady, jemgyýetçilik-syýasy we medeni aragatnaşyklaryň ýeke-täk açyk ulgamyna çekilmegine alyp barýandygyny belläp geçmek gerek. Globallaşmak, ozaly bilen, halkara gatnaşyklarynyň ideologiýasyzlanmagynyň depgininiň artmagyna ýardam etdi, bu bolsa, öz gezeginde, ilkinji nobatda, ykdysady derejede ýagdaýlaryň globallaşmagy üçin amatly şertleri döretdi.

Adamzat siwilizasiýasy özüniň köpdürlüligi bilen gymmatlydyr. Özüniň uzak taryhynyň dowamynda adamzat ajaýyp siwilizasiýalaryň ençemesini döretdi. Şol bir wagtyň özünde häzirki wagtda adamzat özüni barha bitewi siwilizasiýa hökmünde kabul edýär. Şol siwilizasiýa uly bina kimin, ýurtlaryň we halklaryň durmuşynyň aýratynlyklaryny şöhlelendirýän köp sanly kerpiçjiklerden durýar. Munuň özi ynsanyýet medeniýetiniň, dünýägaraýyşlaryň, dilleriň, dinleriň, däpleriň köp öwüşginli keşbini döredýär. Beýleki tarapdan, global

meseleleri diňe ähli ýa-da dünýäniň döwletleriniň aglaba köpüsiniň bilelikdäki tagallalary bilen çözmegiň mümkindigine akyl ýetirmek häzirki zamanyň barha köp sanly syýasy işgärleriniň aňyna barha berk ornaşýar.

Häzir biz halkara bileleşiginiň XXI asyrda anyk kesgitlenen kada esasynda meseläni çözmek tärleriniň ulgamy boýunça ösýändiginiň şaýady bolýarys. Onuň esasy düşünjeleri bolsa parahatçylyk, agzybirlik, özara düşünişmek, birek-birege kömek bermek, deňhukuklylyk, demokratiýa we elbetde, özara ynamy pugtalandyrmak bolup durýar.

Biziň şu günki günlerimizde özara ynam bolmadyk ýagdaýynda döwletleriň arasynda berk we durnukly gatnaşyklary ýola goýmak we amala aşyrmak asla mümkin däldir. Özara ynam halkara durmuşynyň üýtgewsiz kanuny bolmalydyr we döwletleriň köpüsi muňa düşünmek bilen, özleriniň daşary syýasatyny şoňa laýyklykda guraýar, sebäbi özara tanyşlyk, özara düşünişmek, özara ynam näçe çuň bolsa, hyzmatdaşlygyň binýady şonça-da pugta we giň bolar.

Türkmenistanyň daşary-syýasy strategiýasy Türkmenistanyň Prezidentiniň ýolbaşçylygynda halkymyzyň milli bähbitleriniň we hemişelik, oňyn Bitaraplygyň ýörelgeleriniň esasynda çuňňur oýlanyşykly işlenip düzülýär we üstünlikli durmuşa geçirilýär. Hususan-da, 2008–2012-nji ýyllar üçin taýýarlanylan şeýle strategiýanyň durmuşa geçirilmegi ýurdumyza daşary syýasatyna uly üstünlikler getirdi, Watanymyzyň halkara abraýyny has-da ýokary göterdi.

2013-nji ýyldan bäri Türkmenistanyň daşary-syýasy edarasy ýurdumyzyň daşary-syýasy ugrunyň 2013–2017-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyny durmuşa geçirýär. Bu strategiýa emele gelýän hakykata obýektiw, deňagramly çemeleşmä esaslanýar, onuň esasy ýagdaýlary barada aýdylanda bolsa, onda olar, ozaly bilen, Türkmenistanyň halkara bileleşigi tarapyndan ykrar edilen oňyn, hemişelik Bitaraplyk syýasatydyr, ýurduň ägirt uly serişdeler kuwwatydyr, onuň Gündogar bilen Günbataryň arasynda geografiýa taýdan ýerleşişidir, onuň gysga döwürde toplan Merkezi Aziýa sebitindäki parahatçylyk dörediji işiniň tejribesidir we başgalardyr.

Türkmenistanyň daşary-syýasy ugrunyň amala aşyrylmagy – munuň özi döwlet özbaşdaklygyna, ykdysady garaşsyzlyga we biziň

döwletimiziň aýratyn halkara-hukuk ýagdaýyndan gelip çykýan borçnamalaryna esaslanýan anyk utgaşdyrylan prosesdir. Bu ýagdaý bolsa biziň ýurdumyza deňhukukly başlangyçlarda dünýä bileleşigine girmäge, özüniň hususy, milli bähbitleriniň esasynda halkara gatnaşyklaryna işjeň gatnaşmaga mümkinçilik berdi.

Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasaty ýurdumyzyň özbaşdaklygyny we howpsuzlygyny üpjün etmäge, onuň dünýädäki ornuny berkitmäge, muny ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, durmuş-ykdysady ösüşine ýardam etmäge, türkmen halkynyň medeni däplerini saklamaga we ösdürmäge gönükdirilen içerki syýasatynyň logiki dowamydyr.

Umuman alanymyzda, häzir Bitarap Türkmenistanyň öňünde ykdysadyýeti köptaraplaýyn ösdürmek, oňa täzelik häsiýetini bermek, türkmen halkynyň milli özboluşlygyny, ruhy we medeni däplerini saklamak we baýlaşdyrmak bilen sosial maksatly maksatnamalary durmuşa geçirmek, ahyrky netijede bolsa, dünýäniň iň ösen we siwilizleşen ýurtlarynyň arasynda mynasyp orny eýelemek ýaly çylşyrymly wezipeler durýar. Özi-de, şu giň möçberli we köp zähmet talap edýän wezipeleri üýtgäp durýan halkara ýagdaýynda, globallaşmagyň güýçlenýän şertlerinde çözmeli bolýar.

Şeýle hem, biziň döwletimiz dünýä bileleşiginiň wezipeleriniň durmuşa geçirilmegine öz goşandyny goşmaga çalyşmak bilen, durnuklylygy we howpsuzlygy üpjün etmegiň häzirki global wezipeleriniň ýerine ýetirilmeginiň Birleşen Milletler Guramasyna degişli bolup galmagy üçin çykyş edýär.

2007-nji ýylyň sentýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Nýu-Ýorkda BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlisinde eden çykyşynda biziň döwletimiziň daşary-syýasy strategiýasyny şeýle kesgitledi: «Türkmenistan häzirki wagtda dünýä üçin, ähli ugurlar boýunça giňden hyzmatdaşlyk etmek üçin açykdyr. Biziň ýurdumyz Milletler Birleşigi bilen bilelikde döwletleriň arasyndaky häzirki zaman gatnaşyklaryny kesgitleýän ýagdaýlar hökmünde halkara hukugynyň ýörelgelerini, ynsanperwerlik, adalatlylyk, özara hormat goýmak ideýalaryny berkarar etmek ugrunda bilelikde işlemäge taýýardyr».

Bu sözler hereket etmegiň maksatnamasyna öwrüldi, biziň ýurdumyzyň halkara gatnaşyklary ulgamyna gatnaşmagy boýun-

ça tagallalaryň artdyrylmagyna, döwletiň daşary-syýasy işiniň işjeňleşmegine ýardam etdi.

Islendik ýurduň daşary syýasatyniň obýektiw we subýektiw ýagdaýlaryň täsiri netijesinde emele gelýändigi mälimdir. Başgaça aýdanymyzda, şol syýasat ýurduň milli bähbitleri tarapyndan kesgitlenilýär. Şol bähbitler bolsa, öz gezeginde, döwletiň ýaşamagynyň şertleri, ýagny onuň geografiýa taýdan ýerleşişiniň aýratynlyklary, onuň taryhy we medeni mirasynyň özboluşlylygy, öndüriji güýçleriň ösüşiniň derejesi, ýurduň milli mirasy bolup duran tebigy baýlyklary we şunlukda, ýurduň çig mal bilen üpjünçiligi we ş.m. arkaly emele gelýär. Bu ýagdaýlaryň ählisi döwletiň milli bähbitlerini esaslandyrýarlar. Şol bähbitler bolsa döwletiň daşary-syýasy işiniň binýatlyk esasy bolup durýarlar. Dürli döwletleriň daşary-syýasy bähbitleriniň sazlaşyklylygy - munuň özi onda halkara gatnaşyklary gurulýan, olaryň düzümi we hereket etmeginiň ýagdaýy kesgitlenýän binýat bolup durýar.

Şu nukdaýnazardan Türkmenistanyň daşary-syýasy bähbitleri we ileri tutulýan ugurlary nämeden ybarat? Olaryň anyk kesgitlenilmegi, biziň pikirimizçe, Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň daşary-syýasy ugrunyň uzak möhletli Konsepsiýasyny işläp taýýarlamaga we amala aşyrmaga mümkinçilik berýär.

Halkara gatnaşyklarynda ýurduň roly we orny baradaky düşünjä we dünýä syýasy giňişliginde döwletiň maksatlaryna esaslanýan Türkmenistanyň milli bähbitleri dünýä syýasatynda, daşary-ykdysady çäkde, ylmy-tehniki, medeni we beýleki aragatnaşyklarda ýüze çykýan täze meýilleri hasaba almak esasynda ýurduň daşary syýasatynyň, onuň daşary ýurtlar we halkara guramalary bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlygynyň ugurlaryny kesgitleýär.

Şu ýerde «milli bähbitler», «daşary syýasatyň ileri tutulýan ugurlary» ýaly adalgalary ýa-da düşünjeleri aýyl-saýyl etmek üçin, ozaly bilen, Türkmenistanyň milli bähbitleriniň şahsyýetiň, jemgyýetiň we döwletiň dürli çäklerdäki bähbitleriniň jemi bolup durýandyklaryny, olaryň döwletiň ýaşamagynyň şertleri tarapyndan emele gelýändiklerini we onuň içeri-syýasy we daşary-syýasy işiniň düýpli esasy bolup durýandygyny nygtap geçeliň. Biziň ýurdumyzyň halkara çägindä-

ki milli bähbitleri ýurdumyzyň özbaşdaklygynyň üpjün edilmeginde, halkara giňişliginde Türkmenistanyň pozisiýalaryny pugtalandyrmakda, ähli ýurtlar we halkara guramalary bilen deňhukukly we özarapeýdaly gatnaşyklary ösdürmekde jemlenýär. Şol bir wagtyň özünde «milli bähbitler», «daşary-syýasy bähbitler we ileri tutulýan ugurlar» adalgalary gönüden-göni özara aragatnaşykda bolýarlar, sebäbi birinji düşünjäni kesgitlemezden ikinji düşünjäni emele getirmek mümkin däldir. Türkmenistanyň milli bähbitleri döwletiň diňe bir içerki we daşary syýasatynyň gündelik wezipelerini kesgitlemän, eýsem olar döwletiň strategiki maksatlaryny hem kesgitleýärler. Şu jähtden, Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň belli döwürlere niýetlenip ylmy taýdan çuňňur esaslandyrylyp, kabul edilýän konsepsiýalarynyň esasynda milli, sebitleýin we giň halkara bähbitleriň ýatandygy ýöne ýerden däldir.

**Soraglar:**

**1.** Üçünji müňýyllygyň başy nähili düýpli alamatlar bilen häsiýetlendirildi?

**2.** Globallaşmak näme we ideologiýa babatda onuň halkara gatnaşyklaryna edýän täsiri barada näme aýdyp bilersiňiz?

**3.** Ýurduň milli bähbitleri nähili emele gelýär?

**4.** «Milli bähbitler», «Daşary syýasatda ileri tutulýan ugurlar» adalgalaryna nähili düşünýärsiňiz?

**5.** Türkmenistanyň daşary-syýasy strategiýasy haýsy ýörelgeleriň esasynda işlenip düzülýär?

## §2. Türkmenistanyň milli bähbitleri. Ýurduň daşary syýasatynda ileri tutulýan ugurlar we olaryň durmuşa geçirilmegi

Türkmenistanyň daşary syýasaty bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk we özara hyzmastdaşlyk ýörelgelerine berk ygrarly bolmak ýaly binýatlaýyn aýratynlyklaryň esasynda durmuşa geçirilýär. Şeýle syýasat ýurdumyza hyzmatdaşlary bilen oňyn gatnaşyklary ýola goýmaga, olar bilen dürli ugurlar boýunça

düýpli we doly mazmunly gepleşikleri alyp barmaga, özara kabul ederlikli çözgütleri tapmaga, sebit derejesinde hyzmatdaşlygyň täze, işjeň görnüşlerini ösdürmäge mümkinçilik berýär.

Türkmenistanyň daşary-syýasy işiniň **ileri tutulýan ugry parahatçylygy, howpsuzlygy we durnuklylygy berkitmek bolup durýar. Elbetde, biziň ýurdumyz öz tagallalaryny, ilkinji nobatda, sebitleýin derejede ugrukdyrýar.** Başgaça aýdanymyzda, onda ol, ozaly bilen, gatnaşyklary ýakyn goňşulary bolan Eýran, Owganystan, Özbegistan, Gazagystan, Azerbaýjan, şeýle hem Merkezi Aziýanyň beýleki döwletleri – Gyrgyzystan we Täjigistan bilen berkidýär. Bu ýurtlar bilen Türkmenistany olaryň geografiýasy, umumy serhetleri, taryhy, medeni taýdan has ýakynlygy, däp-dessurlary, umumy serhetýaka suwlary, hemmeler üçin möhüm bolan ekologiýa we şuňa meňzeş başga meseleler baglaşdyrýar. Soňky ýyllarda Türkmenistanyň goňşy ýurtlar bilen hyzmatdaşlygynyň mazmuny onuň dürli çäklerde ýola goýulmagy we ösdürilmegi netijesinde hemişe baýlaşdy, bu bolsa sebitde özara ynamyň we hyzmatdaşlygyň barha berkemegine, çuňlaşmagyna hem-de giňelmegine getirdi. Şu günki günlerde Türkmenistan sebitleýin hyzmatdaşlygy mundan beýläk hem hemmetaraplaýyn pugtalandyrmak, söwda-ykdysady we gumanitar gatnaşyklaryň ösdürilmegini höweslendirmek boýunça uly işler alyp barýar.

Hakyky doganlyk gatnaşyklary, umumy gymmatlyklar **Türkmenistany Pakistan, Hindistan, Türkiýe bilen baglanyşdyrýar.** Biziň ýurdumyzyň şu döwletler bilen gatnaşyklary özara hormat goýmagyň we birek-birege ynanyşmagyň aýdyň mysaly bolup durýar. Türkmenistan bu ýurtlar bilen özara düşünişmegiň häzirki derejesine ýokary baha berýär we ähli ugurlar boýunça hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de üstünlikli ösdürmek üçin zerur bolan tagallalary edýär. Hususan-da, «Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan» gaz geçirijisiniň taslamasyny durmuşa geçirmek bilen bagly resminamalar 2014-nji ýylda taýýarlanyldy hem-de şol resminamalara gol çekmek boýunça zerur işler geçirildi. 1915-nji ýylyň 13-nji dekabrynda Mary welaýatynda bu halkara gaz geçirijisiniň gurluşygyna badalga berildi. Uzynlygy 1735 kilometr bolan bu uly gaz geçirijiniň gurul-

magy ýylda 33 milliard kubmetr möçberde türkmen tebigy gazyny şol ýurtlara ibermäge mümkinçilik berer. Munuň bolsa Merkezi we Günorta Aziýanyň döwletleriniň durnukly durmuş-ykdysady ösüşine saldamly goşant goşjakdygy aýdyňdyr.

**Soňky ýyllarda Türkmenistanyň Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna girýän ýurtlar bilen gatnaşyklary yzygiderli ösýär.** Türkmenistan şol gatnaşyklary ikitaraplaýyn derejede, şeýle hem GDA-nyň çäklerinde bilelikdäki çäreleriň ugry boýunça ösdürýär.

Türkmenistan özüniň däp bolan hyzmatdaşlary bolan Ermenistan, Gruziýa, Belarus, Moldowa ýaly döwletler bilen gatnaşyklaryny hem ýokary depginler bilen ösdürýär.

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri hem dünýäniň iri döwletleri we syýasy hem-de ykdysady merkezleri bolan Hytaý, Amerikanyň Birleşen Ştatlary, Russiýa Federasiýasy, Ýewropa Bileleşigi bilen köpugurly, özara bähbitli dostlukly gatnaşyklary ösdürmek bolup durýar.

**Türkmenistanyň we Russiýa Federasiýasynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk 2011-nji ýylda strategik derejesine çykdy.** Russiýa bilen biziň ýurdumyzyň köp asyrlyk taryhy we gumanitar gatnaşyklary, dürli ulgamlarda özara gatnaşyklaryň baý tejribesi bardyr. Häzirki tapgyrda bu gatnaşyklar Türkmenistanyň we Russiýanyň halklarynyň uzakmöhletleýin bähbitlerine laýyk gelýän täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylýar. Şeýle hem, soňky ýyllarda Türkmenistan Russiýa Federasiýasynyň birnäçe iri sebitleri – Sankt-Peterburg, Tatarystan Respublikasy we Astrahan oblasty bilen söwda-ykdysady hem-de medeni-gumanitar ugurlarda netijeli hyzmatdaşlygy ýola goýdy.

Russiýa bilen Türkmenistanyň gatnaşyklary halkara guramalaryň çäklerinde hem alnyp barylýar. Türkmenistan Russiýa Federasiýasy bilen geljekde hem dostlukly gatnaşyklary dürli ugurlar boýunça giň gerim bilen ösdürmek ugrundan gelip çykýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda **Türkmenistan Hytaý Halk Respublikasy bilen syýasatda, ykdysadyýetde, söwda-da, medeni-gumanitar ulgamda hyzmatdaşlygyň uly tejribesini toplady.** 2009-njy ýylyň 14-nji dekabrynda XXI asyryň taslamasy diýen ada eýe bolan Türkmenistan – Hytaý gaz geçirijisi ulanmaga berildi.

Bu dünýäde iň uzyn gaz geçirijidir we onuň umumy uzynlygy 7000 kilometrden gowrakdyr. Häzirki döwürde bu gaz geçiriji özüniň kuwwatyny barha artdyrýar. Mysal üçin, 2013-nji ýylyň sentýabrynda Türkmenistanyň we HHR-iň ýolbaşçylary tarapyndan bu gaz geçirijiniň 4-nji ugruny gurmak baradaky ylalaşyga gol çekildi. Bu ugur Türkmenistan – Özbegistan – Täjigistan – Gyrgyzystan – Hytaý ýol meýilnamasy boýunça geçer. Bu gaz geçirijiniň gurluşygyny 2017-nji ýylda tamamlamak meýilleşdirilýär. Şunlukda, 2017-nji ýylda gündogar ugur boýunça gaz geçirijiler ulgamynyň geçirijilik kuwwaty 80 milliard kub metre çenli ýokarlanar. Türkmenistanyň we Hytaýyň arasynda gol çekilen ylalaşyga laýyklykda, geljekde Türkmenistan Hytaýa her ýyl 65 milliard kub metr tebigy gaz berer.

Umuman, şu günki günde Türkmenistanyň we Hytaýyň arasyndaky baryp Beýik Ýüpek ýoly döwründe emele gelip, soňra däbe öwrülen dostluk gatnaşyklary täze ösüşe eýe boldy, gatnaşyklar öz ösüşinde täze taryhy, strategiki hyzmatdaşlyk derejesine göterildi. Soňky üç ýylyň dowamynda iki ýurduň arasyndaky haryt dolanyşygynyň göwrümi 10 milliard amerikan dollaryndan hem artdy we şunlukda, häzirki döwürde Hytaý biziň ýurdumyzyň iň iri daşary söwda hyzmatdaşy bolup durýar.

2014-nji ýylyň maýynda iki ýurduň döwlet Baştutanlarynyň derejesinde gol çekilen Türkmenistanyň hem-de Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda dostluk we hyzmatdaşlyk hakynda şertnama; strategik hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmek we çuňlaşdyrmak hakynda bilelikdäki Jarnama; Türkmenistanyň we Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda strategik hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň 2014-2018-nji ýyllar üçin ösüş meýilnamasyny kabul etmek hakynda beýannama uzakmöhletleýin geljek üçin hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlän gatnaşyklaryň täze tapgyrynda hereket etmek üçin gollanma bolup hyzmat edýär.

**Türkmenistan birnäçe ýyllaryň dowamynda Amerikanyň Birleşen Ştatlary bilen gatnaşyklary ösdürip gelýär.** ABŞ Bitarap döwlet hokmünde Türkmenistanyň ýoredýän parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasatyny hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň öňe

sürýän, parahatçylygyň we ählumumy howpsuzlygyň esaslaryny berkitmäge gönükdirilen möhüm halkara başlangyçlaryny goldaýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2014-nji ýylyň 11-nji dekabryndaky Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde eden çykyşynda nygtap geçişi ýaly, Türkmenistan bu döwlet bilen dünýäde parahatçylygy goramak we durnuklylygy saklamak, energetika howpsuzlygyny üpjün etmek, söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy berkitmek ýaly möhüm ugurlarda gatnaşyklary ösdürýär.

Ýewropa döwletleri, ilkinji nobatda bolsa, Ýewropa Birleşiginiň ýurtlary bilen Türkmenistanyň ählumumy we sebitleýin durnuklylygy we howpsuzlygy üpjün etmek, halkara terrorçylygyna, neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna, guramaçylykly jenaýatçylyga garşy göreşmek ýaly häzirki zamanyň dünýä gurluşynyň esasy meselelerine çemeleşmeleriň umumylygyna esaslanýan dostlukly, hyzmatdaşlyk gatnaşyklary emele geldi. Türkmenistanyň we Ýewropa döwletleriniň söwda-ykdysady ulgamda, şol sanda energetikada hem özara bähbitleri bardyr. Türkmenistan şu ýurtlar bilen uzakmöhletleýin gatnaşyklary ýola goýýar. Muňa Ýewropa ýurtlarynyň birnäçesi bilen baglaşylan döwletara we hökümetara şertnamalar we ylalaşyklar hem şaýatlyk edýär. Olarda ykdysady we gumanitar çäklerde hyzmatdaşlyk etmegiň anyk ugurlary we wezipeleri görkezilendir.

Şol bir wagtyň özünde Türkmenistanyň döwlet Baştutany türkmen-ýewropa hyzmatdaşlygynyň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin özüniň 2014-nji ýylyň 11-nji dekabrynda eden çykyşynda şeýle diýdi: «Türkmen-ýewropa hyzmatdaşlygyny talabalaýyk ösdürmek maksady bilen, diplomatik gulluklarymyz Ýewropa Komissiýasy bilen işjeň gatnaşyklary ýola goýmalydyr. Bu mesele şu ýylyň noýabr aýynda Ýewropa Komissiýasynyň öz işini täze düzümde başlamagy bilen baglylykda aýratyn möhüm ähmiýete eýe bolýar».

Häzirki döwürde Aziýa–Ýuwaş umman sebitiniň ählumumy syýasata, ykdysadyýete we maliýe ulgamyna ýetirýän täsiri barha artýar. 2014-nji ýylda Aziýada tutuş dünýä ilatynyň 67% ýaşady, Aziýa ýurtlarynyň paýyna dünýä ykdysadyýetiniň üçden bir bölegi düşýär. Şeýle hem, 2013-nji ýylda AÝUS-niň ýurtlarynyň ykdy-

sadyýeti 6,3 göterim ösdi, 2014-nji ýylda bolsa ony 6,6 göterim ösdürmeklik meýilleşdirildi. Sebitiň paýyna umumy içerki önümiň 54 göterimi, dünýä söwdasynyň bolsa 44 göterimi düşýär.

Aziýa şeýle hem ençeme siwilizasiýalaryň we milletleriň birleşýän, goşulyşýan ýeri bolup hyzmat edýär. Aziýanyň parahatçylykly ösüşi tutuş adamzadyň geljegi we ykbaly bilen ýakyn baglydyr. Aziýanyň durnuklylygy tutuş dünýäde parahatçylygyň girewidir, Aziýanyň ýokary göterilmegi – tutuş dünýäniň ösüşiniň girewi bolup durýar.

Ösýän howplara we wehimlere seretmezden, häzirki Aziýa dünýäde iň çalt ösýän we geljegi uly bolan sebit bolmagynda galýar. Parahatçylyk, ösüş, hyzmatdaşlyk we özara utuş sebitiň ýagdaýynda hemişe esasy meýiller bolupdy we şonlugynda hem galýar. Agzalalyklary we gapma-garşylyklary maslahatlaşmalar we gepleşikler arkaly tertibe salmak hem bu sebitiň ýurtlarynyň syýasatynyň esasy ugry bolup durýar.

Şu jähtden, Türkmenistan Aziýa – Ýuwaş umman sebiti bilen gatnaşyklaryň ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berýär we oňa özüniň daşary-syýasy hem-de daşary-ykdysady işiniň strategiki ugry hökmünde seredýär. Bu sebitde, ozaly bilen bolsa, Ýaponiýa, Malaýziýa ýaly döwletler bilen söwda-ykdysady, ulag-kommunikasiýa, ýangyç-energetika ugurlarda Türkmenistanyň mümkinçilikleri örän uludyr. Şoňa görä-de, biziň ýurdumyz bu sebitde alyp barýan işleriniň gerimini barha giňeldýär. Muňa 2013-nji ýylda Ýaponiýada we Malaýziýada Türkmenistanyň ilçihanalarynyň açylmagy hem şaýatlyk edýär.

Türkmenistan Koreýa Respublikasyny hem özüniň ygtybarly we geljegi uly hyzmatdaşy hasaplaýar hem-de özara gatnaşyklaryň iki ýurduň halklarynyň erk-islegine we ägirt uly ykdysady mümkinçiliklerine daýanýandygyndan gelip çykýar. Koreýa Respublikasynyň Prezidenti Pak Kyn Heniň yklymda ykdysady gatnaşyklary işjeňleşdirmäge, ygtybarly energetika we ulag-aragatnaşyk ugurlarynyň döredilmegine gönükdirilen «Ýewraziýa başlangyçlary» we «Ekspress Ýüpek ýoly» taslamasy hem-de başlangyçlary köp babatda Türkmenistanyň energetika we ulag howpsuzlygyny üpjün etmek baradaky halkara başlangyçlary bilen gabat gelýär.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlarynyň assosiasiýasynyň (GGAÝA) işine hem uly gyzyklanma bilen syn edýär. Türkmenistan GGAÝA bilen özüniň hyzmatdaşlygynyň uly geljeginiň bardygyna ynanýar we bu halkara guramasy bilen ýygjam gatnaşyklary ýola goýmaga taýýardygyny bildirýär.

**Türkmenistan arap dünýäsiniň ýurtlary bilen hem gowy gatnaşyklary ýola goýdy.** Türkmenistanyň daşary-syýasy ugrunyň 2013–2017-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynda biziň ýurdumyzyň bu gatnaşyklary pugtalandyrjakdygy, şol sanda Orta Aziýadan Ýakyn Gündogara ulag-üstaşyr geçelgesiniň taslamasyny durmuşa geçirmek boýunça alnyp barylýan işlere uly üns berjekdigi nygtalyp geçildi.

**Ýer togalagynyň iň çalt depginler bilen ösýän sebitleriniň biri bolan Latyn Amerikasy bilen hem Türkmenistanyň gatnaşyklary kem-kemden giňelýär.** Kubada, Meksikada, Latyn Amerikasynyň käbir beýleki iri ýurtlarynda Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalarynyň açylmagy munuň aýdyň subutnamasydyr.

**Türkmenistan Afrika döwletleri bilen hyzmatdaşlyk etmegiň mümkinçiliklerini hem jikme-jik öwrenýär.** 2014-nji ýylyň 11-nji dekabrynda eden çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti: «Bu kontinentiň birnäçe iri ýurtlary Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyk etmäge uly gyzyklanma bildirýär. Şoňa görä-de, Afrika döwletleri bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýmak boýunça geçirilýän işleri dowam etmeli» diýip aýtdy.

Türkmenistan köptaraplaýyn esasda hyzmatdaşlyk etmäge hem uly üns berýär, sebäbi ählumumy we sebitleýin ösüşiň derwaýys meselelerini çözmekde köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň mümkinçilikleri uludyr. Hut şonuň üçin hem Türkmenistan şu günki günde 44 sany iri halkara guramasynyň, şol sanda Birleşen Milletler Guramasynyň agzasy bolup durýar.

Ozaly bilen, Birleşen Milletler Guramasy barada aýdanymyzda, onda halkara gatnaşyklarynyň häzirki zaman ulgamynda bu dünýäde iň uly hökümetara guramasyna aýratyn möhüm orun degişlidir. BMG diňe bir onda döwletleriň özlerini tolgundyrýan ol ýa-da başga meseleler boýunça öz garaýyşlaryny beýan etmäge mümkinçilik berýän münber däldir. BMG şeýle hem ählumumy parahatçylygy we howp-

suzlygy üpjün etmegiň esasy we çalşyp bolmajak mehanizmidir, ýüze çykýan dawalary we gapma-garşylyklary çözmekde iň ýokary halkara derejedir, BMG-niň Düzgünnamasy bolsa – XXI asyryň dünýä düzgünleriniň binýadydyr. Başgaça aýdylanda, häzirki döwürde BMG diňe bir iň wekilçilikli halkara düzümi bolman, eýsem ol şeýle hem global gatnaşyklaryň häzirki zaman ulgamynyň esasy daýanjydyr, dünýä giňişliginde parahatçylygy we bähbitleriň deňagramlylygyny saklamagyň, howpsuzlygyň häzirki gurluşynyň durnuklylygynyň kepili bolup durýandyr.

Bitarap Türkmenistanyň BMG-ni strategiki hyzmatdaş hökmünde saýlap almagy kanunalaýyklykdyr we onuň çuňňur, dünýägaraýyş sebäpleri bardyr. Şol sebäpleriň esasynda Türkmenistanyň uzakmöhletli maksatlarynyň we BMG-niň wezipeleriniň laýyk gelmegi, ozaly bilen bolsa, Merkezi Aziýada sazlaşykly we durnukly döwletara gatnaşyklarynyň kemala getirilmegi, sebit parahatçylygyny we howpsuzlygyny saklamagyň pugta mehanizmlerini döretmeklik ýatandyr. Türkmenistanyň pikiriçe, halkara bileleşiginiň we, ilkinji nobatda bolsa, sebitiň döwletleriniň özleriniň işi hut BMG-ä, onuň ulgamynda bar bolan syýasy-diplomatik gurallara daýanmak bilen alnyp barylmalydyr.

**Soňky ýyllarda Türkmenistanyň BMG, onuň ulgamynyň halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy has-da işjeňleşdi, ýylsaýyn geljegi uly bolan täze ugurlaryň peýda bolmagy bilen hyzmatdaşlygyň çägi hem giňeldi.** Netijede, ýurdumyzyň BMG we onuň ýöriteleşdirilen düzümleri bilen özara hyzmatdaşlygy howpsuzlyk meselelerinden başlap, demokratiki institutlary ösdürmäge çenli, daşky gurşawy goramak meselelerinden başlap, gender syýasatyna çenli, hakykatda, ähli möhüm ugurlary gurşap aldy.

Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygy sebitde howpsuzlygy we durnuklylygy saklamaga, ony durnukly ösdürmegiň maksatnamalaýyn wezipelerini amala aşyrmaga gönükdirilen täze netijeli çemeleşmeleri işläp taýýarlamaga ýardam berýär. Mysal ücin, soňky ýyllarda Türkmenistan BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlislerinde köpsanly möhüm daşary-syýasy döredijilikli başlangyçlary öňe sürdi we olar dünýä bileleşigi ta-

rapyndan doly ykrar edildi we edilýär. Hususan-da, 2013-nji ýylyň 25–30-njy sentýabrynda Türkmenistanyň wekiliýeti BMG-niň BA-synyň 68-nji mejlisine gatnaşdy we onda ençeme ugur boýunça möhüm ähmiýetli halkara başlangyçlary öňe sürdi.

**Birinji ugruň** çäklerinde Türkmenistan halkara derejesindäki meseleler çözülende syýasy – diplomatik serişdeleriň ulanylmagynyň ileri tutulmagy barada BMG-niň Jarnamasynyň kabul edilmeginiň möhümdigini nygtady, ýaragsyzlanmak we köpçülikleýin heläkçilige getirýän ýaraglary ýok etmek bilen bagly meseleleri ara alyp maslahatlaşmak üçin 2014-nji ýylda Aşgabatda ýokary derejedäki halkara duşuşygyny geçirmek baradaky teklibi öňe sürdi, Merkezi Aziýa sebitinde asudalygy üpjün etmek boýunça hemişelik hereket edýän Parahatçylyk we hyzmatdaşlyk forumyny döretmegi teklip etdi.

**Ikinji ugur** Türkmenistanyň dünýäde energetika howpsuzlygyny üpjün etmek, munuň üçin halkara bilermenler toparyny döretmek babatdaky teklipleri bilen bagly boldy. Şeýle hem türkmen tarapy 2014-nji ýylda şu meseleler boýunça Aşgabatda halkara maslahatyny geçirmek baradaky teklibi öňe sürdi.

**Üçünji ugur** Türkmenistanyň ulag howpsuzlygyny üpjün etmek baradaky başlangyjyny öz içine aldy. Döwrebap we howpsuz halkara ulag düzümini döretmek bilen bagly meseleleri ara alyp maslahatlaşmak üçin türkmen wekiliýeti 2014-nji ýylda Aşgabatda halkara duşuşygyny geçirmegi teklip etdi.

**Dördünji ugur** ekologiýa howpsuzlygyna degişli meseleler bilen bagly boldy. 2014-nji ýylda Türkmenistanda BMG-niň Çölleşmä garşy göreşmek hakyndaky Konwensiýasyna girýän ýurtlaryň ýokary derejeli duşuşygyny geçirmek hakyndaky teklip öňe sürüldi, şunuň bilen birlikde Türkmenistanyň Merkezi Aziýada we Hazar sebitlerinde howanyň üýtgemegi bilen bagly tehnologiýalar boýunça Sebitleýin merkezi döretmek baradaky garaýşy yglan edildi.

**Bäşinji ugur** ynsanperwerlik howpsuzlygynyň meselelerine bagyşlandy. Şu jähtden, türkmen wekiliýeti Türkmenistanyň 2014-nji ýylda BMG-niň Bosgunlaryň işleri baradaky ýokary komissarlygy bilen bilelikde bosgunlaryň işleri boýunça ýokary derejeli duşuşygy geçirmäge taýýardygyny mälim etdi.

Türkmenistan 2014-nji ýylyň 16-njy sentýabrynda öz işine başlan BMG-niň BA-synyň 69-njy mejlisiniň garamagyna hem işjeň teklipleriň birnäçesini hödürledi. Şol teklipler ýurdumyzyň ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy goramak hem-de pugtalandyrmak, energetika ulgamynda, ulag pudagynda hyzmatdaşlygy ösdürmek, gumanitar meseleler we adam hukuklary, ekologiýa we daşky gurşawy goramak ýaly möhüm ugurlarda netijeli gatnaşyklary mundan beýläk-de giňeltmek bilen baglanyşykly teklipler boldular. Şol teklipleriň hemmesi ählumumy gyzyklanmalara laýyk gelýän netijeli gatnaşyklary işjeňleşdirmäge, sebit we ählumumy möçberde durnukly ösüş üçin oňaýly şertleri döretmäge gönükdirildi.

Şu jähtden, Türkmenistan, hususan-da, BMG-niň howandarlygynda Merkezi Aziýa sebitinde howpsuzlyk we parahatçylyk Forumyny çagyrmagy hem-de ony 2015-nji ýylda Aşgabatda geçirmegi teklip etdi; Aziýada BMG-nyň ýaragsyzlanmak boýunça Sebitara merkezini döretmek bilen baglanyşykly meselelere garamagy maksadalaýyk hasaplady; BMG-niň BA-synyň 69-njy mejlisiniň barşynda Merkezi Aziýada nusgalyk awtoulag ýolunyň gurluşygynyň mümkinçiligine garamak meselesini we başga-da ençeme möhüm teklipleri öňe sürdi.

Türkmenistanyň BMG-niň döredilmeginiň 70 ýyllyk ýubileýiniň çäginde 2015-nji ýylyň 25-nji sentýabrynda Nýu-Ýorkda geçirilen durnukly ösüş boýunça ýokary derejedäki duşuşykda hem azyk howpsuzlygyny, ýokary hilli bilime bolan elýeterliligi, gender deňligini gazanmak, howanyň üýtgemegi we ekologiýa bilen bagly meseleleriň çözgüdini tapmak we başga ençeme meseleler boýunça gymmatly başlangyçlaryň ençemesini öňe sürdi.

Şol bir wagtyň özünde deliller Türkmenistanyň daşary-syýasy başlangyçlarynyň hemişe giň halkara goldawyna eýe bolýandygyny hem aýdyň görkezýärler. Munuň üçin şeýle bir mysaly getireliň. Biziň şu günki günlerimizde energetika howpsuzlygynyň meseleleriniň diňe bir aýry-aýry ýurtlar üçin däl, eýsem olaryň ösüş derejesine seretmezden, islendik sebit we ýurt üçin möhüm bolup durýandygy bellidir. Türkmenistan bolsa uglewodorodlaryň ägirt uly goruna eýe bolup durýar. 2015-nji ýylyň başynda ekspertleriň beren bahalaryna laýyklykda, ýurdumyzyň uglewodorodlarynyň tutuş gory 71,2 mil-

liard tonna şertli ýangyja deň boldy, onuň 70 göterimi bolsa tebigy gazyň paýyna düşdi. Ýurdumyzyň tebigy gaz gorlarynyň möçberi barada şu delil hem aýdyň şaýatlyk edýär: eger Türkmenistanyň häzir eksport edýän we baglaşan şertnamalary boýunça 30 ýylyň dowamanda eksport etjek gazynyň umumy göwrümi, takmynan, 5,4 trillion kub metr bolýan bolsa, onda diňe bir «Galkynyş», «Ýaşlar» atly tebigy gaz çykýan ýerlerdäki gazyň gorlarynyň möçberi 26,2 trillion kub metrden geçýär.

Şonuň üçin hem energetika howpsuzlygynyň biziň ýurdumyzyň daşary syýasat strategiýasyny, onuň many-mazmunyny we ugruny kesgitleýän esasy ýagdaýlaryň biri bolup durýandygyny we şeýle bolmagynda hem galýandygyny nygtap geçeliň. Energetika howpsuzlygy ideýasy berk şertlendirilen ýagdaýlaryň toplumlaýyn utgaşmasynda jemlenýär. Şu jähtden, esasy zat içerki jemi önümiň öndürilişini we senagatyň eksport kuwwatyny üpjün etmekden, Türkmenistanyň çäginde durmuş şertlerini we ýaşaýşyň hilini gowulandyrmakdan ötri, energiýa serişdelerine bolan içerki talaplary kanagatlandyrmagy üpjün edýän infrastrukturany dolandyrmak bolup durýar. Ikinji ýagdaý – bu deňizler boýunça (ýa-da olaryň astyndan) ýa-da döwletleriň gury ýer serhetleriniň üstünden energiýa serişdeleriniň halkara söwdasyny ösdürmekdir. Ol ilkinji serişdeleriň goralyp saklanmagy we howpsuzlygy, şeýle hem olaryň alyja iberilmegi nukdaýnazaryndan örän möhümdir. Biziň pikirimizçe, muňa üçünji ýagdaý hem ýakyndyr – bu ýagdaý energiýa serişdelerini iberýän industriýa bazar mehanizimleriniň we bäsleşigiň girizilmegidir. Biziň döwletimiz halkara giňişliginde energetika howpsuzlygyna diňe bir harydy ýerlemegiň kepillerini we bahalaryň üýtgemezligini isleýän alyjynyň ýa-da satyjynyň nukdaýnazaryndan däl, eýsem uglewodorod serişdelerini ibermegiň howpsuzlygyny üpjün etmek nukdaýnazaryndan hem düşünilmegini öňe sürýär.

Energiýa serişdeleriniň iberilmeginiň toplumlaýyn meselä öwrülmegi bilen, şu çäkde howpsuzlygy üpjün edýän ähli jähtleriň hem çözülmegi göz öňünde tutulmalydyr. Bu bolsa kanunçylygy, hususanda, halkara hukugyny energetika howpsuzlygynyň möhüm ýagdaýyna öwürýär. Çözgütler kabul edilende, syýasatçylar bazar mehanizminiň

esasynda halkara söwdasynyň giňelmegine goldaw bermelidirler we şol bir wagtyň özünde daşky gurşawyň goragyny üpjün etmelidirler.

Şu babatda energetika çäginde, şol sanda ykdysady we geografiýa jähtlerden howpsuzlygyň dürli ugurlaryna degişli meseleleriň giň toplumyna bolan hukuk garaýşy işleriň emele gelen ýagdaýyna has ünsli seretmegiň zerurdygyny görkezýär. Başga sözler bilen aýdylanda, bu ýerde gürrüň energetika diplomatiýasy adyna eýe bolan halkara gatnaşyklary çägindäki aýratyn ugur barada barýar. Däp bolan syýasy diplomatiýada bolşy ýaly, onuň ähli aýratynlyklarynyň göz öňünde tutulmagy bilen, energetika diplomatiýasyna hem sözlerde we işlerde oýlanşyklylyk, hyzmatdaşa hormat goýmak, özara kabul ederlikli çözgütleriň gözlegini maksat edinmek, konstruktiw gepleşiklere ygrarlylyk häsiýetli bolmalydyr.

Şol bir wagtyň özünde dünýäde dördünji energetika döwleti hökmünde Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygyň ýörelgeleriniň esasynda Ýewraziýa yklymynda, umuman, dünýäde energetika howpsuzlygynyň üpjün edilmegine gönükdirilen başlangyçlarynyň onuň ählumumy ähmiýetli ilkinji öňe süren tekliplerinden biri bolandygy aýdyňdyr. Şunlukda, 2008-nji we 2013-nji ýyllarda Türkmenistanyň göreldesi bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty» atly iki rezolýusiýa kabul edildi. Şol rezolýusiýalaryň esasynda bolsa, 2014-nji ýylyň 10-11-nji dekabrynda Aşgabatda esasy wezipesi energetika çäginde ählumumy hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagy üçin ähli meseleleri öz içine alýan halkara-hukuk resminamany, has takygy, BMG-niň konwensiýasynyň taslamasyny taýýarlamak bolup durýan halkara ekspert toparynyň ilkinji duşuşygy bolup geçdi.

Ýene-de bir mysal. Ulag pudagynda halkara hyzmatdaşlygyň ösmegine 2014-nji ýylyň sentýabrynda Aşgabatda ulag-üstaşyr geçelgeleriniň ornuna bagyşlanyp geçirilen halkara maslahat uly itergi berdi. Bu maslahatda gol çekilen resminamalar BMG-niň BA-synyň 69-njy mejlisine gatnaşýan döwletler tarapyndan uly gyzyklanma bilen garşylandy we makullandy. Netijede, Türkmenistanyň başlangyjy

bilen 2014-nji ýylyň 19-njy dekabrynda BMG-niň BA-synyň «Durnukly ösüş üçin halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde ulag-üstaşyr geçelgeleriniň orny» atly rezolýusiýasy biragyzdan kabul edildi. Sebitleýin we sebitara ulag-kommunikasiýa ulgamlarynyň döredilmeginiň ählumumy durmuş-ykdysady ösüşiň esasy şertleriniň biri hökmünde çykyş edýändigi mälimdir. Şu jähtden, bu rezolýusiýa ekologiki taýdan amatly, howpsuz, täsirli we ygtybarly ulag-üstaşyr geçirijiler arkaly adam we ýük gatnawlary üçin giň mümkinçilikler açdy.

Şol bir wagtyň özünde Türkmenistanyň BMG we onuň ulgamy bilen hyzmatdaşlygy müňýyllygyň Ösüş maksatlaryny gazanmagyň milli meýilnamalaryny durmuşa geçirmek boýunça Türkmenistanyň Hökümetiniň tagallalaryna hem giňden ýardam edýär. «BMG bilen hyzmatdaşlyk, onuň parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmek boýunça tagallalaryna gatnaşmak Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. BMG bilen gatnaşyk etmek biziň döwletimize özüniň bitaraplyk derejesini sebitleýin we ählumumy howpsuzlygyň möhüm şerti hökmünde durmuşa geçirmäge, içerki ösüşiň meselelerini üstünlikli çözmäge mümkinçilik berýär» – diýip, Türkmenistanyň Prezidenti «Bitaraplyk we öňüni alyş diplomatiýasy: parahatçylygyň we howpsuzlygyň esaslary» atly halkara maslahatynda (Aşgabat, 2012-nji ýylyň 11-nji dekabry) eden çykyşynda aýtdy.

Diňe bilelikdäki tagallalar, halkara-hukuk guralyny netijeli ulanmak bilen dünýä bileleşigi häzirki zamanyň wehimlerine garşy üstünlikli göreşip biler diýen ynamdan gelip çykmak bilen, **Türkmenistan Goşulyşmazlyk hereketi, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasy, Yslam hyzmatdaşlyk guramasy ýaly onlarça halkara guramalary bilen hem öz Bitaraplyk derejesine laýyklykda netijeli hyzmatdaşlygy amala aşyrýar.** Mysal üçin, Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy bilen hyzmatdaşlyk etmek biziň ýurdumyzyň daşary syýasatynyň we diplomatiýasynyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. ÝHHG-niň 2010-njy ýylyň dekabrynda Astanada bolup geçen Sammitinde Türkmenistan hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary boýunça öz garaýyşlaryny mälim etdi. Şol garaýyşlar halkara gapma-garşylyklaryň

öňüni almagyň we olaryň howpuny aradan aýyrmagyň netijeli gurallaryny döretmekden; syýasy we dini ekstremizme, terrorçylyk wehimlerine, bikanun neşe dolanyşygyna we serhetüsti jenaýatçylyga garşy göreşmekden, energiýa serişdelerini ibermek ulgamyndaky halkara hyzmatdaşlygynyň häzirkizaman nusgasyny işläp düzmekden ybarat boldy.

Özüniň halkara işinde Türkmenistan Bitaraplygyň söwda-ykdysady, daşky gurşawy goramak, medeni-gumanitar ýaly ugurlaryna hem uly üns berýär. XX asyryň 80-nji ýyllarynyň ahyryndan başlap halkara gatnaşyklaryň ýuwaş-ýuwaşdan ideologiýasyzlaşýan, dünýäniň bolsa bütewi bir bazara öwrülýän şertlerinde, döwletleriň, ozaly bilen, özleriniň ykdysady bähbitlerini üpjün etmek bilen meşgul bolýandyklaryny durmuş görkezýär. Daşary-syýasy aňda ykdysady bölegiň güýçlenmegi, esasan, ählumumy ykdysadyýetiň emele gelmegi, tehnologiýalaryň ösmegi we ş.m. bilen şertlendirilendir. Tutuş dünýäniň kompýuter tory bilen gurşalyp alynmagy bolsa, habary ýaýratmagyň usullaryny düýpli özgerdýär.

Häzirki wagtda ýurtlaryň abadançylygynyň, ozalkylara garanda dünýä ykdysadyýetinden gaty köp derejede bagly bolup durmagy globallaşmagyň iň üýtgeşik netijesi bolup durýar. Başgaça aýdylanda, döwletler birleşiginde ol ýa-da başga ýurduň täsiri we orny barha onuň ykdysady we tehnologiýa taýdan ösüş, onuň dünýä hojalygynyna gatnaşmagynyň derejesi bilen kesgitlenýär. XXI asyryň ikinji onýyllygynda hem bu ýagdaýlar aýgytlaýjy bolup durýarlar. Şol bir wagtyň özünde hem halkara ykdysady gatnaşyklaryň yzygiderli ösmeginiň üpjün edilmegi ähli döwletleriň bähbitlerine laýyk gelýär.

Şu ýagdaýlary göz öňünde tutmak bilen Türkmen döwleti özüniň halkara ykdysady, ylmy-tehniki gatnaşyklaryny yzygiderli ösdürýär. Häzirki wagtda Türkmenistan dünýäniň 100-den hem gowrak ýurdy bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary alyp barýar, bu bolsa ýurdumyzyň güýçli depginler bilen ösmegine barha saldamly ýardam edýär.

Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky, hususan-da, Hytaý Halk Respublikasyndaky, Russiýa Federasiýasyndaki ilçihanalarynyň ýanynda ýurdumyzyň söwda wekilhanalarynyň açylmagy hem ýurdumyzyň bu ugur boýunça hyzmatdaşlygyny has-da ösdürmek üçin täze mümkin-

çilikler açýar, şol mümkinçiliklerden yzygiderli maksadalaýyk peýdalanmak üçin zerur bolan şertleri döredýär.

2013-nji ýylyň 24-nji ýanwarynda ýurdumyzda Türkmenistanyň Bütindünýä söwda guramasyna girmegi bilen bagly meseleleri öwrenmek boýunça Hökümet toparyny döretmek we zerur bolan degişli işleri geçirmek hakyndaky karara gol çekilmegi hem söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň ýurdumyzyň öz ykdysady kuwwatyny berkitmäge gönükdirilen syýasatynyň möhüm ugry bolup durýandygyny ýene-de bir gezek tassyklady.

Milli ykdysadyýetimizi ösdürmek, daşary ýurtlar bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary giňeltmek hem-de diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek, daşary ýurt maýa goýumlaryny, öňdebaryjy tehnologiýalary we innowasion çözgütleri ýurdumyza çekmek maksady bilen Türkmenistanyň Prezidenti diplomatik serişdeleri hem ýurdumyzyň ykdysady bähbitleriniň hyzmatynda goýýar, diplomatik wekilhanalarymyzdan olaryň öz bolýan ýurtlaryndaky ykdysady ýagdaýy üns bilen öwrenmekligi we seljermekligi, iki taraplaýyn gatnaşyklaryň ösüşe eýe bolup biljek çäklerini kesgitlemekligi, ýurdumyzyň milli bähbitlerini öňe sürmek boýunça tejribäni yzygiderli baýlaşdyrmaklygy, umuman, ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn esasda özara bähbitli hyzmatdaşlygy we netijeli gatnaşyklary giňeltmek we hil taýdan täze derejä çykarmak boýunça anyk maksada gönükdirilen syýasaty yzygiderli dowam etdirmekligi talap edýär.

Ykdysady hyzmatdaşlygyň çäginde Türkmenistanyň alyp barýan halkara energetika hyzmatdaşlygynyň örän uly ähmiýeti bardyr. Şonuň üçin hem Türkmenistanyň diplomatik gullugyna alnyp barylýan energetika diplomatiýasynyň çäklerinde energetika howpsuzlygyny üpjün etmek babatda ýurdumyzyň başlangyçlaryny halkara giňişliginde öňe sürmek boýunça netijeli çäreleri geçirmek örän möhüm bolup durýar.

**Soňky birnäçe ýylyň dowamynda ulag pudagy hem türkmen diplomatiýasynyň üns merkezine geçdi.** 2014-nji ýylyň 11-nji dekabrynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde eden çykyşynda Türkmenistanyň döwlet Baştutany bu barada şeýle diýdi: «Ýurdumyzyň diplomatlary täze üstaşyr geçelgeleri döretmek, Türkmenistany kontinentde uly ähmiýeti bolan iri ulag

merkezine öwürmek boýunça öňe süren başlangyçlarymyzy durmuşa geçirmekde netijeli işleri alyp barmalydyrlar».

Soňky ýyllarda e**kologiýa meselesi hem halkara gatnaşyklarynyň umumy ulgamynda ileri tutulýan ugra öwrüldi, anyk syýasy häsiýete eýe boldy.** Şu günki gün dünýäde daşky gurşawy gorap saklamak meselesi öz ähmiýeti boýunça ýaragsyzlanmak we gapma-garşylykly ýagdaýlary düzgüne salmak ýaly meseleleriň derejesine çykdy. Şu jähtden, ekologiýa taýdan arassa dünýäniň gurulmagyna ýardam etmek, şol sanda Merkezi Aziýada we Hazar deňzi sebitinde ekologiýa ýagdaýy gowulandyrmak boýunça bilelikdäki çäreleri durmuşa geçirmek Türkmenistanyň syýasatynyň ilkinji derejeli wezipelerinden biri bolup durýar. BMG-niň BA-synyň 69-njy mejlisinde Türkmenistanyň wekiliýeti tarapyndan daşky gurşawy gorap saklamak meseleleri boýunça hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmegiň täsirli mehanizmlerini işläp taýýarlamak, şeýle hem howanyň üýtgemegi bilen bagly meseleleri çözmek boýunça Sebitara merkezini döretmek barada teklibiň öňe sürülmegi hem munuň aýdyň subutnamasy boldy.

**Biziň şu günki günlerimizde medeni ölçegi bolmadyk ýekejede ählumumy, umumydünýä meselesi ýokdur.** Medeni-gumanitar we onuň bilen bagly ahlak we beýleki ýagdaýlary hasaba almazdan, şeýle meseleleriň çözgüdini tapmak asla mümkin däldir. Medeni-gumanitar çägindäki alyş-çalyşlar we aragatnaşyklar halklaryň özara ruhy taýdan baýlaşmagynyň kanaly, özara ynam we düşünişmek ýagdaýyny döretmegiň, halklaryň we ýurtlaryň arasynda dostlugy pugtalandyrmagyň täsirli serişdesi bolup durýar. Hut şonuň üçin hem Bitaraplygyň türkmen nusgasynyň medeni-gumanitar ölçegi medeni gymmatlyklary saklamak, olary hemme taraplaýyn ösdürmek we ruhy taýdan doldurmak boýunça ýurdumyzyň ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn esasda alyp barýan giň gerimli hyzmatdaşlygynda öz beýanyny tapýar we bu mesele hormatly Prezidentimiziň daşary syýasatynyň esasy ugurlaryndan biri bolup durýar.

Türkmenistanyň daşary-syýasy ugrunyň 2013–2017-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynda ýurdumyzyň medeni hyzmatdaşlygynyň häzirki döwrüň ýagdaýlaryny we adamlaryň isleglerini, maglumat tehnologiýalarynyň kämilleşdirilmegini, häzirkizaman dünýä ösüşinde

özara gatnaşyklaryň täze görnüşleriniň ýüze çykmagyny nazara almak bilen ösdüriljekdigi aýdylýar. Täze ugurlar bilen bir hatarda daşary ýurtlarda Türkmenistanyň Medeniýet günlerini we Türkmenistanda beýleki ýurtlaryň Medeniýet günlerini geçirmek, ýurdumyzda halkara Medeniýet we sungat festiwallaryny guramak ýaly hyzmatdaşlygyň öňden gelýän täsirli görnüşleri hem dowam etdirilýär.

Türkmenistany BMG-niň bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy (UNESCO) bilen hem köpýyllyk hyzmatdaşlyk, durmuşa geçirilen we işlenip taýýarlanylýan bilelikdäki köp sanly taslamalar baglanyşdyrýar. Şeýle giň möçberli halkara taslamalarynyň biri hem Beýik Ýüpek ýolunyň UNESCO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilmegidir. Taslama 12 döwlet, şol sanda Türkmenistan hem gatnaşýar.

Türkmenistanda türkmen halkynyň ajaýyp medeni mirasyny saklamak we ösdürmek bilen bagly uly işler alnyp barylýar. Şonuň üçin hem Türkmenistanyň 2013–2017-nji ýyllar üçin UNESCO-nyň Ýerine ýetiriji Geňeşiniň agzalygyna saýlanmagy ýöne ýerden däldir. Şol bir wagtyň özünde biziň ýurdumyz üçin munuň özi diňe bir bütindünýä ykrarnamasy bolman, eýsem uly jogapkärçilik hem bolup durýar, çünki Gurama ýolbaşçylyk edýän düzüm onuň işiniň ähli ugurlary boýunça zerur çözgüdi kabul edýär.

2013–2022-nji ýyllar BMG tarapyndan medeniýetleri ýakynlaşdyrmagyň Halkara onýyllygy diýlip yglan edildi. Bu onýyllygyň baş maksatlaryndan biri medeni dürlülige bolan oňaýly täsiri äşgär etmekden, medeni aragatnaşyklaryň we özara alyş-çalşyň derwaýyslygyny ykrar etmekden ybarat bolup durýar. Türkmenistanyň daşary-syýasy ugrunyň 2013–2017-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynda UNESCO bilen bilelikdäki taslamalary amala aşyrmak we hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny kesgitlemek üçin zerur bolan tagallalaryň ediljekdigi aýdyldy.

Şeýlelikde, Türkmenistanyň daşary syýasatynyň üstünliginiň esasy girewleriniň biri, ol hem daşary syýasatda ileri tutulýan ugurlaryň dogry saýlanyp alynmagydyr. Bu bolsa daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň bähbitleriniň hemmetaraplaýyn nazara alynmagydyr, milli-döwlet bähbitleriniň ýokarda goýulmagydyr, deňhukuklylyk we özara peý-

dadyr, beýleki döwletleriň içerki işlerine gatyşmazlykdyr. Şeýle hem munuň özi - ideologiýa garaýyşlara bagly bolmazdan, hyzmatdaşlyk üçin açyklykdyr, umumyadamzat gymmatlyklaryna, parahatçylygy we howpsuzlygy saklamaga bolan ygrarlykdyr, galyberse-de, bu halkara hukugynyň ileri tutulmagydyr, ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn ylalaşyklaryň esasynda daşary aragatnaşyklary ösdürmekdir.

Türkmenistan bu ýörelgelere gyşarnyksyz eýermek bilen, dünýäniň ähli ýurtlary we halklary bilen siwilizleşen gatnaşyklary guraýar, parahatçylyk söýüjilik, deňhukuklylyk, özara peýda we birekbirege hormat goýmak ugruna goldanýar.

Şu ýerde XIX asyryň ortasynda biziň ýurdumyza gelen meşhur wenger syýahatçysy A.Wamberiniň sözlerini ýatlasymyz gelýär. Ol özüniň «Orta Aziýa syýahat» atly kitabynda şeýle ýazypdyr: «Bu sähra ogullaryna şunuň ýaly öňdengörüjilikli syýasy ideýalary kim öwretdikä?» diýen sowal meniň üçin elmydama syr bolmagynda galýar».

Gadymy we orta asyr çeşmeleriniň seljerilmeginiň biziň döwletimiziň özboluşly ýerleşişini, onuň daşary-syýasy bähbitleriniň adaty bolmadyk giň ugurly bolmagyny öňünden kesgitländigine şaýatlyk edýändigini hem bellemek gerek. Türkmenistan hiç wagt işjeň däl ýa-da üzňeleşen daşary syýasaty alyp barmandyr. Tersine, döwletiň bähbitleri oňa diňe bir işjeň däl, eýsem, ozaly bilen, Gündogar bilen Günbataryň arasynda baglaşdyryjy halkanyň roluny oýnamagyna getiripdir we bu ýagdaý onuň daşary syýasatynyň köp ugurlylyk häsiýetini kesgitläpdir. Bu bolsa, öz gezeginde, gadymy taryhy kökleri bolan diplomatiýa sungatynyň ösmegine ýardam edipdir.

Tejribäniň görkezişi ýaly, diňe beýleki siwilizasiýalar bilen ýakynlaşmak, olardaky iň gowy, gymmatly zatlary peýdalanmak (ýurdumyzyň ruhy we maddy baýlyklaryny saklamak bilen), ykdysady we ylmy-tehniki ösüş bilen aýakdaş gitmek arkaly ykdysadyýetde, ylymda, tehnikada, medeniýetde has uly üstünlikleri gazanmak mümkindir.

Türkmenistanyň diplomatiýasynyň häzirki ýagdaýy baradaky pikiri ýöretmekligi dowam etdirsek, onda häzirki dünýä ýagdaýlarynyň ösüşini nazarda tutmak bilen, biziň ýurdumyz eýýäm şu günki günde doly bahaly daşary syýasaty alyp barýar diýip, ynamly aýdyp bileris. Sebäbi, işjeň daşary syýasaty alyp barmazdan, biziň ýurdu-

myza içerki düýpli özgerişlikleri amala aşyrmak, dünýä hojalygyna onuň deňhukukly gatnaşyjysy bolup girmek gaty kyn bolardy ýa-da başartmazdy. Beýleki döwletler we halkara guramalary tarapyndan biziň ýurdumyza bildirilýän ägirt uly gyzyklanma hem muny doly subut edýär. Şol bir wagtyň özünde hem hemişe güýçlenýän bu özüneçekiji güýji parahatçylygyň we hyzmatdaşlygyň asylly ýörelgeleriniň dabaralanmagynyň hatyrasyna gatnaşyklary çuňlaşdyrmak, özara düşünişmegi gowulandyrmak üçin peýdalanmak zerurdyr.

Bitarap Türkmenistanyň milli bähbitlerine we daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryna seretmek bilen, şeýle hem olaryň bitewi, özaragaraşly dünýäniň ösüşiniň obýektiw meýilleri, siwilizasiýanyň ösüşi bilen ýakyndan arabaglanyşyklydygyny aýratyn belläp geçeliň. Şu jähtden, öz ýurdunyň milli bähbitlerini goramak diplomatyň esasy wezipesi bolup durýan hem bolsa, global meseleleriň barha we barha ileri tutulýan şertlerinde milli bähbitler diňe özüňi bilmek, beýlekiler barada alada etmän, öz abadançylygyňy üpjün etmek ýaly dar egoistik meýillere syrykdyrylyp bilinmez. Umumy ykbal bilen baglylyk tutuş dünýä bileleşigini Ýer ýüzüniň siwilizasiýasynyň ýaşamagyny we onuň ösüşini üpjün etmek ýaly ileri tutulýan umumyadamzat bähbitlerine eýermek arkaly giňmöçberli, global pikir etmäge mejbur edýär. Şeýle şertlerde döwletleriň milli we umumyadamzat bähbitleri utgaşdyrmagyň görnüşlerini eserdeň gözlemekleri we olary umumy bähbitleriň hatyrasyna işjeň durmuşa geçirmekleri zerurdyr.

Umumyadamzat bähbitlerini hem göz öňünde tutýan her bir ýurduň milli bähbitleriniň hut şol ýurduň özi tarapyndan kesgitlenilmelidigi we şol ýurduň raýatlarynyň, ozaly bilen bolsa, diplomatlarynyň şol bähbitleri gowy bilmelidikleri öz-özünden düşnüklidir. Bu möhüm hakykaty ýene-de bir gezek nygtap geçmek peýdalydyr. Şu jähtden, Russiýa Federasiýasynyň öňki premýer-ministri, daşary işler ministri E.M. Primakowyň RF-nyň daşary işler ministriniň wezipesinde işlän A. Kozyrewiň 1969–1974-nji ýyllarda ABŞ-nyň prezidenti bolan R. Nikson bilen 90-njy ýyllaryň başynda bolan söhbetdeşligi baradaky gysgaça teswirine ýüzlenmek hem gyzyksyz däldir.

Ewgeniý Mihaýlowiç Primakow özüniň 1999-njy ýylda Moskwada neşir edilen «Uly syýasatdaky ýyllarym» atly kitabynda amerikan

syýasatçysy, «Parahatçylyk we azatlyk üçin» atly Nikson Merkeziniň prezidenti Dm. Saýmsyň sözlerine salgylanyp, şeýle ýazýar: «Nikson özi üçin Kozyrewden onuň täze Russiýanyň bähbitlerinini häsiýetlendirip bermegini sorady. Kozyrew bolsa oňa şeýle diýdi: «Siz bilýärmisiňiz, jenap prezident, Sowet Soýuzynyň meselelerinden biri biziň öz milli bähbitlerimize çendenaşa üns bermegimizde boldy. Indi biz umumyadamzat gymmatlyklary barada has köp pikir edýäris. Ýöne, eger-de sizde bu barada nähili bolsa-da bir pikir bar bolsa, onda siz biziň öz milli bähbitlerimizi nähili kesgitlemelidigimiz barada maňa aýdyp bilersiňiz we men munuň üçin Size örän minnetdar bolardym»

Özüni «ýeterlik rahat duýmadyk» Nikson eýýäm maşynda, Saýms bilen ikiçäklikde ondan ministriň aýdan zatlary barada onuň nähili pikirdedigini sorady. «Rus ministri Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna hoşniýetli garaýan adam – diýip, Saýms jogap berdi. – Ýöne men onuň wekilçilik edýän döwletiniň häsiýetine we bähbitlerine ýeterlik düşünýändigine welin ynam edip biljek däl we munuň özi haýsy hem bolsa bir halatda özara meselelere getirip biler».

«Haçanda men wise-prezident, soňra bolsa Prezident bolan ýyllarym, amerikan bähbitleriniň hatyrasyna ähli güýjümi bagyşlap göreşjekdigimi hemmeleriň bilmegini isläpdim. Kissinjer (Kissinjer G. – ABŞ-nyň döwlet işgäri we diplomaty – A.R.) hem şeýledi we meniň entäk ondan öwrenmeli zatlarym az däldi, –diýip, Nikson aýtdy. – Bu... bolsa, (Nikson Kozyrewi göz öňünde tutýar – A.R.), Sowet Soýuzynyň ýaňy dargan wagtynda, täze Russiýany bolsa goramagyň we berkitmegiň zerurlygy aýratyn ýüze çykýan halatynda, hemmelere özüniň nähili gowy ýakymly adamdygyny görkezmek isleýär». (Bu barada seret: «Международная жизнь», 1997, №11, с. 16-17).

Diplomatiýanyň serişdeleri arkaly daşary syýasaty amala aşyrmaly türkmen diplomatlarynyň özleri barada aýdanymyzda, onda ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllaryndan başlap olara öz ähli başarnyklaryny giňden ulanmak üçin zerur bolan hemme mümkinçilikler açyldy. Üstesine-de, halkara ýagdaýynyň öňkä görä has çylşyrymlaşmagy bilen, häzirkizaman diplomatiýasyna döwletiň daşary syýasatyny amala aşyrýan – beýleki döwletlerde we halkara guramalarda, daşary ykdysady gatnaşyklar ulgamynda, dünýäniň mag-

lumatlary we hukuk giňişliginde Türkmenistana wekilçilik edýän has hem akylly, zehinli işgärleriň zerurlygy has-da artdy. Şeýle hem, häzirki döwrüň diplomatynyň köp sanly täze başarnyklary ele almaklary hökmandyr. Mysal üçin, ol maglumatlary ýygnamak we olary işlemek üçin kompýuter tehnikasyna erk etmelidir, çylşyrymly halkara maliýe meselelerinden baş çykarmalydyr, halkara guramalary, olaryň hukuklary, borçlary, düzgünleri we ş.m. hakynda düşünjä eýe bolmalydyr. Şol bir wagtyň özünde türkmen diplomaty üçin esasy zat onuň diňe bir Watanyň bähbitlerini aýdyň duýmagynda däl-de, eýsem olary uly buýsanç, köpugurly bilimli bolmak, çuňňur içki ynam bilen goramak, üpjün etmek bolupdy we şeýle bolmagynda hem galýar. Eger-de şu şertleriň ýekejesi ýok bolsa, onda şeýle işgäri netijeli diplomat diýip atlandyrmak kyn bolardy.

Häzirki döwrüň diplomatik işgärine bildirilýän örän ýokary talaplary göz öňünde tutmak bilen, geljekki türkmen diplomatynyň taýýarlyk derejesine baha bermegiň ölçeglerini kesgitlemäge hem synanyşyk etmek bolar: meniň pikirimçe, şeýle hünärmen syýasy, ykdysady, hukuk, informasiýa jähtinden täzeçe pikirlenmegi, ylmy seljerme we çaklama endiklerini ele almagy, ýokary medeniýetli we ahlakly bolmagy, ençeme daşary ýurt dillerini kämil derejede bilmegi, halkara giňişliginde halkyň we ýurduň bähbitlerini üpjün etmegi, ýurdumyzda alnyp barylýan giň möçberli özgertmeleri durmuşa geçirmegiň berk ynamly we işjeň gatnaşyjysy bolmagy başarmalydyr.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň taryhynda ilkinji gezek açylan ýokary okuw mekdebiniň – Halkara gatnaşyklary institutynyň bir ýyllygy mynasybetli «Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymlaryna we talyplaryna» iberen Gutlagynda (2009-njy ýylyň 20-nji marty) türkmen milli diplomatiýa mekdebiniň köpsanly wezipeleriniň hatarynda talyplara halkara çäginde Türkmenistanyň milli bähbitlerini goramagy öwretmek talabynyň bolmagy ýöne ýerden däldir. «Siz, ozaly bilen, talyplara Türkmenistanyň dünýädäki abraýynyň has-da berkemegi ugrunda işlemegi, halkara derejesinde döwletimiziň bähbitlerini goramagy öwretmeli… Talyplarda ata Watanymyza we onuň bähbitlerine hemişe ygrarly bolmak garaýyşlaryny kemala getirmeli» diýlip, Gutlagda aýdylýar.

Galyberse-de, milli bähbitleri kesgitlemek we olary durmuşa geçirmek boýunça biziň ýurdumyzyň mundan beýläkki üstünlikleri tutuş jemgyýetimizde ýurdumyzyň milli bähbitleri we onuň daşary syýasatynda ileri tutulýan ugurlar barada doly we çuňňur düşünjäniň bolmagyna baglydyr.

Şunlukda, Türkmenistanyň milli bähbitleri döwletiň diňe bir içeri syýasatynyň däl, eýsem daşary syýasatynyň hem strategiki maksatlaryny we gündelik wezipelerini kesgitleýär. Şol bir wagtyň özünde, dünýäniň syýasy giňişliginde emele gelýän ýagdaýa baha bermek bilen, Türkmenistan globallaşmak şertlerinde milli **egoizme**, şeýle hem maliýe-ykdysady çäkde ýa-da howpsuzlyk çäginde hususy meseleleri başga biriniň hasabyna çözmeklige bolan synanyşyklara orun bolmaly däldiginden gelip çykýar. Häzirki zaman şertlerinde halkara gatnaşyklarynda gapma-garşylyklaryň käbir toplanmasy meseleleriň çözgüdine kollektiw çemeleşmeleriň we halkara hukugynyň uniwersal ulanylmagynyň esasynda olaryň çalt we çuňňur başga hala geçmegine, global dolandyrylyşyň köptaraply ulgamynyň emele gelmegine ýardam etmelidir

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryny üstünlikli durmuşa geçirmegiň esasynda bu asylly işe saldamly goşant goşmak ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň baş wezipesi bolup durýar. Ýurdumyzyň milli bähbitleriniň, ileri tutulýan daşary syýasy ugurlaryň, zerurlyklaryň we wezipeleriň ýüze çykarylmagy, olaryň dogry kesgitlenilmegi, goralmagy, üpjün edilmegi boýunça işleriň mundan beýläk-de işjeňleşdirilmegi Türkmenistanyň daşary syýasatynyň we diplomatiýasynyň mazmunyny mundan beýläk-de baýlaşdyrar, ýurdumyzyň pajarlap ösmeginiň, Ýer ýüzünde parahatçylygyň we özara ynamyň pugtalanmagynyň, dünýä siwilizasiýasynyň üstünlikleriniň hatyrasyna olaryň netijeliliginiň ýokarlanmagyna hyzmat eder.

### Soraglar:

**1.** Türkmenistanyň daşary-syýasy işiniň iň ileri tutulýan ugry haýsy?

**2.** Halkara hökümetara guramalarynyň arasynda Türkmenistanyň esasy hyzmatdaşy haýsy guramadyr we munuň sebäbi näme?

**3.** BMG-niň BA-synyň 68-69-70-nji mejlislerinde Türkmenistan nähili möhüm ahmiýetli halkara başlangyçlary öňe sürdi?

**4.** Türkmenistan özüniň halkara işinde döwletimiziň Bitaraplygynyň geoykdysady, ekologiýa, medeni-gumanitar ugurlaryna nähili üns berýär?

**5.** Her bir ýurduň milli bähbitleriniň umumyadamzat bähbitlerini hem göz öňünde tutmagy hökmanmy?

**6.** Türkmenistanyň milli bähbitleri döwletiň içeri we daşary syýasatynyň nämelerini kesgitleýär?

**7.** Türkmenistanyň diplomatik gullugynyň baş wezipesi nämeden ybarat?

## III BAP

# DIPLOMATIK HABARA BILDIRILÝÄN ESASY TALAPLAR

Ikinji jahan urşundan soň halkara ýagdaýy we dünýäniň syýasy kartasy tanalmaz derejede özgerdi. Şol bir wagtyň özünde ykdysadyýetde, ekologiýada, deňiz giňişliklerini özleşdirmekde, adam hukuklarynda we başga çäklerde düýbünden täze çylşyrymly meseleler ýüze çykdy. Döwletleriň arasyndaky aragatnaşyklara ýuwaş-ýuwaşdan ösmek häsiýetli boldy. Diplomatik habarlara hem ýokary talaplar bildirilip başlandy. Döwlet ýolbaşçylary diplomatik wekilhanalardan diňe bir olaryň ýollaýan maglumatlarynyň göwrüminiň artdyrylmagyny däl, eýsem, ozaly bilen, şol habarlaryň hiline üns berilmegini talap etdiler. Halkara meseleleri boýunça habarlaryň göwrümi köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde hem artyp başlady.

1961-nji ýylyň maýynda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň 35-nji Prezidenti J.F. Kennedi ABŞ-nyň Döwlet Departamentiniň we halkara işlerini alyp barýan beýleki döwlet edaralarynyň ýolbaşçylaryna ýüzlenme bilen çykyş etdi. Şol ýüzlenmede Kennedi ABŞ-nyň taryhyň agyr pursatynda ýaşaýandygyny, dünýäde amerikan öňdebaryjylygynyň möhümdigini, munuň bolsa esli derejede

amerikan diplomatiýasyna baglydygyny nygtady. Ol amerikan diplomatik wekilhanalaryndan daşary ýurtlarda amerikan durmuş ýoluny ýaýratmaklygy, şeýle hem beýleki ýurtlaryň hökümetleriniň işine düşünmekligi, şol ýurtlaryň halklaryny, olaryň institutlaryny, medeniýetini we däp-dessurlaryny gowy bilmekligi talap etdi. Amerikan Prezidenti şeýle hem ilçilerini, umuman, diplomatlaryny bolýan ýurtlarynda diplomatik toparlaryň çäginden daşarda hem ýakyn şahsy aragatnaşyklary ýola goýmaklaryny zerur hasap etdi. Şonda ol şeýle diýdi: «Biziň wezipämiz diňe bir başgalaryň meýillerine, delillerine düşünmek bolman, eýsem olary öz meýilnamalarymyz baradaky maglumatlar bilen hem üpjün etmekdir».

Şol bir wagtyň özünde hem J. Kennedi amerikan ilçilerine daşary ýurt döwletleri baradaky maglumatlaryň has giňeldilmegini we çuňlaşdyrylmagyny, olaryň diňe bir gazetlere däl, eýsem, ozaly bilen, ynamly we ygtybarly çeşmelere esaslanmalydygyny, umuman, bu ugurda has işjeň we göwrümli işiň alnyp barylmagyny tabşyrdy. J. Kennedi öz ýüzlenmesinde şeýle hem amerikan ilçilerine olaryň öz işlerini bolýan ýurtlary boýunça işjeň saparlary amala aşyrmak jähtinden meýilleşdirmeklerini maslahat berdi. «Diňe şeýle edilende, siz resmi diplomatik toparlaryň çäklerinden çykýan ýakyn şahsy gatnaşyklary ösdürip bilersiňiz we ýurduň ähli toparlarynyň wekilleri bilen özara düşünişmäni saklap bilersiňiz» diýip, ol aýtdy.

Prezident J.Kennediniň daşary ýurtlardaky amerikan edaralarynyň ählisini, ýagny gönüden-göni amerikan Prezidentine degişli bolan Ýaragly güýçlerden özgesini ilçileriň ygtyýarlygyna geçirmegi, amerikan ilçileriniň hukuklaryny giňeltmegi hem Prezidentiň diplomatik habara berýän örän uly ähmiýetinden habar berdi. Umuman, amerikan Prezidentiniň bu ýüzlenmesi amerikan diplomatiýasynda täze sahypany açdy. Amerikan diplomatlary bu üýtgeşiklikleri «Işjeň diplomatiýanyň täze döwri» diýip atlandyrdylar.

Şu ýerde günbatar diplomatiýasynda habara bolan täze talaplaryň Prezident Kennediniň ýokarda agzalan ýüzlenmesi bilen takmynan bir wagtda ýüze çykandygyny hem belläp geçeliň.

Şunlukda, häzirki zaman diplomatiýasynda seljeriş materiallaryna bildirilýän talaplar geçmişde diplomatik resminamalara bildiri-

len talaplardan esli tapawutlanýar. Munuň sebäbi ozal bolmadyk we diplomatiýanyň indi olary, hökmany suratda, göz öňünde tutmaly köp sanly täze ýagdaýlaryň ýüze çykmagy bilen bagly boldy. Hususan-da, soňky onýyllyklarda ençeme ýurtlarda içerki ýagdaýlar çylşyrymlaşdy, demokratik ýagdaýlaryň ösmegi bilen ýurtlarda täze partiýalar peýda boldy. Dünýä syýasatynda halkara korporasiýalarynyň roly ýokarlandy, ýüzlerçe halkara global we sebitleýin häsiýeti bolan guramalar peýda boldy. Bu we başga ýagdaýlaryň ählisi diplomatlaryň olara bolan garaýyşlaryny çaltlykda mälim etmeklerini talap etdi. Geliň, diplomatlaryň seljeriş işine bolan talaplaryň esasylaryna seredip geçeliň.

Ilçihanalar, konsulluk edaralary, döwletiň halkara hökümetara guramalarynyň ýanyndaky hemişelik wekilhanalary, her bir diplomat aýratynlykda öz işinde alýan habarynyň möhümlik, hakykylyk, dogrulyk, dolulyk, täzelik, az sözlülik bilen tapawutlanmagy üçin çalyşmalydyr. Şeýle hem diplomatik gulluk tarapyndan alynýan habar has doly derejede döwletiň, hökümetiň we ýurduň Daşary işler ministrliginiň işiniň gün tertibinde durýan syýasy wezipelere, umuman, ýurduň we halkyň düýpli bähbitlerine laýyk gelmelidir.

## §1. Diplomatik habaryň möhümligi we dogrulygy

Diplomatik habaryň iň möhüm tapawutlandyryjy sypaty – bu onuň **möhümligidir**. Sebäbi habaryň gymmaty diňe bir onuň hakykylygynda bolman, eýsem şol habaryň şol bir taryhy döwrüň, döwletiň we umuman, jemgyýetiň derwaýys zerurlyklaryna, bähbitlerine laýyk gelmegindedir. Mysal üçin, döwletiň howpsuzlygy, onuň ykdysady we durmuş ulgamynyň durnuklylygy, döwlet serhetleriniň çäginden daşary çykýan geostrategiki bähbitler ýaly hemişe üns merkezinde durýan temalar bardyr. Şol bir wagtyň özünde hemişelik temalaryň çäklerinde hem nygtalmalaryň garyşyp, üns merkeziniň wagtal-wagtal bir jähtden beýlekisine geçip bilmekligi ýatdan çykarylmaly däldir. Habaryň möhümligi onuň diňe bir gündelik ýagdaýdan we her bir anyk ýagdaýda meseleden baş çykarmaga kömek bermeginde däl-de, eýsem onuň umumy ýagdaýa baha bermekde, durmuşyň şol wagt talap edýän esaslandyrylan kararlaryny kabul etmekde iň möhüm ýagdaýa öwrülmegindedir.

Habaryň möhümligi barada gürrüň edilende, oňa diňe häzirki wagtdaky, şu pursatdaky möhümlik hökmünde düşünilmeli däldir, üstesine-de, onda, umuman, wagt pursaty bolmaýar. Habaryň möhümlik derejesi, ozaly bilen, syýasy häsiýete eýedir. Soňky ýyllarda bolup geçen we halkara ýagdaýyna esli täsir eden ençeme uly halkara wakalarynyň jikme-jikliginiň häzire çenli möhüm tema bolup galýandygy dünýä jemgyýetçiligine bellidir. Başga sözler bilen aýdanymyzda, onda möhümlik kesgitlenilende diňe bir wagt, hronologik ölçeg möhüm bolman, eýsem, ozaly bilen, ol ýa-da başga habaryň döwlet we jemgyýet üçin syýasy, ykdysady ýa-da sosial ähmiýeti, onuň syýasaty durmuşa geçirmek nukdaýnazaryndan gymmatlylygy möhümdir. Biziň aşakda getirjek mysalymyz hem habaryň möhümligine diňe şu pursatdakylyk hökmünde düşünilmeli däldigini aýdyň görkezýär.

1959-njy ýylyň 1-nji ýanwarynda Kuba rewolýusiýasy ýeňiş gazandy, 60-njy ýyllaryň başyndan Kubada ýurdy sosialistik ösüş ýoluna gönükdiren durmuş-ykdysady özgerişlikler amala aşyryldy. 1960-njy ýylda öňki Sowet Sosialistik Respublikalar Soýuzynyň (SSSR), ýa-da başgaça aýtsak, Sowet Soýuzynyň we Kubanyň arasynda 1942-nji ýylda ýola goýlan diplomatik gatnaşyklar gaýtadan dikeldildi.

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň we Kuba Respublikasynyň arasyndaky gatnaşyklar 1959-njy ýyldan soň has hem dartgynly boldy. 1961–1963-nji ýyllarda ABŞ-nyň Prezidenti bolan J. Kennediniň Ak tama gelmeginiň öň ýanynda, has takygy, 1961-nji ýylyň 3-nji ýanwarynda ABŞ Kuba bilen özüniň diplomatik we konsullyk gatnaşyklaryny kesdi. ABŞ-nyň Merkezi aňtawçylyk müdirligi Kubanyň garşysyna harby operasiýany durmuşa geçirmek maksady bilen Kubadan göçüp gelenlere harby tälim bermäge girişdi. Öňde goýlan maksada görä, şol kubalylar ada düşmelidiler we ol ýerde gozgalaň turuzmalydylar. 1961-nji ýylyň baharynda Koçinos aýlagynyň sebitinde edilen bu synanyşyk, olaryň derbi-dagyn edilmegi bilen gutardy. 1953-1961-nji ýyllarda ABŞ-nyň Prezidenti bolan D.Eýzenhaueriň döwründe meýilleşdirilen bu gizlin çäräni makullan Kennedi bu masgaraçylykly şowsuzlygyň jogapkärçiligini öz üstüne aldy.

1962-nji ýylyň oktýabrynda bütindünýä boýunça Karib krizisi, ýagny çökgünligi barada habar ýaýrady. Ol şeýle döräpdi. Öňki Sowet Soýuzy Kuba hökümetiniň haýyşy boýunça onuň territoriýasynda orta uzaklygy bolan we ýadro ýaragly raketalary gizlin ýerleşdirdi. Muňa jogap edip J. Kennedi, onsuz hem pese düşen abraýyny dikeltmek üçin, adany «deňiz karantini» diýip yglan etdi we Kubanyň garşysyna harby hereketlere taýýarlanyp başlady. Bu krizis dünýäni ýadro heläkçiliginiň bosagasyna getirdi. Halklaryň bagtyna, dörän ýagdaý ylalaşygyň gazanylmagy bilen tamamlandy. Şol ylalaşyga laýyklykda, SSSR ähli raketalaryny we ýadro ok-därileri äkitmekligiň beýleki serişdelerini adadan çykardy, ABŞ bolsa Kubanyň üstüne çozmak üçin öz ýaragly güýçlerini ulanmazlygy öz üstüne borçnama edip aldy.

Ýöne, takmynan, 30 ýyllap adamzat şonda öz üstüne abanan howpuň ähli göwrüminden habarsyz boldy. SSSR-de «üýtgedip gurmak» syýasatynyň başlanmagy bilen (1985) ABŞ-nyň alymlary we döwlet işgärleri Sowet Soýuzynda gizlinlik tutusynyň gowşamagyndan peýdalanyp, sowet diwanynyň hereket ediş mehanizmini açyp görmek üçin erjellik we tutanýerlilik görkezip başladylar. Şunuň bilen baglylykda, «Karib maslahatlary» diýlip atlandyrylan çäreler hem geçirilip başlandy we olara öňki harbylar, syýasy işgärler, razwedkaçylar, habarçylar, diplomatlar gatnaşdylar. Olaryň barşynda täze habarlar peýda boldy. Moskwada 1994-nji ýylda geçirilen maslahatda amerikanlar, mysal üçin, 1960-njy ýyllaryň başynda Kubada 164 sany atom ýaragynyň, «Il – 28» uçarlary üçin 6 sany grawitasion ýadro bombasynyň, taktiki ýadro snarýadynyň partlaýjy öň tarapyny äkidip bilýän «ýer-suw» belgili «Sopka» atly ganatly raketalaryň bolandygy barada ilkinji gezek eşitdiler. ABŞ-dan maslahata gelen gatnaşyjylar bu sanlara hatda baha bermäge hem taýýar däldiklerini aýtdylar we öz dokladlaryny alyp, bu ýagdaý boýunça täzeden oýlanmak üçin öz ýurtlaryna gaýtdylar. Olara ABŞ-nyň razwedkasynyň ABŞ üçin howpuň göwrümine daş doly baha bermändigi we onuň Ak tamy urşa iteklemeginiň, Karib basseýniniň ýurtlary barada aýdylmanynda-da, ABŞ üçin örän agyr netijelere getirip biljekdigi aýdyň boldy. Amerikanyň Birleşen Ştatlary üçin bu tema häzir hem möhüm bolmagynda galýär.

Möhümlik jähtinden wakalar, bişişýän meseleler ýa-da abanyp gelýän dartgynlyk barada **öňünden duýduryjy häsiýeti bolan** diplomatik habaryň ähmiýeti uludyr. Şeýle habaryň gymmaty, ozaly bilen, onuň ol ýa-da başga bir mesele barada öz wagtynda düýpli pikirlenmäge, mümkin bolan öňüni alyş çäreleri görmäge we diňe bir gündelik wezipeleri däl, eýsem strategiki häsiýetli meseleleri sowatly we ýokary täsirlilikde çözmegi üpjün etmäge berýän ýardamyndadyr. Geliň, bu aýdanlarymyzy sowet diplomatiýasynyň taryhyndan alnan şeýle mysal bilen tassyklalyň.

1970-nji ýylyň sentýabrynda Çilide häkimiýetiň başyna Prezident Salwador Alendanyň ýolbaşçylygynda Halk bitewiligi atly progressiw partiýalaryň birleşigi geldi. Bu birleşik düýpli sosial-demokratiki özgerişlikler we ýurduň ýuwaş-ýuwaşdan sosializme geçmegi ugrunda çykyş etdi. Halk bitewiliginiň üstün çykmagy bilen sowet-çili gatnaşyklary işjeňleşdi, dostlukly häsiýete eýe boldy.

1973-nji ýylyň tomsunda Salwador Alenda tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän Çiliniň hökümetiniň tutanýerli haýyşy boýunça SSSR ýeňillikli karz pul bermek şertlerinde bu ýurduň ýaragly güýçlerine tanklary hem goşmak bilen ýaraglaryň uly toplumyny bermekligi wada berdi. Şol ýaraglaryň bir bölegi ýüklenen sowet gämileri çili portlaryna ugradyldy. Şol bir wagtyň özünde hem 1966-njy ýyldan Sowet Soýuzynyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi Komitetiniň (SSKP MK) Baş sekretary wezipesinde işlän L. I. Brežnewe degişli çeşmeden Alendanyň hökümetiniň garşysyna harby agdarylyşygyň gutulgysyzdygy barada habaryň gelip gowuşmagy bilen, şonda gämileriň ugruny üýtgetmek we ýaragy başga ýurtlaryň portlarynda düşürmek barada karar kabul edildi. Öz wagtynda ýollanan we öňünden duýduryjy häsiýeti bolan şol habar Çili hökümetiniň heläkçilikli ykbalyny üýtgedip bilmedik hem bolsa (1973-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda Çilide harby-faşistik agdarylyşyk bolup geçdi), şol habar öňki SSSR-iň syýasy abraýyny halas etdi we ýurda uly maddy-tehniki serişdeleri saklap galmaga mümkinçilik berdi.

Diplomatik habaryň beýleki esas goýujy häsiýetleri onuň **hakykylygydyr, dogrulygydyr**. Habaryň dogrulygy diplomatyň öz gulluk işine professional taýdan çemeleşmeginiň hökmany şerti bolup

durýar. Tejribäniň görkezişi ýaly, habaryň hakykylygy we dogrulygy daşary syýasy edaranyň üstünlikli işiniň, ahyrky netijede bolsa, Watanyň bähbitleriniň howpsuzlygynyň kepilnamasy bolup durýar, sebäbi ýoýulan habaryň ýalňyş kararlaryň kabul edilmegine getirip biljekdigi gürrüňsizdir. Şonuň üçin hem, möhüm habary almak bilen, habar hatda oňaýsyz, ýakymsyz hem bolsa, diplomatyň ony bolşundan owadanlamaga, şeýle hem ony ýaşyrmaga haky ýokdur. Ol şol habary öz ýolbaşçysyna bolşy ýaly jikme-jik ýetirmäge borçludyr.

Habaryň dogrulygyny görkezýän has möhüm ölçeg hem şol bir mazmunly habary birnäçe özara garaşsyz bolan çeşmelerden almakdyr. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň daşary syýasatynyň we howpsuzlygynyň bähbitleri üçin uly ähmiýeti bolup biljek gymmatly habar alnanda, ol soňra ýene-de barlanylmalydyr, takyklanylmalydyr we tassyklanylmalydyr. Dogry habaryň has ynamdar çeşmesi onuň dogrulygy barada şübhe döretmeýän resminamalaryň asyl nusgalarydyr: ylalaşyklaryň tekstleridir, beýannamalardyr we ş.m.

Dogry habaryň islendik ýurduň milli howpsuzlygyny üpjün etmegiň ölçegi bolup durýandygyna garamazdan, durmuşda hakykaty ýoýýan habarlaryň hem az bolmaýandygyny taryh görkezýär. Geliň, muny subut edýän käbir delillere ýüzleneliň.

Mysal üçin, sowet döwründe Sowet Soýuzynyň Kommunistik partiýasynyň (SSKP) her bir gurultaýy, Merkezi Komitetiň (MK) islendik plenumy «taryhy» diýlip atlandyrylýardy, daşary ýurtlardan diplomatik ýa-da başga ýollar bilen gelip gowuşýan köp sanly habarlarda partiýa forumlarynyň kararlary we netijeleri bilen progressiw adamzadyň «janly gyzyklanýandygy», olary goldaýandygy, olar bilen raýdaşdygy barada aýdylýardy. Bularyň ählisi boş sözlerdi we şeýle «habar» öňki SSSR-de syýasy, ykdysady we başga çökgünligiň dowamly bolmagyna we ýurduň dünýä ösüşiniň depginlerinden güngünden yza galmagyna hyzmat edipdi.

Seredýän meselämiz bilen baglylykda, şeýle mysalyň üstünde hem has dolurak durup geçeliň. 1979-njy ýylyň 25-nji dekabrynda öňki SSSR-de dünýä bileleşigini diýseň geň galdyran şum takdyrly ädim ädildi - Owganystana sowet goşunlary girizildi. Bu heläkçilikli ädim SSSR-iň öz-özüne eden uly urgusy, başgaça aýdanymyzda,

özüne salan ýarasy boldy we şol urgudan, ýaraglary haýdatmakdan ýaňa güýç-kuwwatyny gaçyran sowet döwleti özüne gelip bilmedi. Owganystandan sowet goşunlarynyň çykarylmagy 1989-njy ýylyň fewral aýynda tamamlandy.

Owganystana sowet goşunlaryny salmak barada betbagtçylykly kararyň kabul edilmegine we soňra SSSR-iň bu ýurtdaky şowsuzlygyna sebäp bolan ýagdaýlar az bolmady. Şol döwürde Kabulda hereket eden sowet wekilhanalary tarapyndan Owganystandaky ýagdaý barada Merkeze ençeme halatlarda gapma-garşylykly, kähalatlarda bolsa dogrulygy-ýalanlygy anyklanylmadyk habarlaryň ýollanmagy hem muňa az ýardam etmedi. Geliň, bu meselä we onuň bilen bagly käbir ýagdaýlara öz wagtynda SSSR-iň DIM-niň arhiwinden alnan materiallaryň esasynda seredip geçeliň.

Ozaly bilen, Kabuldaky sowet wekilhanalarynyň hereketleriniň utgaşdyrylmagynyň derejesiniň pes bolandygyny nygtap geçeliň. Muňa, ilkinji nobatda, sowet goşunlary Owganystana girizileninden soň bu ýurtdaki SSSR-iň ilçisiniň bu ýerdäki sowet wekilhanalarynyň ýolbaşçylarynyň arasynda wezipe boýunça ululygynyň ýasama bolmagy oňaýsyz täsir etdi. Netijede, Goranmak ministrligi, Döwlet howpsuzlyk komiteti, Içeri işler ministrligi ýaly güýç ulanyjy edaralaryň wekilleriniň, şeýle hem partiýa geňeşçisiniň – SSKP-nyň MK-niň wekiliniň öz ýolbaşçylary bilen «WÇ» we teletaýp şifraragatnaşygynyň kanaly boýunça göni aragatnaşyklary boldy; olaryň her haýsysy iň ýokary owgan ýolbaşçylygyna hem gönüden-göni çykyp bildi, ýöne olar özleriniň merkeze ýollan habarlaryny, adatça, ilçi bilen ylalaşmadylar. Üstesine-de, alnan habary ilkinji bolup Moskwa ýetirmekde sowet wekilhanalarynyň ýolbaşçylarynyň arasynda özboluşly bäsleşik boldy. Olaryň habarlary, elbetde, hususy bahalar, netijeler we teklipler bilen ugradyldy. Ýöne şol habarlaryň hemmesi, ýene-de bir gezek umumy seljerilmezden, gönüden-göni SSKP-nyň MK-niň Syýasy býurosyna gowşuryldy. Şonuň üçin hem Syýasy býuro gapma-garşylykly, bulaşyk maglumatlaryň, kähalatlarda bolsa nädogry habaryň gelip gowuşmagy adaty zada öwrüldi. Netijeler we teklipler barada aýdylanda bolsa, onda olar köphalatlarda edara bähbitleri jähtinden taýýarlanyldy we olarda hemişe umu-

mydöwlet bähbitleri göz öňünde tutulmady. Hakyky bolmadyk şeýle habaryň we ýalňyş berlen bahalaryň esasynda Syýasy býuro ýerine ýetirilmegi mümkin bolmajak kararlary kabul etdi we munuň özi Sowet Soýuzyny «owgan batgalygyna» barha çuňňur çekdi.

Elbetde, dörän şol ýagdaýdan ýokarda agzalan edaralaryň wekilleri öz wezipelerine düşünmediler ýa-da wezipelerine sap ýürekden ýapyşmadylar diýen ýaly netijeleri çykarmak nädogry bolardy. Olaryň her haýsysynyň öz pudagy boýunça uly tejribesi bolupdy. Ýöne olaryň owgan hakykatyna düşünmezlikleri, sowet tejribesini owgan hakykatyna mehaniki geçirmek üçin eden synanyşyklary şol wekilleriň günäsi däl-de, eýsem betbagtlygy boldy.

Wagtyň geçmegi bilen Owganystandaky sowet edaralarynyň wekillerine şol ýurtdaky sowet Ilçisiniň olardan bir basgançak ýokarda durýandygy, olaryň onuň garamagyndaky adamlar bolup durýandyklary, öz hereketlerini ilçi bilen ylalaşmak babatdaky borçlary olara düşündirildi. Şeýle hem Kabuldan ugradylýan we olar boýunça SSKP-nyň MK-niň Syýasy buýurosynyň kararlary kabul edilmeli aýratyn möhüm häsiýeti bolan habarlar Ilçi bilen ylalaşylmaly edildi, has takygy, şeýle habarlar Ilçiniň we edaralaryň wekilleriniň gollary bilen ugradylmaly edildi. Ýöne bu karar hem ýarpy-ýalta karar boldy we ol ýeke-täk ýolbaşçylyk meselesini çözüp bilmedi. Eger-de sowet Ilçisine turuwbaşdan adatdan daşary ygtyýarlyklar berlen we SSSR-iň Owganystandaky işi has merkezleşdirilen ýagdaýynda, onda Sowet Soýuzy köp ýalňyşlyklardan gutulardy we Owganystandan has çalt we az ýitgi bilen çykyp bilerdi diýen pikiri ýöretse bolar.

Seredýän meselämiz bilen baglylykda ýene-de bir mysala ýüzleneliň. 1949-njy ýylyň 1-njy oktýabrynda Hytaý Halk Respublikasynyň döredilmegi bilen Hytaý Sowet Soýuzynyň hakyky ýarany boldy. Iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlyk köp hereketliligi, uly göwrümliligi we çuňlugy bilen tapawutlandy. 1950-nji ýylyň 14-nji fewralynda taraplar uzaldylmagy mümkin bolan 30 ýyllyk möhlet bilen dostluk, ýaranlyk we özara kömek baradaky Şertnama gol çekdiler.

Umuman, 50-nji ýyllarda Sowet Soýuzy HHR-de 250-den gowrak uly senagat kärhanalarynyň we başga obýektleriň gurluşygyna gatnaşdy, Hytaýa 2 milliard sowet manadyny ýeňillikli karz berdi.

Şol döwürde HHR-de 10 müňden gowrak sowet hünärmenleri işledi, SSSR-iň ýokary mekdeplerini 11 müňden gowrak hytaýly tamamlady. Hytaý ýolbaşçylary HHR-de sosialistik gurluşygy işinde Sowet Soýuzynyň oňaýly roluny bellediler.

Ýöne, 1950-nji ýyllaryň aýagyndan başlap öňki SSSR-iň we Hytaý Halk Respublikasynyň arasyndaky gatnaşyklar ýaramazlaşyp başlady, soňra bolsa şol gatnaşyklar açyk duşmançylykly häsiýete eýe boldy. Agzalalyklar ençeme ykdysady, ideologiýa, syýasy meselelerden başladylar we soňra olar ýuwaş-ýuwaşdan çuňlaşyp gitdiler. Hytaýda sowet-hytaý dostlugynyň «garşylyksyz bolmandygy», bitewiligiň bolsa, «göreşsiz bolmandygy» nygtaldy. Meseleler turuwbaşdan, hakykatdan hem, bolupdy, ýöne olar daşary çykarylmandy, gizlenilipdi. Özleriniň kökleri bilen Komintern döwrüne giden meseleleriň üstüne HHR döredilenden soň peýda bolan täze meseleler goşulypdy. Belli rus diplomaty we taryhçysy E.P. Bažanowyň tassyklamagyna görä, SSSR-iň we HHR-iň arasyndaky agzalalyk, esasan hem, häzirki eýýama baha bermekde, ABŞ bolan çemeleşmede, halkara kommunistik hereketiň çäklerindäki özaragatnaşyklarda, halkara giňişliginde dawaly ýagdaýlara bolan çemeleşmede, sosialistik gurluşyň we ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň meselelerinde jemlendi.

Netijede, syýasy gatnaşyklaryň derejesi peseldi, söwda-ykdysady, medeni, ylmy, sport boýunça alyş-çalyşlaryň göwrümi birden azalyp başlady. Mysal üçin, 1962-nji ýylda, 1959-njy ýyl bilen deňeşdirilende, sowet-hytaý ykdysady hyzmatdaşlygynyň göwrümi 5% çenli peseldi, 1959-njy ýyl bilen deňeşdirilende 1965-nji ýylda bolsa ol 100 esseden hem gowrak pese gaçdy.

Şol bir wagtyň özünde halkara gatnaşyklary boýunça, käbir rus hünärmenleriň pikirine görä, sowet syýasatynda Hytaý babatda gödek ýalňyşlyklaryň bolmagynda degişli sowet edaralary tarapyndan Hytaý barada pes hilli, hakykatdan daş bolan habarlaryň ýaýradylmagy hem az rol oýnamandyr. «Hakyky däl, adamlaryň az sanly topary üçin niýetlenen habar biziň syýasatymyzy ýoýdy, – diýip, rus halkaraçy alymy N.S. Leonow öziniň «Информационно-аналитическая работа в загранучреждениях», ýagny «Daşary ýurt edaralarynda habar-seljeriş işi» atly kitapçasynda: «Biz özümiziň beýik gündogar

goňşymyz bilen kadaly gatnaşyklary ýola goýmak üçin 30 ýyl ýitirdik» diýip ýazýar.

Ynsan erkinliginiň ýokary artykmaçlyklaryndan biri hem, onuň hakykaty aýtmaga bolan hukugydyr we başarnygydyr. Soňky wagtda käbir ýurtlaryň syýasy edebiýatynda dünýäniň lukmanlarynyň Gippokratyň asylly kasamyna eýerýändikleri ýygy-ýygydan ýatlanyp geçilýär. Şol kasamyň esasy bolsa lukmanlaryň iň bolmanda hiç wagt we hiç bir zatda näsagyň saglygyna zyýan ýetirmezlik barada kasam etmekleridir. Munuň täsiriniň bütin dünýä ýaýraýandygy sebäpli, habar bilen işleýän ähli adamlaryň hem hemişe dogruçyllyk, obýektiwlik, hakykat ýörelgesine goldanmaklary zerurdyr.

**Soraglar:**

**1.** Habaryň möhümligi diýip nämä düşünýärsiňiz?

**2.** Habaryň möhümligine diňe häzirki wagtdakylyk hökmünde düşünip bolarmy?

**3.** Habaryň möhümligine diňe şu pursatdaky möhümlik hökmünde düşünilmeli däldigini görkezýän mysal getirip bilermisiňiz?

**4.** Wakalary öňünden duýdurýan häsiýeti bolan diplomatik habaryň ähmiýeti nämede?

**5.** Habaryň hakykylygynyň Watanyň bähbitleriniň howpsuzlygynyň esasy bolup durýandygyny nähili düşündirip bilersiňiz?

**6.** Durmuşda hakykaty ýoýýan habarlaryň mysalyny getirip bilermisiňiz?

## §2. Diplomatik habaryň dolulygy we täzeligi

Diplomatik habara bildirilýän ýene bir iň möhüm talaplardan biri, ol hem onuň **dolulygydyr**. Eger habar oňa düşünmek we karar kabul etmek üçin ýeterlik bolsa, onda şeýle habar doludyr. Diňe bir daşary syýasy habar däl, eýsem tutuşlygyna daşary syýasat doly habar bolmasa, täsirli bolup bilmez. Şonuň üçin hem ýokarda duran ýolbaşça habaryň nähili görnüşde (şifrlenen telegramma, ýazmaça maglumat ýa-da dilüsti bilen habar ýetirmek)

ýetirilýändigine seretmezden, şol habar mümkin boldugyça doly we hemmetaraplaýyn bolmalydyr. Başga sözler bilen aýtsak, onda habar taýýarlanylan wagtyndan soňra habar bilen tanyşýan adamlarda «Bu maglumatlar nireden alyndy?», «Ol kim?», «Bu gurama nähili gurama?» ýaly soraglar ýüze çykmaz ýaly edilip taýýarlanylmalydyr. Umuman, habar beýan edilýän waka ýa-da başga bir zat barada doly düşünje, ýüze çykyp biläýjek soraglara jogap bermelidir. Şol bir wagtyň özünde islendik, hatda iň möhüm habaryň hem mümkingadar gysga, ýöne düşnükli beýan edilmelidigi ýatdan çykarylmaly däldir. Diplomatik resminama üçin köpsözlülik, gaýtalamalar, pikir beýan edilende düşnüksizlik, bulaşyklyk kabul edilip bilinmez.

Şeýle hem, ýolbaşçylyga şifrlenen telegramma ýa-da doklad taýýarlanylýan wagtynda diplomat habar berilýän meseläniň ýüze çykmagy we onuň çeşmesi barada gysgaça aýtmaga, häzirki wagta çenli meseläniň ýagdaýyna giňişleýin we dogry baha bermäge, wakalaryň esasy gatnaşyjylaryny, meselä çekilen taraplary gysgaça häsiýetlendirmäge, şol hadysanyň galdyryp biljek syýasy netijelerine üns bermäge, esasy meýilleri şöhlelendirmäge, wakalaryň mundan beýläk ösmegi barada çaklaýşyny beýan etmäge, meseläniň ähmiýetine Türkmenistanyň bähbitleriniň nukdaýnazaryndan üns bermäge çalyşmalydyr.

Eger-de ýolbaşçylyga doklad üçin material taýýarlanylandan soň habaryň doly däldigi barada duýgy ýa-da onuň käbir bölekleriniň dogrulygy babatda şübhe dörese, onda ol barada aýdylmalydyr. Şeýle hem habary barlamak we takyklamak boýunça işiň dowam ediljekdigini, goşmaça maglumatlary almak üçin çäreleriň görüljekdigini bellemek bolar (elbetde, berlen sözler gaty gysga wagtyň içinde ýerine ýetirilmelidir).

Diplomatik habar işinde iň soňky maglumatlaryň hasaba alynmagy we habaryň şol maglumatlaryň esasynda taýýarlanylmagy zerurdyr. Eger habar eýýäm ol taýýarlanylýan wagty könelen bolsa, onda merkez tarapyndan kabul edilen karar hem doly bolmaz, ol hatda ýalňyş hem bolup biler. Diplomatik habaryň dolulygynyň ähmiýeti şu aşakdaky mysaldan hem aýdyň görünýär.

Bir hojaýynyň iki sany işgäri bolupdyr. Günlerde bir gün olaryň biri hojaýynynyň ýanyna şikaýat bilen barypdyr we onuň bile işleýän beýleki işgäriň has ýokary aýlyk alýandygyny aýdyp, hojaýynyndan munuň sebäbini düşündirmegi sorapdyr. Hojaýyn muňa jogap bermek üçin iki işgäri hem ýanyna çagyrypdyr, soňra bolsa olar bilen haýatyň gapysyndan daşaryk çykypdyr we aňyrrakdan uly ýoldan barýan arabany görkezip, şikaýat bilen gelen işgärine şeýle diýipdir: «Git-de, şol arabaly adamlar barada habar getir», diýipdir. Işgär basym gaýdyp gelipdir hem: «Ol adamlar bazara alma satmaga barýarlar», diýmek bilen çäklenipdir. Hojaýyn soňra ikinji işgäre hem birinji işgäre beren tabşyrygyny beripdir. Bir salymdan ikinji işgär hem gaýdyp gelipdir. Az-kem demini dürsäp, ol şeýle diýipdir: «Muranowa obasyndan bolan bu adamlar alma satmak üçin bazar güni boljak Sofino ýarmarkasyna barýarlar. Olar antonowka, goňur we suwy süýjän ak alma ýaly üç hili alma alyp barýarlar. Olaryň her gutusynyň bahasy, degişlilikde, 20, 15 we 10 köpük. Arabada 12 sebet alma bolup, olaryň her haýsynda 50 guty alma bar. Alma almakçy bolýan adama, eger ol 5 gutydan köpräk alma alsa, onda oňa her gutydan iki köpüklik ýeňillik berilýär. Eger biz alma almakçy bolsak, onda biziň olara gatyrak sygyrmagymyz gerek we şonda olar özleriniň aýak çekjekdiklerini we biz halta alyp barýançak garaşjakdyklaryny aýtdylar».

«Indi meniň siziň her haýsyňyza dürli aýlyk tölemegimiň sebäbine düşündiňmi?», – diýip, hojaýyn birinji işgäre ýüzlenipdir. Oňa bolsa ýere seretmekden başga zat galmandyr. Seredýän meselämiz bilen baglylykda, bu mysal goşmaça düşündirişi talap etmeýär.

Diplomatik habara mahsus bolmaly alamatlaryň ýene biri, ol hem onuň täzeligidir. Her bir habar özünde täzeligi, öň belli bolmadyk delilleri we pikirleri, täze wakalaryň beýan edilmegini, syýasy giňişlikde ýüze çykan güýçler we işgärler barada maglumatlary we ş.m. jemlemelidir. Şol bir wagtyň özünde bolunýan ýurduň syýasy we jemgyýetçilik pikirinde bolup geçmegi mümkin, başga ýurtlar, şeýle hem Türkmenistan babatda ujypsyz özgermeleriň hem hasaba alynmagy örän möhümdir.

Täzelikler yzygiderli ýüze çykyp bilerler we olar bolunýan ýurtda bolup geçýän wakalara baglydyr. Daşary ýurtlarda Türkmenistan-

da bolup geçýän içerki syýasy wakalara, türkmen ykdysadyýetinde bolup geçýän ýagdaýlara, Türkmen döwletiniň diplomatiýasynyň daşary syýasy ädimlerine berilýän bahalar, olara bolan garaýyşlar örän gyzyklydyr. Türkmenistanyň dünýä bileleşiginiň aýrylmaz bölegi bolup durýandygy hasaba alynmak bilen, halkara ýagdaýyny hemişe habar taýdan yzarlamak we seljermek Türkmenistanyň DIM-niň daşary ýurtlardaky ähli diplomatik wekilhanalarynyň borjy bolup durýar.

Diplomatik habaryň gizlin häsiýeti bolup biler we ol «ýapyk zolakda» bolup geçýän delilleri we wakalary aýdyňlaşdyrýar. Gizlinlik diýlende gürrüň, asla, seýflerde saklanylýan gizlin meýilnamalar, pikirler we maksatlar barada gitmeýär. Beýle habara ýerine ýetiriji firmalaryň arasynda harby zakazlaryň paýlanylmagy, priwatizasiýa, ýagny döwlet eýeçiligindäki zatlaryň hususy eýeçilige geçirilmegi we ş.m. meseleleriň toplumy degişlidir we olar barada ýurduň dolandyryjy toparlary açyk aýtmakdan, olary KHBS-e çykarmakdan köp halatlarda gaça durýarlar. Döwlet baştutanlarynyň, ykdysady dünýäniň liderleriniň saglygy, durmuş keşbi, meýilleri, dolandyryjy elitäniň dürli wekilleriniň arasyndaky özaragatnaşyklaryň häsiýeti, telekeçiler toparlarynyň bölünişigi we aýratynlygy, KHBS-niň dolandyrylyşy we başga ençeme meseleler hem ýurtlaryň aglaba köpüsinde «ýapyk zolakda» bolup geçýän wakalar hasaplanýar. Şu hilli maglumatlar, umuman, jemgyýetçilikden ýaşyrylsa-da, olar, sözüň asyl manysynda, aslynda, gizlin däldirler.

Adatça, käbir döwletler özleriniň iň güýçli taraplaryny, şeýle hem özleriniň iň gowşak taraplaryny gizlin hasaplaýarlar. Olaryň özleriniň güýçli taraplaryny gizlin hasaplamaklary bolup biläýjek bäsdeşiň ýa-da garşydaşyň olaryň nusgalaryny almaklarynyň öňüni almak bilen düşündirse bolar. Ol ýa-da başga döwletiň özüniň gowşak taraplaryny gizlin saklamagy bolsa, olaryň milli bähbitleriniň zyýanyna ulanylmazlygy üçin edilýär.

Bolunýan ýurtda jemgyýetçilikden gizlenilýän habary almak üçin bolan tebigy ymtylmada degişli gulluklaryň gözüne ilmek, häkimiýetler tarapyndan «Persona non grata», ýagny «Islenilmeýän

adam» yglan edilmek ýaly zatlaryň bolup biljekdigi ýatdan çykarylmaly däldir. Özüňi we öz ýurdunyň abraýyny howpsuzlandyrmak maksady bilen daşary ýurtlulardan dürli derejeli çäklendiriji belgileri bolan haýsydyr bir ýazmaça materiallaryň kabul edilmegi, şeýle hem aragatnaşyklary saklamak işinde gizlinligiň iň bir ýönekeý görnüşini hem ulanmak maksadalaýyk däldir.

Bolýan ýurdunda öz ýurduna mynasyp wekilçilik etmek üçin diplomat, elbetde, diňe bir öz ýurduny we öz hökümetiniň syýasatyny däl, eýsem bolýan ýurduny, onuň taryhyny, içerki we daşary syýasatyny, kanunlaryny, däp-dessurlaryny, onuň halkynyň dilini düýpli bilmelidir. Munsuz ol özüniň ýokary bilimlililigine, hatda her taraplaýyn bilimliligine, ýönekeý bolmadyk diplomatik zähmetiň aýratynlyklaryny özleşdirenligine seretmezden, öz köpsanly diplomatik borçlaryny üstünlikli ýerine ýetirip bilmez. Diplomat tarapyndan onuň bolýan ýurdy babatdaky maglumatlaryň ýüzleý özleşdirilmegi şol ýurduň syýasatyna diplomatyň ýalňyş häsiýetnama bermegine alyp barar. Munuň tersine, eger diplomat bolýan ýurduny gowy bilýän we habar berýän meselesinden çuňňur baş çykarýan bolsa, başgaça aýdanymyzda, şol ýurduň syýasatyny we ykdysadyýetini, onuň syýasy gurluşyny, onuň partiýalaryny we olaryň liderlerini, ýurduň taryhyny, milletiniň (ýa-da milletleriniň) häsiýetini gowy bilýän bolsa, onda onuň seljeriş işi dogry we takyk bolar.

### Soraglar:

**1.** Habaryň dolulygyna kesgitleme berip bilermisiňiz?

**2.** Diplomatik resminama üçin köpsözlülik, gaýtalanmalar kabul edilip bilnermi?

**3.** Diplomatik habaryň dolulygynyň ähmiýetini mysalyň üsti bilen görkezip bilermisiňiz?

**4.** Diplomatik habaryň täzeligine nähili düşünýärsiňiz?

**5.** Bolýan ýurdunda öz ýurduna mynasyp wekilçilik etmek üçin diplomat nämeleri gowy bilmelidir?

## IV BAP

# DIPLOMATIK WEKILHANALARYŇ IŞGÄRLERI TARAPYNDAN TAÝÝARLANYLÝAN HABARLARYŇ ESASY ÇEŞMELERI

## §1. Habaryň radio we telewideniýe, gazetler, ylmy-barlag merkezleriniň ýörite neşirleri, hökümet edaralarynyň maglumat materiallary esasynda taýýarlanylmagy

Daşary-syýasy, diplomatik işe gelen ilkinji günlerinden başlap diplomat özüniň hünäri bilen bagly borçlaryny ýerine ýetirmek üçin zerur bolan habary dyngysyz toplamaklygy özünde endik edinmelidir.

Şu ýerde, ozaly bilen, **habaryň açyk çeşmeleri** hakynda durup geçeliň. Habaryň açyk çeşmeleri diýlende, gürrüň KHBS-den, ilkinji nobatda, gazetlerden, kitaplardan, ylmy we tehniki neşirlerden, hökümet ýygnaklary baradaky resmi hasabatlardan, radio we telewideniýe gepleşiklerinden alynýan habar barada barýar. Hatda romanda ýa-da pýesada hem döwletiň ýagdaýy barada peýdaly habar bolup biler. Sözüň giň manysynda, kanuny taýdan habar berip bilýän ähli serişdeler we adamlar ylmy-barlag, seljerme işi üçin açyk çeşmeler bolup durýarlar.

Açyk çeşmeler habar toplamaklygyň esasi gözbaşy bolup durýarlar. Biziň bu aýdanymyzy tassyklaýan deliller örän köp, geliň, şolaryň käbirlerini mysal hökmünde getireliň.

Öňki döwürlerden tapawutlylykda, eýýäm XX asyryň 50-nji ýyllarynda ýörite edebiýatda agentura kanallary arkaly alynýan aýratyn möhüm maglumatlardan özgesiniň, islendik döwlet barada maglumatlaryň 80% habaryň adaty açyk çeşmelerini ulanmak bilen alyp bolýandygy barada aýdylýardy. Elbetde, munuň üçin habar-seljeriş işiniň talaba laýyk ýola goýulmagynynyň, dürli serişdeleriň kömegi bilen örän köp maglumatlardan we delillerden has gymmatlylaryny saýlap almak, olary işlemek, umumylaşdyrmak, netijeler çy-

karmak we öz wagtynda ýolbaşçylygyň garamagyna ýetirmek üçin bu işi belli derejede guramaklygyň we degişli usullary ulanmaklygyň zerur bolandygy düşnükliudir.

Bu hakykat biziň şu günki günlerimize hem degişlidir. Mysal üçin, Russiýanyň «Общая газета», ýagny («Umumy gazeta») atly gazeti özüniň 1999-njy ýylyň 24-nji martyndaky sanynda 90-njy ýyllaryň aýagynda ýaş alymlaryň bir topary tarapyndan açyk çeşmeleriň esasynda «Russiýanyň strategiki ýadro ýaragy» atly kitabyň çap edilendigini habar berdi. Kitaba syn beren bilermenleriň pikiriçe, bu kitap «hakyky razwedka-habar bombasy boldy».

Habaryň açyk çeşmeleriniň ähmiýeti barada BMG-niň Baş sekretarynyň öňki orunbasary W. F. Petkowskiniň pikiri hem gyzyklydyr. «Dipkurýer» gazetiniň 2000-nji ýylyň 2-nji martyndaky sanynda eden çykyşynda ol bu barada şeýle ýazýar: «Häzir diplomat özüni gyzyklandyrýan delilleriň 90%-ni köpçülikleýin habar beriş serişdelerinden we elektron habar ulgamlaryndan alyp bilýän bolsa, onda habaryň has gymmatly bolan galan 10%-ini diňe arassa diplomatik serişdeler arkaly aragatnaşyklaryň we söhbetdeşlikleriň üsti bilen alnyp biler». Hut şu ýerde ol ýa-da başga kararyň kabul edilmeginiň gizlin syrlaryna düşünmek boýunça diplomatyň şahsyýeti, onuň diňläp bilmek we akyl ýetirmek ukyby ilkinji orna çykýar.

Açyk çeşmeleriň örän möhümligi hatda harbylar barada hem şeýledir. Ikinji jahan urşy döwründe ABŞ-nyň harby-deňiz razwedkasynyň başlygynyň orunbasary wezipesinde işlän admiral E. Zahariýesiň tassyklamagyna görä, ABŞ-nyň harby-deňiz gulluklary habaryň 95%-ni çap edilen çeşmelerden, 4%-ini ýarymresmi we diňe 1% -ini gizlin çeşmelerden alypdyrlar.

Açyk çeşmelerden peýdalanmak üçin, ilkinji nobatda, şol çeşmeleri bilmek gerekdir. Eýsem olary nireden almaly? Adatça, habaryň esli bölegi köpçülikleýin habar beriş serişdelerinden, hökümet neşirlerinden, okuw gollanmalaryndan, ylmy işlerden we başga çeşmelerden gelip gowuşýar. Mälim bolşy ýaly, habar çeşmeleri, adatça, esasy wezipesi habara we resminamalara elýeterliligi üpjün etmek bolup durýan kitaphanalarda jemlenýärler.

Habaryň açyk çeşmeleri barada gürrüň edilende ýene-de bir bellenilmeli zat, ol hem soňky onýyllyklaryň içinde olaryň sanynyň köpelmegi we göwrüminiň barha artmagydyr. Geçirilen barlaglar XVIII asyra çenli bilimleriň täzelenmek depgininiň, takmynan, 90 ýyldan iki esse, 1950-nji ýyldan başlap, dünýäde bilimleriň göwrüminiň her 10 ýyldan, 1970-nji ýyldan başlap, her bäş ýyldan, 1991-nji ýyldan başlap bolsa, her 4-3-2-1 ýyldan iki esse artandygyny görkezdi. Soňky 50 ýylyň içinde adamzadyň döreden bilimleriniň göwrümi onuň soňky geçen 3000 ýylda döredeninden köp bolupdyr. Şeýle hem bar bolan pikirlere laýyklykda, gadymy döwürde ekerançylyk bilen meşgul bolýan adam birnäçe ýyl okasa, onda onuň alan bilimi onuň bütin ömrüne ýeterlik bolupdyr, häzirki wagtda adamlar döwür bilen aýakdaş gitmek üçin bütin ömrüniň dowamynda okamaly bolýarlar.

Internetiň giňden ornaşmagy bilen başlan habar akymy XXI asyrda has-da artar diýlip çak edilýär. Adamlar telewideniýäniň we metbugatyň kömegi bilen hemişe habaryň täsiriniň aşagynda bolýarlar. Habaryň beýle köpelmegi bildirişleriň, şeýle hem dilden aýdylýan, ýazmaça, elektron, telefon we başga habarlaryň hasabyna bolup geçýär.

Ylym işgärleri öz ugurlary boýunça žurnallary alýarlar, umumy we ýörite häsiýetli gündelik neşirleri okaýarlar. Ençeme ýurtlarda müňlerçe täze kitaplar, býulletenler çap edilýär (mysal üçin, XX asyryň ahyrynda dünýäde her ýylda 100 müň kitap, 60 müňe golaý ylmy žurnal çap edilipdir). ABŞ-nyň Berklidäki Kaliforniýa uniwersitetinden bolan ekspertler toparynyň hasaplamalaryna görä, adamzat her ýylda 2 milliard gigebaýta golaý habary öndürýär (1000 gigebaýt 1 terabaýta deňdir). Şol bir wagtyň özünde, dünýäde habar näçe köp öndürilse-de, onuň peýdaly tarapy welin, juda bir artyp barmaýar. Habaryň göwrüminiň yzygiderli artmagy diplomatlardan haýsy habaryň möhüm, haýsysynyň bolsa beýle däldigini kesgitlemek üçin goşmaça tagallalary talap edýär.

Şeýle ýagdaýlarda hünärmenler gysga wagtyň içinde ähmiýetli delilleriň köp bölegini ýüze çykarmaga ukyply bolmalydyrlar. Olar her aý köp sanly materiallary, gazetleri we žurnallary gözden geçirmeli bolýarlar. Möhüm açyk çeşme tapmak üçin marketing, telekeçi-

lik we jemgyýetçilik gatnaşyklary ýaly çäklerdäki habar hem peýdaly bolup biler. Şu günki diplomatlar çuňňur umumy we ýörite bilimliligi bilen tapawutlanýan adamlara degişlidirler we olar ekologiýa, himiýa, ýadro meseleleri, ykdysadyýet we başga möhüm meseleler bilen hem meşgul bolýarlar.

Şol bir wagtyň özünde diplomatyň ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ösmegine ýardam etmek, şol sanda syýasy jümleleriň üýtgemelerine we hatda gizlin goşa manysyna gowy düşünmek üçin bolýan ýurdunyň dilini suwara bilmegi zerurdyr. Bu talapa doly laýyk gelmeýän ýa-da oňa ýarpy-ýalta laýyk gelýän diplomatyň hiç wagt hem dolybahaly professional işgär bolup bilmejekdigi aýdyňdyr. Şeýle «diplomatyň» habara ýalňyş düşünmegi, ony ýoýmagy, ençeme möhüm öwüşginlerini görmezligi bolup biljek zatdyr.

Indi, esasy temamyza gaýdyp gelsek, onda, ozaly bilen, «diplomatik wekilhananyň diplomatik işgäri kanuny esasda, adatça, habaryň nähili elýeterli çeşmelerinden peýdalanyp biler?» diýen sorag gelip çykýar. Şu ýerde, ozaly bilen, häzirki zaman habarynyň bir ýa-da iki däl, eýsem köpsanly we has ähtibarly çeşmeleriň esasynda taýýarlanylmalydygy nygtalyp geçilmelidir. Hut şonuň üçin hem diplomatik gullugyň işgärleri öz professional borçlaryny ýerine ýetirmek bilen, öz işinde **habaryň ähli elýeterli çeşmelerinden peýdalanýarlar.**

**Radio we telewideniýe** diplomatik wekilhananyň bolýan ýurdunda we umuman, dünýäde bolup geçýän wakalar barada ilkinji habary almagyň iň möhüm çeşmesidir, sebäbi olar beýleki habar beriş serişdelerinden has çaltlykda habary giň köpçülige ýetirýärler. Şu jähtden taryhy geçmişde radio boýunça beýannama etmek mümkinçiliginiň özüniň syýasatçylara ýagdaýy diplomatik çykgynsyzlykdan çykmaga mümkinçilik berendigini ýatlap geçeliň. Bu ýerde gürrüň, 1962-nji ýylda, Karib çökgünliginiň iň ýitilişen wagtynda, haçanda her bir minudyň hatda her bir sekundyň hasapda duran wagtynda Sowet hökümetiniň ABŞ-nyň Prezidenti Kennedä Moskwa radiosy boýunça ýörite ýüzlenme bilen çykyş etmek barada karar kabul edendigi barada barýar. Bu ýagdaýyň, şol sanda Moskwa radiosynyň gepleşikleriniň daşary ýurtlarda üns bilen diňlenilmeginiň ençeme halklaryň heläkçiliginiň öňüniň alynmagyna sebäp bolandygy düşnüklidir.

Biziň şu günki günlerimizde dünýäde haýsydyr bir ýiti ýagdaýlar ýa-da agyr wakalar ýüze çykan ýagdaýynda,ençeme telewideniýe kompaniýalarynyň reporterlary, ýagny wakalar, hadysalar barada maglumat getirýän metbugat, telewideniýe ýa-da radio işgärleri, özleriniň reportažlaryny gönüden-göni wakalaryň bolýan ýerlerinden alyp barýarlar. Ilkinji bolup şu düzgünde «Si-en-en» atly belli amerikan telewizion korporasiýasy işläp başlady. Bu korporasiýa özüniň gepleşiklerini gije-gündiz, ýagny 24 sagadyň dowamynda alyp barýar we dünýä ýagdaýlaryna seljerme berýär. Britan radiogepleşik kompaniýasy bolan «Bi-bi-si-niň» dünýäde 151 million diňleýsi bardyr, dünýäniň dürli ýurtlarynda işleýän 250 habarçy bolsa bu kompaniýany habar materiallary bilen üpjün edýär. Edil şeýle düzgünde şu günki günlerde umumyýewropa «Ýewronýus», fransuz «Antenn», nemes «Doýçe Welle», katar «Al-Jazira» we käbir başga telewizion korporasiýalary hem işleýärler.

Ýurtlaryň aglaba köpüsiniň öz milli radio we teleýaýlym kompaniýalary bardyr we olar hem hemişe täzelik bölümlerini alyp eşitdirýärler, alyp görkezýärler. Ençeme döwletlerde, şol sanda sebitleýin we ýerli täzelikleri berýän onlarça ýerli radiostansiýalar hem efire çykýarlar.

Şunlukda, diplomatik işgärler, adatça, ir ertir, entäk iş güni başlanmazdan ozal ýerli telewideniýäniň täzeliklerine, şeýle hem «CNN» kanalynyň gepleşiklerine seredip bilýärler. Soňra olar irki täzelikleri radioperedatçigi, ýagny radio gepleşigini berýän apparaty zerur bolan tolkuna düzüp, awtomaşynda işe gidip barýan wagtyňda hem hökmany suratda diňleýärler. Adatça, diplomatlaryň iş kabinetlerinde hem radiopriýomnik işläp durýar. Habar jähtinden jemleýji agşamky gepleşikler has doly bolýar.

Şol bir wagtyň özünde hem radionyň we telewideniýäniň bäsdeşlerinden öňe geçip, täzelikler bilen ilkinji bolup efire çykmaklyga gyzyklanýandyklary sebäpli, olaryň maglumatlary wakalar barada ilkinji habarlar hökmünde kabul edilip bilner.

Şeýle hem olaryň habarlary özleriniň çuňlugy bilen tapawutlanmaýar, köp halatlarda bolsa olar üzlem-saplam, entek awtorlar tarapyndan çuňňur oýlanyşylmadyk ýagdaýda bolýar. Şonuň

üçin hem eger haýsy hem bolsa bir habar biziň döwletimiziň bähbitleriniň howpsuzlygyna göni galtaşmaýan bolsa, onda wakalar has aýdyňlaşýança, birnäçe sagat garaşylany ýagşydyr. Umuman, diplomat üçin tele-radiokompaniýalaryň habary, ozaly bilen, başga çeşmelere ýüzlenmegiň, goşmaça habar ýygnamaklygyň, bolup geçýän zatlary has esasly we hemme taraplaýyn öwrenmegiň zerurlygy barada duýduryş bolup durýar.

Şol bir wagtyň özünde hem belli telesynçylaryň hususy oý-pikirleri, düşündirişleri uly gyzyklanma döredýär. Olaryň örän köp habary seljermekdäki hünär endikleriniň esasynda wakalara berýän bahalary daşary ýurt wekilhanalaryň maglumat işinde peýdalanylýar.

**Gazetler.** Gazetleriň köpüsi gündelik çykýar. Üstesine-de, olarda ol ýa-da başga wakalar barada materiallar has giňden beýan edilýär. Şonuň üçin hem gazetler habaryň iň giň ýaýran we elýeterli, beýlekilerden giň ulanylýan çeşmesidir. Gazetiň artykmaçlygy, ol hem onuň radio we telewideniýe garanyňda, eýýäm has oýlanyşylan materialy bermegidir. Gazetler irki göýberilişige çenli öz hususy maglumatlarynyň gorundan ýa-da beýleki elýeterli gorlardan nähili-de bolsa goşmaça maglumatlary taýýarlamaga ýetişýärler. Gazet habaryny, onuň has-da ähmiýetli ýerlerini anyk terjime etmek üçin ençeme gezek okap çykyp bolýar. Ony şeýle hem soňra umumylaşdyrmak we seljermek maksady bilen gaýçy bilen kesip we habar ýygnamak üçin niýetlenen ýörite papkada saklap bolýar.

Gazetdäki redaksion sahypalar ýa-da zolaklar has hem uly gyzyklanma döredýärler. Sebäbi olarda has möhüm meseleler boýunça materiallar ýerleşdirilýär. Başgaça aýdylanda, şeýle sahypalarda, adatça, has wajyp milli we halkara meseleleri boýunça awtorlaryň makalalary we düşündirişler çap edilýär. Şeýle materiallaryň dili, elbetde, agentlikleriň ýönekeý maglumat habarlary bilen deňeşdirilende has çylşyrymly bolýar, şonuň üçin hem olar daşary ýurt wekilhanalaryň işgärleriniň ençemesinde meşhurlykdan peýdalanmaýar. Ýöne redaksion makalalaryň, adatça, hemmetaraplaýyn bilimli, ýokary syýasy duýgusy bolan professional seljerijiler tarapyndan ýazylýandygy ýatdan çykarylmaly däldir. Olaryň bilimleri bilen ýaraglanmak peýdalydyr. Anyk gazetiň syýasy ugruna, onuň yzynda kimiň

durýandygyna göz ýetirmek bilen, bolunýan ýurduň ol ýa-da başga syýasy güýçleriniň hakyky garaýyşlaryna, bähbitlerine we ymtylmalaryna düşünip bolýar.

Metbugatyň «dördünji häkimiýet» diýlip atlandyrylýandygy mälimdir. «Nýu-Ýork Taýms», «Mond», «Taým» ýaly täsirli gazetler we uly abraýdan peýdalanýan žurnalistler hökümet syýasatynyň emele gelmegine az täsir etmeýärler.

Eger telekommunikasiýa aragatnaşygynyň serişdeleri arkaly iri gazetleriň habar gorlaryna girmek mümkinçiligi bar bolsa, onda diplomaty gyzyklandyrýan habary toplamak wezipesi esli derejede ýeňilleşer. Şeýle hem, ençeme ýurtlarda gazetleri «bölýän» ýörite firmalar bolup, olar kommersiýa maksatlary üçin materiallary tertibe salýarlar. Şolara ýüz tutmak bilen, diplomaty gyzyklandyrýan habar barada toplanan taýýar materialy alsa bolýar. Bu ýerde ýeke-täk çäklendiriji zat, ol hem pul çykdajylary we ol ýa-da başga tema bolan öz gyzyklanmaňy açmaklyga bolan gorky bolup durýar.

Diplomatik işgärleriň köpüsiniň iş güni bolýan ýurdunyň esasy gazetlerini üns bilen okamakdan başlanýar. Möhüm aýratynlyklary, aýlap aýtmalary gözden salmazlyk üçin gazet habaryny örän üns berip, eger gerek bolsa, gaýtalap okamak gerekdir. Ençeme ýurtlarda çap edilýän materiallaryň hakyky manysyna düşünmek üçin setir arasy bilen okamaklygy öwrenmek zerurlygy bolýar. Şol bir wagtyň özünde gazetde ýerleşdirilen makalanyň ýa-da berilýän bahanyň «tabşyrylan» bolmagynyň ahmaldygy, onuň ýoýulan delilleri beýan edip biljekdigi, özünde ýörite ýaýradylýan nädogry habary jemläp biljekdigi hemişe göz öňünde tutulmalydyr. Has möhüm gazet makalalary temalar boýunça toplanylyp, soňra habar taýýarlanylanda peýdalanylyp bilner.

**Žurnallar.** Jemgyýetçilik-syýasy, ozaly bilen bolsa, ýöriteleşdirilen žurnallar habaryň ýokary hilli çeşmesi bolup durýarlar. Hepdede, aýda we üç aýdan bir gezek çykýan žurnallar bardyr. Gazetlerden tapawutlylykda, žurnallar gyssagly habarlary däl-de, eýsem habar-seljeriş materiallaryny çap edýärler. Materiallaryň has uzak wagtyň dowamynda taýýarlanylmagy olaryň saldamlylygyny öňünden kesgitleýär. Hatda hepdede bir gezek çykýan neşirde hem islendik waka

beýan edilende redaksiýa olarda wakalaryň gelip çykyşyna, olara esasy gatnaşyjylar barada has doly maglumatlary bermäge, wakalary olaryň ösüşinde görkezmäge, çaklaýyş etmäge çalyşýar.

Žurnal materiallarynyň awtorlary bolup, köp halatlarda ýokary wezipeli döwlet we jemgyýetçilik adamlary, belli ýokary okuw mekdepleriniň professorlary, ylmy-barlag merkezleriň alymlary çykyş edýärler. Ýöriteleşdirilen žurnallarda diňe bir ýurduň däl, eýsem beýleki ýurtlaryň hem abraýly, öz hünärleri boýunça ýokary derejä, ussatlyga ýeten adamlarynyň makalalary çap edilýär.

Žurnallaryň sahypalarynda düýpli dünýägaraýyş häsiýetli konsepsiýalary, halkara gatnaşyklaryň geljekde başga hala geçmekleri barada pikirleri tapmak bolýar. Umuman, geosyýasy ideýalaryň ilkinji gezek saldamly žurnal neşirleri derejesinde işlenip taýýarlanylmagy we eger olar syýasy edarada makullaýjy garşylanan ýagdaýynda, onda olaryň döwlet taglymatynyň bölegine öwrülip bilýän halatlary seýrek bolmaýar. Milli howpsuzlyk meseleleri boýunça ABŞ-nyň Prezidentiniň ýörite kömekçileriniň we döwlet sekretarynyň wezipelerinde öz wagtynda G. Kissinjer ýa-da Z. Bzežinski ýaly adamlaryň bolmagyny hut şunuň bilen düşündirip bolar, sebäbi olaryň akademiki garaýyşlary şol döwürde ABŞ-nyň milli syýasatynyň bähbitlerine has dogry we doly laýyk gelipdi.

Şeýle ähmiýetli žurnallary okamak bilen, diplomat bolýan ýurdunda bolup geçýän wakalaryň çuňlugyna göz ýetirmäge, ýerli jemgyýeti tolgundyrýan esasy syýasy, ykdysady we durmuş meselelere has gowy düşünmäge mümkinçilik alýar.

**Ylmy-barlag merkezleriniň ýörite neşirleri.** Biziň şu günki günlerimizde dünýäniň islendik ýurdunda işgärleri bolunýan ýurduň syýasy durmuşynyň, ykdysadyýetiniň, daşary syýasatynyň dürli taraplaryny çuňňur öwrenmek, sebitleýin we halkara ýagdaýy seljermek, sosiologiýa we politologiýa barlaglar bilen meşgul bolýan ylmy edaralar we barlag merkezleri bardyr. Şol merkezler tarapyndan çap edilýän barlag materiallary özlerinde hemişe diýen ýaly peýdaly habarlary we çuňňur bahalary jemleýärler, bişişip başlan meselelere üns çekýärler, olary çözmegiň ýollaryny teklip edýärler. Şeýle materiallar

diplomatik wekilhanalaryň işgärleri üçin saldamly seljeriş habarlary ýazmakda başlangyç material bolup hyzmat edip bilýär.

Diplomatik wekilhanalaryň iş tejribesinde şeýle hem bilimleriň haýsydyr bir ýörite ugry boýunça wekilhananyň ozal hemişe gyzyklanmadyk habary gözlemek bilen bagly ýagdaýlar ýüze çykyp biler. Şeýle habar Merkezden soralyp bilner ýa-da oňa bolan zerurlyk bolunýan ýurda Türkmenistandan ýokary derejeli wekiliýetiniň gelmegi ýa-da munuň tersine, wekilhananyň bolýan ýurdundan Türkmenistana möhüm wekiliýetiň ugramagy bilen bagly bolup biler, gyzyklanylýan mesele BMG-niň Baş Assambleýasynda ýa-da onuň ýöriteleşdirilen edaralarynda çekişmeleriň gidişinde-de ýüze çykyp biler… Bu meseläni çözmek üçin eliň aşagynda hemişe esasy ylmy-barlag merkezleriň, ýöriteleşdirilen institutlaryň, gaznalaryň (mysal üçin, ABŞ boýunça: «RAND korporeýşiniň», «Forduň Gaznasynyň», «Karnegi Gaznasynyň», «Uruş, parahatçylyk we rewolýusiýa meseleleri boýunça Guwer institutynyň» we ş.m.) salgylarynyň, telefonlarynyň bolmagy maksadalaýykdyr. Bu merkezler barlag işini meseleleriň örän giň toplumy boýunça alyp barýarlar we olaryň neşirleriniň we golýazma işleriniň kataloglary bilen tanyşmaklyk diplomaty gyzyklandyrýan tema alyp baryp biler. Şeýle materiallary almaklygyň käbir maddy çykdajylar bilen bagly bolmagy ahmaldyr, ýöne olaryň gymmaty ähli çykdajylary aňryýany bilen ödäp biler.

**Hökümet edaralarynyň maglumat materiallary.** Dünýäniň köp döwletlerinde resmi dokladlary ýa-da habar býulletenlerini, şeýle hem «Ak kitaplar» diýlip atlandyrylýan kitaplary çap etmek tejribesi bardyr. Şol habar materiallarynda bolunýan ýurduň degişli häkimiýetleriniň ähli ähmiýetli meseleler boýunça resmi garaýyşlary düýpli düşündirilýär. Mundan hem başga, daşary ýurtlaryň aglaba köpüsinde esasy hökümet edaralarynyň we guramalarynyň jemgyýetçilik bilen aragatnaşyklar boýunça bölümleri bardyr we olar öz işleri barada hasabat materiallaryny yzygiderli taýýarlaýarlar we olary mugt ýaýradýarlar. Şol materiallarda seljeriş başlangyjy gowşagrak yzarlansa-da, olar ykdysadyýetiň ol ýa-da başga bir pudagyny, sosial syýasatyň şahasyny we ş.m. öwrenmek üçin örän köp material berýär. Diplomatik wekilhananyň işgäri degişli ministrligiň ýa-da pudak

edarasynyň metbugat bölümine ýüz tutup, şol ýerde bar bolan materiallary alyp bilýär. Elbetde, şeýle materiallarda tankydy bellikleri tapyp bolmaýar, ýöne olarda häkimiýetleriň ähmiýeti uly bolan resmi garaýyşlary şöhlelendirilýär, protokol häsiýetli doly habar, dürli hasabat maglumatlary berilýär.Köp döwletleriň daşary işler ministrlikleri tarapyndan halkara durmuşynyň ähli ähmiýetli meseleleri we wakalary boýunça resmi beýannamalaryň edilmegi we olarda bolunýan ýurduň hökümetiniň nukdaýnazarynyň şöhlelendirilmegi diplomatik wekilhanalar üçin has-da peýdalydyr.

Biziň şu günki günlerimizde **Internet** diňe bir adamlaryň gündelik durmuşyna däl, eýsem diplomatik edaralaryň işine hem okgunly girdi. Häzir, eger-de ilçihana ýa-da konsullyk edarasy internetden peýdalanmaýan bolsa, onda olaryň üstünlikli işini göz öňüne getirmek kyndyr. Üstesine-de, internet hökümet edaralarynyň (ministrlikleriň we pudak edaralarynyň) resmi materiallarynyň hem çeşmesine öwrüldi. Internetde habar serhetsiz ýaýraýar we bu ýokary habar serişdesi şeýle hem diplomatik wekilhanalar tarapyndan öz habarlaryny ýaýratmak üçin kanal bolup hem hyzmat edýär. Mundan hem başga, internetiň kanallary daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalara öz ministrliginiň merkezi diwanynyň müdirlikleri, departamentleri bilen hemişe aragatnaşykda bolmaga, Daşary işler ministrliginiň saýtyndan gündelik habary almaga, gizlin däl habary gyssagly merkeze ugratmaga mümkinçilik berýär.

Şunlukda, biz diplomatik işde giňden ulanylýan diplomatik habaryň telewideniýe, radio, gazetler, žurnallar, ylmy neşirler, resmi býulletenler, Internet tory ýaly çeşmelerine seredip geçdik. Adatça, bu çeşmeleriň «gowşak» diýlip atlandyrylmagy olar bilen gönüden-göni, işjeň gepleşik aragatnaşyklaryna girip bolmaýandygy bilen düşündirilýär. Häzirki şertlerde olaryň elýeterli bolmagy üçin daşary ýurtlara gidip oturmagyň hajaty ýokdur – häzirki zaman tehniki serişdeleri diplomata olaryň mazmuny bilen öz iş kabinetinde tanyşmaklyga mümkinçilik berýär. Şol bir wagtyň özünde diplomatik gulluk habaryň işjeň çeşmelerinden peýdalanylmagyna hem uly üns berýär.

**Soraglar:**

**1.** Habaryň açyk çeşmelerine nähili düşünýärsiňiz?

**2.** Radio we telewideniýe nähili habary almagyň iň möhüm çeşmesidir?

**3.** Gazetlerde wakalar nähili beýan edilýär?

**4.** Näme üçin gazetlerdäki redaksion sahypalar uly gyzyklanma döredýärler?

**5.** Jemgyýetçilik-syýasy, ýöriteleşdirilen žurnallar näme üçin habaryň ýokary hilli çeşmesi bolup durýarlar?

**6.** Hökümet edaralarynyň maglumat materiallary barada näme bilýärsiňiz?

## §2. Diplomatik habaryň işjeň çeşmeleri

Diplomatlaryň habaryň işjeň çeşmeleri bilen işi olaryň «janly habary» almaklyga we toplamaklyga gönüden-göni gatnaşmaklaryny göz öňünde tutýar. Şeýle habar diplomatik gulluk üçin gyzyklanma bildirýän ol ýa-da başga maglumatlara eýe bolan adamlar bilen gatnaşyklaryň gidişinde alnyp bilner. Şonuň üçin hem indi habaryň işjeň çeşmeleriniň üstünde durup geçeliň.

Habar nukdaýnazaryndan diplomatik işgärleriň dürli köpçülikleýin çärelere gatnaşmaklary örän peýdalydyr, sebäbi aň-bilim ýa-da syýasy häsiýeti bolan şol çäreler, ozaly bilen bolsa, köpçülikleýin leksiýalar, metbugat maslahatlary, brifingler, «tegelek stollar», ylmy seminarlar we simpoziumlar diplomata gyzykly we peýdaly habary almak üçin gowy mümkinçilik döredýärler. Şeýle çäreleriň geçiriljekdigi baradaky habar ýurtlaryň ýerli metbugatynda giňden çap edilýär. Ösen ýurtlarda şeýle habary hiç bir kynçylyksyz ähli myhmanhanalarda, kähalatlarda bolsa göni köçelerdäki awtomatik habar-berijilerde hem tapsa bolýar. Döwletleriň diplomatik wekilhanalary şeýle çärelere çagyryşlar hem alýarlar.

Hakykatdan hem, şeýle çärelere gatnaşmaklyk, eger ara alnyp maslahatlaşylýan tema biziň ýurdumyzyň bähbitlerine laýyk gelýän bolsa, onda ol habar almak nukdaýnazaryndan örän peýdaly bo-

6 Sargyt № 2671

lup biler. Köpçülikleýin çärelerde köpçüligiň öňünde, adatça, belli bir meseleden gowy baş çykarýan ýokary wezipeli resmi adamlar, syýasatçylar, bilermenler çykyş edýärler. Üstesine-de, şeýle çäräniň häsiýetiniň özi diňe bir leksiýany diňlemek bilen çäklenmän, eýsem leksiýa okaýan adama tema boýunça islendik soragy bermeklige hem mümkinçilik döredýär. Bu bolsa diplomata goşmaça habarlary almaga mümkinçilik berýär. Şol bir wagtyň özünde münberde duran adamyň öz temasyna bolan gyzyklanma uly höwes bilen seslenjekdigi hem düşnüklidir. Şunlukda, diplomata çekişmä ýol açmaklyk hem uly bir kynçylyk döretmeýär. Şeýle çekişmäniň gidişinde bolsa, ol ýa-da başga wakalar babatda adaty nukdaýnazary barlap görmek ýa-da ony ýalana çykarmak mümkin bolýar. Eger diplomat tarapyndan berilýän soraglar öňünden oýlanyşykly taýýarlanylan bolsa, onda bu baradaky gürrüň çäre üçin goýberilen wagtdan soň hem dowam etdirilip bilner. Munda diplomatyň esasy wezipesi soraglar bilen «ýaraglanmak» bolup durýar, onuň soraglara jogap aljagy hem düşnüklidir, sebäbi kadaly adam özüniň garaýyşlary, oýlanmalary, zähmeti bilen gyzyklanýanlara elmydama ýokary üns bilen garaýar.

Interwýu, açyk leksiýalar, brifingler bolup geçýän wagtyndaky ýagdaý aragatnaşyklary ýola goýmak üçin hem örän amatlydyr we şeýle aragatnaşyklar geljekde habaryň peýdaly çeşmeleri bolup bilerler. Guralýan çärelere, galapyn, şol çäreler bilen gyzyklanýan, şeýle hem gozgalýan meselä ol ýa-da başga derejede degişli adamlaryň gelýändikleri düşnüklidir. Şunlukda, diňleýjileriň özleri hem habar ýaýradyjylar bolup durýarlar. Bu bolsa diplomata habara eýe bolan adamlar bilen peýdaly tanyşlygy ýola goýmaga mümkinçilik berýär.

Bolýan ýurdunda işlemek bilen, diplomatik işgärleriň şol ýurtlarda bolýan möhüm syýasy wakalara gönüden-göni şaýat, ençeme halatlarda bolsa olara gatnaşyjy bolýan wagtlary az bolmaýar. Şeýle ýagdaýlarda, diplomatik işgärleriň özleri habary ilkinji alyjylar bolýarlar, bu bolsa olaryň habarynyň gymmatyny has-da ýokarlandyrýar, üstesine-de, habaryň hakykylygyny barlamak zerurlygy aradan aýrylýar, sebäbi habar wakanyň şaýady bolan gönüden-göni diplomatik wekilhananyň işgärinden gelip çykýar. Şol bir wagtyň özünde, hatda şeýle şertlerde hem, habaryň subýektiw bolmagyny doly aradan aýyr-

mak üçin, habar bar bolan serişdeler arkaly ýene-de tükenikli barlanylmalydyr.

Diplomatlaryň **bolýan ýurtlary boýunça gezelençleri, olaryň şahsy synlary** hem diplomatik habaryň işjeň çeşmeleriniň görnüşleridir.

Diplomatik işgär näçe köp peýdaly aragatnaşyklary ýola goýup bilen bolsa, ýerli syýasy we jemgyýetçilik elitasynyň arasyndaky aragatnaşyklarynyň derejesi näçe ýokary bolsa, onuň diplomatik wekilhananyň öňünde durýan wezipeleriň çözülmegine goşýan goşandy şonça-da saldamlydyr. Diplomatik söhbetdeşlik diplomat tarapyndan ony gyzyklandyrýan habary almagyň möhüm we has köptaraplaýyn çeşmesi bolup durýar. Şonuň üçin hem syýasy kararlary kabul edýän we şunlukda, özünde möhüm habarlary saklaýan adamlar bilen şahsy aragatnaşyk – munuň özi diplomatik habary almagyň iň möhüm çeşmesidir.

**Diplomatik söhbetdeşlikler.** Daşary ýurtlarda diplomatik gullugyň diplomatik işgärleriniň işiniň esli bölegi daşary ýurtlylar bilen duşuşyklara we söhbetdeşliklere taýýarlanmaklyga we ş.m. meselelere bagyşlanýar.

Diplomatik söhbetdeşlik barada az-da-kän-de giňişleýin gürrüňe başlamak bilen, ozaly bilen, onuň göwrümli düşünjedigini nygtap geçeliň. Bu düşünje, köplenç, diplomatik gepleşiklere taýýarlyk, käte bolsa, şol gepleşikleriň bölegi hasap edilýär. Hut şonuň üçin bolsa gerek, ýörite edebiýatda ýaýran nukdaýnazara laýyklykda, diplomatik söhbetdeşlik hünärmen-halkaraçynyň amaly işiniň ýokary derejesi hasaplanýar. Munuň sebäbini bolsa söhbetdeşligiň, adatça, ylmy-habar berýän materialy gönüden-göni ulanmazdan alnyp barylýandygy we degişli endikleri we bilimleri, şol sanda habar babatda hem endikleri we bilimleri talap edýändigi bilen düşündirse bolar.

Aşakda biz söhbetdeşligiň dürli görnüşlerine seredip geçeris. Her bir söhbetdeşlik özüniň maksady we görnüşi boýunça beýlekisine meňzeş däldir we bu ýagdaý diplomatdan goşmaça ýokary hünär ussatlygyny, onuň söhbetdeşlige gowy taýýarlanmagyny talap edýär. Ýöne diplomatik söhbetdeşlik bilen bagly esasy meselelere geçmezden ozal, söhbetdeşligi başarnykly alyp barmak üçin diplomata

nähili talaplaryň bildirilýändigi, köne we täze diplomatiýa, ilkinji söhbetdeşligiň aýratynlygy, hyzmatdaşy ynandyrmak ýaly meseleler barada gysgaça durup geçeliň.

Häzirki zaman edebiýatynda halkara gatnaşyklary, aýratyn hem, **diplomatiýa hünärini saýlap alan adamlara bildirilýän talaplar** barada, umuman, şu aşakdakylary aýtsa bolar. Muny biziň ýokarda hem nygtap geçişimiz ýaly, ozaly bilen, diplomat öz ýurduny, onuň geografiýasyny, taryhyny we medeniýetini, onuň syýasy, sosial, ykdysady we demografik düzümini, ýurduň institutlaryny, onuň adam we ykdysady gorlaryny – oba hojalygyny, senagatyny, maliýe we daşary-syýasy jähtden ileri tutýan ugurlaryny bilmelidir we olara gowy düşünmelidir. Beýleki döwletler we sebitler, ozaly bilen bolsa, goňşy döwletler we sebitler, iri döwletler we olaryň syýasaty, döwletara gatnaşyklary mehanizmi we düzgüni barada hem edil şeýle bilimler zerurdyr. Munuň özi, şeýle hem diplomatik we konsullyk wekilhanalaryň dünýä toruny, olaryň wezipelerini, gurluşyny, hususy we döwlet söwda we maliýe edaralarynyň bütindünýä toruny, hereket edýän döwletara institutlaryny, global we sebitleýin, halkara syýasy, sosial we ykdysady birleşmeleri, şeýle hem döwletleriň arasynda özüňi alyp barmagyň kadalaryny belleýän halkara hukugyny we halkara institutlaryň we guramalaryň işini tertibe salýan kanunlary, birnäçe daşary ýurt dillerini bilmekligi öz içine alýar. Diplomat şeýle hem häzirki zaman köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň rewolýusiýasynyň sosial we syýasy netijelerine gowy düşünmelidir.

Mundan hem başga, diplomat gepleşikleri alyp barmagy, wakalary düýpli seljermegi başarmalydyr, gyzykly, akylly, hemme taraplaýyn taýýarlykly adam bolmalydyr. Bu talaplar geçmişdäki bilen deňeşdirilende, häzirki zaman diplomatiýasynyň esli çylşyrymlaşandygy bilen düşündirilýär.

Şu ýerde häzirki zaman edebiýatynda **«köne diplomatiýa»** (XIX asyryň aýagy we XX asyryň başy) we **«täze diplomatiýa»** (Birinji jahan urşundan soňky döwür) barada hem az gürrüň edilmeýändigini nygtap geçeliň. Şol bir wagtyň özünde hem «köne» we «täze» diplomatiýalaryň arasynda haýsydyr bir düýpli garşylyk, päsgelçilik ýokdur. «Täze diplomatiýanyň» «köne diplomatiýa-

dan birinji tapawudy, ol hem häzirki wagtda döwletleriň sanynyň örän köpelmegidir we olaryň häzirki zaman diplomatiýasyna çekilmekleridir, diplomatiýanyň bütindünýä diplomatiýasyna öwrülmegidir. «Köne diplomatiýadan «täze diplomatiýanyň» **indiki** tapawudy, ol hem oňa ýüzlerçe professional diplomatlaryň çekilmegidir, şahsy aragatnaşyklaryň we duşuşyklaryň göwrüminiň düýpli artmagydyr. Şeýle hem «täze diplomatiýa» açyklyk, hakykylyk we päk ýüreklilik bilen baglydyr. Biz taryhdan Birinji jahan urşunyň başlamagy bilen E.D.Morel, B. Rassel, A. Toýnbi (diplomat) ýaly görnükli alymlaryň we ýazyjylaryň daşary syýasatyň täze ýörelgelerini we usullaryny jar edendiklerini bilýäris. Şol ýörelgeleriň arasynda demokratik diplomatiýa ýörelgesi hem bolupdyr. Bu ýörelgede bolsa indiden beýläk halklaryň gepleşikleriň näme barada alnyp barylýandygy barada bilmekleri we olara täsir edip bilmekleri, parlamentler tarapyndan baglanyşylan ylalaşyklar barada olaryň doly habardar bolmaklary, daşary syýasatda we diplomatiýada ýalançylygyň we halklary aldamagyň doly aradan aýrylmagy göz öňünde tutulypdyr.

Şol ýörelgeler ABŞ-nyň Prezidenti W. Wilson tarapyndan hem goldanypdyr we ol 1916-njy ýylyň 27-nji maýynda parahatçylygyň hatyrasyna milletleriň birleşmekleri meselesini öňe sürüpdir. Şol ýörelgeler şeýle hem 1917-nji ýylyň noýabrynda sowet hökümeti tarapyndan kabul edilen parahatçylyk baradaky Dekretde hem öz beýanyny tapdylar.

Söhbetdeşligi üstünlikli alyp barmak üçin diplomatyň özüni hyzmatdaşyň ornunda goýmagy hem möhüm bolup durýar. Häzirki zaman ylmynda bu hadysa üçin hatda «empatiýa» atlandyrylýan adalga hem girizilip, bu adalga beýleki tarapyň ýagdaýyna düşünmek başarnygyny (öwrenişmekligi, oňa uýgunlaşmaklygy) aňladýar. Başgaça aýdanymyzda, **«empatiýa» – munuň özi şahsyýetiň şeýle ukyby bolup, onuň kömegi bilen şahsyýetiň başga adam bilen gönüden-göni aragatnaşygynyň gidişinde onuň ruhy ýagdaýyna aralaşmagydyr ýa-da ony gowy özleşdirmegidir.**

«Empatiýa» adalgasy täze hem bolsa, bu düşünje we diplomat üçin onuň ähmiýeti baryp fransuz diplomaty Fransua Kaler tarapyndan bellenip geçilipdir. Diplomatyň kanagatlandyrmaly

talaplarynyň arasynda ol synçylygy, söhbetdeşiň pikirini bilmekligi we oňa anyk jogap bermekligi belleýär. F. Kaler özüniň «Hökümdarlar bilen gepleşikler alyp barmagyň usullary hakynda» atly kitabynda gepleşikleriň gidişinde özüňe gowşamaklyga ýol bermely däldigini, zatlara olaryň boluşlary ýaly düşünmekligi maslahat berýär. Fransuz diplomaty J.Kambon hem özüniň eserlerinde şeýle garaýyşlara eýerýär we sagdyn pikirden mahrum edilen adamdan ýaramaz zat ýokdur diýip belleýär. Ilçi üçin bolsa akylly-başlylyk, pähimlilik esasy sypat bolup durýar.

Adamlaryň habar toplumyndan diňe özleriniň ilkinji düşünjelerini tassyklaýan delillerden peýdalanýan halatlary seýrek bolmaýar we şunlukda, olar söhbetdeşiň delillerini ýeterlik kabul etmeýärler, olara hemme taraplaýyn baha bermeýärler, esasan hem, öz garaýyşlaryny goramaklyga çalyşýarlar. Şunlukda, söhbetdeş barada öňden bolan islendik ters pikirlilik aradan aýrylmalydyr. Üstesine-de, diplomatyň şähti açyk bolmalydyr, keýpsiz bolmaly däldir, şeýle hem ol örän sabyrly bolmalydyr. Şu jähtden ýaş diplomatyň turuwbaşdan öz söhbetdeşiniň pikirine hormat goýmagy, gürrüňde dostlukly äheňe eýermegi endik edinmegi, söhbetdeşe gowy düşünmek üçin çalyşmagy gerekdir. Sebäbi empatiýa edil başarnyk, akyl we zehin ýaly düşünjedir we ondan diplomatyň işe ukyplylygy gönüden-göni baglydyr.

Söhbetdeşligiň netijeliliginiň ýene-de bir hökmany şerti – ol hem **diplomatyň öz söhbetdeşini diňlemek boýunça ýeterlik başarnygynyň bolmagydyr.** Şol bir wagtyň özünde tejribeli alym-diplomatlar soňky ýyllarda söhbetdeşi diňlemeklik başarnygynyň we islegiň pese gaçandygyny belleýärler. Bu hadysanyň esasy sebäbiniň durmuşyň çaltlaşmagy bolup durýandygy gürrüňsizdir. Beýleki tarapdan, edebiýatda ýaňy öz kärine başlaýan diplomatlar we ulumsy syýasatçylar üçin söhbetdeşi diňlemek boýunça ýeterlik endikleriň ýetmeýändiginiň häsiýetlidigi hem bellenip geçilýär. Mysal üçin, Sowet Soýuzynyň ilkinji we iň soňky Prezidenti bolan M.S. Gorbaçewyň söhbetdeşliklerine az gatnaşmadyk, onuň şahsy goragynyň ýolbaşçysy bolan W. Medwedew özüniň 1994-nji ýylda Moskwada çap edilen «Человек за спиной» («Arka tarapdaky

adam») atly kitabynda: Sowet lideri «agamlara sorag bermek we şol bir wagtyň özünde hem onuň jogabyny-da bermek endigini çalt ele aldy. Ol gepleýärdi we diňlemeýärdi, gepleşik monologa öwrülýärdi» diýip ýazýar.

Sowet ýolbaşçylary bolan N.Hruşewiň, L.Brežnewiň, M.Gorbaçewiň terjimeçisi bolup işlän B. Suhodrew hem bu meselede W. Medwedew bilen ylalaşýar hem-de özüniň «Язык мой, друг мой», («Meniň dilim, meniň dostum») atly kitabynda şeýle ýazýar: «Nebsimiz agyrsa-da, M. Gorbaçew barha köp gepläp, adamlary şonça-da az diňledi. Onuň bu häsiýetine, ozaly bilen, ýurdumyzda göz ýetirdiler. Bu barada amerikan metbugaty hem ýazdy. Sebäbi M. Gorbaçewyň islendik duşuşykdaky gepleşigi hakykatda tükeniksiz monologa öwrüldi. Men bir amerikan senatorynyň «eger-de sowet lideri bilen duşuşyk sorag-jogaba ýer goýmazdan tutuşlygyna onuň gürlemesi boljakdygyny bilen bolsam, onda men hiç wagt şeýle duşuşyga gelmezdim» diýip, aýdan sözleri ýadyma düşýär. Meniň pikirimçe, senator hakykaty aýtdy. Men hem şeýle pikirde boldum».

Adam gatnaşyklary boýunça amerikan bilermeni D.Karnegi seredýän meselämiz bilen baglylykda şeýle maslahat berýär: «Gowy diňleýji boluň. Goý, wagtyň köp bölegini siziň söhbetdeşiňiz geplesin». F.Kaler söhbetdeşligi alyp barýan adamyň has düýpli artykmaçlyklaryndan biriniň «oňa aýdylmak isleýän zady üns bilen diňlemek we hemme zady oýlap görmek, berilýän delillere jogap bermek ukybydygyny» belleýär. Şeýle hem ol haçanda adamlar öz işleri barada gürleýän wagtlary özlerine aýdylýan zatlar barada däl-de, ozaly bilen, özleriniň aýtmak isleýän zatlaryna has köp üns berýändiklerini nygtaýar.

Ýene-de bir maslahat: haçanda siz söhbetdeşi diňleýän wagtyňyzda öz öňüňizde söhbetdeşiňiziň nähili pikir edýändigini aýdyňlaşdyrmak wezipesini goýuň we hyzmatdaşyňyza siziň oňa doly düşünýändigiňizi görkeziň. Sebäbi, siziň beýleki tarapa edip biljek iň arzan ylalaşygyňyz, munuň özi siziň ony eşidenligiňizi aňlatmakdyr.

1984-nji ýylda Moskwada çap edilen «Я вас слушаю..., («Men sizi diňleýärin...») atly kitabyň awtory Istwud Atwater, ozaly bilen, gepleýän adamyň gürrüňini gerekmejek ýerden bölmezligi,

söhbetdeşe soragy haçanda ol öz pikirini doly beýan edip gutarandan soň bermekligi we ş.m. maslahat berýär. Şeýle hem ol söhbetdeşe özüniň ol ýa-da başga pikirini giňeltmek ýa-da takyklamak üçin mümkinçilik bermek maksady bilen goşmaça soraglaryň berilmegini maksadalaýyk hasaplaýar.

Söhbetdeşlikde dürli meseleleriň ýüze çykmagy ahmaldyr. Şeýle meseleleriň biri hem daşary ýurt dili sebäpli siziň söhbetdeşiňize ýeterlik düşünmezligiňiz bolup biler. Eger siz dili ýeterlik gowy bilmeýän we terjimeçiniň hyzmatyndan peýdalanýan bolsaňyz, onda dürli garaşylmadyk ýagdaýlar ýüze çykyp biler. Mysal üçin, tejribeligi Angliýada geçen terjimeçi amerikan gepleşiginde gepleýän söhbetdeşiňize, üstesine-de, eger-de ol Tehasdan bolsa, gaty gowy düşünmese gerek. Şu ýerde iňlis dilinde we onuň amerikan şiwesinde sözler aýdylanda hem düýpli tapawudyň bardygyny belläp geçeliň. Hususan-da, Nýu-Ýork şäheriniň Kennedi aeroportyndaky «Ýewropa» terminalynda habarlaryň hem iňlis dilinde hem-de onuň amerikan şahasynda berilmegi muňa şaýatlyk edýär.

Terjimeçiniň ýörite tehniki we hukuk leksikasyny ýeterlik bilmeýän halatlary hem bolýar. Şeýle ýagdaýda düşünilmedik zadyň söhbetdeşden we terjimeçiden gaýtadan soralmagy tebigy zatdyr.

Kähalatlarda, siz hatda daşary ýurt dilini gowy bilýän hem bolsaňyz, söhbetdeşligi terjimeçiniň üsti bilen alyp barmak maksadalaýykdyr. Söhbetdeşlik örän jogapkärli, tema bolsa örän ýiti we kyn bolup biler, size bolsa ýalňyşmak bolmaýar. Şeýle ýagdaýda terjimeçiniň hyzmatyndan peýdalanmak bilen, siz sorag barada pikir etmek üçin goşmaça wagt alyp bilersiňiz.

Terjime bilen bagly başga-da käbir çylşyrymlylyklaryň bolup bilmegi ahmaldyr. Dürli ýurtlarda aýry-aýry sözleriň dürli many berýändigi ýatdan çykarylmaly däldir. Mysal üçin, iňlis dilinde «compromise» sözi «ylalaşyk» manysyny berýär. Pars dilinde bolsa bu söz «araçy», ýa-da «çagyrylmazdan gürrüňe goşulmak», ýa-da «çagyrylmadyk myhman» ýaly manylary aňladýar. Bir mysal: 1980-nji ýylda BMG-niň Baş sekretary K. Waldhaým Eýranda girewe alnan amerikanlylar bilen bagly meseläni çözmek maksady bilen Tährana gelipdir. Ol bu mesele boýunça «ylalaşyk» gazanmak üçin gelen-

digini aýdanda, gahar-gazaba münen eýranlylar ulag kerweni bilen ugran K. Waldhaýmyň münen maşynyna daş zyňypdyrlar.

**Ilkinji söhbetdeşligiň aýratynlygy.** Ozaly bilen, söhbetdeşligiň bu hiliniň hökümet toparlaryndaky söhbetdeşlik – resmi çagyryş ýa-da siziň göreldäňiz boýunça geçirilýän söhbetdeşlikler barada gitmän, eýsem onuň maksady iki tarapy hem gyzyklandyrýan haýsy hem bolsa bir meseläni ara alyp maslahatlaşmak, özara tanyşmak bolup durýan söhbetdeşlik barada barýandygyny nygtap geçeliň.

Söhbetdeşligiň bu görnüşinden diplomat öz söhbetdeşiniň kimdigi, onuň akyl-paýhasy, haýsy pudak boýunça habarlylygy, onuň diplomatyň ünsüne mynasyplygy, duşuşmaga taýýarlygy we ş.m. meseleler barada netije çykarmalydyr. Elbetde, ähli işde iň kyn zat, ol hem ony başlamak bolup durýar. Şonuň üçin hem ilkinji söhbetdeşlik özüne aýratyn taýýarlygy we bolup biläýjek meseleler boýunça düýpli pikirlenmegi talap edýär.

Söhbetdeşlige çenli diplomat öz hyzmatdaşy ýa-da hyzmatdaşlary barada mümkin boldugyça, has doly maglumatlary ýygnamalydyr. Eger diplomat kabul edişligiň hojaýyny bolýan bolsa, onda, ozaly bilen, onuň myhmanyny kimiň we nirede garşy aljagy kesgitlenilmelidir. Myhmanyň orny näçe ýokary bolsa, ol şonça-da uly hormat bilen garşylanmalydyr. Indiki çözülmeli mesele, ol hem diplomatyň we onuň işdeşleriniň myhmana ýüzlenişleri, şeýle hem diplomatyň söhbetdeşligiň soňunda has ysnyşykly aragatnaşyklara geçmek wezipesini goýýanlygy ýa-da goýmaýanlygydyr. Hususanda, söhbetdeşligiň gidişinde, aýratyn hem, ilkinji söhbetdeşlikde diplomatyň myhmana ýüzlenişiniň düýpli rol oýnaýandygy ýatdan çykarylmaly däldir.

Diplomat öz myhmanlaryna ýokary derejede sypaýyçylykly bolmalydyr. Munuň özi üýtgemeýän kadadyr we ol diplomatlaryň aýallaryna hem ýaýraýar. Islendik siwilizlenen ýurduň ýokary toparlarynda bu sypatlar hemme zatdan gymmatly hasaplanýar. Şol bir wagtyň özünde diplomatyň öz mertebesini peseltmezden, nähili derejede mylaýym bolup biljegi baradaky sorag hem gelip çykýar. Aýdaly, kabul edişligiň hojaýyny öz ýokary wezipeli myhmanyna onuň paltosyny geýmegine kömek edip bilermi? Eger şol ýurtda munuň özi mylaýymlygyň, üstesi-

ne-de, ýaşy uly adam babatda onuň adaty ýüze çykmasy bolýan bolsa, onda ol, elbetde, kömek edip biler. Ýa-da başga bir sorag: aýalyň elini ogşap bolarmy? Eger diplomatyň bolýan ýurdunda munuň özi kabul edilen däp bolýan bolsa, onda şeýle hereket mümkindir.

Eýsem siziň myhmanyňyza, söhbetdeşiňize hoşamaý sözleri aýtmak nähili derejede hökmany, islenilýan we mümkin bolup durýar? Sypaýyçylygyň hem, başga ähli zatlarda bolşy ýaly, özüniň çäkleri bardyr. Eger ol ýaranjaňlyga, ýallaklamaklyga, öz-özüňi kiçeltmeklige geçse, onda ol ýol berilmesizdir. Ýaranjaňlyk ýaranjaňlyk edýänem, ýaranjaňlyk edilýänem peseldýär. Özüniň galplygy bilen ýaranjaňlyk akylly adamda ters täsir galdyrýar.

Ýöne ýaranjaňlyk hoşamaýlyk bilen garyşdyrylmaly däldir. Ýallaklamaklykdan tapawutlylykda hoşamaý sözler – munuň özi adamyň mertebesini sypaýyçylykly ykrar etmekdir, siziň oňa bolan hormatyňyzyň ýüze çykmasydyr.

Ýokarda hem nygtap geçişimiz ýaly, islendik **söhbetdeşligiň üstünligi oňa bolan taýýarlyk bilen ölçelýär.**

Öňki SSSR-iň daşary işler ministri wezipesinde uzak wagtyň dowamynda işlän A.A. Gromyko bilen şu kitabyň awtoryna gulluk işi, wezipesi boýunça SSSR Daşary işler ministrliginde ministrligiň ýyllyk işiniň jemi boýunça geçirilen ýygnaklarda, dürli iri maslahatlarda ençeme gezek duşuşmak miýesser bolupdy. Sowet diplomatik gullugynyň ýolbaşçylary, jogapkär işgärleri bilen duşuşanda ministr şeýle hem beýleki ýurtlaryň resmi wekilleri bilen islendik duşuşyga taýýarlanmagyň möhümdigini, ýöne diplomatlaryň öz öňki tejribelerine daýanyp, muňa hemişe ýeterlik üns bermeýändikleri barada aýdardy. Ol şeýle hem özüniň geçiren duşuşyklaryny we gepleşiklerini seljermek bilen, öz hususy taýýarlygynda hem hemişe ýetmezçilik tapýandygyny belleýärdi. Ministriň nygtap geçişi ýaly, netijede, käbir meseleler ara alnyp maslahatlaşylanda, hemme ýagdaýlaryň we delilleriň göz öňünde tutulmandygy mälim bolýar. Söhbetdeşligi alyp barmaklyk sungat derejesindäki ýokary ussatlygy talap edýär. Islendik sungat ýaly, söhbetdeşligi alyp barmaklyk hem belli kadalara, kanunlara, öňki tejribäniň üstünlikleriniň we göýberilen ýalňyşlyklaryň hasaba alynmagyna tabyn edilmelidir.

Biz söhbetdeşlige taýýarlanmagyň ilkinji ädimleri barada ýokarda gysgaça durup geçipdik. Indiki möhüm mesele, ol hem söhbetdeşligi dogry meýilleşdirmek, şol sanda söhbetdeşlige taýýarlanmak üçin gerek boljak wagty anyk kesgitlemek zerur bolup durýar. Şu ýerde bir tejribeli diplomatyň aýdan sözlerini ýatlamak peýdaly bolar diýip pikir edýäris. Şonda ol şeýle diýipdi: «Eger men 10 minut gürlemeli bolsam, onda meniň muňa taýýarlanmagym üçin bir hepde wagt gerek bolar, eger men bir sagatlap gürlemeli bolsam, onda munuň üçin maňa iki gün gerek bolar, eger meniň çykyş etmeli wagtym çäksiz bolsa, onda men gürrüňe häziriň özünde başlap bilerin». Ýöne soňky ýagdaýda söhbetdeşlik üzlem-saplam we gyzyksyz bolup biler. Şu jähtden, fransuz ýazyjysy Wolteriň aýdan sözlerini hem ýatlap geçeliň. Ol şeýle diýipdir: «Ýürek gysgynçlygyň syry – munuň özi esasy zady saýlap almakda däl-de, eýsem hemme zat barada aýtmakdadyr».

Käbir diplomatlar daşary ýurtlaryň wekilleri bilen hiç bir taýýarlyksyz duşuşýarlar we möhüm gürrüňiň ýerine «hemme zat barada we hiç zat barada» gürrüň etmeklige ýykgyn edýärler. Şeýle diplomatlaryň, adatça, tanyşlary köp bolýar, ýöne hiç hili möhüm aragatnaşyklary bolmaýar. Tejribeli diplomatlar, belli adamlar şolar bilen aragatnaşyga gitmeýärler. A.A. Gromyko özüniň «Ýatlama» atly kitabynda şonuň ýaly diplomatlar barada şeýle ýazýar: «Maňa biziň daşary ýurt edaralarymyzda kabul edişliklere, medeni çärelere, baýramçylyk dabaralara we ş.m. dyngysyz gitmäge taýýar diplomatlara duşmak miýesser bolupdy. Şeýle işgärlere nämedendir syýasy häsiýetli möhüm tabşyrygy bermäge, mysal üçin, başga döwletiň wekili bilen duşuşyk geçirmegine töwekgelçilik edip bolmaýardy. Sebäbi mende onuň talaba laýyk bu tabşyrygyň hötdesinden gelip biljegine kän bir ynamym ýokdy».

Indi gysgaça söhbetdeşligiň maksady barada durup geçeliň. Eger, siziň pikiriňizçe, söhbetdeşligiň maksady söhbetdeşden özüňizi gyzyklandyrýan habary almak bolýan bolsa, onda söhbetdeşiňiziň sizi maglumat bilen üpjün etmäge borçly däldigi unudylmaly däldir. Söhbetdeşligiň maksady habar alyşmakdyr. Başga sözler bilen aýdanymyzda, onda diplomatiýada habary bermek we almak ýörelgesi

hereket edýändir. Şonuň üçin hyzmatdaşy onuň gyzyklanýan maglumatlary bilen üpjün etmezden, diňe habar almaklygy niýet edinmek bolmaýar.

Şu jähtden, diplomat soňra onuň esasynda pikir alyşmaklygy guramak üçin öz hyzmatdaşyna nähili habary berip biljekdigi barada öňünden oýlanmalydyr. Gizlin habaryň aýan edilmezligini öňünden duýdurmak üçin, ýokary wezipeli ýapon diplomaty S.Okita ýapon diplomatlaryna daşary ýurtlylaryň ýapon dilini az bilýändiklerinden peýdalanyp, olara ýapon metbugatyndan maglumatlar bermegi teklip edipdir. Eger hyzmatdaş dili bilýän bolsa, onda ünsi ýapon daşary syýasatynyň many-mazmunyny düşündirmeklige jemlemekligi maslahat beripdir.

Şu ýerde «Aziýa we Afrika şu gün» atly žurnalyň 2000-nji ýylyň 2-nji sanynda belli sowet razwedçigi R. Zorge barada çap edilen makaladan häzir gürrüňini edýän meselämiz bilen gönüden-göni bagly bolan bir parçany getirmegi makul bildik. «Eger size gyzykly habaryň berilmegini isleseňiz, onda gyzykly söhbetdeş bolmaga çalşyň... – diýip R. Zorge ýazýar. – Habar berijiden tapawutlylykda, siz hemişe ondan köp bilmeli, ondan meselä has çuň düşünmeli».

Eýsem söhbetdeş bilen pikir alyşmalary nämeden başlamaly? Bu meselede hünärmenler eger oňaýly jogap alynmakçy bolsa, onda gürrüňi söhbetdeş bilen çapraz gelmeýän meseleden başlamaklygy maslahat berýärler. Umuman, mesele goýmak we sorag bermek – munuň özi uly sungat bolup durýar. Adamlaryň arasynda kähalatlarda, «Soraga görä jogap» diýlip ýöne ýere aýdylmaýar. Umuman, akylly jogap almak üçin akylly soragyň berilmeginiň zerurdygy düşnüklidir.

**Söhbetdeşligi alyp barmagyň sungaty** barada gürrüň etmek bilen, ilkinji nobatda, biziň şu günki günlerimizdäki söhbetdeşlikleriň käbirlerine degip geçeliň. Bu ýerde esasy meseleleriň biri – diplomatlaryň söhbetdeşlikleriniň beýleki kärleriň işewür söhbetdeşliklerinden tapawutlanýandygydyr. Bu tapawut, ozaly bilen, jedel babatda ýüze çykýar. Diplomatik söhbetdeşligiň kadasy – juda zerurlyk bolmasa, jedel etmezlikdir. Diplomat söhbetdeşiniň mamla däldigini däl-de, eýsem özüniň garaýyşlarynyň dogrudygyny

parahat, ynandyryjylyk bilen subut edýär. Diplomat öz söhbetdeşini tankyt etmekden saklanmaga çalyşmalydyr.

Diplomatyň sözleri – onuň hökümetiniň pikiridir. Mümkin boldugyça, bu siziň goldanýan görkezmeleriňiz tarapyndan göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda jedelden gaça durmak gowudyr. Şeýle ýagdaýda garşydaky söhbetdeşe «Siziň nukdaýnazaryňyz gyzykly, ýöne her niçik-de bolsa, men onuň bilen ylalaşyp biljek däl» diýilse, maksadalaýyk bolar.

Sowet diplomatiýasynyň taryhy hyzmatdaşlar bilen jedele mynasyp gatnaşmagyň mysallaryna baýdyr. Maslahatlara we duşuşyklara gatnaşyjylary ynandyrmaga bolan başarnyk bilen sowet daşary işler ministrleri, ozaly bilen bolsa, G.W. Çiçerin we M.M. Litwinow tapawutlanypdyrlar. Şol bir wagtyň özünde sowet diplomatiýasy munuň tersine bolan mysallara, haçanda çekişmeleriň we jedelleriň hyzmatdaşlaryň göwnüne degmekligiň meýdanyna öwrülendigine hem şaýatdyr. Mysal üçin, SSSR Daşary işler ministrliginde ýolbaşçy wezipelerde işlän A.Ý. Wyşinçkiý munuň aýdyň mysalydyr. Bu wezipeli adam diplomatiýa iň bir ýaramaz, gazaply, prokuror äheňini getiripdir. Onuň öz opponentlerini, şeýle hem SSSR DIM-niň işgärlerini äsgermezlik etmegi azgynlyk derejesine baryp ýetipdir.

Söhbetdeşlik barada gürrüňi dowam etsek, onda ol, mümkin boldugyça, ýönekeý dil bilen alnyp barylmalydyr. Söhbetdeşlikde diplomat üçin ugurtapyjylyk, keýpiň birsydyrgyn bolmagy, parahatlyk we sabyr-takat möhümdir. Hyzmatdaşa ýüzlenende diplomatyň açyklygy, ýumşaklygy, sypaýylygy, erkinligi hyzmatdaşda oňa bolan hormaty döredýär, munuň tersine, onuň sowuk we gopbam, gazaply görnüşi başgalary özünden daşlaşdyrýar, hatda ýigrenç döredýär.

Soraga jogap bermegiň häsiýeti hem möhümdir. Hyzmatdaşyň islendik gep atmasyna we soragyna jogap bermäge gyssanylmaly däldir. Siz birnäçe sekund pikir ýöredip, jogaplaryň görnüşleri barada pikirlenip bilersiňiz.

Diplomatlar ýaly, syýasatçylar hem öz nukdaýnazarlaryny badabat üýtgetmeýärler, şonuň üçin hem ylalaşykly karara hyzmatdaşyň närazy bolan ýagdaýynda, söhbetdeşligiň: «Siziň meni üns bilen diňläniňize men şatdyryn», «Eger men Size dogry düşünen bolsam,

onda Siz meniň tekliplerim barada pikirlenmäge we soňra olaryň ara alnyp maslahatlaşylmagyna gaýdyp gelmäge razylygyňyzy berdiňiz» ýaly jümleler bilen jemlenilmegi maksadalaýykdyr.

Eger berk jogap bermek üçin juda zerurlyk bolmasa, diplomat öz duýgularyna erk berip bilmez. Berk gaýtawul bermek bilen, diplomat sowukganly bolmalydyr.

Diplomatyň söhbetdeşliginiň ýene-de bir möhüm aýratynlygy, ol hem onuň sözüniň yzynda hemişe döwletiň durýanlygydyr; diplomat öz ýurduna wekilçilik edýär, onuň sözleri – onuň hökümetiniň resmi garaýyşlarydyr. Islendik ýagdaýda diplomat öz sözlerine jogapkärçiligi duýmalydyr.

Elbetde, söhbetdeşligiň netijeliligi başga-da ençeme ýagdaýlara baglydyr. Daşary ýurtlylar bilen aragatnaşyklara girmek, ýola goýlan aragatnaşyklary saklamak we ösdürmek daşary-syýasy ugurda işleýän işgäriň işiniň üstünlikli bolmagynyň zerur şertidir. Adatça, işjeň aragatnaşyk ýuwaş-ýuwaşdan ösýär: ilkinji tanyşlykdan soň duşuşyk bitarap çäkde (kafede, barda ýa-da restoranda), soňra jogap çagyryşy bolup geçýär. Şeýle düzgünde aragatnaşyk uzak wagtlap saklanyp we degerli peýdaly habar getirip biler. Daşary ýurtly kärdeşleriň (aýallarynyň hem gatnaşmagynda) biri-birini nahara çagyrmaklary, olaryň maşgala bolup, sähra çykyp, göwün açmaklary we ş.m. ýola goýlan ýeterlik berk gatnaşyklaryň mysaly bolup durýar. Şeýle çäreler maksada okgunly söhbetdeşligi geçirmek üçin ýeterlik wagt berýär.

Eger diplomata öz kärdeşi bilen, aýdaly, bilelikde tennis oýnamak, aw awlamak, balyk tutmak we ş.m. ýaly umumy gyzyklanma tapmak başartsa, onda munuň özi habar babatda hem has gowy mümkinçilikleri açýar. Şeýle ýagdaýda duşuşyklaryň belli wagtda bolmaklygy, olaryň dowamlylygy kepillendirilýär, özara ynam üpjün edilýär. Umuman, aragatnaşygyň, söhbetdeşligiň peýdaly bolmagy üçin olar janly, işjeň bolmalydyr, sebäbi adama bolan islendik ünssüzlik onuň size bolan garaýşyny üýtgedýär, netijede bolsa öňki söhbetdeşleriň özara daşlaşmasy bolup geçýär.

Şu ýerde 1944–1945-nji ýyllarda SSSR-iň Meksikadaky ilçisi K. A. Umanskiniň we Meksikanyň Prezidenti general Awila Kamaçonyň arasynda sowet diplomatiýasynyň taryhynda bellenip geçilen üýtgeşik

dostlugyň emele gelendigini ýatlap geçmek ýerliklidir. Ikinji jahan urşunyň aýagyndaky syýasy ýagdaýyň şeýle dostlugyň şertlerini döretmek üçin amatly bolandygy düşnüklidir. Ýöne ilçilerden käbirleri bolaýmasa, başga hiç kim Umanski ýaly şol ýagdaýdan şeýle derejede peýdalanmandy. Mälim bolşy ýaly, goşun hünäri boýunça kawalerist, ýagny atly goşun esgeri bolan ýurduň Prezidenti her gün irden şol döwürde merkeziň çetinde ýerleşen Çapultepek atly park boýunça atly gezelenç edipdir. Onuň gezelenç edýän ýerinden o diýen daş bolmadyk ýerde bolsa gadymy jaýda sowet ilçihanasy ýerleşipdir. Sowet ilçisi özüne at, at esbaplaryny satyn alypdyr we ertirlerine gezelenç edip başlapdyr we şunlukda, özüne Prezident-kawaleristiň ünsüni çekipdir. Ýakyn wagtdan olar gezelenje bile çykyp başlapdyrlar, olaryň gezelençleri wagtly-wagtynda bolup geçipdir.

Prezidenti onuň adýutantynyň ugradýandygy sebäpli, ilçi hem nobatdaky «at göçümini» edipdir: ýany bilen ilçihananyň kanselýariýasynyň müdiri wezipesinde işlän görmekli we akylly zenan işgärini alypdyr. Atlylar toparyna atly zenanyň goşulmagy aýratyn ýagdaý döredipdir. Häzir ilçi bilen Prezidentiň arasynda nähili söhbetdeşlikleriň bolup geçendigi, Mehikodan Moskwa nähili telegrammalaryň gidendigi barada anyk bir zat aýtmak ýeňil däl. Ýöne, eger-de, bir zat göz öňünde tutulsa, onda Umanskide habar babatda hiç hili kynçylygyň bolmandygy barada aýtsa bolar. Mysal üçin, bir gezek Ilçi köçede ses edip geçýän tramwaýlar sebäpli gijäni ukusyz, kelleagyryly geçirendigi barada Prezidente aýdanda, soňky şol wagtyň özünde tramwaý ýoluny başga bir köçä geçirmäge taýýardygy barada aýdypdyr.

Ýene-de bir mysal. Uruş döwründe ýangyç bilen bagly uzak wagtlaýyn bökdençlikler bolupdyr. Şol sebäpden Prezident Awila Kamaçonyň buýrugy bilen sowet ilçihanasynyň garažynyň aşagynda birnäçe tonnalyk ýörite benzin saklanýan sklad enjamlaşdyrylypdyr.

1945-nji ýylda Ilçi Umanski şol bir wagtyň özünde SSSR-iň Kosta Rikadaky ilçisi edilip hem bellenýär. Ýöne ol awiasion heläkçilikde ýogalýar. Ynanç hatyny gowşurmak üçin Kosta Rika uçup barýan ilçiniň uçary ýerden sähelçe saýlanyp başlanda, ugradýan adamlaryň gözüniň öňünde ýarylýar. Ençeme deliller özüniň Prezi-

dente täsiri sebäpli Umanskiniň howply we diwersion hereketiň pidasy bolandygyny görkezdiler.

Diplomatik aragatnaşyklar, söhbetdeşlikler, adatça, maksada gönükdirilendir, olaryň wezipesi bolsa ol ýa-da başga meseläni ýa-da meseleler toplumyny çözmekdir, ýa-da ara alyp maslahatlaşmakdyr. Ýöne bu maksada ýetmeklik hyzmatdaşlaryň ikisine-de bagly bolup durýar.

Geliň, indi söhbetdeşlikde çekişmäniň (jedeliň), degişmäniň (wäşiligiň) we ýaňsynyň ornyna seredip geçeliň. Çekişme grek «polemicos» sözi bolmak bilen, ol «uruşjaň», biziň düşünişimizden «gazaply jedeli» aňladýar. Elbetde, şeýle çekişme diplomatiýada däp bolan kadalara garşy gelýär. Diplomatiýada çekişme söhbetdeşligi alyp barmagyň usuly hökmünde däl-de, eýsem seýrek we mejbury kadadan çykma hökmünde mümkindir. Beýle ýagdaýda çekişmä gowy taýýarlykly, güýçly delilli we söhbetdeşiň garaýyşlaryny we onuň gowşak taraplaryny bilmek bilen girip bolar. Şol bir wagtyň özünde hem jedeliň diplomatyň maksady bolup durmaýandygyny ýene-de bir gezek aýratyn belläp geçeliň. Diplomat jedelçi, dawaçyl däl-de, diplomat bolup galmalydyr.

Umuman, ençeme halatlarda çekişmeden, jedelden saklanylmalydyr. Degişme ýagdaýy gowşatmak bilen, muňa ýardam edip biler. Hakykatdan hem, degişme ýürekdeşlik, gadyrdanlyk duýgusyny döretmek bilen, kyn meseleleri çözmeklige hem ýardam edip biler.

Şeýle bir mysala ýüzleneliň. 1961-nji ýylda Sowet Soýuzynda uçar sürüjisi G. Pauers bolan amerikan uçar – razwedçigi U-2 urlup ýykyldy. Şunuň bilen baglylykda Kremlde bolan kabul edişlikde N.S. Hruşewiň, A.I. Mikoýanyň we ABŞ-nyň SSSR-däki Ilçisi L. Tompsonyň arasynda gyzgyn pikir alyşlyk bolup geçdi. Mälim bolşy ýaly, sowet premýeri joşgunly adam bolupdy we ol bada-bat hüjüme geçdi.

N.S. Hruşew(Tompsona ýüzlenmek bilen): Eger men şunuň ýaly zat eden bolsam, onda ötünç sorardym.

L. Tompson: Sowet Soýuzy ABŞ-nyň yzyndan hemişe jansyzlyk edýär, ýöne hiç wagt ötünç soramaýar.

A.I. Mikoýan: (ýagdaýy gowşatmak maksady bilen): Belki-de bu hanym Tompsonyň günäsidir (söhbetdeşlige gatnaşan Ilçiniň aýaly).

Hanym Tompson (söhbetdeşlige goşulmak bilen): Elbetde, bu tutuşlygyna meniň günäm we geliň, indi bu barada gürlemäliň.

Degişme, hakykatdan hem, söhbetdeşligi janlandyrýar, söhbetdeşleri ýakynlaşdyrýar, ýöne ol ýaňsa öwrülmeli däldir.

Kinaýaly degişme diplomatik söhbetdeşlikler üçin düýbünden ulanarlykly däldir. Diplomata hüşgärlik hemişe mahsus bolmalydyr, degişmede bolsa, ol aýratyn hüşgär bolmalydyr. Şol bir wagtyň özünde hem siziň bolýan ýurduňyzyň we siziň söhbetdeşleriňiziň mentaliteti hemişe göz öňünde tutulmalydyr. Käbir ýurtlarda käbir temalar degişme üçin gadagandyr. Mysal üçin, Amerikada ýa-da Angliýada aýallaryň adyna siziň aýdan degişmäňize söhbetdeşiňiz düşünmän biler. Hatda ol «Siz aýaly ýigrenýän adammy, jenap diplomat?» – diýmek bilen, sizi ýazgaryp hem biler.

Ýene-de bir mysal. Maňa meniň kärdeşlerimiň aýtmaklaryna görä, öz wagtynda Wýetnamda käbir sowet diplomatlary gaýyneneler barada her hili degişmeleri aýtmaklygy halapdyrlar, ýöne wýetnamlylardan hiç biri muňa gülmändir. Soňra görlüp otyrylsa, bu ýerde gaýynenäni gülkä öwürmek asla akyla sygmaýan zat hasaplanýar eken. Başgaça aýdylanda, Wýetnamda gaýynene maşgalanyň iň hormatlanýan agzasy bolup durýar.

**Diplomatik söhbetdeşlikleriň görnüşleri.** Bu meselä seretmäge geçmek bilen, ilkinji nobatda, resmi çagyryş boýunça geçirilýän söhbetdeşlikleriň diplomatik söhbetdeşlikleriň arasynda has kyny we jogapkärçiliklisi hasaplanýandygyny nygtap geçeliň. Munuň sebäbi, söhbetdeşligiň bu görnüşinde diplomatyň bolýan ýurdunyň daşary işler ministri, ministriň orunbasary tarapyndan çagyrylýan wagtynda, onuň şol ýerde boljak gürrüňiň näme barada barjakdygyny bilmeýänligidir. Şeýle ýagdaýda, diplomat özüne berlen soraga ýa-da teklibe bada-bat jogap berýär, üstesine-de, elbetde, şol jogap onuň hökümeti tarapyndan makullanylan bolmalydyr. Şol bir wagtyň özünde hem, eger diplomatyň öňünde goýlan mesele boýunça onuň ýolbaşçylygyndan anyk görkezme bolmadyk ýagdaýynda, onda onuň söhbetdeşiň aýdanlaryny diňläp, oňa zerur bolan soraglary berip we bu mesele boýunça öz hökümetinden käbir düşündirişleri almalydygyny mälim edip, söhbetdeşiň soraglaryna bada-bat jogap bermezlige hu-

kugy bardyr. Çagyryş boýunça geçirilýän söhbetdeşlikde göreldeçilik, elbetde, siziň söhbetdeşiňize degişli bolup durýar.

Söhbetdeşligiň indiki görnüşi, ol hem **döwletiň, hökümetiň we DIM-iň ýolbaşçylarynyň tabşyrmagy boýunça geçirilýän söhbetdeşlikdir.** Söhbetdeşligiň bu görnüşinde göreldeçilik duşuşyga barýan wezipeli adama degişlidir.Ilçiniň döwletiň Ýolbaşçysy – monarhy ( döwletiň ýalňyz hökümdary), Prezidenti ýa-da daşary işler ministri bilen duşuşyklary has möhüm söhbetdeşliklerdir. Şeýle duşuşyklar käbir ýurtlarda gaty seýrek, başgalarda bolsa has ýygyrak bolup geçýär, ýöne iki ýagdaýda-da olar ilçihananyň durmuşyna hemişe waka hökmünde girýär. Öňler, has takygy, XVIII-XIX asyrlarda we XX asyryň başynda ilçileriň monarhlar bilen duşuşyklary ýygy-ýygydan bolup geçipdir. Bellemeli zat, ol hem halkara hukugynyň hem, häzirkizaman diplomatik tejribäniň hem, aragatnaşyklaryň şu görnüşiniň hökmanylygyny göz öňünde tutmaýandyklarydyr. Şeýle derejelerdäki aragatnaşyklar döwletiň agramyna, halkara gatnaşyklarynda onuň roluna we ol ýa-da başga bir döwlet bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ýagdaýyna bagly bolup durýar.

Adatça, ilçiniň bolýan ýurdunyň Prezidenti we Premýer-ministri bilen duşuşygy haçanda ilçiniň Hökümeti ilçiniň bolýan ýurdunyň ýolbaşçysyna haýsy hem bolsa bir teklip bilen şahsy hat arkaly ýüzlenende bolup geçýär (şahsy hat, adatça, ýazmaça, ýöne kähalatlarda dilden hem bolup biler). Sowet diplomatiýasy öz wagtynda şeýle hatlara örän giňden ýüzlenipdi.

Şu ýerde «Şahsy haty gowşurmakda diplomatik wekilhananyň ýolbaşçysynyň roly nähili bolmaly?» diýen sorag gelip çykýar. Bu barada birinji nukdaýnazara laýyklykda, ilçiniň wezipesi haty ýöne gowşurmakdan ybarat bolup durýar we munuň özi ugradylýan resminamanyň uly ähmiýetinden habar berýär. Resminama poçta ýa-da adaty hat gatnadýan adamyň üsti bilen ýollanman, eýsem ony ilçi öz eli bilen döwlet Baştutanyna gowşurýar. Mundan hem başga, eger hata gyssagly jogap berilse, onda ilçi şol jogaby diňleýär. Bu nukdaýnazaryň garşydaşlary bolsa hatyň Prezidentiň (Premýeriň) şahsy wekili bolan ilçi tarapyndan gowşurylmagyny şahsy hatyň esasynda pikir alyşmalara, gepleşiklere başlamaga bolan çagyryş

diýip düşünýärler (Awtor hem şu nukdaýnazary doly esaslandyrylan diýip hasap edýär).

Tabşyryk boýunça geçirilýän söhbetdeşlikler köp halatlarda daşary işler ministri ýa-da onuň orunbasary bilen bolýar. Daşary işler ministri, adatça, diplomatik wekilhananyň ýolbaşçysy bilen duşuşmak üçin elýeterli bolýar. Onuň bilen duşuşyklar, adatça, telefon üsti bilen gepleşilýär. Ýokary derejedäki şeýle duşuşyklar aýratyn möhüm meseleler boýunça geçirilýär. Ondan pesräk möhümligi bolan meseleler boýunça diplomatik wekilhanalaryň ýolbaşçylary we olaryň agzalary ministrligiň degişli işgärleri bilen duşuşýarlar.

Köp halatlarda premýer, ministr bilen duşuşyk guralýan wagtynda duşuşyga berilýän wagt hem aýdylýar. Ýokary, iň ýokary derejede geçirilýän söhbetdeşlikler aýratyn taýýarlygy talap edýär. Olar doly resmi häsiýete eýedir we iň möhüm, çylşyrymly we ýiti meselelere bagyşlanýar. Olar beýleki tarap tarapyndan hem üns bilen ýazylýar.

Kähalatlarda ilçihanalarda söhbetdeşiň beräýmegi ahmal soraglarynyň sanawy we olara jogaplaryň taslamasy taýýarlanylýar. Söhbetdeşlikden soň berlen we berilmedik soraglar seljerilýär.

Söhbetdeşligiň indiki görnüşi diplomatyň **başlangyjy we çagyrmagy boýunça geçirilýän söhbetdeşliklerdir.** Söhbetdeşligiň bu görnüşinde esasy göz öňünde tutulmaly meseleleriň biri, ol hem protokolyň aýratyn berjaý edilmegidir. Eger diplomatdan duşuşyk barada soramak isleseňiz, onda, ozaly bilen, duşuşyk ýa-da öz ýanyňyza çagyrjak adamyňyzyň derejesi göz öňünde tutulmalydyr. Mysal üçin, eger bolunýan ýurtda ilçi we geňeşçi bar bolan wagtynda, onda ilçihananyň birinji ýa-da ikinji sekretarynyň onuň derejesini göz öňünde tutmazdan, ministriň orunbasary bilen duşuşygy soramagy, elbetde, ýerlikli däldir.

Eger siz jogap ertirligini, naharyny berýän bolsaňyz we ozal oňa aýalyňyz bilen bile çagyrylan bolsaňyz, onda siziň hem şeýle etmegiňiz gerekdir. Eger siz esasy myhman hökmünde bir söhbetdeşi çagyrýan bolsaňyz, onda beýleki çagyrylýanlar esasy myhmanyň kim boljagy barada habardar edilmelidir. Şol bir wagtyň özünde hem siziň esasy myhmanyň gowy görýän ýa-da görmeýän zatlaryny göz öňünde tutmagyňyz gerekdir: munuň özi stoluň başynda bolup biläýjek islenil-

meýän kynçylyklary aradan aýrar. Şeýle hem, esasy myhmanyň «ykrar etmeýän» ýa-da onuň bilen gowy aragatnaşykda bolmadyk adamlaryny mümkingadar çagyrmazlyk maslahat berilýär. Mundan hem başga, çagyrylýan myhmanlaryň ählisiniň bir-biri bilen umumy dil, şeýle hem söhbetdeşligiň umumy temalaryny tapmaklary möhümdir.

Ýokary derejedäki söhbetdeşlikler, adatça, özlerinde gizlin habarlary hem jemleýärler. Şeýle habar ýaýradylanda aýratyn üns bermeli zat, ol hem habar bilen bagly adamlaryň atlarynyň tutulmagyna düýbünden ýol berilmezligidir. Häzirki döwrüň edebiýatynda şeýle habarlaryň ýaýradylmagynyň soňky ýyllarda has-da artandygy bellenip geçilýär we bu talabyň kähalatlarda berjaý edilmezligi diplomatiýa uly zyýan ýetirýär. Şeýle bir mysaly getireliň: öz wagtynda SSKP MK-nyň birinji sekretary N.S. Hruşew Germaniýanyň sosialistik bitewi partiýasynyň MK-nyň birinji sekretary W. Ulbrihte SSSR-iň Berlindäki ilçisi G. M. Puşkiniň telegrammalaryny görkezipdir. Şol telegrammalarda bolsa sowet ilçisiniň Germaniýanyň sosialistik bitewi partiýasynyň ýolbaşçylygyndaky ýagdaýa tankydy garaýyşlary bar ekeni. Şondan soň ( munuň nemes dostlaryň berk talap etmegi bilen bolmagy gaty ahmal), G. M. Puşkin Berlinden gaýtmaga mejbur bolupdyr.

Aýratyn hem, eger kabul edişlik siziň başlangyjyňyz bilen bolup geçýän bolsa, onda hiç bir halatda duşuşyga gijä galynmaly däldir, çagyrylýanlaryň derejesine baglylykda myhmanlary garşylamaga öňünden taýýar bolunmalydyr.

Adaty duşuşyklardan tapawutlylykda, stoluň başyndaky söhbetdeşliklerde hiç hili ýazgy alnyp barylmaýar: şeýle duşuşyklara, adatça, ilçihananyň bir diplomaty çagyrylýar we oňa hojaýyn lançyň, naharyň tamamlanmagy bilen söhbetdeşligiň ýazgysyny, belki-de, telegrammanyň proýektini hem taýýarlamaklygy tabşyrýar.

Kähalatlarda söhbetdeşlikde siziň pikir etmedik we şunlukda, olara taýýarlanmadyk, başgaça aýdanymyzda, garaşylmadyk soraglaryň ýüze çykmagy mümkindir. Eger siz şol soraga bada-bat jogap bermek mümkin däl we şol sorag aýratyn öwrenilmeli diýip hasap etseňiz, onda şol soraga jogabyň indiki duşuşykda beriljekdigine söz berip bilersiňiz. Şol bir wagtyň özünde, soraga bada-bat mej-

bury ýagdaýda jogap beräýmeli pursatlar hem bolýar. Garaşylmadyk ýagdaýda goýlan soragdan şowly çykmagyň mysaly hökmünde SSSR Ministrler Sowetiniň Başlygy A.N. Kosyginiň we Hytaýyň Kommunistik partiýasynyň MK-synyň başlygynyň orunbasary Çžow Enlaýyň arasynda bolan gürrüňi getireliň. Bu mysal 1992-nji ýylda Moskwada çap edilen «Diplomatik ýežegodnik» («Diplomatik ýyllyk neşiri») kitabyndan alyndy.

SSSR-iň we Hytaýyň arasynda serhet baradaky gepleşikleriň gidişinde Çžow Enlaý garaşylmadyk ýerden Kosygine dawaly raýonlaryň bardygyny we şol ýerden sowet we hytaý goşunlarynyň çykarylmagyny ykrar etmekligi teklip etdi

Göräýmäge bu iki tarap üçin hem deň-derejede peýdaly (ýa-da peýdasyz) bitarap teklibe meňzedi. Onuň Hytaýa peýdasyz bolup biljegi gümanady, eger şeýle bolmasa, hytaý lideri beýle teklibi mümkin etmezdi. Ýöne onuň Hytaýa näme üçin bähbitlidigine, Russiýa bolsa bähbitlidigine ýa-da däldigine nädip bada-bat baha berjek? Islendik ýagdaýda bu gürrüň üçin predmet bolup durýana çalym etdi. A.N. Kosygin meseläniň howpludygyna düşündi we aralyk jogap berdi.

Kosygin: Eýsem dawaly raýonlary nähili kesgitläp bolar we hytaý tarapy dawaly etrap diýip nämä düşünýär?

Çžow Enlaý galam we kagyz aldy we muny nähili etmelidigini görkezip başlady.

Kosygin: «Eger men galam alsam, onda ol hytaý tarapyna, siziňki bolsa sowet tarapyna gider – diýip, ony saklady. – Bu meseläni gaty gowy bilýän adamlardan wekiliýetleri döretmek barada ylalaşmagymyz gerek. Goşunlary yza çekmek barada. Biz gideris, siz bolsa çägi alarsyňyz, şonda näme bolar? Ýagdaýyň ýitileşmegimi?»

Şunlukda, bu mesele bilelikdäki ylalaşyklardan aýrylypdyr.

**Diplomatlaryň biri-biri bilen söhbetdeşlikleri** hem örän möhüm ähmiýete eýedir. Diplomatik durmuşyň esasy aýratynlyklaryndan biri – ol hem dürli ýurtlaryň diplomatlarynyň arasynda dostlukly, hatda ýürekdeş gatnaşyklaryň döremegidir we ösmegidir. Özlerini diplomatiýa kärine bagyşlan ýaş adamlar durmuşynyň tutuş dowamynda dünýäniň ýurtlarynyň paýtagtlarynda birleşýärler we

aýrylyşýarlar, ýene-de täzeden duşuşýarlar, olar, takmynan, şol bir zatlary başdan geçirýärler, takmynan, şol bir depginler bilen gulluk basgançagyndan ýokary galýarlar we duşuşan wagtlary kanagatlanmany başdan geçirmän bilmeýärler. Şu kitabyň awtorynyň, ýagny meniň şahsy tejribämden belli bolşy ýaly, käbir kärdeşlerim bilen emele gelen mähirli gatnaşyklarymyz maňa peýdaly bolupdy. Şol gatnaşyklar maňa gymmatly maslahatlary, şeýle hem olary halkymyzyň bähbitleri üçin ulanan möhüm habarlary almaga ýardam edipdi.

Diplomatlaryň söhbetdeşlikleri professional häsiýete eýe bolýar, olar bir-biri bilen işdeşler ýaly söhbetdeşlik edýärler, artykmaç diplomatik çemeleşmeler etmezden, has açyk we esasan hem, ynanç esasynda dürli we dogry habary almaklyga deň derejede gyzyklanýarlar. Olaryň alyşýan maglumatlary döwlet syrlary däldir, ýöne olar bolunýan ýurduň syýasatyna düşünmekde örän möhümdir. Diplomatlar bir-birine ýarym sözden düşünýärler, olaryň söhbetdeşligi özara gyzyklanmanyň we ynamyň netijesi bolup durýar.

Şu ýerde ýene-de bir möhüm ýagdaýy aýratyn nygtap geçmekçi: dürli ilçihanalaryň aragatnaşyklary biri-biriniňkiden esli tapawutlanýarlar we şunlukda olaryň alýan habarlary hem beýleki ilçihanalaryň habaryndan tapawutlanýar

**Işewür toparlaryň wekilleri bilen söhbetdeşligi alyp barmagyň hem öz aýratynlygy bardyr.** Bolunýan ýurduň işewür toparlaryny, maliýe işgärlerini, telekeçilerini, söwdagärlerini Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalarynda ýurdumyzyň ykdysady we maliýe ýagdaýy bilen bagly anyk meseleler gyzyklandyrýar. Ilçihanalarymyzda olar hyzmatdaşlygy ýola goýmak we ösdürmek boýunça degişli maslahatlar almak isleýärler. Şeýle şertlerde biziň diplomatlarymyzdan ykdysady we tehniki meselelerden gowy baş çykarmaklyk, olaryň önümçiligi we söwdany guramaklygy, gümrük we nyrh şertlerini bilmekleri talap edilýär.

Işewür toparlaryň wekilleri söhbetdeşligiň özleri üçin netijeli, peýdaly bolmagyny, biderek wagt ýitirme bolmazlygyny isleýärler. Atly işewür adamlar bilen söhbetdeşlikler has ýönekeý, formal däl ýagdaýda, elbetde, şerebeli sözsüz alnyp barylsa, gowy bolar, sebäbi olar ynamy we ak ýürekliligi hemme zatdan ileri tutýarlar. Işewür

adamlar bilen duşuşyga biziň ýurdumyzyň şol ýurtdaki söwda wekilini, ilçihananyň degişli geňeşçisini çagyrmak peýdaly bolar.

**Diplomatlaryň we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň (metbugat wekilleriniň) arasyndaky gatnaşyklar.** Bu gatnaşyklar örän çylşyrymlydyr. Geliň, olaryň käbir meselelerine gysgaça seredip geçeliň.

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri bilen aragatnaşyklar ilçihana žurnalistlerden habar almak, olar bilen habar alşygyny etmek, şeýle hem ýurduň jemgyýetçilik pikirine täsir etmek nukdaýnazaryndan örän möhümdir. Meşhur fransuz diplomaty Ž.Kambonyň pikiriçe, gowy žurnalist gowy diplomat ýalydyr, iň bolmanda, gowy reporterdyr we habar berijidir.

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň maglumatlary diplomatlara habaryň goşmaça çeşmelerini berýärler. Ýöne, ilçihananyň işinde KHBS-niň maglumatlaryndan peýdalanylanda, ol ýa-da başga neşire nähili derejede ynanyp boljakdygy, habarçynyň ýeterlik derejede başarjaňlygy, onuň çeşmeleriniň gizlinliginiň derejesi, onuň özüniň materialy seljermekde anyklygynyň derejesi barada soraglar döreýär. «Dördünji häkimiýet» diýilýäniň, ýagny KHBS-niň käbir edaralarynyň mysalynda olaryň obýektiw däl tankyda ýa-da maksada okgunly mahabatlandyrmalara ýol berýän halatlaryna duş gelinýändigi aýdyňdyr. Bu ýerde mesele ol ýa-da beýleki köpçülikleýin habar beriş serişdesiniň, ol ýa-da başga žurnalistiň jogapkärçiliginiň derejesiniň, olaryň habarlarynyň hakykylygynyň diplomatyň netijeleri we bahalary üçin esas bolup durýanlygyndadyr.

Ikinji jahan urşuna çenli metbugat döwlet ýolbaşçylary tarapyndan äsgermezlik edilipdir. 1871–1890-njy ýyllarda German imperiýasynyň ilkinji reýhskansleri bolan O.Bismark halk köpçüliginiň daşary syýasata täsir edip, hatda şol syýasaty kesgitläp biljegine ynanmandyr, wagtal-wagtal bolsa, ol eýýäm özi tarapyndan kabul edilen kararlaryň peýdasyna jemgyýetçilik pikirinden mekirlik bilen peýdalanypdyr.

Iňlis hökümeti diňe sözde jemgyýetçilik pikiriniň, şol sanda metbugatyň hem daşary syýasatyň işine goşulmagyny ikiýüzlülik bilen boýun alypdyr. Ýaragsyzlanmak işine goşan goşandy üçin

1931-nhi ýylda Nobel baýragyna mynasyp bolan (Adolf Gitleriň häkimiýete gelmeginiň öňüsyrasynda, haçanda Germaniýa güýçli depginde ýaraglanyp başlan wagtynda) Angliýanyň daşary işler ministri (1929–1931) A. Genderson daşary syýasatyň meselelerine jemgyýetçilik pikiriniň, hamana, «parhsyzlygyndan» zeýrenipdir.

Ikinji jahan urşundan soň ýagdaý gowulyga tarap üýtgäpdir, hökümetler KHBS-ä has köp üns bermäge borçly bolupdyrlar, ylmy barlagçylaryň pikirine görä, soňkularyň üstünligi belli derejede ilçihanalaryň, olaryň metbugat attaşeleriniň başarjaňlygyna, diplomatlaryň žurnalistler, redaktorlar, KHBS-niň ýolbaşçylary bilen gatnaşyklarynyň täsirliligine bagly bolup durýar.

Indi **diplomatlaryň we metbugat işgärleriniň arasyndaky söhbetdeşlikler** barada gysgaça aýtsak, onda diplomatlaryň hem, žurnalistleriň hem habar almak ýaly bir maksadynyň bardygyny belläp geçeliň. Ýöne žurnalistler şol habary köpçülikleýin habar beriş serişdelerine, diplomatlar bolsa habary öz hökümetlerine berýärler.

Şol bir wagtyň özünde, bu iki hünäriň arasynda esli tapawutlar hem bardyr. Iňlis diplomaty Ç.Taýeriň özüniň «Diplomat» atly kitabynda belläp geçişi ýaly, «diplomatlar syry saklamak üçin çalyşýarlar, žurnalistleriň maksady bolsa şol syr barada aýtmak bolup durýar». Şol bir wagtyň özünde hem edebiýatda, hatda žurnalistikanyň diplomatiýanyň ýerini tutup biljek serişde bolup durýandygyny, wakalary şöhlelendirmekde onuň bäsdeşi bolup durýandygyny tassyklaýanlar hem bardyr.

Žurnalistler bilen söhbetdeşlikleri diplomatlaryň berýän metbugat maslahatlary ýa-da interwýuleri bilen garyşdyrylmaly däldir. Duşuşyklaryň bu iki görnüşiniň dürli wezipeleri bardyr. Metbugat maslahatyny bermek bilen diplomat özüniň aýdan ähli zatlarynyň çap edilmegini ýa-da şöhlelendirilmegini isleýär. Söhbetdeşlikler beýle maksady yzarlamaýar. Üstesine-de, žurnalistler bilen gepleşmek bilen, diplomat olar bilen özüniň aýdan zatlarynyň çap edilmezligi (off the record) ýa-da onuň aýdan zatlaryna salgylanmazdan metbugata (radio) berlip bilinmegi barada şertleşip biler. Söhbetdeşlik wagtynda diplomat käbir zatlary özüne salgylanmak bilen çap etmeklige razy-

lyk berip biler (interwýuden tapawutlylykda söhbetdeşlik magnit ýazgysyz geçirilýär).

Elbetde, söhbetdeşlik etmek üçin diplomatyň, ozaly bilen, söhbetdeşiniň meşhurlygy we onuň gazetiniň abraýy, žurnalistiň diplomatyň söhbetdeşligini ýoýup biljegi ýa-da bilmejegi barada oýlanmagy gerekdir. Söhbetdeşlik wagtynda diplomata žurnalistiň wekilçilik edýän gazeti (telekompaniýasy, radiokanallary, KHBS-niň beýleki serişdeleri), olaryň täsirliligi barada žurnalistiň pikirini bilmegiň peýdaly bolmagy-da ahmaldyr.

Käbir tejribeli diplomatlar metbugatyň wekilleri bilen söhbetdeşliklerde diplomatlara öz şahsy pikirine salgylanmakdan gaça durmaklaryny maslahat berýärler. Ähli ýagdaýlarda ilçi we diplomatik wekilhananyň işgärleri resmi wekiller bolup durýarlar we olaryň aýdýan ähli zatlary resmi hökmünde kabul edilýär. Elbetde, kabul edişlik ýaly resmi söhbetdeşliklerde kähalatlarda şahsy pikirlere salgylanmaklyga ýol berilýär. Ýöne bu kadadan çykma aýdylan pikire resmi däl häsiýet bermek, onuň hökmanylygyny peseltmek üçin ulanylýar.

Diplomatlara diňe bir merkezdäki däl, eýsem welaýatlardaky metbugatyň, radionyň we telewideniýäniň wekilleri bilen aragatnaşyk saklamak, söhbetdeşlik etmek hem örän peýdalydyr. Welaýat metbugaty kähalatlarda etraplaryň, hatda ýurduň bähbitlerini has gowy şöhlelendirýär. Hut şonuň üçin hem ABŞ-nyň Döwlet departamentiniň, iňlis Forin offisiniň XX asyryň 60-80-nji ýyllarynda özleriniň diplomatlaryna yurt boýunça işçi gezelençleri ýygy-ýygydan amala aşyrmaklygy, habarçylar, işewür adamlar bilen duşuşmaklygy tabşyrmaklary ýöne ýerden däldir.

Ençeme ýurtlarda welaýat žurnalistleriniň assosiasiýalary hereket edýärler we olar her aý diýen ýaly döwletiň merkezinde ýygnanýarlar. Ilçihanalar ilçi we metbugat attaşesi derejesinde şeýle assosiasiýalar bilen aragatnaşyklary ýola goýýarlar.

Şu ýerde, şu aşakdaky mesele boýunça hem halkara tejribäniň umumylaşdyrylmagynyň gyzyksyz däldigini belläp geçeliň. Bu ýerde gürrüň ençeme döwletleriň başga döwletlerde diňe bir özleriniň ilçihanalaryny däl, eýsem merkezi gazetleriniň, habar agentlikleriniň,

radio we telewideniýäsiniň wekillerini hem akkreditleýändikleri, şunlukda, ol ýa-da başga ilçihananyň işinde onuň wekilçilik edýän ýurdunyň habarçylar korpusy bilen aragatnaşyklaryň möhüm orun tutýandygy barada barýar.

Habarçylar, adatça, ilçihanada bar bolan habara we diplomatlaryň maslahatlaryna mätäçlik çekýärler we öz ýurtlarynda bolup geçýän özgerişliklere gowy düşünmek isleýärler. Öz gezeginde, ilçihana hem habarçylaryň kömegine mätäçlik çekýär, sebäbi gowy žurnalistleriň aragatnaşyklarynyň çägi diplomatlaryňka garanyňda esli giňdir: olar diplomatlar bilen deňeşdirilende, firmalara, zawodlara, köpçülikleýin çärelere has köp barýarlar, bolunýan ýurduň ylmy we medeni durmuşyna has işjeň gatnaşýarlar. Şunlukda, olaryň ýurt, onuň raýatlary baradaky düşünjeleri hemişe diplomatlaryňky bilen birmeňzeş bolmaýar. Diplomatlar, adatça, resmi adamlar, beýleki döwletleriň diplomatlary bilen işleýärler, žurnalistler bolsa ýurduň ilatynyň giň toparlarynyň durmuşyny öwrenýärler. Žurnalistler şeýle hem diplomatlaryň aragatnaşyklarynyň giňelmegine ýardam edip, ol ýa-da başga habary barlamaga kömek edip bilerler.

Umuman, öz ýurduň habarçylary bilen hyzmatdaşlyk özara peýdalydyr, sebäbi ol ilçihanany hem, žurnalistleri hem baýlaşdyrýar. Käbir ilçihanalarda ýola goýlan düzgüne laýyklykda, her iki hepdeden geňeşçi-wekil öz ýurdunyň şol ýurtda akkreditlenen habarçylary bilen ýygnak geçirýär, her iki aýdan bolsa olar bilen ilçi duşuşýar.

**Diplomatlaryň ylmy-tehniki intelligensiýanyň wekilleri, ýokary mekdebiň we medeniýet işgärleri bilen aragatnaşyklary.**

Ençeme ýurtlaryň diplomatiýasy ylmy-tehniki intelligensiýa, ýokary mekdebiň, medeniýet we sungat işgärleri bilen aragatnaşyklara uly ähmiýet berýär. Munuň sebäbi şol aragatnaşyklaryň habary diplomata aýratyn möhüm bolan adamlaryň toparyny giňeldýänligindeder. Ylmy-tehniki intelligensiýa bilen aragatnaşyklar ýurduň ykdysady meselelerine we olaryň çözgüdiniň ýollaryna düşünmäge kömek edýärler.

Ýurduň dolandyryjy toparlary jemgyýetiň intelligensiýasynyň görnükli wekilleriniň, uly alymlarynyň pikirlerini üns bilen diňleýär-

ler. Diplomatlar ýurtda uly hormatdan peýdalanýan uniwersitetleriň, institutlaryň professorlary, wekilleri bilen aragatnaşyklara aýratyn ähmiýet berýärler. Olar bilen aragatnaşyklar, elbetde, diplomatlardan aýratyn taýýarlygy talap edýär, ýöne şol taýýarlygyň diplomatyň söhbetdeşleriniň aýtjak pikirleri bilen özüni aňryýany bilen ödejekdigi aýdyňdyr.

**Soraglar:**

**1.** Habar nukdaýnazaryndan diplomatyň dürli köpçülikleýin çärelere gatnaşmagy näme üçin peýdaly bolup biler?
**2.** Söhbetdeşligi başarnykly alyp barmak üçin diplomata nähili talaplar bildirilýär?
**3.** «Köne» we «täze» diplomatiýanyň aratapawudyny nämede görýärsiňiz?
**4.** «Empatiýa» näme?
**5.** Diplomata öz söhbetdeşini diňläp bilmek endigi hökmanmy?
**6.** Ilkinji söhbetdeşligiň aýratynlyklary nämeden ybarat?
**7.** Söhbetdeşlikde jedel, degişme nähili orun tutýar?
**8.** Söhbetdeşligiň nähili görnüşlerini bilýärsiňiz?

## §3. Nädogry habar. Gönükdirilen habar

Habaryň dürli çeşmeleri bilen işleýän diplomat döwletara ýa-da içeri-syýasy göreşiň maksatlary üçin ýörite toslanyp tapylan çeşmeleriň esasynda taýýarlanylýan materiallara hem wagtal-wagtal duş gelýär. Habaryň bu görnüşi «Nädogry habar», ýa-da «Ýalan habar» diýlip atlandyrylýar. Nädogry habar – munuň özi öz işini has täsirli alyp barmak maksady bilen kimdir biriniň öz garşydaşyna, işewür hyzmatdaşyna ýalan habar bermegidir. Habar bilen hilegärlik, pirim edilmegi hem ýalan habar ýa-da ýalan habar bermek diýlip atlandyrylýar. Munuň özi doly däl ýa-da doly, ýöne eýýam ähmiýetini ýitiren habary ýaýratmak, habaryň manysyny, onuň bölegini ýoýmak arkaly kim-de bolsa birini ýalňyşdyrmakda öz beýanyny tapýar.

Habaryň bu görnüşi ýörite gulluklar, wyždany arassa bolmadyk žurnalistler we başgalar tarapyndan taýýarlanylýar we ýaýradylýar. Nädogry habar materiallarynyň ählisi üçin umumy zat, ol hem delilsizlikdir, nireden peýda bolan bolsalar hem, ilkibaşdaky çeşmeleriň bolmazlygydyr ýa-da olaryň şübheliligidir.

Nädogry habar bilen baglylykda ýene-de bir zady aýratyn belläp geçeliň: bu ýerde gürrüň toslama habarlaryň, ozaly bilen, şeýle habarlary öz bähbitleri üçin goldamaga we ýaýratmaga taýýar jemgyýetçilik we syýasy toparlara gönükdirilendigi barada barýar.

Bilermenler nädogry habar bermek düşünjesiniň garşydaşa, aýratyn hem, harby häsiýetli ýalňyş maglumatlary bermekligi aňladýandygyny, munuň sebäbiniň bolsa, şeýle usulyň harby hereketler taýýarlanylýan wagtynda we olaryň gidişinde giňden ulanylýandygyny belleýärler. Eger garşydaş bu habary kabul edýän bolsa, onda ol hakykatda özüne howp abandyrmaýan zatlaryň öňüni almak üçin degişli çäreleri amala aşyryp başlaýar. Netijede bolsa, ol özüne garaşmaýan ýerinden urgy urdurýar.

Mysal üçin, Gitler Germaniýasynyň Sowet Soýuzynyň üstüne çozmagynyň öňüsyrasynda german komandawaniýasynyň hakyky maksatlaryny gizlemek maksady bilen german ýörite gulluklarynyň kuwwatly tory meşgul bolupdyr. Şonda tutuş döwletiň çäginde sowet ýolbaşçylygyna strategiki nädogry habar bermek uçin çäreleriň giden toplumy amala aşyrylypdyr. Hususan-da, gitlerçi ýörite gulluklaryň taýýarlan we Çehoslowakiýanyň ýolbaşçylarynyň üsti bilen (hususan-da, «Beneşiň telegrammasy» atlandyrylan toslama) Staline ýetirilen toslamalaryň agyr netijesi bolupdyr. Şol toslamalarda hamana Gyzyl Goşunyň hatarlarynda Staline garşy dildüwşükligiň taýýarlanylýandygy barada habar berlipdir. Netijede, Stalinde daş-töweregine onsuzam çägi bolmadyk ynamsyzlyk has-da artypdyr, onuň pidalary bolsa Gyzyl Goşunyň M. Tuhaçewskiniň ýolbaşçylygyndaky görnükli serkerdeleri bolupdyrlar. Taryhdan, durmuşdan şular ýaly toslamalaryň mysalyny näçe diýseň getirip bolar.

Nädogry habar bermek üçin dürli usullar ulanylypdyr we ulanylyp gelinýär. Şol usullaryň biri garşydaşa doly hakyky ýa-da hakykata gaty golaý bolan maglumatlaryň ýetirilmegidir. Ýöne onuň şol

maglumatlara ynanmazlygy, şol maglumatlary onuň hakyky däl hasap etmegi üçin, garşydaşa şol maglumatlaryň özlerine ynam döretmeýän kanallaryň üsti bilen ýetirilmegidir. Mysal üçin, 1941-nji ýylyň tomsunda Rumyniýadan we derbi-dagyn edilen Polşadan habar berýän adamlar şol ýerlerde ýerleşdirilen nemes goşun bölekleriniň ofiserleriniň SSSR-iň garşysyna urşuň iýun aýynyň ikinji ýarymynda başlajakdygy barada düýbünden açyk aýdýandyklary barada habar beripdirler. Ýöne şeýle harby syr barada Wermahtyň, ýagny faşistik Germaniýanyň ýaragly güýçleriniň her bir ofiseriniň habarly bolmagyny göz öňüne getirmek mümkinmi?

Ýokarda hem bellenip geçilişi ýaly, nädogry habaryň öz maksadyna ýetmegi, onuň hiç hili ynamsyzlyk döretmezligi üçin, ol ýeterlik hakyky bolup görünmelidir we hakykatdan daşda bolmaly däldir. Nädogry habaryň bolup biljek garşydaşa ýetirilýän ýoly hem ynandyryjy bolmalydyr. Netijede, ýalňyşlyga alyp barlan ýa-da garşydaş, hakyky bolmadyk zady hakykat hökmünde kabul edýär.

Nädogry habar şeýle hem gizlin maglumatlaryň, şol sanda ýokary wezipeli adamlaryň we syýasatçylaryň «şahsy pikirleriniň» ýaýradylmagy arkaly hem alnyp barylýar. Ýöne beýle ýagdaýlary barlamaklyk hemişe wagt we serişde çykdajylary bilen bagly bolýar.

Elbetde, köp ýurtlarda nädogry habary ýaýratmaklygy gadagan edýän kanunlar bardyr. Ýöne muňa seretmezden, şeýle habarlaryň ýaýradylmagy dowam etdirilýär. Muňa subutnama hökmünde şeýle bir mysaly getireliň: 2002-nji ýylyň fewralynda BBC-niň Waşingtondaky habarçysy Karwer Pentagonyň «gara propagandadan we nädogry habardan» hem peýdalanmagy aradan aýyrmaýan «strategiki täsir» bölümini döretmegi öwrenýändigini habar berdi. ABŞ-nyň kanunlary amerikan köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde «gara propagandanyň» ýaýradylmagyny gadagan edýärler. Ýöne Karwer amerikan žurnalistine haýsydyr bir daşary ýurt çeşmesinden gelen habary çap etmezlige hiç kimiň päsgel berip bilmejekdigini tassyklady.

Habaryň nädogry habara ýakyn görnüşi, ol hem **gönükdirilen, galplaşdyrylan habardyr.** Eýsem gönükdirilen habar näme? Gönükdirilen habar – munuň özi köp halatlarda ähtibarly maglumatlardyr we şol bir wagtyň özünde hem nädogry habaryň aýry-aýry bölekleridir.

Beýle habarlaryň maksady şol habarlar niýetlenen adamlary islenilýän ugur boýunça ädim ätmäge mejbur etmek bolup durýar. Elbetde, beýle habar takyklyk, aýdyňlyk, gizlinlik, möhümlik, öz wagtyndalyk ýaly hökmany ölçeglere laýyk gelýär.

Gönükdirilen habar bilen baglylykda şeýle mysallara ýüzleneliň. Dünýäniň haýsy hem bolsa bir nokadynda harby gapma-garşylygyň ýüze çykmagy bilen, uruşýan taraplaryň ikisi hem özleriniň gözegçilik edýän metbugatyna hökmany suratda senzura, ýagny aýratyn gözegçilik girizýärler, her tarap öz hereketlerini gahrymanlaşdyrýar, üstünliklerini has-da mahabatlandyrýar, garşydaşynyň hereketlerini bolsa peseldýär. Şonuň üçin hem hiç bir professional synçynyň ýa-da seljerijiniň uruşýan taraplaryň ikisiniň hem maglumatlaryny ulanmajagy düşnüklidir. Ol ýa-ha gapma-garşylyga gatnaşýanlaryň ikisiniň hem habaryny deňeşdirer, ýa-da dawanyň netijesine gyzyklanma bildirmeýän üçünji tarapyň delillerine ýüzlener, ýa-da wakalar barada öz pikirini döretmek üçin, harby hereketleriň bolup geçýän ýerine baryp görmegiň mümkinçiligini gözlär.

Ýene-de bir mysal. Dürli edebiýatlardaky deliller «psihologiki uruş» eýýamynda ABŞ-nyň razwedka müdirligi tarapyndan öňki SSSR-iň garşysyna Owganystan temasy bilen baglylykda gönükdirilen habary we nädogry habary ýaýratmak maksady bilen resmi we diplomatik kanallaryň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň, hökümet we hökümete degişli däl radiostansiýalaryň we ş.m. ulanylandygy barada şaýatlyk edýärler. Şol döwürde Sowet Soýuzynyň daşary işler ministriniň birinji orunbasary we şol bir wagtyň özünde hem SSSR-iň Owganystandaky Adatdan Daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi bolup işlän Ýuliý Woronsowyň aýtmagyna görä, nädogry habar bermegiň depesi bolup, ýörite gulluklaryň kanallary boýunça Moskwa ýollanan telegramma bolupdyr. Onda saldamly, ygtybarly çeşmelere salgylanmak bilen, Waşingtonda, soňra olary Owganystana aşyrmak maksady bilen Pakistanyň kenarlaryna bortlarynda desantçylar bolan harby gämileri ýollamak barada kararyň kabul edilendigi habar berlipdir. Amerikan gämileriniň barmaly portlary görkezilipdir, şol döwürde Jelalabat

şäheriniň (Owganystan) golaýynda suw işleri bilen meşgul bolan amerikan hünärmenleriniň hakykatda geljekki desantyň esasy zarba urujy bölegi bolup durýandygy aýdylypdyr. 1995-nji ýylda Moskwada çap edilen «Дипломатический ежегодник» kitabynyň muňa şaýatlyk edişi ýaly, hut şol habardan soň, hatda A.A. Gromyko ýaly has hüşgär sowet ýolbaşçylary hem Owganystana sowet goşunlarynyň girizilmegine garşylyk görkezip bilmändirler.

Häkimiýet ugrundaky göreş bilen bagly bolan habaryň hem gönükdirilen häsiýeti bolup biler. Özüni mahabatlandyrmak we garşydaşyny abraýdan düşürmek üçin çalşylmagy hatda özüniň berk demokratik institutlary bilen tapawutlanýan ýurtlarda hem seýrek bolmaýar. Bu hapa işde habar beriji deliller bihaýalyk bilen ýoýulýar, syýasy garşydaşyň aýdanlary galplaşdyrylýar we ş.m. Baryp Uinston Çerçill «demokratiýa häkimiýetiň ýaramaz görnüşidir, ýöne galan görnüşleri has-da ýaramazdyr» diýip aýdypdyr.

Nädogry habar berijileriň hatarynda ýörite gulluklaryň wekillerinden hem başga juda salyhatly däl söhbetdeşleriň çykyş etmekleri hem seýrek bolmaýar we şunlukda, olaryň sözlerine belli hüşgärlik bilen çemeleşilmelidir. Eger söhbetdeşligiň dowamynda diplomatda özüne nädogry habar berilýändigi barada esas dörese, onda onuň muny aýdyňlaşdyrmaga mümkinçiligi az däldir. Şol mümkinçiliklerden birisi hem şol habaryň çeşmesi barada sypaýyçylykly soramakdyr we söhbetdeşlikden soň onuň dogrudygyny ýa-da nädogrudygyny beýleki hyzmatdaşlar bilen duşuşyklarda täzeden anyklamakdyr.

Ž. Kambon «diplomat üçin iň möhüm sypat ahlak abraýydyr», diýip ýazýar. Kähalatlarda edebiýatda ýalançylygyň mekirlige, soňkynyň bolsa akylyň we ugurtapyjylygyň ýüze çykmasyna deňelýän halatlaryna duş gelse bolýar. Hakykatda ýalançylyk akylyň ýüze çykmasy bolman, eýsem onuň tersine, ol akyl ýetmezçiliginiň subutnamasydyr. Mekirlik düşünjesine we bu düşünjäniň ähli görnüşlerine oňaýsyz häsiýet mahsusdyr.

Daşary-syýasy wekilhananyň habar-seljeriş gullugy diňe bir seljerilen habary taýýarlamaga, ony ýollamaga borçly bolman, eýsem şol habara hiç bir halatda nädogry habaryň we iň adaty ýalanyň

düşmegine hem ýol bermeli däldir. Elbetde, nädogry habary, habaryň gönükdirilen häsiýetini ýüze çykarmak, hakykaty aýan etmek ýeňil iş däldir. Muňa diňe seljeriş işi, dürli çeşmelerden ýeterlik habary toplamaklyk, syýasy çärelere (metbugat maslahatlaryna, ýygnaklara, gurultaýlara we ş.m.) gatnaşmak, barlagyň obýektlerini olaryň taryhy ösüşinde öwrenmek, şeýle hem diplomatyň tejribeliligi kömek eder. Şeýle hem diplomata «Ugursyz syýasatçy ertirki saýlawlar barada, hakyky syýasatçy bolsa Watanyň bähbitleri barada pikir edýär» ýaly belli jümläni ýygy-ýygydan ýatlamaklyk maslahat berilýär.

. . .

Şunlukda, habar çeşmeleri, umuman, habar bilen işlemek, diplomatik işiň esasy we has möhüm görnüşlerinden biri bolup durýar. Kagyza geçirilen habar resminama hasaplanýar we ol diplomatik maksatlar üçin ulanylyp, ozaly bilen, habar hökmünde ýa-da karar kabul etmek we anyk hereketi amala aşyrmak üçin DIM-niň ýolbaşçylygyna ýollanýar.

### Soraglar:

**1.** «Nädogry habar» kimler tarapyndan taýýarlanylýar, ýaýradylýar we ol nähili maksady yzarlaýar?
**2.** «Nädogry habar» barada nähili anyk mysallary bilýärsiňiz?
**3.** Gönükdirilen habar näme we onuň maksady nämeden ybarat?
**4.** Gönükdirilen habar bilen bagly mähili mysallary getirip bilersiňiz?
**5.** Ž. Kambon üçin diplomatyň iň möhüm sypaty nämedir?
**6.** Mekirligi akylyň ýüze çykmasy hökmünde kabul edip bolarmy?
**7.** Diplomatik habara nädogry habaryň we adaty ýalanyň düşmegine garşy nähili serişdeler ulanylýar?

V BAP

# DIPLOMATIK WEKILHANALARYŇ HABAR RESMINAMALARYNYŇ GÖRNÜŞLERI

## §1. Diplomatik resminamalaryň ýyllyk syýasy hasabat, syýasy hat, habar haty, habar ýaly görnüşleri

Diplomatik gulluk öz işinde resminamalaryň dürli görnüşleri bilen iş salyşýar. Olaryň bir topary içerki ýa-da içeriedara resminamalardyr, ikinji topary bolsa, beýleki döwletleriň wekilleri bilen diplomatik hat alşykda ulanylýan daşky resminamalardyr. Geliň, indi Türkmenistanyň diplomatik gullugy tarapyndan onuň içerki işinde we içerki gulluk hat alşygy amala aşyrylanda peýdalanylýan habar resminamalarynyň esasy görnüşlerine seredip geçeliň.

Her bir ilçihananyň, umuman, diplomatik wekilhananyň ýylda bir gezek taýýarlaýan iň möhüm we göwrümli resminamasy, ol hem **ýyllyk syýasy hasabatdyr**. Syýasy hasabat ýylyň esasy habar-seljeriş resminamasydyr we onda geçen kalendar döwrüniň dowamynda diplomatik wekilhananyň bolýan ýurdunyň ösüşiniň jemleri jemlenýär, diplomatik wekilhana tarapyndan edilen işler barada habar berilýär.

Hasabatda, adatça, bolunýan ýurtdaky içeri-syýasy ýagdaýa we onuň ösüş meýillerine baha, häkimiýetiň başynda duran esasy syýasy güýçlere we liderlere gyçgaça häsiýetnama berilýär. Hereket edýän häkimiýetiň berkliginiň, durnuklylygynyň derejesi barada netije edilmegi hem maksadalaýyk bolar, sebäbi mundan ilçihanasyny akkreditlän ýurduň şol ýurt babatda syýasatynyň meýilleşdirilmegi bagly bolup durýar.

Ýyllyk syýasy hasabatyň möhüm bölegi ilçihananyň bolýan ýurdunyň durmuş-ykdysady ýagdaýydyr, geljegi nazarda tutmak bilen onuň ösüş meýillerini ýüze çykarmakdyr.

Syýasy hasabatda ýurduň daşary syýasaty baradaky bölüm, bolunýan ýurduň Türkmenistan, iri ýurtlar, şol sanda biziň ýurdumyzyň goňşylary bilen gatnaşyklary baradaky bölümçe esli ýeri tutýar. Bu ýerde hronologiki ýörelgeden daşlaşylman, ozaly bilen, bolunýan ýurduň Türkmenistan bilen gatnaşyklarynyň hil taýdan ösüşini häsiýetlendirmek möhümdir.

Diplomatik wekilhananyň işiniň esasy manysy onuň gazanan amaly netijeleridir. Şu jähtden, aýdaly, söwda-ykdysady gatnaşyklary işjeňleşdirmek barada haýsydyr bir gepleşikleriň geçirilendigi we resminamalara gol çekilendigi barada aýdyp geçmek ýeterlik däldir, söwda dolanyşygyny artdyrmakda şol ädimleriň ýetiren amaly netijelerini görkezmek möhümdir. Başga sözler bilen aýdylanda, bu ugurdaky işe daşary söwda dolanyşygynyň umumy göwrümi bilen baha berilmegi ýeterlik däldir. Biziň ýurdumyzyň abadanlaşmagynyň hakyky görkezijileri import görkezijileriň peselmegi we ol ýa-da başga ýurda Türkmenistanyň harytlarynyň eksportynyň yzygiderli ösmegidir.

Syýasy hasabata hasap berilýän ýylda ilçihana tarapyndan Türkmenistanyň DIM-ne ýollanan we öz möhümligini saklaýan teklipleriň sanawy, şeýle hem bolunýan ýurduň býujeti, ikitaraplaýyn söwdanyň ýagdaýy ýaly we başga şuňa meňzeş hasabat maglumatlar hem goşulyp bilner. Iki ýurduň arasyndaky haryt dolanyşygynyň ösüşine we ony giňeltmekligiň çärelerine aýratyn ünsüň berilmegi zerurdyr.

Biziň pikirimizçe, ýene-de bir gezek aýratyn nygtalmaly zat, ol hem syýasy hasabatyň hökmany suratda seljeriş, mümkin boldugyça bolsa, çaklaýyş häsiýete eýe bolmalydygydyr. Syýasy hasabat ilçihananyň bolýan ýurdy bilen hyzmatdaşlygy mundan beýläk hem ösdürmek üçin nähili anyk ädimleriň edilmelidigi baradaky netijeler we teklipler bilen tamamlansa, maksadalaýyk bolar. Şol bir wagtyň özünde resminamadaky netijeler we öňe sürülýän teklipler örän gowy oýlanyşylan we esaslandyrylan bolmalydyr.

Syýasy hasabat – munuň özi köpçülikleýin resminamadyr. Şonuň üçin hem diplomatlaryň sany ýeterlik bolan ilçihanalarda ýyllyk hasabaty taýýarlamaklyga diplomatik wekilhananyň uly diplomatlary

ýa-da ähli operatiw-diplomatik işgärleri gatnaşýarlar. Hasabatda şol bir zadyň gaýtalanmazlygy, şeýle hem materiallaryň sepleşip gitmegi üçin, bolunýan ýurduň içeri syýasatyny ýazýan diplomatlaryň topary materiallary ykdysady topar bilen sazlaşdyryp, öz bölüminiň üstünde işleýär. Döwletiň daşary syýasaty baradaky bölümi taýýarlaýan diplomatlar bolsa öz materiallaryny ikitaraplaýyn gatnaşyklar barada ýazýan topar bilen baglanyşdyrýarlar. Syýasy hasabatyň üstünde iş öňünden düzülen we ilçi tarapyndan makullanylan meýilnama esasynda alnyp barylýar. Daşary işler ministriniň adyna ýollanýan syýasy hasabata ilçihananyň ýa-da hemişelik wekilhananyň ýolbaşçysy gol çekýär.

Syýasy hasabat boýunça alnyp barylýan iş geçen ýylyň ähli wakalaryny seljermäge mümkinçilik berýär. Bu iş arkaly diplomatik wekilhananyň bolýan ýurdunyň ösüşi öwrenilýär, esasy ugurlar we meseleler kesgitlenilýär, esasan hem, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda nämeleriň edilendigi we iki taraplaýyn gatnaşyklaryň täze badalga almagy üçin ýene-de nämeleriň amala aşyrylmalydygy aýdyňlaşdyrylýar.

Syýasy hasabata Türkmenistanyň DIM-niň degişli bölümleri tarapyndan öz wagtynda seslenmäniň taýýarlanylmagy (onda ilçihananyň ýa-da hemişelik wekilhananyň işine baha berilmegi, netijeleriň we teklipleriň seljerilmegi, olary durmuşa geçirmek boýunça ministrlik tarapyndan nähili çäreleriň amala aşyrylýandygy barada habaryň bolmagy we ş.m.) we onuň ministrligiň ýolbaşçysynyň goly bilen ilçihana ugradylmagy diplomatik wekilhananyň işiniň täsirliliginiň ýokarlanmagyna uly ýardam edýär. Hususan-da, TDIM-niň arhiw materiallary 1995–2001-nji ýyllarda Türkmenistanyň Hytaý Halk Respublikasyndaky ilçihanasy tarapyndan ministrligiň seslenmesiniň mazmunynyň her ýyl ara alnyp maslahatlaşylandygyny we ministrlik tarapyndan makullanylan teklipler boýunça geljekki hereketleriň meýilnamasynyň kabul edilendigini görkezdi.

Umuman, diňe hakykat esasynda taýýarlanan hasabat ol ýa-da başga ýurt babatda biziň daşary-syýasy ugrumyza ol ýa-da başga düzedişleri girizmek barada meseläni goýmaga mümkinçilik berýän resminama bolup biler.

Döwletleriň diplomatik wekilhanalaryň ýyllyk hasabatlarynyň göwrümi we onuň daşary-syýasy edaralara ugradylmaly möhleti dürli ýurtlarda hereket edýän görkezmelere laýyklykda kesgitlenilýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasy 1992-1994-nji ýyllarda Merkeze, ýagny Türkmenistanyň DIM-ne ýylda iki syýasy hasabat ýollady: olaryň birinjisi Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasynyň işi barada bolup, onuň göwrümi birýarym aralykda maşynkada ýazylan tekstiň 18-20 sahypasyndan ybarat boldy; göwrümi 40 sahypadan ybarat bolan ikinji syýasy hasabat Türkmenistanyň wekiliýetiniň BMG-niň Baş Assambleýasynyň ýyllyk mejlisine gatnaşmagyna bagyşlandy. 1995-2000-nji ýyllarda Türkmenistanyň Hytaý Halk Respublikasyndaky ilçihanasynyň syýasy hasabatynyň göwrümi 25-30 sahypadan ybarat boldy. Syýasy hasabatlara goşmaça hökmünde hasabat tablisalary ýaly başga materiallar hem goşulýardy, ýöne olar ýyllyk hasabatyň göwrümine girmeýärdi.

Ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, dürli döwletleriň diplomatik wekilhanalarynyň syýasy hasabatlarynyň göwrümi birmeňzeş bolmaýar, üstesine-de, olarda şol resminamalaryň göwrümi käbir sebäplere görä, seýrek hem bolsa, üýtgeýär. Şu jähtden, hususan-da, Russiýa Federasiýasynyň DIM-niň mysalyna ýüzlensek, onda 2005-nji ýylda bu ýurduň dünýä ýagdaýlaryna özleriniň esli derejede täsirini ýetirýän döwletlerdäki, onuň goňşy ýurtlaryndaky ilçihanalarynda syýasy hasabatyň ýokary göwrümi 40 sahypadan ybarat boldy. RF-niň beýleki döwletlerdäki ilçihanalarynyň syýasy hasabatlarynyň göwrümi 30 sahypa, baş konsullyklaryň, konsullyklaryň we halkara guramalaryň ýanyndaky wekilhanalaryň şeýle hasabatlarynyň göwrümi 20 sahypa boldy. 2010-njy ýylda RF-de hereket eden görkezmelere laýyklykda, ýurduň ilçihanasynyň syýasy hasabatynyň göwrümi 10-13 sahypadan geçmedi. Şeýle talabyň berjaý edilmegine Russiýanyň DIM-niň Baş sekretariaty berk gözegçilik etdi. Şol bir wagtyň özünde hem bu edara Russiýanyň DIM-niň daşary ýurtlardaky wekilhanalarynyň işiniň göwrüminiň artmagy bilen baglylykda bu meseläniň bellenilen göwrümine özgertmeler girizmegiň üstünde işledi.

Dürli ýurtlaryň diplomatik wekilhanalarynyň köpüsiniň tejribesi olaryň öz ýyllyk hasabatlaryny özleriniň daşary işler ministrlikleriniň degişli bölümlerine hasabat ýylynyň yzyndan gelýän ýylyň 10-15-nji fewralyna çenli ýollaýandyklaryny görkezýär. TDIM-niň arhiw materiallary bilen tanyşmaklyk 1992–1995, 1995–2000-nji ýyllarda Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasynyň, Türkmenistanyň Hytaý Halk Respublikasyndaky, Koreýa Respublikasyndaky ilçihanalary tarapyndan ýyllyk hasabatlaryň hasabat ýylynyň yzyndan gelýän ýylyň 20-nji ýanwaryna çenli ýollanandyklaryny görkezdi.

Türkmenistanyň diplomatik wekilhanasy – ilçihanasy ýa-da onuň ol ýa-da başga halkara guramasynyň ýanyndaky hemişelik wekilhanasy tarapyndan taýýarlanylýan we öz ähmiýeti boýunça indiki resminama, ol hem **syýasy hatdyr**. Her bir syýasy hat Türkmenistanyň bähbitleriniň nukdaýnazaryndan ünsi özüne çekýän we onda ýurdumyzyň diplomatik wekilhanasy bolýan ýurdunyň mundan beýläkki ösüşi we onuň bilen netijeli gatnaşyklary ösdürmek üçin uly ähmiýeti bolan syýasy taýdan möhüm tema bagyşlanmalydyr. Syýasy hat – munuň özi hemişe çuňňur seljerilen resminamadyr, onda diňe bir bolup geçen we bolup geçýän wakalaryň we ýagdaýlaryň esasy beýan edilmän, olaryň sebäpleri seljerilmän, eýsem şol wakalaryň we ýagdaýlaryň mundan buýana ösmeginiň mümkinçiligi barada pikirler hem ýöredilýär. Üstesine-de, syýasy hatda gozgalýan mesele boýunça türkmen diplomatiýasynyň öňünde ýüze çykýan wezipe bilen baglylykda maslahatlar we aýdyň teklipler berilmelidir. Mysal üçin, syýasy hat ministrleriň, hökümet we döwlet baştutanlarynyň derejesinde saparlary alyşmak baradaky teklibi girizmek üçin amatly resminamadyr. Syýasy hatda iki ýurduň Daşary işler ministrlikleriniň ugry boýunça ikitaraplaýyn maslahatlaryň geçirilmegini ýa-da haýsy hem bolsa diplomatik hereketleriň amala aşyrylmagyny teklip etmeklik ýerliklidir.

Syýasy hatyň temasy barada gürrüň edilende, her ýylyň sentýabr aýynda BMG-niň BA-synyň nobatdaky mejlisiniň açylýandygy we şunuň bilen baglylykda, türkmen wekiliýetiniň açylýan şol mejlise gatnaşmagynyň öňüsyrasynda biziň ilçihanalarymyzyň ählisiniň bolýan ýurtlarynyň esasy halkara meseleler boýunça nukdaýnazar-

laryna bagyşlap, hökmany suratda syýasy hat ýazmaklary hem maksadalaýyk bolup biler. Bolýan ýurdunda Prezident we Parlament saýlawlarynyň jemleri, daşary-ykdysady ösüşiň täze baş ugry, ýurduň içerki durmuşynyň dürli çäklerindäki çuňňur özgermeler ýaly temalar hem syýasy hatyň ýazylmagy üçin möhüm temalardyr. Diplomatik wekilhananyň bolýan ýurdunyň dünýäniň esasy döwletleriniň geosyýasy meýilnamalaryndaky roly we orny, onuň ol ýa-da başga uly halkara dawalara çekilmegi ýaly temalara hem syýasy hatda ýer bolmalydyr.

Syýasy hatyň temasy kesgitlenilýän wagtynda bolunýan ýurtdaky anyk wakalardan we olaryň Türkmenistanyň bähbitleri nukdaýnazaryndan möhümliginden ugur alynmalydyr. Umuman, syýasy hata temanyň möhümligi, hatdaky habaryň öz wagtlylygy, her taraplaýyn çuňňur seljerme, Türkmenistanyň bähbitlerine gönükdirilen ilçihananyň teklipleri häsiýetli bolmalydyr. **Teklipsiz syýasy hat adaty maglumat hatyndan tapawutlanmaýar.**

Syýasy hatyň göwrümi 4-den 10 sahypa çenli bolup biler. Resminamanyň bu görnüşinde awtorlyk seýrek kollektiw häsiýete eýe bolýar. Syýasy hat uly diplomatlaryň biri (1-nji sekretarlar, geňeşçiler) tarapyndan taýýarlanyp bilner. Eger hat ilçihananyň ýolbaşçylygynda ara alnyp maslahatlaşylýan bolsa, onda şol maslahata hem az sanly diplomatlar gatnaşýarlar. Ýyllyk hasabat ýaly, syýasy hata hem wekilhananyň ýolbaşçysy gol çekýär we ol diplomatik poçta arkaly ugradylýar. Ministrliklerde syýasy hata ýazylýan seslenmä ministriň orunbasary gol çekýär.

Özüniň häsiýeti boýunça syýasy hata ýakyn bolan resminama, ol hem tejribede ýygy-ýygydan duş gelinýän **habar hatydyr**. Habar hatynyň maksady Daşary işler ministrliginiň degişli müdirligini ýa-da departamentini bolunýan ýurduň syýasatynda peýda bolan täze hadysa barada habardar etmekdir. Has takygy, habar hatynda bolunýan ýurduň syýasy giňişliginde peýda bolan täze adamlar, dörän partiýalar ýa-da guramalar barada habar berilýär, umuman, bu hat bolunýan ýurduň içeri-syýasy, daşary-syýasy ýa-da ykdysady meseleleriniň birine bagyşlanyp bilner. Syýasy hatdan tapawutlylykda habar hatynda has uşagrak wakalar şöhlelendirilýär.

Habar haty özünde çaklaýşyň käbir alamatlaryny jemläp biler, ýöne onda anyk teklipler, maslahatlar öňe sürülmeýär.Adatça, habar hatynyň taslamasynyň üstünde bu mesele bilen meşgul bolýan diplomatik işgärleriň topary işleýär, resminama bolsa ilçi gol çekýär. Habar haty özüniň göwrümi boýunça, umuman, 3-5 sahypadan ybarat bolýar.

Daşary-syýasy edaralaryň ulgamynda giň ýaýran indiki içerki edara resminama – ol hem **habardyr** (iňlisçe resminamanyň bu görnüşine «information», rusça bolsa «sprawka» diýilýär). Bu habar resminamasy habar hatyndan az tapawutlanýar we ol hemişe anyk, ýöne ýeterlik ähmiýeti bolan meselä bagyşlanýar. Belli döwrüň dowamynda wekilhananyň bolýan ýurdunyň daşary söwdasynyň jemleri, şol ýurduň goňşy döwletler ýa-da dünýäniň iri döwletleri bilen gatnaşyklarynyň ýagdaýy ýaly meseleler habaryň temalary bolup bilerler.

Ol ýa-da başga syýasy partiýanyň ýa-da täsirli jemgyýetçilik guramanyň işi, kärdeşler arkalaşygynyň hereketi bilen bagly bolan we başga şuňa meňzeş temalar hem belli gyzyklanma döredip bilerler. Habar medeni we bilim çäkdäki hyzmatdaşlygyň esasy ugurlaryna, ýerli kanun çykarmaklygyň özboluşlylygyna ýa-da protokol tejribesiniň aýratynlyklaryna we ş.m. bagyşlanyp bilner. Islendik ýagdaýda gürrüň aýratyn mesele ýa-da waka barada gitmän, eýsem wagtyň belli bir döwründe onuň ösüşi beýan edilýän has uly möhüm mesele barada barýar. Habar meseläniň gysgaça taryhyny özünde jemlese, onuň häzirki ýagdaýyny beýan etse ýa-da seljerse, wakalaryň mümkingadar ösüşini çaklasa we resminamanyň bu görnüşiniň temasy bolunýan ýurtda biziň bähbitlerimize gönüden-göni galtaşmaýan hem bolsa, türkmen diplomatiýasynyň anyk ädimleri babatda maslahatlar berse, has-da gowy bolar.

Adatça, daşary ýurtlaryň diplomatik wekilhanalarynda habarlary ýazmaklyga öz meşgul bolýan meselelerine laýyklykda ilçihananyň ähli işgärleri (ilçihananyň ýolbaşçysyndan başga) gatnaşýarlar. Daşary ýurtlaryň käbir uly ilçihanalarynda hasabat ýylynyň her bir üç aýynda diplomatlara azyndan iki-üç habar ýazmaklyk, şeýle hem öz ýurtlary üçin gyzyklanma bildirýän temalary tapmaklyk maslahat

berilýär. Köplenç, habaryň göwrümi 3-5 sahypa bolýar, ýöne kähalatlarda ol ýa-da beýleki temanyň möhümligi göz öňünde tutulyp, bu resminamanyň göwrümi birnäçe sahypa köpeldilip hem bilinýär. Resminamanyň bu görnüşiniň awtory bir diplomat bolýar, ol hem habara gol çekýär.

Ýokarda sereden resminamamyz bilen deňeşdirilende, biziň indiki seredip geçjek **habarymyz** ondan hem ýönekeý içeri edara resminamadyr. Bu habar, adatça, 2-3 sahypa möçberindäki uly bolmadyk resminamadyr. Şeýle habar anyk bir meselä, waka, hadysa bagyşlanýar. Söwda-ykdysady wekiliýetiň sapary, daşary ýurt döwleti tarapyndan medeniýet günleriniň ýa-da kinofilmleriň festiwalynyň geçirilmegi, bolýan ýurdunda daşary ýurtlularyň ýurda girmegi üçin täze düzgünleriň kabul edilmegi we ş.m. habaryň şu görnüşi üçin temalar bolup biler. Habaryň bu görnüşi, adatça, çaltlykda ýazylýar, onda mesele çuňňur seljerilmeýär, wakalaryň ösüşine çaklama, teklipler berilmeýär we ol TDIM-niň bölümlerinde, müdirliklerinde, departamentlerinde peýdalanmak üçin niýetlenýär. Şol bir wagtyň özünde şeýle habary taýýarlamaklygyň özi meseleleriň giň toplumy üçin material ýygnamaklygyň gowy görnüşi bolup durýar.

Içeriedara resminamalarynyň has ýönekeýlerinden biri hem **metbugata syndyr**. Metbugata syn özboluşly resminamadyr we ony taýýarlamak, adatça, öz kärine ýaňy başlan, bolýan ýurdunyň ýerli dilini bilýän ýaş diplomatik işgärlere (referentlere, attaşelere) tabşyrylýar. Ilçihana tarapyndan ýazylyp alynýan ähli ýerli metbugaty her gün okap öwrenmek, olardan has ähmiýetli materiallary saýlap almak we olaryň ideýa ugry, mazmuny boýunça gysgaça häsiýetnamalary taýýarlamak ýaş diplomatik işgärleriň wezipesine girýär. Şol materiallar bolunýan ýurduň içerki we daşary syýasatyna, onuň ykdysady ýagdaýyna, anyk syýasy wakalara we ş.m. degişli bolup biler. Elbetde, bolunýan ýurduň gazet-žurnallarynda Türkmenistandaky wakalary şöhlelendirip, çap edilýän makalalar türkmen diplomatlary üçin has-da uly gyzyklanma döredýär. Şeýle materiallarda Türkmenistanyň Prezidentiniň çykyşlary beýan edilýär we olara baha berilýär, biziň ýurdumyzyň daşary syýasatyna ýa-da belli

bir diplomatik hereketine düşündiriş berilýär. Bu iş Türkmenistanda bolup geçýän wakalary şöhlelendirmekde esasy ugurlary yzarlamaga mümkinçilik berýär.

Metbugata syn boýunça iş kärine ýaňy başlan diplomatlar üçin gowy mekdep bolup durýar, sebäbi bu iş olara taýýarlanylýan materiallaryň habar nukdaýnazardan möhümligine baha bermegi öwrenmäge we olaryň mazmunyny gysgaça kesgitlemäge mümkinçilik berýär, galyberse-de, öz kärine ýaňy başlan diplomatlar üçin bu iş diplomatik resminamalary taýýarlamakda we bolýan ýurduny öwrenmekde hem örän peýdaly tejribe bolup durýar. Biziň şu günki günlerimizde diplomatlar habarlaryň ägirt uly akymy bilen ýüzbe-ýüz bolýarlar. Metbugata synlar bolsa, uly diplomatlara wagty tygşytlamaga we diňe Aşgabada maglumat bermek üçin habar taýýarlamak nukdaýnazaryndan gyzyklanma bildirýän materiallary okamaga ýardam edýärler.

Tele-radiogepleşikler, esasan hem, olarda belli syýasy işgärler we düşündiriş berijiler çykyş edýän gepleşikler syn taýýarlamak üçin örän möhümdir. Olar metbugata synlar bilen bilelikde ýa-da özbaşdaklykda taýýarlanyp bilner. Şeýle gepleşikleriň gymmaty şulardan ybaratdyr: birinjiden, olar özlerinde iň soňky täze we gowy hilli habarlary saklaýarlar; ikinjiden, olar goşmaça çykdajy talap etmeýärler. Şeýle gepleşikleri birnäçe gezek diňlemek üçin, şol gepleşikleri diktofona ýazmak maksada laýykdyr.

Bu özboluşly resminamanyň ýene-de bir aýratynlygy, ol hem metbugata syn taýýarlaýan wagtynda diplomatyň beýan edýän wakalaryna öz bahasyny bermeýänligidir, sebäbi onuň wezipesi taýýarlanylýan metbugat materiallarynyň esasy ýagdaýlaryny takyk we dogry beýan etmekden ybarat bolup durýar.

Adatça, syn taýýarlamak üçin ýurduň esasy, has abraýly gazetlerinden 2-3-si saýlanyp alynýar. Synlar gaty çaltlykda taýýarlanylmalydyr: şol bir belli günüň metbugatyna syn eýýäm sagat 11-den (günüň birinji ýarymynda) gijä goýulman taýýarlanylmalydyr.

Kärine ýaňy başlan diplomatik işgärleriň hünär endiklerini edinmekleri üçin olaryň **wakalaryň ýazgysyny** düzmek boýunça resminamanyň üstünde işlemekleri hem peýdalydyr.

Bu resminamada hronologiki, ýagny wagt taýdan yzygiderlilikde bolunýan ýurduň içeri we daşary syýasatynyň ähli möhüm wakalary, daşary ýurtly myhmanlaryň saparlary, döwletiň ýolbaşçylarynyň hereketleri, esasy syýasy işgärleriň aýdanlary, bolunýan ýurduň daşary işler ministrliginiň daşary-syýasy ädimleri we başga ähmiýetli wakalar ýazylýar. Ýazgyda Türkmenistanyň onda ýurdumyzyň diplomatik wekilhanasy bolýan ýurdy bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklaryndaky ähli belli wakalaryň – wekiliýetleriň alşylmagynyň, çeper kollektiwleriň çykyşlarynyň, sergileriň açylmagynyň we ş.m. şöhlelendirilmegi örän möhümdir. Kähalatlarda, Türkmenistan bilen onda bolunýan ýurduň arasyndaky işjeň aragatnaşyklar boýunça ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ýazgysy ýaly özbaşdak resminama hem taýýarlanyp bilner.

Wakalaryň ýazgysy örän peýdaly kömekçi resminamadyr we şonuň üçin onuň taýýarlanylmagyna uly üns berilmelidir. Hususan-da, wakalaryň ýazgysy wagtyň geçmegi bilen ýagdaýy göz öňüne getirmek, wakalaryň yzygiderliligini täzeden dikeltmek, anyk senäni ýada salmak we ş.m. talap edilende zerur bolýar. Ýazgy – delilleri we habary toplamagyň möhüm guralydyr.

### Soraglar:

**1.** Diplomatik wekilhananyň ýylda bir gezek taýýarlaýan iň möhüm we göwrümli, esasy habar-seljeriş resminamasy haýsy resminamadyr?

**2.** Syýasy hasabatyň hökmany suratda seljeriş, çaklaýyş häsiýete eýe bolmagy hökmanymy?

**3.** Syýasy hat nähili temalara bagyşlanýar?

**4.** Syýasy hatda teklibiň berilmegi hökmanmy?

**5.** Habar hatynyň maksady nämeden ybarat?

**6.** Habar resminamasy habar hatyndan tapawutlanýarmy we ol nähili meselelere bagyşlanýar?

**7.** «Metbugata syn» resminamasyny kimler taýýarlaýar?

**8.** «Wakalaryň ýazgysy» resminamasynyň ähmiýeti näme bilen ölçelýär?

## §2. Söhbetdeşligiň ýazgysy. Syýasy häsiýetnama. Şifrlenen telegramma

Söhbetdeşligiň ýazgysy barada gürrüň edilende, ozaly bilen, ol ýa-da başga bir ýurduň döwlet, hökümet ýolbaşçysy, daşary işler ministri we onuň orunbasarlary tarapyndan geçirilýän diplomatik gepleşikleriň netijeleri boýunça **söhbetdeşlikleriň esasy mazmunynyň ýazgysynyň** taýýarlanylýandygyny nygtap geçeliň. Ýazgyda örän jikme-jik, stenografik takyklykda, köp halatlarda başganyň sözi bilen, ýöne dyrnaga alynmazdan, gepleşiklere gatnaşan taraplaryň ähli esasy aýdan zatlary, beýannamalary beýan edilýär. Bu resminama şu maksat üçin ýörite bellenen jogapkär diplomatik işgär, kähalatlarda bolsa şeýle işgärleriň ikisi-üçüsi tarapyndan düzülýär. Eger gepleşikler dar düzümde ýa-da ýüzbe-ýüz geçýän bolsa, onda gepleşikleriň ýazgysyny taýýarlamak borjy terjimeçiniň üstüne ýüklenýär. Ýolbaşçy söhbetdeşligiň esasy mazmunynyň ýazgysyna öz düzedişlerini girizip we resminama gol çekip biler, ýöne köp halatlarda bu beýle bolmaýar we onda resminama gepleşikleriň ýazgysyny amala aşyran diplomatik işgärler gol çekýärler. Şeýle ýagdaýda ýazgynyň ýolbaşçy tarapyndan seredilmändigi barada ýazgynyň soňunda bellik edilýär we onuň aşagynda ýazgyny düzen diplomatlar gol çekýärler. Ýazgyda şeýle hem iki tarapdan hem gepleşiklere gatnaşanlaryň ýa-da olarda bolanlaryň wezipeleriniň hem görkezilmegi bilen doly sanawy berilýär.

Beýleki tarapdan, diplomatik işgäriň daşary ýurt wekilleri bilen bolýan ähli möhüm duşuşyklary, söhbetdeşlikleri, şol sanda telefon arkaly söhbetdeşlikleri hasaba alynmalydyr we olar ýörite ýazgy bilen taýýarlanylmalydyr. Şeýle ýazgy söhbetdeşligiň ýazgysy ýa-da telefon gürrüňiniň ýazgysy diýlip atlandyrylýar.

Söhbetdeşligiň her bir ýazgysy – munuň özi diplomatik resminamadyr we ol içerki häsiýete eýe bolýan hem bolsa, onuň möhüm ähmiýeti bardyr. Şol ýazgylaryň esasynda degişli netijeler edilýär we ol ýa-da başga çäreler görülýär.

Söhbetdeşligiň esasy mazmunynyň ýazgysyndan tapawutlylykda söhbetdeşligiň ýazgysy bolup geçen gürrüňiň many-mazmunynyň

gysgaça beýany görnüşinde taýýarlanylýar. Onda daşary ýurtly söhbetdeş tarapyndan aýdylan has möhüm zatlar, bahalar we beýannamalar jemlenen görnüşde beýan edilýär, şeýle hem onda gysgaça söhbetdeşligiň ýazgysyny alyp baran adam tarapyndan diýlen zatlar barada aýdylýar. Söhbetdeşligiň ýazgysyna ony taýýarlan işgär gol çekýär.

Diplomatik işiň tejribesinde uly diplomatik işgäriň işewür duşuşyklara öz kiçi işdeşini hem ýany bilen alyp gidýän halatlary seýrek bolmaýar. Şeýle ýagdaýda kiçi diplomatik işgäre gepleşigiň gidişinde zerur bolan bellikleri etmeklik, soňra bolsa, iş ýerine gaýdyp geleninden soň, söhbetdeşligiň ýazgysyny taýýarlamak tabşyrylýar. Uly diplomat şol ýazga öz düzedişlerini girizýär, ýazgy täzeden ýazylandan soň bolsa, oňa gol çekýär. Resminamanyň soňunda söhbetdeşlikde bolan kiçi diplomatyň wezipesi we ady görkezilýär. Eger kiçi diplomat söhbetdeşligi hil taýdan gowy ýazan bolsa, şeýle hem uly diplomata ýazgyny düýpli täzeden işlemek zerur bolmadyk bolsa, onda kiçi diplomaty höweslendirmek üçin, söhbetdeşligiň ýazgysyny ýazan diplomat hökmünde onyň familiýasy ýazylsa bolar.

Ýokary tehnologiýalar asyrynda tehniki serişdeleri ulanmak bilen söhbetdeşligiň ýazgysyny ýatdan ýazmaklygyň zerurlygy ýok ýaly bolup görünýär. Ýöne käbir ýagdaýlar göz öňünde tutulanda, mehaniki ýazgy etmeklik gelşiksiz hereket hasap edilýär. Ýazýan, hamana, söhbetdeşiniň sözüne ynanman, onuň aýdanlaryny resmileşdirmeklige çalyşýan, basyş üçin elinde «resminama» materialyny edinmek isleýändigi baradaky duýgyny döredýär. Tehniki ýazgynyň açyk alnyp barylmagy söhbedi erkinlikden, açyklykdan mahrum edýändigini, onuň gizlinlikde alnyp barylmagy bolsa, hyzmatdaş üçin duzak gurulýandygyny aňladýar. Hatda syýasy işgärlerden ýüzbe-ýüz bolup interwýu alýan habarçylaryň hem, adatça, olardan tehnikadan peýdalanmaklyga olaryň razylygyny alýandyklary mälimdir.

Şunlukda, diplomatiýanyň tejribesinde söhbetdeşlik wagtynda diktofon ýa-da ses ýazýan başga tehniki serişdeleri ulanmaklyga ýol berilmeýär. Eger söhbetdeşlik ikiçäklikde geçirilýän bolsa, onda söhbetdeşligiň ýazgysyny kagyza geçirmeklik hem gelşikli däldir. Söhbetdeşiň dilden resmi beýannama etmegi ýazgy babatda kadadan

çykylmagy aňladýar. Ýöne, muňa seretmezden, gürrüňiň dowamynda zerur bolan bellikleri etmek, familiýalary, atlary, seneleri, sanlary ýazyp almak mümkindir. Şu jähtden söhbetdeşlikde gürrüňe gönüden-göni gatnaşmaýan kiçi işdeşiň bolmagy gürrüňiň ýazgysyny has doly ýazmaga mümkinçilik berer.

Tejribe şeýle hem ilçä ýa-da ilçihananyň beýleki diplomatik işgärine ýa-da DIM-niň merkezi diwanynyň işgärine diplomatik kabul edişliklerde daşary ýurtlular bilen ýygy-ýygydan bolup geçýän ikiçäk duşuşyklaryň ýazgylaryny olaryň özleriniň ýazmaly bolýandyklaryny görkezýär. Söhbetdeşligiň onda myhmanlaryň topary bolýan agşamky protokol çäresinde – kabul edişlikde bolýan halatlary hem seýrek bolmaýar. Söhbetdeşligiň ähli esasy maglumat berýän ýerlerini ýatda saklamak üçin diplomatdan ýiti we gowy türgenleşdirilen hünär ýady talap edilýär.

Eger diplomatik işgäriň daşary ýurtly bilen möhüm we manyly söhbetdeşligi bolup geçen bolsa, onda, ýagdaýlara seretmezden, onuň jemi boýunça söhbetdeşligiň ýazgysyny öz wagtynda taýýarlamak diplomatyň professional borjy bolup durýar. Şu ýerde ýene-de bir zat ýatda saklanylmalydyr: eger daşary ýurtly diplomat bilen söhbetdeşlik bolup geçen bolsa, onda ol hem söhbetdeşligiň jemi boýunça onuň ýazgysyny taýýarlaýar, sebäbi şeýle kada dünýäniň diplomatik gulluklarynyň ählisinde hereket edýär. Sowet diplomatiýasynyň taryhynda şeýle ýagdaý bellidir: Ikinji jahan urşunyň öňüsyrasynda Tähranda, protokol çäresinde sowet we german diplomatlarynyň arasynda ynançly söhbetdeşlik bolup geçýär we onuň gidişinde soňky möhüm syýasy habary mälim edýär. Uruşdan soň, ele salnan nemes arhiwleri bilen tanşylanda, german diplomaty tarapyndan taýýarlanylan orän möhüm söhbetdeşligiň ýazgysyna üns berlipdir. Onda Sowet Soýuzy üçin örän möhüm meselä deglip geçilensoň, bu barada onuň sowet kärdeşiniň näme ýazandygy gyzyklanma döredipdir. SSSR Daşary Işler Halk Komissarlygynyň arhiwleri galdyrylypdyr, ýöne ol ýerde söhbetdeşligiň ýazgysy bolmandyr, soňra bolsa, onuň iş bilen başagaý bolup, söhbetdeşligiň ýazgysyny taýýarlamandygy mälim bolupdyr. Sowet diplomaty düzgün-tertip üçin berilýän jogapkärçilige çekilipdir.

Söhbetdeşligiň ýazgysy taýýarlanylanda, diplomatik işgäriň bolup geçen gürrüňiň esasy mazmunyny anyk we sygymly beýan edip bilmek ukyby möhüm ähmiýete eýe bolup durýar. Bu ýerde gürrüň stenogramma arkaly ýazylýan ýazgy barada gitmän, eýsem söhbetdeşlikde alnan gymmatly habary görkezmek barada barýar.

Söhbetdeşligiň ýazgysy – munuň özi içerki gulluk resminamasydyr we ol gysga we işjeň, kabul etmek üçin amatly bolmalydyr. Söhbetdeşligiň ýazgysy taýýarlanylanda düýpli däl zatlara, ýagny gutlaglara, hoşamaý sözlere, söhbetdeşiň titullaryna we atlaryna we ş.m., öz hususy garaýşyňa gereginden artyk üns bermekligiň zerurlygy ýokdur.

Söhbetdeşligiň ýazgysy düzülende ýene-de göz öňünde tutulmaly zat, ol hem munuň üçin ähli ýagdaýlarda ulanarlykly hökmany düzgüniň ýoklugydyr. Diplomatik tejribede şeýle ýazgylaryň belli görnüşi emele gelendir. Onda söhbetdeşiň familiýasy, wezipesi, diplomatik derejesi, söhbetdeşligiň bolan güni we sagady, onuň dowamlylygy, duşuşygyň ýeri we onuň kimiň göreldesi bilen bolup geçendigi görkezilýär. Şeýle hem söhbetdeşligiň iki bolup ýa-da terjimeçiniň kömegi bilen bolup geçendigi görkezilmelidir. Elbetde, söhbetdeşligiň ýazgysy onuň mazmunyna doly laýyk gelmelidir. Adatça, özüniň görnüşi boýunça söhbetdeşligiň ýazgylarynyň gysgaldylan, aýratyn möhüm ýagdaýlarda bolsa, doly, protokol ýazgy häsiýeti bardyr.

Şol bir wagtyň özünde söhbetdeşligiň ýazgysyny taýýarlamak üçin daşky görnüşe bolan talap hem berk berjaý edilmelidir. Ýokarda çep burçda söhbetdeşligi ýazan diplomatyň işleýän edarasynyň ady ýazylýar. Soňra «Attaşe ýa-da üçünji sekretar ýa-da ikinji sekretar pylanynyň (awtoryň familiýasy we ady) gündeliginden» jümle gelýär. Ortada: «Pylany bilen (söhbetdeşiň wezipesi we familiýasy» söhbetdeşligiň ýazgysy» ýazylýar, sagda aşakda söhbetdeşligiň senesi görkezilýär. Soňra tekst başlanýar. Birinji jümlede söhbetdeşligiň kimiň başlangyjy boýunça, nirede we nähili ýagdaýlarda bolup geçendigini görkezmek zerurdyr. Soňunda ýazgynyň awtorynyň wezipesi, familiýasy we ady görkezilýär. Eger söhbetdeşligiň ýazgysy birnäçe dürli meselelere galtaşýan bolsa, onda olara belgi goýlup bilner.

Söhbetdeşlikler, adatça, uzaga çekýär we olaryň gidişinde gaýtalanmalar, uly ähmiýeti bolmadyk ýagdaýlar bolup biler we eger olar tekstden saplanmasa, onda olaryň esasy we düýpli zatlary görmäge päsgel berip biljekdikleri göz öňünde tutulmalydyr. Elbetde, söhbetdeşlikleriň ýazgylarynyň hili köp babatda diplomatyň gözýetimine we onuň tejribesine bagly bolýar. Kähalatlarda ýaramaz bolmadyk söhbetdeşlik başarnyksyz ýazylýar we okyja ol ýa-da başga teklibe nähili täsiriň bolandygy belli bolman galýar. Gerekmejek zatlar ýazylyp, möhüm deliller gözden salynýar. Şu ýerde meniň köp ýyllaryň dowamynda diplomatik gullugyň dürli wezipelerinde işlän baýry diplomat hökmünde öz tejribämiň esasynda aýratyn belläp geçjek zadym, ol hem söhbetdeşlik nähili bolup geçen bolsa, onuň edil şonuň ýaly-da ýazylmalydygydyr. Wagt geçer we diplomat ýalan zadyň ýazylandygyny ýadyndan çykarar we özüni nähili-de bolsa mahabatlandyrmaga çalşyp, şol ýalany hakykat hökmünde kabul eder, netijede bolsa, esaslandyrylmadyk teklipleri öňe sürer.

Daşary ýurtlarda işlemek bilen, diplomat dürli adamlar bilen duşuşýar, olar bilen syýasy wakalary, ykdysady ýagdaýlary, medeni durmuşy we köp sanly dürli meseleleri ara alyp maslahatlaşýar. Tejribe daşary ýurtly bilen her bir aragatnaşykda nähili hem bolsa bir täze, gyzykly zady alyp bolýandygyny, ýöne ähli söhbetdeşlikleriň düýpli häsiýete eýe bolmaýandygyny we şunlukda, olaryň ýazgylaryny aýry-aýrylykda taýýarlamagyň zerurlygynyň ýokdugyny hem görkezýär. Şonuň üçin hem soňky wagtlarda bir hepdäniň ýa-da bir aýyň içinde bolup geçen söhbetdeşlikleriň hasabaty düzülýär. Resminamanyň bu görnüşi söhbetdeşligiň ençeme ýazgylaryny birleşdirmäge, her söhbetdeşe ýarym sahypa ýa-da birnäçe sözlem bagyşlamaga mümkinçilik berýär. Olarda gymmatly maglumatlaryň ýitirilmezligi üçin has möhüm habar, aýdylan sözler, bahalar, deliller ýazylýar.

Ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, söhbetdeşlikleriň ýazgylaryny, ilçini hem goşmak bilen, ähli diplomatik işgärler taýýarlaýarlar. Göwrümi boýunça uly diplomatik wekilhanalarda ilçi bu işi beýleki diplomatik işgärler bilen deňeşdirilende seýrek ýerine ýetirýär, onuň üçin bu işi, adatça, onuň ýany bilen gidýän diplomatlar alyp barýarlar. Ýöne haçanda diplomatlar (ilçiler, wekiller) söhbetdeşligi

söhbetdeş bilen ikiçäk alyp barýan halatlarynda, onda olaryň özleri söhbetdeşligiň ýazgysynam ýazýarlar, telegrammasyny hem taýýarlaýarlar.

Şu ýerde söhbetdeşlik näçe uzaga çekse, onda onuň şonça-da ýatda kyn saklanýandygy nazarda tutulmalydyr we şunlukda onuň ýazgysy mümkin boldygyça çalt, duşuşygyň yzysüre, onuň ähli jikme-jikligi ýatdaka ýazylmalydyr. Belli fransuz romançysy A. Žid özüniň leksiýalarynyň birinde şeýle diýipdir: «On minutlyk habary diňlemek bilen, diňleýji aýdylan zatlaryň diňe ýarsyna düşünýär we ýatda saklaýar. Ýat birnäçe gün mundan ozal aýdylan zatlaryň diňe dörtden birini özünde saklap biler». Bu mesele bilen meşgul bolýan beýleki ylmy işgärleriň pikirine görä, düýn aýdylan zatlaryň ýarysy şu gün nätakyk aýdylýar. Soňra söhbetdeşlik baradaky anyk habaryň göwrümi 15-20 % peselýär.

Fransuz diplomaty F. Kaler telegrammanyň we maglumat bermek üçin taýýarlanylýan habaryň nähili bolmalydygy barada şeýle ýazypdyr: söhbetdeşligiň häsiýeti düşnükli we gysga bolmalydyr, olarda artykmaç sözler ulanylmaly däldir, şol bir wagtyň özünde sözüň aýdyňlygyna kömek edýän hiç bir zat gözden salynmaly däldir. Söhbetdeşlik ýazylanda (umuman, resminama taýýarlanylanda) diplomat üçin hakykylyk we anyklyk hökmany bolmalydyr. Iňlis diplomaty G. Nikolson professional diplomatyň turuwbaşdan anyklyga öwredilendigi, diplomat-höwesjeňiň bolsa işi harsal edip biljegi barada ýazýar.

Diplomat-höwesjeň ýa-da ýeterlik dogruçyl däl adam diňe bir harsallyk etmän, eýsem ol söhbetdeşligiň mazmunyny hem aňlydüşünjely ýoýup biler. Söhbetdeşligiň anyk beýan edilmezliginiň bolsa, gatnaşyklaryň çylşyrymlaşmagyna getirip biljekdigi aýdyňdyr.

**Syýasy häsiýetnama.** Resminamanyň bu görnüşine diplomatik wekilhanalaryň işiniň tejribesinde ýygy-ýygydan duş gelinýär. Häsiýetnamalar, adatça, diňe bir DIM-iň däl, eýsem beýleki döwlet edaralarynyň ýolbaşçylygy tarapyndan hem uly islegden peýdalanýar. Häsiýetlendirilýän adamlaryň Türkmenistana gelen wagtlary ýa-da häsiýetlendirilýän adamyň ýurduna türkmen wekiliýetleri sapar edenlerinde häsiýetnamalara ýüzlenilýär.

Häsiýetnamalary düzmek boýunça işiň üznüksiz häsiýeti bardyr, sebäbi ýaşy boýunça syýasy işgärleriň nesilleriniň hemişe çalşygy bolup geçýär, häkimiýetdäki syýasy partiýalar we güýçler çalyşýarlar, şunuň bilen bolsa döwlete wekilçilik edýän adamlaryň düzümi özgerýär. Adatça, häsiýetnamalary düzmek üçin esas bolup, onda häsiýetlendirilýän adam barada metbugat materiallary, onuň çykyşlarynyň, sözleriniň, makalalarynyň tekstleri toplanan dosýe hyzmat edýär.

Eger häsiýetlendirilýän adam barada kitap ýazylan ýa-da onuň çap edilen ylmy işleri bar bolsa, onda olaryň, şeýle hem onuň çykyşlarynyň we beýannamalarynyň, ol barada metbugatdaky habarlaryň, onuň bilen gürrüňiň ýazgylarynyň atlarynyň getirilmegi we olaryň mazmunynyň beýan edilmegi, şeýle hem olara gysgaça bahanyň berilmegi möhümdir we olar häsiýetnama taýýarlanylanda peýdalanylmalydyr.

Adatça, häsiýetnama yzygiderli tertipde düzülýär: adam doglanyndan başlap soňky wezipesine bellenýänçä onuň terjimehaly beýan edilýär. Alan biliminiň häsiýetine, syýasy derejesiniň ähli üýtgemelerine aýratyn üns berilýär.

Häsiýetlendirilýän adamyň syýasy, dünýägaraýyş nukdaýnazarlary, mümkin boldugyça, doly şöhlelendirilýär, sebäbi häsiýetlendirilýän adam bilen söhbetdeşlik taýýarlananda, olaryň ilkinji nobatda nazara alynmagy zerurdyr.

Häsiýetlendirilýän adamyň öz ýurdunyň döwletinde, hökümetinde tutýan orny, ony kimleriň goldaýandygy, onuň garşydaşlarynyň kimlerdigi, syýasy ýa-da döwlet işgäri hökmünde şol adamyň geljegi nukdaýnazaryndan onuň güýçli we gowşak taraplary görkezilmelidir.

Eger häsiýetlendirilýän adamda dini-etniki häsiýetli aýratyn garaýyşlar bar bolsa, onda olar görkezilmelidir. Şol garaýyşlar häsiýetlendirilýän adam bilen işiň maksatnamasy taýýarlanylanda göz öňünde tutulmalydyr.

Şeýle hem häsiýetlendirilýän adamyň gyzyklanmalary, haýsy tagamlary aýratyn gowy görýändigi barada aýdylmalydyr. Resminama diňe barlanan delilleriň esasynda we gysga, janly dil bilen ýazylmalydyr.

Häsiýetnamanyň has doly bolmagy üçin gyzyklandyrýan adamyň maşgala ýagdaýy, eger munuň özi onuň syýasy derejesinde rol oýnaýan bolsa, onda onuň garyndaşlyk aragatnaşyklary şöhlelendirilmelidir. Bu deliller oňa ýadygärlik sowgatlary gowşurmak baradaky mesele çözülende peýdaly bolar.

Käbir ýagdaýlarda eger häsiýetlendirilýän adamyň çilim çekmek, spirtli içgilere gyzyklanmak we ş.m. ýaly ýaramaz endikleri bar bolsa, onda olar hem görkezilmelidir, sebäbi häsiýetlendirilýän adam bilen iş meýilleşdirileninde munuň göz öňünde tutulmagy zerurdyr.

Umuman, häsiýetnama häsiýetlendirilýän adamyň syýasy ýüzi barada we şahsyýet hökmünde oňa doly düşünje bermelidir. Bu resminamada getirilen ähli maglumatlar doly hakyky bolmalydyr, sebäbi onda göýberilen islendik ýalňyşlygyň örän ýaramaz netijelere getirip biljekdigi düşnüklidir. Hereket edýän syýasy işgärleriň häsiýetnamalarynyň täze toplanan materiallaryň hasabyna wagtly-wagtynda täzelenip durulmagy gerekdir.

Daşary işler edaralarynyň ulgamyndaky içerki resminamalaryň ýene-de bir görnüşi, ol hem **şifrlenen telegrammadyr**. Soňky onýyllyklaryň içinde Merkeziň ilçihanalar we beýleki daşary ýurt wekilhanalary bilen hat alşygynda şifrlenen telegramma esasy orny eýeledi.

Şifrlenen telegramma göwrümi boýunça golýazma tekstinde üç sahypadan köp bolmadyk gysga resminamadyr we ol şifr arkaly ýazylýar we sanlar setiri görnüşinde salga ugradylýar.

Ýörite şifrler, ýagny gizlin zat üçin şertli belgiler we kodlar (şertli belgiler ulgamy) diplomatik hat alşygynda köp wagtlardan bäri ulanylypdyr we olar diplomatik habarlaryň del ellere düşen ýagdaýynda olary okalmak mümkinçiligini aradan aýrypdyr. Şol bir wagtyň özünde öň şifrlenen hat alşygynyň ösmegine käbir ýagdaýlar päsgel beripdir. Olaryň biri halkara telegraf aragatnaşygynyň kanallary boýunça kodlaşdyrylan telegrammalary ugratmagyň ýokary bahasy bolupdyr. Soňky ýyllarda aragatnaşygyň tehniki serişdeleriniň (teletaýp, teleks, faksimil apparaturasy, radiotelegraf we ş.m.) ösmegi bu päsgelçiligi aradan aýyrdy.

Şifrlenen hat alşygyny çäklendiren başga bir ýagdaý, ol hem şifrleme bilen meşgul bolýan adamyň agyr we azöndirijilikli el zähmeti boldy. Awtomatik şifrleýji maşynlaryň döredilmegi bilen bu päsgelçilik hem aradan aýryldy. Şunlukda, şu günki gün ençeme ýurtlaryň diplomatik wekilhanalarynyň we daşary işler ministrlikleriniň arasynda daşary ýurt wekilhanalarynyň işiniň operatiw meseleleri, şeýle hem esasy syýasy meseleler boýunça möhüm gündelik alşylýan maglumatlar, galapyn, şifrlenen telegrammalaryň kömegi bilen iberilýär. Habaryň bu görnüşiniň esasy artykmaçlyklary – habary ugratmagyň çaltlygy we şifr bilen ýazmagyň ygtybarlylygydyr.

Şifrlemek boýunça ulgamlary işläp taýýarlamaga jogap berýän guramalar peýdalanylýan ulgamlaryň ygtybarlylygynyň, takmynan, 100%-e deňdigi barada ynamly kepilnama berýärler. Başgaça aýdylanda, olar şifr bilen ýazylan haty okamak üçin edilýän islendik synanyşygyň ygtybarly goragçysy bolup durýandygyny tassyklaýarlar. Şol bir wagtyň özünde, tejribeli diplomatik işgärler, hatda şeýle şertlerde hem, paýhasly seresaplylygy saklamagyň gerekdigini we döwletiň bähbitleri üçin aýratyn duýguly habar uzelleriniň del ellere düşmezligi üçin çäreleriň görülmeginiň zerurdygyny belleýärler.

Şifrlenen telegramma bilen işlemek – munuň özi diplomatik işiň düýbünden aýratyn görnüşidir. Bu işe diňe seljeriş başarnyklary bolan we öz pikirini aýdyň, sowatly beýan edip bilýän uly diplomatlar çekilýärler. Telegrammanyň awtorlary iň çylşyrymly wakalara dogry, hakyky baha bermelidirler, sebäbi bu ýerde ýurduň bähbitleri ýatandyr. Şifr telegramma ýörite bloknotda, elden we ýeke-täk sanda, aýratyn kagyzda ýazylýar. Şifr telegrammanyň taslamasyny işiň bu görnüşine göýberilen diplomatik işgärler öz ugurlary boýunça taýýarlaýarlar, ýöne ähli şifrlenen telegrammalara diňe ilçi, onuň bolýan ýurdunda wagtlaýyn ýok wagty bolsa, onuň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetirýän diplomat gol çekýär.

Howpsuzlygy we gizlinligi saklamagyň bähbitleri üçin şifrlenen telegramma boýunça ähli iş (ony ýazmak we onuň bilen tanyşmak) diňe munuň üçin niýetlenen jaýlarda alnyp barylýar. Şifrlenen telegrammalar bilen işi tertibe salýan ýörite görkezmeler bardyr we olary berjaý etmezlik uly wezipe etmişi hasaplanýar. Şifrlenen

telegrammanyň mazmunyny şifr telegramma dahyly bolmadyk işdeşler bilen maslahatlaşmak düýbünden gadagandyr.

Şifrlenen telegramma laýyk temany tapmak aýratyn meseledir. Temalaryň saýlanyp alynmagyna aýratyn üns berilmelidir we telegrammalar diňe Türkmenistanyň bähbitleri nukdaýnazaryndan has möhüm meseleler boýunça ýazylmalydyr. Şifr bilen gizlin, şeýle hem gizlin däl habar ýollanyp bilner. Habaryň soňky görnüşi şifr arkaly çaltlyga zerurlyk bolan halatynda ýollanýar. Şol bir teksti şifr we aragatnaşygyň adaty kanallary boýunça ýollamaklyk düýbünden gadagandyr.

Şifrlenen telegrammalary ugratmagyň ençeme usuly bardyr. Däp bolan usul, ol hem olary teleks, radioperedatçik (ýagny elektromagnit tolkunlarynyň kömegi bilen radio gepleşigini berýän enjam) boýunça ýollamakdyr. Häzirki döwürde aragatnaşyklaryň häzirki zaman kompýuter we hemra kanallary ulanylýar. Şifrlenen telegramma ugradylan ýerine baransoň, ony açýarlar we ýolbaşça berýärler. Ýolbaşçy bolsa gelip gowşan resminama bilen bagly bolan wezipeleri kesgitleýär.

Şu ýerde habarçylaryň öz aragatnaşyklarynda şifrleýji ulgamlardan peýdalanmaklyga hukuklarynyň bardygy ýa-da ýokdugy baradaky meseläniň üstünde durup geçeliň. Elbetde, beýle hukuk, halkara tejribesine laýyklykda, habarçylarda ýokdur. Ýöne muňa seretmezden, soňky ýyllarda telefon gürrüňleri we hatda poçta materiallaryny şifrlemek üçin dürli esbaplar giň gerim aldy. Umuman, şifr ulgamlardan peýdalanmagyň tejribesi köp derejede tehniki esbaplaryň özleriniň kämilleşmeginiň derejesine, halkara ylalaşyklara we her bir belli ýurtdaky bar bolan şertlere bagly bolup durýar.

Indi şifrlenen telegrammalar taýýarlanylanda, başga-da göz öňünde tutulmaly käbir talaplara hem gysgaça seredip geçeliň. Şifr arkaly ugradylýan habar, esasan hem, ministrligiň ýolbaşçysynyň adyna ýollanýar we şol habar Türkmenistanyň beýleki pudak edaralary we guramalary üçin hem gyzyklanma döredip biler. Şu jähtden, şifrlenen telegramma bildirilýän ilkinji talap, ol hem onuň ähmiýetidir, möhümligidir. Ikinji talap, ol hem, umuman, habara bildirilýän ähli talaplara (sanlar, atlar, guramalaryň atlary, ýazuwda ulanylýan

şertli gysgaltmalar, eger telegrammanyň tekstinde gysgaltmalar ulanylýan bolsa, onda ilkinji gezek olar doly ýazylmalydyr) laýyk gelmelidir. Şifr arkaly ugradylýan habar gysgalygy, diliň aýdyňlygyny talap edýär. Eger haýsydyr bir tema onda ilkinji gezek gozgalmaýan bolsa, onda telegrammanyň öňki belgilerine salgylanylmalydyr.

Bir telegrammada ençeme temalara deglip geçilmegi käbir kynçylyklary döredýär. Şifrlenen telegrammalaryň amaly taýdan peýdalanylmagy üçin olaryň «daşary syýasat», «ikitaraplaýyn gatnaşyklar», «ykdysady meseleler» ýaly haýsy-da bolsa bir tema bagyşlanmagy maksada laýykdyr. Şeýle hem diplomatik gulluklaryň tejribesi telegrammalarda aýry-aýry habarlaryň hakyky çeşmelerini görkezmegiň zerurlygynyň ýokdugyny, onuň ýerine «DIM-iň gowy habardar işgäriniň bize aýtmagyna görä...», «Prezidentiň ýakyn töwereginden bolan adamyň bize ynançly söhbetdeşlikde habar bermegine görä...» ýaly häsiýetnamalaryň ulanylmagynyň ýeterlikdigini görkezýär.

Ýokarda biz öňki SSSR-iň Kommunistik partiýasynyň MK-synyň birinji sekretary N.S. Hruşewiň daşary ýurt döwlet baştutanlary (galapyn, sosialistik döwletleriň ýolbaşçylary) bilen ikiçäk duşuşyklarynda, şeýle hem özüniň köpçülikleýin çykyşlarynda gizlin resminamalardan sözleri getirmekligi gowy görendigi barada mysal getiripdik. Onuň bu häsiýeti barada şaýatlyk edýän mysallar sowet syýasy edebiýatynda başga-da az bolmady. Hruşewyň bu jenaýatçylykly endigi dünýä jemgyýetçiligine belli bir wagtyň dowamynda uly täsir galdyrypdyr. Ýöne şeýle resminamalaryň taýýarlanylmagy bilen bagly bolan ýurtlar habaryň ýaýramagynyň çeşmelerini tapmak boýunça bada-bat çäre görüpdirler we ençeme halatlarda çeşmeler tapylypdyr. Deliller şeýle ýagdaýlaryň Sowet Soýuzynyň döwlet bähbitlerine uly zyýan ýetirendiklerine şaýatlyk edýärler. Şu jähtden, islendik, hatda iň möhüm, resminama häsiýetli habary öz sözüň bilen beýan etmek ýerlikli hasap edilýär.

Şifrlenen habar telegrammasynyň gurluşy erkin bolup biler, ýöne ol hökmany suratda, habary ýollamaklygyň sebäbi (habary ýollamaklygyň zerurlygynyň sebäbini düşündirmek – wakanyň ýa-da möhüm duşuşyk-söhbetdeşligiň bolup geçmegi, möhüm mesele boýunça täze delilleriň we materiallaryň we ş. m. üstüniň

açylmagy),beýan edilýän wakalaryň gysgaça gelip çykyşy, täze alnan habaryň many-mazmuny, şol täze maglumatlaryň ýurtdaky, sebitdäki ýagdaýa we şol ýurt bilen Türkmenistanyň gatnaşyklaryna ýetirip biläýjek täsiri ýaly meseleleri özünde jemlemelidir

Habary taýýarlan diplomatlar şifrtelegrammanyň soňunda ýollaýan habarlary boýunça öz hususy bahalaryny berseler we öz hususy hereketleriniň has maksadalaýyk ýollary barada aýtsalar, onda habar gowy kabul ediler. Merkeziň işini ýeňilleşdirmek maksady bilen, şeýle hem Merkezden kähalatlarda görkezme almagyň ýönekeý däldigini nazarda tutmak bilen, şifrtelegrammanyň soňunda «Eger-de aýyň pylançasyna çenli Sizden aýratyn görkezme gelip gowuşmasa, onda biz şeýle hereket etmek barada pikir edýäris» diýip ýazylsa, maksadalaýyk bolar. Habar telegrammalarynyň şeýle soňlanmasynyň Merkez tarapyndan hemişe oňaýly jogap bilen garşylanýandygyny tejribe görkezýär.

Şifrtelegrammanyň ýönekeý, aýdyň dilde ýazylmalydygyny ýene-de bir gezek nygtap geçeliň. Şifrtelegramma işjeň resminamadyr we onda aýlawly jümleler ýerlikli däldir. Tekst sorag döretmeli däldir we onuň özi jogap bolmalydyr.

Halkara tejribesi şeýle hem ýokary wezipeli adamlaryň, şol sanda diplomatlaryň öz derejesini, abadançylygyny özleriniň Merkeze ýollaýan habarynyň häsiýeti bilen baglaýan wagtlarynyň seýrek bolmandygyny görkezýär. Beýle ýagdaýlarda habar ýoýulmaklyk ýaly jenaýatçylykly häsiýete eýe bolýar. Mysal üçin, dürli ygtybarly çeşmeleriň tassyklamagyna görä, sowetler döwründe Gündogar Ýewropanyň öňki sosialistik ýurtlaryndan Moskwa ýollanan habaryň esasy bölegi ilki bilen çeşmeleriň özleri, ýagny habarlary beren şol ýurtlaryň ýolbaşçylary, soňra bolsa ilçiler tarapyndan ýoýulypdyr. Netijede, Moskwa sosialistik gurluşyň üstünlikleri, partiýanyň we hökümetiň ýolbaşçylygyndaky bitewilik, Sowet Soýuzyna ählumumy söýgi, hemme zadyň gülala-güllükdigi baradaky habarlar gelip gowşupdyr. Ýokary ahlak sypatlaryň berjaý edilmezligi netijesinde beýle habarlaryň gözgyny taryhy netijeleri mälimdir.

Aýdanlarymyza delil hökmünde diplomatik edebiýatdan alnan, 1980-nji ýylyň awgustynda Polşada bolup geçen ýagdaý baradaky

mysaly getirmek ýeterlikdir. Şol wagtdan biraz öňräk, Polşa Halk Respublikasynda Sowet Soýuzynyň täze ilçisi edilip B. Aristow bellenipdir. Warşawa uzak möhletlik iş saparyna taýýarlanan bu ýokary wezipeli diplomat Polşa barada bar bolan materiallar bilen tanşypdyr, şol döwürde SSSR Döwlet howpsuzlygy komitetiniň (DHK) başlygy wezipesinde işlän Ý. W. Andropowa jaň edipdir we Polşadan DHK-niň ugry bilen gelýän habarlaryň hakykylygyna ynamsyzlyk bildirýändigini aýdypdyr. «Meniň çuňňur ynanjyma görä, howp we dartgynlyk döretmeklige ýakyn bolan siziň adamlaryňyz bolşundan hem beter dowully habarlary ugradýarlar – diýip, ol aýdypdyr. – Eger şol habarlar boýunça netije çykarylsa, onda sosialistik gurluşyň Polşa Halk Respublikasynda nähili saklanýandygy düşnüksiz bolup galýar».

Erjel razwedka öz diýenini tutupdyr, üstesine-de, SSKP-niň MK-niň Baş sekretary L.I. Brežnewiň Polşanyň Birleşen Işçiler Partiýasynyň MK-nyň birinji sekretary Edward Gerek bilen Krymdaky duşuşygynyň wagty golaýlapdyr. Gerek bilen gepleşikler üçin taýýarlanylan papkada Polşadaky ýagdaý barada razwedkanyň seljeriş materialy goýlupdyr we onda Polşanyň Birleşen Işçiler partiýasynyň, umuman, polýak köpçüligine täsirini ýitirendigi, ýagdaýyň howply derejede ýaramazlaşýandygy we islendik wagt halkyň gozgalaňyna garaşyp boljakdygy aýdylypdyr.

Haçanda L.I. Brežnew söhbetdeşlikde seljeriş materialyndan wakalary getirip başlanda, E. Gerek bu maglumatlaryň ýalandygy, munuň syýasy garşydaşlarynyň toslamalary bolup durýandygy barada L.I. Brežnewi ynandyrmaga çalşypdyr. Söhbetdeşlik başa barmandyr, razwedka bolsa habar ýygnamaklyga has jogapkärli çemeleşmek barada berk duýduryş berlipdir. Şol duşuşykdan bir hepde geçip-geçmänkä bolsa, muňa şol döwürde sowet KHBS-niň, ozaly bilen bolsa, «Правда», «Известия» gazetleriniň materiallarynyň şaýatlyk edişi ýaly, Polşadan köpçülikleýin iş taşlaýyşlaryň başlanandygy barada habarlar gelip başlady. E. Geregiň özi bolsa diňe bir maksat - sentýabrda öz wezipesinden gitmek üçin gyssagly Polşa gitdi. Mälim bolşy ýaly, iş taşlaýyş hereketi barha güýjedi we ol ahyrky netijede syýasy güýç bolan we soňra ýeňiş gazanan «Raýdaşlyga» öwrüldi.

Sowet Soýuzynyň öňki sosialistik ýurtlardaky ilçihanalarynyň habar işi tutuşlygyna wezipe-partiýa bähbitleri bilen ýugrulandy, şonuň üçin hem ol professional habar işine ters gelýän garaýyş hökmünde seredilip bilner. Bir tarapdan, muny öňki sosialistik ýurtlarda ilçileriň wezipesine hünärmen-diplomatyň juda seýrek goýlandygy, takmynan, hemişe şol ýerlere hökmany suratda SSKP MK-nyň agzalary, uly partiýa guramalaryna ýolbaşçylyk etmekde tejribesi bolan professional partiýa işgärleriň bellenilmegi bilen düşündirse bolar.

Şol bir wagtyň özünde, sowet döwründen alnan köp sanly taryhy deliller razwedkanyň habarynyň hem, ilçihananyň habary bilen deňeşdirilende, hemişe has dogry bolmandygyna şaýatlyk edýärler.

Dürli ýagdaýlar baradaky habarlarda berilýän ýalňyş bahalar babatda gürrüň etmek bilen, özüňi rahatlandyrmaga ýardam edýän ýalňyş materiallar hem ýurt üçin örän uly howp döredýär. Şu ýerde Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň öňki Prezidenti B. Klintonyň ABŞ-nyň ýaragly güýçleriniň ştablarynyň başlyklarynyň Birleşen komitetinde eden çykyşyna salgylanmak ýerlikli bolsa gerek (1995-nji ýylyň 24-nji oktýabry). Şonda Klinton şeýle diýdi: «Sowet diplomatiýasynyň hatalyklaryny – Gorbaçewyň we onuň töweregininiň, şol sanda amerikan durmuş tärine açyk oňaýly garaýyşly adamlaryň adatdan daşary özlerine ynanmaklaryndan peýdalanmak bilen, biz Prezident Trumeniň Sowet Soýuzy bilen meseläni atom bombasynyň kömegi bilen çözjek bolan wezipesini ýerine ýetirdik. Elbetde, bu wezipe bir düýpli ýagdaý bilen tapawutlandy - biz atom bilen weýran bolmadyk döwletde çig malyň çeşmelerine eýe bolduk... Dört ýylyň içinde biz we biziň ýaranlarymyz SSSR-den 15 milliard dollarlyk dürli strategiki çig mal, ýüzlerçe tonna gyzyl, gymmat bahaly daşlary aldyk. Asla bolmadyk taslamalar üçin örän ujypsyz pula, takmynan, mugt diýen ýaly, bize şeýle hem 20 müň tonnadan gowrak mis, 50 müň tonna golaý alýumin, strategiki çig malyň başga-da ençeme görnüşlerini almak başartdy».

Habar telegrammalaryny taýýarlamak bilen, türkmen diplomatlary üçin ýeke-täk ölçegiň ýurdumyzyň milli bähbitleri bolup durýandygyny ýene-de bir gezek nygtap geçeliň. Bu ölçege müdimilik wepaly bolmaklygyň diňe bir döwürdeşlerimiz däl, eýsem nesille-

rimiz tarapyndan hem hökmany suratda we hemişe goldaw tapjagy aýdyňdyr.

Ýokarda seredip geçen resminamalarymyzdan başga-da, daşary ýurtlaryň, şol sanda Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalary öz ýurtlarynyň merkezleri üçin başga-da ençeme gulluk resminamalaryny taýýarlaýarlar we ýollaýarlar. Olar diplomatik işgärler babatdaky işe, konsullyk işine, diplomatik wekilhanalaryň howpsuzlygynyň goralmagy meselelerine, maliýe-hojalyk resminamalaryna we ş.m. degişlidir.

Içeri edara resminamalary diňe bir Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalary we konsullyk edaralary tarapyndan taýýarlanylmaýar. Şeýle resminamalary Türkmenistanyň DIM-niň merkezi diwanynda işleýän diplomatlar hem taýýarlaýarlar. Bir tarapdan, olar ilçihanalardan, konsullyklardan we halkara guramalaryň ýanyndaky hemişelik wekilhanalardan gelip gowuşýan habarlary seljerýärler, toparlara bölýärler we olary gepleşiklerde, ministrligiň ýolbaşçylygyna material taýýarlananda, daşary syýasatyň iň möhüm konseptual resminamalary düzülende ulanýarlar. Beýleki tarapdan, özleriniň ilçihanalardaky, hemişelik wekilhanalardaky, konsullyk edaralaryndaky işdeşleri ýaly, olar hem Aşgabatda daşary ýurt wekilleri bilen duşuşyklaryň, söhbetdeşlikleriň ýazgysyny ýöredýärler, dürli möhüm içerki diplomatik resminamalary taýýarlaýarlar.

## Soraglar:

**1.** Söhbetdeşligiň ýazgysy näme?

**2.** Söhbetdeşligiň esasy mazmunynyň ýazgysy nähili ýazylýar?

**3.** Diplomatiýanyň tejribesinde söhbetdeşlik wagtynda tehniki serişdäniň ulanylmagyna ýol berilýärmi?

**4.** Söhbetdeşligiň ýazgysynyň bolan duşuşygyň yzysüre ýazylmagynyň zerurlygy näme bilen düşündirilýär?

**5.** Söhbetdeşligiň ýazgysyny taýýarlamak üçin daşky görnüşe bolan berk talap barmy?

**6.** Syýasy häsiýetnama nähili maksat üçin taýýarlanylýar?

**7.** Häsiýetnamanyň düzüliş tertibi nähili?

**8.** Şifrlenen telegrammanyň artykmaçlyklary nämeden ybarat?

**9.** Şifrlenen telegramma bilen bagly işe nähili diplomatlar çekilýärler?

**10.** Şifrlenen telegrammany taýýarlan diplomatyň oňa öz hususy bahasyny bermegi maksadalaýykmy?

## VI BAP

# TÜRKMENISTANYŇ DIPLOMATIK WEKILHANALARYNYŇ HABAR-SELJERIŞ IŞINIŇ TEJRIBESINDEN

Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň 2008-nji ýylyň 20-nji martynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen tassyklanan Düzgünnamasynda ministrligiň esasy wezipelerinden biriniň habar-seljeriş işini amala aşyrmak bolup durýandygy, ýagny dünýädäki syýasy we durmuş-ykdysady ýagdaýy, halkara gatnaşyklaryň, daşary ýurt döwletleriniň içerki we daşary syýasatynyň ösüşiniň ugurlaryny, halkara guramalaryň işini seljermek, Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalaryndan we konsullyk edaralaryndan gelip gowuşýan habara toplumlaýyn seljerme bermek, onuň esasynda daşary-syýasy işi meýilleşdirmek, onuň netijelerini çaklamaklygy amala aşyrmak bolup durýandygy aýdylýar.

Şunuň bilen baglylykda, soňky ýyllarda ýurdumyzyň daşary-syýasy edarasynda, şol sanda onuň diplomatik wekilhanalarynda we konsullyk edaralarynda habar-seljeriş işini ýola goýmak we alyp barmak boýunça esli oňaýly tejribe toplandy. Geliň, şol tejribä Türkmenistanyň 1995-nji ýylyň maýynda Hytaý Halk Respublikasynda açylan ilçihanasynyň mysalynda gysgaça seredip geçeliň.

Daşary-syýasy habaryň diplomatiýanyň esasy wezipelerinden biri bolup durýanlygy üçin, arhiw materiallary bu işiň, şol sanda onuň habar-seljeriş ugrunyň ýurdumyzyň Hytaýdaky ilçihanasynyň işinde hem turuwbaşdan möhüm orun tutandygyna şaýatlyk edýär. Bu işi alyp barmak bilen, ilçihana Hytaý babatda Hökümetimiziň daşary-

syýasy ugrunyň işlenip taýýarlanylmagyna ýardam bermek maksady bilen, hytaý hakykatyny, Hytaýyň ýolbaşçylygynyň içeri we daşary syýasatyny çuňňur we hemmetaraplaýyn öwrendi we munuň esasynda öz Hökümetini bolýan ýurdundaky ýagdaý we wakalar barada yzygiderli habardar edip durdy.

Ýene-de bir bellemeli zat, ol hem diplomatik gullukda esasy wezipeleriň hatarynda anyk habary ýygnamak, ony seljermek we onuň esasynda degişli syýasaty işläp taýýarlamak bolup durýanlygydyr. Elbetde, şol syýasat döwlet tarapyndan kesgitlenen strategiki daşary-syýasy ugra laýyk gelmelidir we şol strategiki ugruň üstünlikli durmuşa geçirilmegine ýardam etmelidir.

Şonuň üçin hem Türkmenistanyň Hytaý Halk Respublikasyndaky ilçihanasy habar-seljeriş işine degerli ähmiýet bermek bilen, ozaly bilen, habary toplamakda hökümet neşirlerini, kitaplary, gazet-žurnallary, hasabat materiallaryny üns bilen öwrendi. Tejribe diplomatyň ussatlygynyň zerur bolan habary almak we soňra ýokary derejeli seljerme üçin daşary ýurt diplomatlary we ygtyýarly gurluşlaryň wekilleri bilen peýdaly aragatnaşyklary ýola goýmak we alyp barmak başarnygyndadygyny hem görkezýär. Şu jähtden, Ilçi, şeýle hem degişlilikde, ilçihananyň beýleki diplomatlary Hytaýyň DIM-niň merkezi diwanynda, ýurduň beýleki hökümet edaralarynda işleýän jogapkär işgärler, umuman, adamlaryň barha giň topary bilen aragatnaşyklary ýola goýmak, saklamak we ösdürmek üçin işjeň iş alyp bardylar.

Türkmenistanyň Hytaý Halk Respublikasyndaky ilçihanasy özüniň bolýan ýurduny syýasy taýdan öwrenmeginiň üstüni şeýle hem ony ykdysady, medeni-gumanitar taýdan öwrenmek bilen doldurdy. Şu jähtden, ilçihana, hususan-da, Türkmenistan üçin gyzyklanma döredip biljek hytaý ykdysady özgermeleriniň ösüşini üns bilen yzarlady. Mysal üçin, Hytaýyň döwlet kärhanalaryny özgertmek, ýörite ykdysady zolaklary döretmek, ýurdy kämilleşdirmekde hususy sektoryň, ylmyň we tehnikanyň, daşary ýurtlarda ýaşaýan hytaýlylaryň roly we orny, salgyt ulgamy, kiçi işewürlik we başga ençeme meseleler boýunça Hytaýyň tejribesini umumylaşdyrdy, hatda mata öndürmegiň tehnologiýasy, çaýy

işläp taýýarlamagyň ýollary we ş.m. bilen meşgul boldy. Umuman, 1996-2000-nji ýyllar aralygynda Türkmenistanyň HHR-däki ilkinji ilçisi tarapyndan Hytaýyň durmuşynyň esasy ugurlary boýunça 50-den gowrak habar-seljeriş materiallary taýýarlanyldy we olar Aşgabada ýollanyldy. «Uzak ýyllaryň dowamynda dürli ýokary diplomatik wezipede işlän hem bolsam, men diplomatik habary toplamak we taýýarlamak jähtinden metbugat habarlaryna garanyňda hemişe adamlar bilen janly aragatnaşyklary saklamaga we ösdürmäge, olar bilen söhbetdeşliklere has köp üns beripdim – diýip, Türkmenistanyň Hytaý Halk Respublikasyndaki ilkinji Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi öz ýatlamalarynda ýazýar. – Hut şol aragatnaşyklarym, bolan ýurtlarym boýunça iş gezelençlerim, şahsy synlarym meniň diplomatik habarlarymyň esasy çeşmeleri bolupdylar. Şol esasda men Aşgabada bolýan ýurtlarymda, aýdaly, Hytaýda bolup geçýän möhüm içerki we daşary-syýasy wakalar, türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň ýagdaýy we geljegi barada dürli seljeriş tematiki materiallary, dünýä syýasatynyň meseleleri boýunça HHR-iň garaýyşlary, onuň beýleki döwletler we ozaly bilen bolsa, iri döwletler, Türkmenistanyň goňşy ýurtlary bilen gatnaşyklary barada yzygiderli maglumatlar ýollaýardym. Ýurdumyzyň Daşary işler ministrliginde Pekiniň içerki we daşary-syýasy ugrunyň jikme-jik öwrenilmegine Türkmenistanyň syýasatynyň käbir ugurlaryna göni ýa-da gytaklaýyn galtaşýan hytaý metbugatynda çap edilen we meniň gazetlerden we žurnallardan terjime eden we Aşgabata ýollan materiallarym we makalalarym hem ýardam edendir diýip pikir edýärin. Umuman, ilçihanadan Merkeze yzygiderli ýollanan diplomatik habarlaryň HHR-iň syýasy durmuşyny, umuman, Uzak Gündogardaky syýasy we ykdysady ýagdaýy, türkmen-hytaý we hytaý-türkmen gatnaşyklarynynyň ýagdaýyny we geljegini öz wagtynda has doly we dogry şöhlelendirmäge öz saldamly goşandyny goşandyklary barada ynamly aýtsa bolar».

Türkmenistanyň Hytaýdaky ilçihananyň degişli arhiw materiallary ilçihanadan Merkeze ýollanan habarlaryň özleriniň möhümligi, hakykylygy, dogrulygy, dolulygy we täzeligi bilen tapawutlanandyklaryna, şeýle hem bu diplomatik wekilhananyň habar-seljeriş

material hökmünde Aşgabada hiç wagt gazetlerden, žurnallardan, maglumat täzeliklerinden alyp bolýan habary ýollamandygyna aýdyň şaýatlyk edýär. Ilçihana kararlaryň kabul edilmegi üçin Aşgabada bolýan ýurdunda nämeleriň bolup geçýändigi barada däl-de, eýsem, ozaly bilen, şol ýerde bolup geçýän hadysalaryň, wakalaryň sebäplerini aýdyňlaşdyrmagyň zerurlygyndan gelip çykýan habarlary iberipdi. Elbetde, meýilleri, maksatlary ýüze çykarmak hemişe diplomatiýanyň iň kyn wezipesi bolupdy we ol häzirem şeýleligine galýar. Şunlukda, diňe ilçiniň ýa-da başga diplomatyň tejribeliligi, onuň professional kämilligi, onuň giden delillerden iň gymmatlylaryny saýlap alyp bilmek ukyby degişli meseleler boýunça hökümet tarapyndan dogry kararyň kabul edilmegine kömek edip biler.

Elbetde, Türkmenistanyň HHR-däki ilçihanasy tarapyndan taýýarlanylan habar-seljerme materiallary TDIM-iň, şeýle hem beýleki hökümet edaralarynyň ýolbaşçylary tarapyndan hemişe ýokary baha mynasyp boldylar. Hususan-da, Türkmenistanyň Daşary söwda we daşary ykdysady gatnaşyklar ministriniň 1998-nji ýylyň 14-nji aprelinde Türkmenistanyň Hytaýdaky ilçihanasyna ýollan 166 belgili hatynda bu barada şeýle diýildi:

«Hormatly Ilçi!

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky uglewodorod resurslaryndan peýdalanmak boýunça doly ygtyýarly edara «Hytaýyň ykdysadyýeti, energetika deňagramlylygynyň düzümi we onuň energiýa resurslaryna bolan import zerurlyklary» atly Siziň taýýarlan düýpli seljeriş materialyňyz üçin Size uly minnetdarlyk bildirýär. Biziň pikirimizçe, özünde örän gymmatly delilleri, umumylaşdyrmalary, teklipleri we peýdaly maslahatlary jemleýän bu material biziň ministrligimiz tarapyndan üns bilen öwreniler we biziň energiýa resurslarymyzyň eksportynyň uzak möhletli maksatnamalary işlenip taýýarlanylanda minnetdarlyk bilen peýdalanylar».

Elbetde, häzirki zaman diplomatiýasynda seljeriş, çaklaýyş häsiýetli materiallara bolan talaplaryň geçmişde diplomatik resminamalaryna bildirilen talaplardan esli tapawutlanýandyklaryny ýene-de bir gezek nygtap geçeliň. Şonuň üçin hem her bir diplomatyň öz işinde alýan habarynyň ýokary talaplara, şeýle hem şol habaryň has doly dere-

jede döwletiň, Daşary işler ministrliginiň işiniň gün tertibinde durýan syýasy meselelere laýyk gelmegi üçin çalyşmagy we ony gazanmagy diplomatyň öz gulluk işine professional taýdan çemeleşýänliginden, onuň diňe bir özüniň ýurduny we özüniň hökümetiniň syýasatyny däl, eýsem bolýan ýurduny, onuň içeri we daşary syýasatyny, däp-dessurlaryny düýpli bilýänliginden, şeýle hem onuň diňe bir görkezmeleri ýerine ýetiriji bolman, eýsem onuň, ozaly bilen, döredijilik işgäri bolup durýanlygyndan, onuň, hiç bir döredijiliksiz şol bir hili işlemek boýunça däl-de, eýsem döredijilikli işleýänliginden, döredijiligi iş ýüzünde ýöredýänliginden habar berýär.

Türkmenistanyň HHR-däky ilçihanasy diňe bir özüniň işini uzak we gysga möhletleýin (bir ýyllyk, üç aýlyk) meýilleşdirmän we habar-seljeriş işi bilen işjeň meşgul bolman, eýsem öz mümkinçiligine görä, daşary-syýasy çaklaýyş işi bilen hem meşgul bolupdyr. Bu işi ýola goýmak bilen, ilçihana ýurdumyzyň daşary syýasatynyň esasy ugurlaryndaky ýagdaýyň ösüşiniň öňürdýän çaklamasy bolmasa, ylmy-esaslandyrylan syýasaty meýilleşdirmekligiň mümkin däldiginden gelip çykypdyr. Şol bir wagtyň özünde ilçihana tarapyndan diňe bir 1996-1997-nji ýyllarda Merkeze ýollanan teklipleriň arasynda daşary-syýasy çäreleriň meýilnamalarynyň we maksatnamalarynyň işlenip taýýarlanylmagynyň, çaklama işine degişli ünsüň berilmeginiň zerurlygy, kollektiwlerde doly döredijilik ýagdaýynyň döredilmegi, esasy wezipesi iri daşary-syýasy meseleler, şeýle hem biziň ýurdumyzyň daşary syýasatynyň emele gelmegi we ösmegi bilen bagly meseleler boýunça konseptual we amaly häsiýetli oý-pikirleri işläp taýýarlamak bolan daşary-syýasy çäreleri meýilleşdirmek boýunça Müdirligi döretmegiň maksadalaýyklygy, ministrlikde, onuň bölümlerinde seljermäniň we baha bermäniň predmeti bolup durýan meseleler boýunça işjeň ara alyp maslahatlaşmalaryň geçirilip durulmagy ýaly teklipler hem bolupdyr. Ýokarda ady we esasy wezipesi agzalyp geçilen bölümiň işiniň esasy ugurlary barada hem käbir pikirler aýdylypdyr: bu mesele boýunça amaly işde ilkinji ädimiň halkara ýagdaýyny, aýry-aýry sebitlerdäki ýagdaýlary, daşary ýurtlaryň daşary syýasatyny çuňňur seljermek, umuman, dünýäniň ýagdaýyna akyl ýetirmek bolup biljegi nygtalypdyr. Elbetde, bu ýerde gürrüň

biziň syýasatymyz tarapyndan häzirlikçe göz öňünde tutulmadyk täze ýagdaýlary, täze meýilleri we ş.m. ýüze çykarmak barada barýar. Ilçihananyň pikiriçe, işiň ikinji basgançagynyň özüne ýakyn, eger bu mümkin bolan ýagdaýynda, onda iri daşary-syýasy we halkara meselelerde işleriň ösüşiniň has uzakmöhletli geljegini, aýry-aýry sebitlerdäki ýagdaýlary ýüze çykarmagy goşup biljegi nygtalypdyr. Işiň üçünji basgançagynyň wezipesi şeýle çaklamalaryň hasaba alynmagy bilen şu günki günüň, geljegiň nukdaýnazaryndan biziň häzirki hereketlerimiziň täsirliligine hakyky, mümkin boldugyça, anyk baha bermekden ybaratdygy aýdylypdyr. Seredilýän mesele bilen baglylykda ýurdumyzyň DIM-niň düzüminde halkara howpsuzlygy çäginde çaklamak boýunça hemişelik toplumlaýyn toparyň döredilmeginiň maksadalaýyklygy öňe sürlüpdir.

Türkmenistanyň Hytaý Halk Respublikasyndaky ilçihanasynyň geçen asyryň 90-njy ýyllarynyň ikinji ýarymynda Merkeze ýollan teklipleriniň arasynda şeýle hem ekspertiza, türkmen diplomatiýasynyň ylym bilen ýakyn özara gatnaşygynyň ýola goýulmagynyň möhümligi bilen bagly tekliplere hem uly orun berlipdir.

Elbetde, ekspertiň tekliplериниň ählisiniň zerurlyklara laýyk gelip bilmezligi, şunlukda, onuň aýdýan pikirleriniň hemmesiniň hökmany suratda kabul edilip bilinmezligi tebigy zatdyr. Ýöne ekspert özüniň oý-pikirlerindäki ähli peýdaly zatlaryň hasaba alynjagyny we peýdalanyljagyny bilmelidir. Şunlukda, biziň daşary-syýasy işimiz ençeme ekspertleriň köpçülikleýin akyl zähmetini toplamalydyr we munuň özi daşary-syýasy işiň täsirliliginiň ýokarlanmagyna hemişe ýardam etmelidir.

Türkmen diplomatiýasynyň ylym bilen özara içgin gatnaşygy barada aýdanymyzda, onda diplomatiýa we medeniýet, diplomatiýa we žurnalistika ýaly diplomatiýanyň we ylmyň hem örän ýakyn özara baglanyşygy, birleşigi zerurdyr. Bu birleşigiň agzalarynyň açyklyk we demokratizmleşmek, pikirleriň dürlüligi we garaýyşlaryň garaşsyzlygy ýörelgelerine doly laýyk gelýän hyzmatdaşlygyň häzirki zaman nusgasyny işläp taýýarlamaklary gerekdir. Elbetde, taraplaryň hukuklary we borçlary deň, bähbitleri bolsa bir bolmalydyr.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan we Hytaý gadymy hem-de baý taryhy bolan ýurtlardyr. Biziň gatnaşyklarymyzyň taryhy asyrlaryň jümmüşine – Beýik Ýüpek ýolunyň halklarymyzy baglanyşdyran döwrüne uzalyp gidýär. Hut şonuň üçin hem iki ýurduň halklarynyň taryhy gatnaşyklarynyň örän gadymy we uzak döwürleriniň düýpli öwrenmegi talap edýändigi düşnüklidir.

Türkmenistanyň öz garaşsyzlygyna eýe bolmagy bilen türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň, şol sanda Hytaýda ýaşaýan türkmenleriň taryhyny düýpli öwrenmeklige bolan gyzyklanma türkmen taryhçy-larynda hem barha artyp başlady. Türkmen halkynyň taryhynyň dogry we has doly ýazylmagyna ýardam etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Hytaý Halk Respublikasyndaky ilçihanasy hem turuwbaşdan hytaý türkmenleriniň taryhy boýunça gymmatly çeş-meleri gözlemek, toplamak, olary mümkin boldugyça hytaý dilinden türkmen diline geçirmek, ylmy taýdan öwrenmek we umumylaşdyr-mak bilen meşgul boldy we bu iş gysga wagtyň içinde ilçihananyň amaly diplomatiýasynyň bir ugruna öwrüldi. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Taryh institutyna, Dünýä türkmenleriniň gumanitar assosiasiýasyna hytaý türkmenleri barada iňlis, hytaý dillerinde dürli hytaý çeşmeleri – kitaplar, surat-wideo we başga materiallar, şeýle hem bu meseläni çuňňur we hemmetaraplaýyn öwrenmekligi işjeňleşdirmek boýunça dürli teklipler yzygiderli ýollanyldy. 1998–2000-nji ýyllarda şu kitabyň awtory tarapyndan taýýarlanylan we dürli ylmy neşirlerde türkmen, hytaý , iňlis, rus dil-lerinde çap edilen «Hytaý salyrlary we olaryň taryhyna bagyşlanan barlag işler barada», «Gadymy Hytaýda türkmen atlary» ýaly ylmy makalalary, şeýle hem onuň «Türkmen dünýäsi», «Edebiýat we sungat», «Aşgabat», «Ahal durmuşy» gazetleriniň sahypalarynda hytaý türkmenleriniň taryhy barada ýerleşdirilen düýpli makalalary Türkmenistanyň we Hytaýyň taryhçy alymlarynyň we giň okyjy-lar köpçüliginiň ýokary bahasyna mynasyp boldy. 1999-njy ýylyň 24-29-njy dekabry aralygynda Aşgabatda bolup geçen IX ählihalk Maslahatynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Türkmenistanyň Hy-taýdaky ilkinji Ilçisini onuň işjeň we öndürijilikli zähmetini aýratyn

gutlamagy hem ilçihananyň bu ugurdaky işine berlen ýokary döwlet bahasyndan habar berdi.

Indi hytaý türkmenleri barada gysgaça durup geçsek, onda olaryň Hytaýda ýaşaýan 60-a golaý milli azlyklaryň biri bolup durýandyklaryny, olaryň iki sany türkmen etniki topardan ybaratdygyny, şol toparlaryň birinjisiniň ilatynyň sany boýunça birnäçe müň bolup, olaryň, esasan hem, Sinszýan-Uýgur awtonom raýonynda ýaşaýandyklaryny, olaryň dilleriniň bolsa gadymy türkmen diline meňzeşdigini belläp geçeliň.

Hytaý türkmenleriniň ikinji, has uly etnik topary salyrlardyr. Orta Aziýadan Hytaýa göçüp baran wagtlaryndan bäri salyrlaryň esasy ýerleşýän etraby 1953-nji ýylyň 1-nji martynda döredilen Sinhaý welaýatynyň Sýunhua-Salar awtonom uýezdi bolup durýar (mundan beýläk –Sýunhua). Onuň administratiw merkezi bolsa Szişiçžendir. Salyrlar şeýle hem Hualun-Hueý awtonom uýezdiniň (Sinhaý welaýaty) Gandu şäherçesinde, Szişişan-Baoan-Dunsýan-Salar awtonom uýezdiniň (1981-nji ýylyň 30-njy sentýabrynda döredildi) Daheszýa şäherçesinde ((Sinhaý welaýaty), Linsýa-Hueý, Gannan-Tibet awtonom prefekturalarynda (Gansu welaýaty), Ninsýa-Hueý awtonom etrabynda, Hytaýyň Sinszýan-Uýgur awtonom raýonynyň Inin ýa-da Gazak awtonom okrugynda, Pekinde, Sininde, Lançžowda ýaşaýarlar. Hytaý çeşmelerine laýyklykda hytaý salyrlarynyň umumy sany, takmynan, 100 müň adamdan ybaratdyr (2000-nji ýyl).

Hytaý çeşmelerine laýyklykda, Hytaýdaky salyr türkmenleriniň Sýunhua göçüp barmaklary barada dürli tassyklamalar bar. Şol çeşmeleriň biri gadym salyr türkmenleriniň bu ýere düşen wagtynyň 1370-nji ýyldygyny, başga bir çeşme bolsa şol wagtyň on ikinji asyryň ortasy bolandygyny tassyklaýar. Mysal üçin, başy ýerden göge çekilen dim-dik ýadygärligiň, ýagny stellanyň ýüzüne sünnälenip ýazylan iňňän täsin ýazgyda şeýle diýilýär: «Lotosýuan kölçesi salyrlaryň XII asyryň ortasynda Sýunhua göç edenliginiň we bu halkyň ösüp-örňemeginiň taryhynyň şaýadydyr». Şol çeşmeler şeýle hem salyrlaryň ata-babalarynyň öz başlangyjyny oguz taýpasynyň salyr şahasyndan alyp gaýdýandygyna şaýatlyk edýärler. Salyrlaryň

dili altaý dilleri maşgalasynyň türki toparynyň günbatar gun diliniň oguz şahasyna degişlidir. Salyr türkmenleriniň durmuşynda yslam uly orun tutýar we olar yslamyň sünni ugrunyň tarapdarlary bolup durýarlar.

Hytaýa göçüp baranlaryndan soň salyrlaryň ata-babalary tarapyndan ösen oba-hojalyk medeniýetiniň döredilmegine olaryň ata Watanynda – Günorta Türkmenistanda baý oba-hojalyk tejribäniň bolmagy köp derejede ýardam edipdir. Başga bir hytaý taryhy ýagysyna laýyklykda, hut salyrlar Huanhe derýasynyň töwereginde ilkinji bolup galla ekip başlapdyrlar. Şu günki gün hem hytaý salyrlary, esasan, gallaçylyk bilen meşgul bolýarlar, olar şeýle hem bugdaý, arpa, mekgejöwen ösdürip ýetişdirýärler.

Salyrlaryň baý edebi mirasy bardyr. Ýöne ençeme ýagdaýlar, şol sanda olaryň ýazuwynyň ýoklugy sebäpli, olaryň çeper eserleriniň köpüsi asyrlaryň dowamynda ýitipdir. Salyrlar Hytaý Halk Respublikasy döredileninden soň öz milli medeniýetini ösdürmäge mümkinçilik alypdyrlar.

Salyrlaryň taryhyny, şol sanda dilini öwrenmek rus, ýapon, rumyn, wenger, türkmen we beýleki ýurtlaryň alymlarynyň hem ünsüni özüne çekýär.

Şol bir wagtyň özünde salyr ýazgy resminamalarynyň öwrenilmegi möhüm ähmiýete eýe bolup durýar. Soňky onýyllyklaryň içinde Hytaýda özünde gaty köp maglumatlary jemleýän, salyrlaryň taryhyny, gadymy salyr dilini we medeniýetini öwrenmek üçin gymmatly resminama çeşme bolup durýan ençeme gymmatly ylmy eserleriň tapylmagy we olaryň ylmy taýdan işlenilmegi bu meseläniň möhümligini has-da artdyrdy. Şol bir wagtyň özünde türkmen-hytaý gatnaşyklaryny, şol sanda hytaý türkmenleriniň taryhyny düýpli öwrenmek işine Türkmenistanyň we Hytaýyň ylmy-barlag we ýokary okuw jaýlarynyň alymlarynyň arasynda alnyp barylýan ylmy aragatnaşyklaryň hem barha netijeli ýardam edýändigi aýdyňdyr.

Gadymy Hytaýda türkmen atlarynyň taryhyna, biziň şu günki günlerimizde Türkmenistanyň we Hytaýyň arasyndaky hyzmatdaşlykda atçylygy ösdürmek bilen bagly meselä gysga-

ça degip geçmek hem gyzyksyz däl bolsa gerek. Şunlukda, hytaý çeşmeleri gadymy Hytaýda atlaryň döwlet serhetlerini goramak we harby maksatlar üçin ulanylandygyny, ýöne muňa garamazdan, hytaý hökümdarlary üçin atlaryň syratlylygynyň, owadanlygynyň olaryň peýdalylygyndan hem esli derejede ileri bolandygyny görkezýärler. Gadymy däbe görä, aty mukaddes hasaplapdyrlar, onuň hudaý tarapyn gelip çykanlygynyň gürrüňsiz alamatlary hökmünde oňa täsin häsiýetleri beripdirler. Hormatlanýan rowaýat aty suwuň gizlin güýçlerine ýakyn drakonyň, ýagny aždarhanyň garyndaşy diýip yglan edipdirler. Mälim bolşy ýaly, hytaýlylar aždarhany mukaddes hasaplaýarlar.

Atlar – Günbataryň aždarhalary baradaky yrym hem öz gözbaşyny irkihan imperatory U-di-niň döwründen alyp gaýdýar. Imperator U-di özüniň taňrylygyny müdimileşdirmek we özüne bakylygy üpjün etmek maksady bilen at tirkewiniň özüni asmana alyp gitmegini gaty arzuw edipdir. Hut şonuň üçin hem hytaýlylar ahalteke atlarynyň ata-babalaryny meşhur atlar-aždarhalar bilen deň hasap edipdirler. Han nesilşalygynyň döwründe (biziň eýýamymyzdan öňki 206-njy ýyldan biziň eýýamymyzyň 220-nji ýylyna çenli aralykda) parfiýa, ýagny ahalteke atlary «asman atlary», «ganatly atlar» diýlip atlandyrylypdyr.

Biziň bu aýdanlarymyza ençeme hytaý çeşmeleri, şol sanda hytaý alymy Wan Çženşanyň «Gadymy Hytaýda türkmen atlarynyň taryhy», «2100 ýylyň dowamynda Hytaýyň demirgazyk-günbatar atlarynyň nesilleriniň döremegine ahalteke atlarynyň täsiri» ýaly ylmy işleri, şeýle hem beýleki bir hytaý alymy Wan Teguannyň «Atlaryň arassa ganly Ahalteke, Arap nesli» atly 1996-njy ýylda Pekinde çapdan çykan kitaby aýdyň şaýatlyk edýär. Hytaý alymlary öz ylmy işlerinde şeýle hem ahalteke atlarynyň arap atlaryndan 700 ýyl öň peýda bolandyklaryny tassyklaýarlar.

2010-njy ýylda Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň döredilmegi arassa ganly ahalteke bedewlerini saklamak hem-de kämilleşdirmek, onuň baş sanyny artdyrmak, şeýle hem nusgalyk hasaplanýan «behişdi bedewleriniň» dünýä ýüzündäki abraýyny belende galdyrmak üçin oňaýly binýady emele getirmekde uly rol oýnady.

Häzirki wagtda dünýäniň 29 döwletinden 132 sany edara görnüşli we şahsy taraplaryň Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň agzasy bolup durmaklary şeýle binýadyň gysga wagtyň içinde döredilendiginden habar berýär.

Gadymy Hytaýda ahalteke atlarynyň jemgyýetdäki orny baradaky biziň ýokarda getiren taryhy maglumatlarymyz, bir tarapdan, türkmen we hytaý halklarynyň arasyndaky dostlukly gatnaşyklaryň köküniň taryhyň çuňluklaryna uzaýandygyndan habar berse, ikinji bir tarapdan, olar XXI asyrda şol gatnaşyklaryň has täzeçe mazmuna eýe bolup, ahalteke bedewleriniň iki halkyň hem buýsanjyna öwrülendigini subut edýär. Muňa 2014-nji ýylda Halkara ahalteke atlarynyň assosiasiýasynyň göçme mejlisiniň Hytaý Halk Respublikasynda geçirilmegi, bu dostlukly döwletiň Pekin şäherinde ahalteke bedewiniň medeni seýilgähiniň düýbüniň tutulmagy, hytaý wekiliýetiniň 2015-nji ýylyň aprel aýynda Aşgabatda bolup geçen we onda atçylygy, şol sanda atçylyk sportuny ösdürmek bilen bagly meselä sereden Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň nobatdaky V mejlisine işjeň gatnaşmagy, galyberse-de, 2015-nji ýylyň 22-nji aprelinde Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany bilen «Garaşsyz Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň ykrar edilmegine, atçylyk pudagyny, şol sanda atçylyk sportuny ösdürmäge goşan saldamly goşantlary üçin, ahalteke bedewleriniň şan-şöhratyny dünýä ýaýmak ugrunda halkara gatnaşyklaryny ösdürmekde gazanan uly üstünliklerini göz öňünde tutup, şeýle hem Türkmen bedewiniň baýramy mynasybetli birnäçe daşary ýurtly atşynaslar bilen birlikde, HHR-niň Atçylyk assosiasiýasynyň daşary aragatnaşyklar bölüminiň müdiri Žan Munyň Türkmenistanyň «Bitaraplyk» ordeni bilen sylaglanmagy we başga-da köpsanly mysallar aýdyň şaýatlyk edýär.

Sözümiziň ahyrynda, haçanda global habar torlary dörän, döwletleriň ýolbaşçylary bolsa islendik wagt bir-biri bilen «gyzgyn» we «sowuk» telefonlar arkaly aragatnaşyk saklap, öň ilçileriň ygtyýarlygynda bolan meseleleri ara alyp maslahatlaşýan, haçanda pudaklaýyn ministrler faks, internet ýaly habar serişdeleri arkaly bir-birine gepleşikler we ylalaşyklaryň taslamalary boýunça

teklipler ýollap bilýan, haçanda metbugatyň gepleşikleriň töweregine aralaşyp, gizlin ylalaşyklaryň mazmunyny açyp bilýän, umuman, iň täze döwrüň ýagdaýlarynyň köp halatda, haçanda içerki we daşarky syýasatyň arasynda anyk tapawudyň bolmadyk, orta asyr ýagdaýyna gaýdyp gelinmegini ýatladýan häzirkizaman şertlerinde, ilçileriň roly bilen bagly mesele has möhüm ähmiýete eýe bolýar.

«Şeýle şertlerde däp bolan diplomatik institutlar geljekde hereket ederlermikä, ilçileriň däp bolan wezipeleriniň zerurlygy bolarmyka?» ýaly soraglar peýda bolýar.

Bu meseläni has-da giňräk goýalyň: geljekde diplomatlar üçin işiň kadalary nähili bolar? Diplomatiýa gizlinlige, uzak möhletli geljege we oýlanyşykly herekete, professionallaryň maslahatlaryna esaslanyp, häzirkisi ýaly işlärmi?

Özümiň diplomatik gullugyň iň ýokary wezipelerinde uzak ýyllaryň dowamynda işläp, toplan diplomatik tejribäme we öz kärdeşlerimiň – professinal diplomatlaryň pikirlerine esaslanmak bilen, bu meselä oňaýly jogap berse bolar. Sebäbi globallaşmak şertlerinde hem häkimiýetiň we adamyň roly, esasan, üýtgewsiz galýar we şunlukda, ilçileriň diňe bir peselmän, eýsem ol ýokarlanýar. Onda bolýan ýurduň jemgyýetçiligine öz döwletiň syýasatyny düşündirmek, syýasy hasabatlary we bahalary taýýarlamak, söwdany goldamak, köptaraplaýyn diplomatiýa, dürli guramalaryň bäsdeş bähbitlerini utgaşdyrmak, ikitaraplaýyn dostlukly gatnaşyklary goldamak, wekilçilikli wezipeler, halkara kadalarynyň we ulgamlarynyň ösmeklerine ýardam etmek – diplomatiýanyň bu we başga ençeme wezipeleri ozalkylary ýaly hereket ederler.

Geljekde hem diplomatlaryň esasy wezipeleri – şol bir wezipeler: syýasy ýitilik, öňdengörüjilik, beýlekileriň garaýyşlaryna dogry baha bermek we öz ýurduň bähbitlerini dogry we doly üpjün etmek bolar. Bahalar şeýle hem belli wakalar boýunça degişli hasabatlary, täze syýasy başlangyçlary, ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň şöhlelendirilmegi ýaly geljegiň we meýilleriň uzakmöhletleýin seljerilmegini öz içine alýar. Bolmagy ahmal dürli nusgalara, meýillere baha bermek, wakalaryň bolup biljek ösüşini öňünden çakla-

mak hem diplomatiýanyň möhüm wezipesine degişlidir. Habary kybaplaşdyrýan we ony bir meňzeş edýän, ýönekeýleşdirýän kuwwatly radio – we teleakymlar diplomatlary gereksiz edip bilmezler, sebäbi aragatnaşyklaryň, gepleşikleriň, diplomatik wekilçiligiň üznüksizligini üpjün etmek üçin zerur bolan ýurtda hemişe ýaşaýan wekillere derek başga bir serişde tapmak kyn bolar. Şu jähtden, kähalatlarda gabat gelinýän «Gowy žurnalist ilçiniň ornuny doly tutup biler» ýaly pikirler asla çynlakaý kabul edilip bilinmez. Žurnalistiň wezipesi okyjyny gyzyklandyrýan we gazeti satyn almaga mejbur edip biljek zatlar barada ýazmakdyr.

Şunlukda, ýokarda aýdylanlar Türkmenistanyň HHR-däki ilçihanasynyň özüniň hereket eden ilkinji günlerinden başlap beýleki gündelik meseleleri çözmek bilen bir hatarda, habar-seljeriş işine hem aýratyn üns berendiginden habar berýär. Netijede, Merkeze ýollanan habarlaryň umumy göwrüminde habar-seljeriş materiallaryň göwrümi yzygiderli artdy, olaryň hili bolsa ýokarlandy. Şeýle hem ilçihananyň habar-seljeriş işi täsirli görnüşler bilen baýlaşdy we bularyň hemmesi döwletimiziň Hytaý babatdaky syýasatyna oňaýly täsir etmek bilen, türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň yzygiderli giňelmegine we çuňlaşmagyna ýardam etdi.

### Soraglar:

**1.** Diplomatik gullukda habar-seljeriş işi nähili orun tutýar?

**2.** 1996–2000-nji ýyllarda Türkmenistanyň HHR-däki Ilçisi tarapyndan Hytaý barada näçe habar-seljeriş materialy taýýarlanyldy?

**3.** Ilçihana tarapyndan taýýarlanylan habar-seljeriş materiallary ýurdumyzyň hökümet edaralary tarapyndan nähili baha mynasyp boldy?

**4.** Türkmenistanyň HHR-däki Ilçisi habar-seljeriş materiallary taýýarlamakda, esasan, haýsy çeşmelerden peýdalandy?

**5.** Ilçihananyň Merkeze ýollan habarlarynyň hemişe özleriniň hakykylygy bilen tapawutlanmagy nämelerden habar berýär?

**6.** Ilçihana Aşgabada habar-seljeriş materialy hökmünde gazetlerden, žurnallardan, maglumat täzeliklerinden alyp bolýan habarlary ýollapdyrmy?

**7.** Ilçihananyň alyp baran daşary-syýasy çaklaýyş işi barada näme aýdyp bilersiňiz?

**8.** Geljekde diplomatlaryň esasy wezipeleri nämeden ybarat bolar?

# VII BAP

# DIPLOMATIK GULLUKDA HABAR-DÜŞÜNDIRIŞ IŞI

## §1. Habar-düşündiriş işiniň ähmiýeti. Türkmenistanyň dünýäniň maglumatlar giňişliginde öz ornuny pugtalandyrmagy

Häzirki wagtda diňe bir diplomatik wekilhananyň bolýan ýurdunyň Hökümetinde we Daşary işler ministrliginde däl, eýsem onuň giň jemgyýetçilik we işewür toparlarynda, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde wekilhanany akkreditlän ýurt barada oňaýly garaýşyň döremegi, oňaýly keşbiň bolmagy, şol ýurduň halkyna, taryhyna, diline we medeniýetine gyzyklanmanyň artmagy örän möhümdir. Islendik ýurduň oňaýsyz keşbi şol yurt barada ynamsyzlygy döredip biler we munuň netijesinde söwda-ykdysady gatnaşyklaryň, syýahatçylyk alyş-çalyşlaryň peselmegi, medeni-gumanitar aragatnaşyklaryň emeli saklanylmagy bolup biler. Munuň tersine, ýurt barada beýleki döwletlerde dörän oňaýly şekil olarda diňe bir şol ýurda bolan gyzyklanmany oýarman, eýsem onuň bilen söwda-ykdysady, medeni-gumanitar we gaýry çäklerde aragatnaşyklaryň ösdürilmegini höweslendirýär.

Hut şonuň üçin hem häzirki döwürde daşary-syýasy habar işiniň aýrylmaz bölegi bolup durýan habar-düşündiriş işi islendik ilçihananyň, halkara guramasynyň ýanyndaky döwletiň hemişelik wekilhanasynyň we konsullyk edarasynyň umumy işiniň esasy ugurlaryndan biri bolup durýar. Özüniň möhümligi boýunça diplomatik wekilhananyň işiniň bu ugruna hem onuň bolýan ýurdy barada habar toplamak we taýýarlamak boýunça işi bilen bir hatarda birinji derejeli

ähmiýetli iş hökmünde seredip bolar. Habar-düşündiriş işi bilen ähli döwletleriň daşary-syýasy edaralarynyň meşgul bolmagyny hem diňe şunuň bilen düşündirip bolar.

Türkmenistan özüniň garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden başlap ýurduň milli-döwlet bähbitlerini üpjün etmek, adamzadyň möhüm meseleleriniň çözgüdine, halkara howpsuzlygynyň pugtalanmagyna, täze wehimlere we howplara garşy durmaklyga ýardam etmek maksady bilen dünýäniň ähli döwletleri we iri abraýly halkara guramalary, ozaly bilen bolsa, Birleşen Milletler Guramasy bilen deňhukukly we özara peýdaly hyzmatdaşlygy yzygiderli giňeldýär we çuňlaşdyrýar. Netijede, sebitde we bütin dünýäde Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ugurlaryna, beýleki ýurtlar bilen amala aşyrýan gatnaşyklarynyň ýörelgelerine, türkmen Bitaraplygynyň iş ýüzünde durmuşa geçirilişine halkara syýasy we diplomatik bileleşigiň, syýasatşynaslyk merkezleriniň, maliýe we ykdysady edaralaryň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň berýän ünsi barha artýar. Şu jähtden Türkmenistanyň daşary syýasatynyň dürli ugurlaryny dogruçyl, ygtybarly beýan edýän maglumatlara artýan islegi kanagatlandyrmak wezipesi möhüm häsiýete eýe bolýar.

Elbetde, Türkmenistanyň ileri tutýan garaýyşlaryny we halkara başlangyçlarynyň many-mazmunyny dünýä jemgyýetçiligine düşündirmekligiň hem aýratyn möhüm bolup durýandygy düşnüklidir. Bu başlangyçlar BMG-niň çäklerindäki hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň uly geljeginiň, netijeli hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmekligiň mümkinçilikleriniň, häzirki zamanyň möhüm meseleleriniň deňeçer çözgütlerini işläp taýýarlamagyň ýollarynyň, ählumumy durnukly ösüş üçin zerur şertleriň bardygyny äşgär edýär.

Şol bir wagtyň özünde türkmen medeniýetiniň, ylmynyň, intellektual döredijiliginiň gazananlaryny halkara jemgyýetçiliginiň giň toparlaryna ýetirmek hem örän möhümdir. Umuman, Türkmenistanyň içerki syýasatynyň many-mazmunyny, ýurdumyzda bolup geçýän syýasy we durmuş-ykdysady ýagdaýlaryň tutuş çuňlugyny we göwrümini dünýä bileleşigine, dünýä jemgyýetçiligine ynandyryjylykly görkezmek üçin edilýän tagallalar örän uly ähmiýete eýe bolup durýar.

Türkmenistanda bolup geçýän demokratik özgerişlikler milli köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň (KHBS) ösmegi, olaryň barha kämilleşmegi üçiň giň mümkinçilikler açýar. 2013-nji ýylyň 4-nji ýanwarynda kabul edilen “Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hakynda” Türkmenistanyň Kanuny habaryň ýaýradylmagy we alyş-çalyş edilmegi üçin uly mümkinçilikler açdy, munuň üçin degişli hukuk meýdanyny döretdi.

Häzirki wagtda köp sanly deliller, bir tarapdan, ýurdumyzda her ýyl Bitarap Türkmenistanyň gazanan üstünliklerini dünýäde giňden wagyz edýän medeni we gaýry gatnaşyklary ösdürmek boýunça iri halkara döredijilik çäreleriň we forumlaryň geçirilýändigine (mysal üçin, diňe bir 2013-nji ýylda ýurdumyzyň döredijilik işgärleri halkara çäreleriniň 60-a golaýyna gatnaşdylar) aýdyň şaýatlyk edýär. Beýleki tarapdan, şol deliller Türkmenistanyň dünýäniň maglumatlar giňişliginde hem özüniň ornuny ýylsaýyn işjeň berkidýändiginden habar berýär. Şu jähtden, 2013–2014-nji ýyllary, aýratyn hem 2015-nji ýyly bu mesele boýunça hem Türkmenistanyň hil taýdan öňe giden ýyllary hasaplamak bolar, sebäbi şol döwürde ýurdumyzyň jemgyýetçilik-syýasy we medeni durmuşyny, gazanan üstünliklerini Türkmenistanda we daşary ýurtlarda giňden beýan edýän milli habar beriş serişdeleriniň sany esli artdy. Geliň, käbir mysallara ýüzleneliň.

Gadymy bahar baýramy bolan Nowruz baýramy soňky ýyllarda halkara derejä eýe boldy. Bu baýram Aziýanyň köp ýurtlarynyň, şeýle hem dünýäniň beýleki sebitleriniň halklary tarapyndan bellenip geçilýär.Türkmenistanda hem bu baýram her ýyl giňden bellenýär. Mysal üçin, 2013-nji ýylda ýurdumyzda Nowruz baýramçylygynyň bellenilmeginiň öň ýanynda giň gerimli baýramçylyk çäresini habarlar bilen üpjün eden «Nowruz baýramy» atly web-saýty açyldy.

Halkymyzyň milli buýsanjy bolan türkmen bedewlerine bagyşlanan web-saýt hem ýurdumyzyň nobatdaky internet-taslamasy boldy. Türkmen bedewiniň baýramçylygy bilen baglylykda açylan bu maglumat çeşmesi dünýä ulgamynda ýurdumyzyň häzirki zaman atçylyk we atçylyk-sport ulgamy barada gürrüň berip, okyjylary türkmen halkynyň ahalteke bedewleri bilen bagly däp-dessurlary bilen tanyşdyrýar.

2013-nji ýylyň maý aýynda Aşgabat dünýä ulgamynda öz sahypasyna eýe boldy, internetde «Ak mermerli Aşgabat» atly web-saýt açyldy. Paýtagtymyzyň myhmanlaryny, şol sanda daşary ýurtly syýahatçylary gyzyklandyran saýt paýtagtymyz, onuň taryhy we şu güni, gözel ýerleri we dürli desgalary barada zerur bolan maglumatlary berýär.

Ýene-de bir mysal. 2013-nji ýylyň iýun aýynda Türkmenistanyň Medeniýet we sungat işgärleriniň gününiň öň ýanynda türkmen medeniýetine bagyşlanan habar beriş-öwreniş web-saýty açyldy. Bu web-saýt ýurdumyzyň gazanan üstünlikleri, medeni özboluşlylygy we däpleriniň baýlygy, halkara ynsanperwer hyzmatdaşlygy barada gürrüň berýär, dünýä giňişliginde ýurdumyzyň abraýynyň berkemegine ýardam edýär.

Şu ýerde 2015-nji ýylyň 28-nji fewralynda Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 20 ýyllygyna hem-de 2015-nji ýylyň Bitaraplyk we parahatçylyk ýyly diýlip yglan edilmegine bagyşlanan täze web-saýtyň taýýarlanylandygyny hem belläp geçeliň.

Täze internet serişdesi dünýä jemgyýetçiligini Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň ýöredýän, sebitde hem-de dünýäde parahatçylygy we durnuklylygy, dostluk-doganlyk gatnaşyklaryny saklamaga, şeýle hem türkmen Bitaraplygynyň toýuna gabatlanan dabaralary we çäreleri giňden beýan etmäge gönükdirilen oňyn, ynsanperwer syýasaty bilen tanyşdyrmak maksadynda döredildi.

Täze saýt giň gerimli baýramçylyk çäreleriniň, şol sanda Bitaraplygyň 20 ýyllygyna bagyşlanan halkara maslahatyň habarlar arkaly beýan edilmegini üpjün etmäge gönükdirildi. Internet serişde öz okyjylaryna ýurdumyz, Türkmenistanda geçirilýän giň gerimli özgertmeler, halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek boýunça Türkmen döwletiniň daşary syýasy ugruna laýyklykda alnyp barylýan işler hakynda makalalary we beýleki maglumatlary hödürledi. Bu internet – serişde dünýä tejribesinde özüni gowy tarapdan görkezen tiz we howpsuz ýerine ýetirilen ilkinji türkmen saýty boldy. Web-saýt üçin ýörite wirtual serwer hödürlendi, şeýle hem sahypalaryň çalt çykarylmagyna mümkinçilik berýän serwer işe girizildi.

Şeýle hem soňky ýyllarda ýurdumyzda täze gazet-žurnallaryň döredilmegi, täze teleradioýaýlymlaryň açylmagy, umuman, maglu-

mat we telekommunikasiýalar ulgamynyň ösdürilmegi häzirki wagtda dünýäde öz habar täsirini pugtalandyrmak üçin Türkmenistanda ähli mümkinçilikleriň bardygyna şaýatlyk edýär.

Dünýä habar akymlaryna täsir etmeklige ukyply bolan ýokary derejeli habar resurslary barada gürrüň edilende, häzirki wagtda kosmos äleminiň bimöçber mümkinçiliklerini özleşdirmekligiň we ony giňden peýdalanmaklygyň dünýäniň ençeme ýurtlarynyň, şol sanda Türkmenistanyň hem döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýandygyny belläp geçeliň. 2011-nji ýylyň iýunynda Türkmenistanyň Prezidentiniň «Milli kosmos agentligini döretmek hakyndaky» Permana gol çekmegi munuň aýdyň subutnamasy boldy.

Agentligiň üstüne ýüklenen esasy wezipeleriň biri hem Ýeriň emeli hemrasyny uçurmak boldy we bu iş 2015-nji ýylyň 28-nji aprelinde Kaneweral burnundaky kosmodromdan (Florida ştaty, ABŞ) Türkmenistanyň «TürkmenÄlem» $52^0$ E ilkinji aragatnaşyk hemrasynyň uçurylmagy bilen amala aşyryldy. Türkmenistanyň Milli emeli hemrasyny gurmak hem-de kosmos giňişligine çykarmak, Orbital nokady kärendä almak üçin 2011-nji ýylda Türkmenistanyň we Fransiýanyň «Thales Alenia Space» kompaniýasynyň, «Space Systems International Monaco S.A.M.» kompaniýasynyň arasynda şertnamalar baglaşylypdy.

Türkmen hemrasynyň uçurylmagy diňe bir Ýeriň töweregindäki orbita gözegçilik etmegi, hemra aragatnaşyklaryny ýola goýmagy, älem giňişligi bilen baglanyşykly ylmy-barlaglary geçirmegi aňlatman, eýsem şeýle hem ýurdumyzda aragatnaşyk ulgamlarynyň we Internetiň, telewideniýäniň hem-de beýleki pudaklaryň çalt ösdürilmegine kuwwatly itergi berer, umumymilli maksatnamalarynyň birnäçesini üstünlikli durmuşa geçirmäge ýardam eder.

Galyberse-de, käbir ýurtlarda Türkmenistan barada internet-sahypalaryň açylmagy hem dünýäniň maglumatlar giňişliginde ýurdumyzyň ornunyň ýylsaýyn berkemegine ýardam edýär. Mysal üçin, 2008-nji ýylda Wenada (Awstriýa) Awstriýa-türkmen jemgyýeti (ATJ) döredildi we bu jemgyýetiň prezidenti Neda Bergeriň tassyklamagyna görä, «Jemgyýetiň esasy wezipesi dünýä jemgyýetçi-

ligini Beýik Ýüpek ýolunda ýerleşýän, çalt depginler bilen ösýän garaşsyz, Bitarap Merkezi Aziýa döwleti bolan Türkmenistan bilen tanyşdyrmak bolup durýar».

Awstriýa-türkmen jemgyýetiniň işinde Türkmenistanyň bitarap syýasatyny Ýewropanyň KHBS-de şöhlelendirmek uly ähmiýete eýe bolup durýar. 2011-nji ýylyň martynda ATJ-ti nemes we rus dillerinde özüniň internet-sahypasyny açdy we ol hemişe täzelenip durýar, Türkmenistanyň syýasy, ykdysady we medeni durmuşynda bolup geçýän iň soňky wakalar barada habar berýär. Dünýäniň 45 ýurdunyň okyjylary bu internet-sahypany yzygiderli okaýarlar.

Ýurdumyzyň tutuş daşary-syýasy habar işi bilen baglylykda 2010-njy ýylyň 17-nji dekabrynda bolup geçen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde Türkmenistanyň Prezidentiniň eden çykyşynda Türkmenistanyň halkara we sebit barlaglarynyň milli syýasatşynaslyk Merkezini döretmek meselesini öwrenmegi teklip edendigini hem belläp geçeliň. Şonda hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň şeýle hem bilermenleriň halkara bileleşiginiň alyp barýan işlerine işjeň gatnaşmak, dünýäniň syýasatşynaslar we žurnalistler guramalary bilen gatnaşyklary saklamak arkaly Türkmenistanyň halkara derejesinde we sebitde alyp barýan syýasatynyň dürli meseleleri boýunça garaýyşlaryny daşary ýurtlarda jemgyýetçilige ýetirmekligiň bu Merkeziň esasy wezipesi bolmalydygyny hem aýtdy.

Häzirki wagtda bilermenler bileleşiginiň dünýädäki orny barha ýokarlanýar, daşary syýasatyň meselelerine döwletiň garaýyşlary beýan edilende, bu bileleşigiň pikirine hem aýratyn ähmiýet berilýär. Soňky ýyllarda dünýäniň ähli ýurtlarynda iri halkara we sebit syýasatşynaslyk maslahatlarynyň hem ýygy-ýygydan geçirilýändigini, şol maslahatlaryň barşynda bolsa häzirki zamanyň syýasatşynaslyk pikiriniň ugurlaryny görkezýän we dürli ýurtlardaky jemgyýetçilik pikirine uly täsirini ýetirýän çekişmeleriň yzygiderli bolup geçýändigini hem belläp geçmek gerek.

Biziň pikirimizçe, Türkmenistanyň halkara we sebit barlaglarynyň milli syýasatşynaslyk Merkeziniň döredilmegi dünýäde häzirki döwürde bolup geçýän wakalar, Türkmenistanyň

şol wakalardaky orny hakynda anyk we dogry pikir ýöretmäge, biziň ýurdumyzyň milli bähbitlerini netijeli üpjün etmäge mümkinçilik berer. Has takygy, şeýle seljermäniň geçirilmegi berilýän maglumatlaryň hilini ýokarlandyrmaga, ýurdumyzyň daşary syýasatynyň dürli ugurlary boýunça garaşylýan netijeleri anyk kesgitlemäge hem-de zerur teklipleri taýýarlamaga ýardam eder. Mundan başga-da, şeýle Merkeziň döredilmegi bilen, ýurdumyzda milli syýasatşynaslyk mekdebiniň esasy goýlar, Türkmenistanyň halkara syýasy we maglumatlar ulgamyna has-da doly goşulmagy üçin onuň ähmiýeti barha artar.

Türkmenistan barada hakyky habary dünýä bileleşigine ýetirmek ýaly jogapkärçilikli wezipäniň amal edilmegi ýurdumyzyň ähli ugurlardaky hünärmenlerine, ilkinjileriň hatarynda medeniýet işgärlerine hem degişlidir. «Ýurdumyzda amala aşyrylýan häzirki çuň özgertmeleriň, gazanylýan üstünlikleriň many-mazmunyny, asyl maksadyny halkymyza we dünýä ýüzüne wagyz etmek medeniýet we sungat işgärlerimiziň jana-jan borjy bolup durýar» diýip, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdumyzyň Medeniýet we sungat işgärleriniň güni mynasybetli 2010-njy ýylyň 26-njy iýunynda Medeniýet we sungat işgärlerine ýollan Gutlagynda aýdyldy.

Häzirki wagtda habar işiniň rolunyň, ornunyň we ähmiýetiniň barha ýokarlanmagy diňe bir diplomatlardan däl, eýsem žurnalistlerden, şol sanda halkaraçy žurnalistlerden hem habary toplamak, ony seljermek, tertibe salmak we tükenikli taýýarlamak boýunça ýokary hünär ussatlygyny talap edýär. Bu ussatlyk bolsa, öz gezeginde, giň gözýetim, işde täze usullaryň we çemeleşmeleriň ulanylmagy bilen baglydyr. Bu barada Türkmenistanyň Prezidenti 2008-nji ýylyň 19-njy ýanwarynda döredijilik intelligensiýasynyň wekilleri bilen geçiren duşuşygynda şeýle diýdi: «Türkmenistanyň jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda, şol sanda döwlet häkimiýetiniň we dolandyrylyşynyň işinde hem-de ideologiýa ulgamynda durnuklylyk we açyklyk höküm sürýär. Şuny nazarda tutup, biziň habar beriş serişdelerimiz ykdysady ulgamymyzyň özüne çekijiligini, bitewi hukuk ulgamynyň kämilligini, Türkmenistanyň çäklerinde maýadarlaryň

we işewürleriň hukuklarynyň hem-de kepillendirmeleriniň halkara derejesinde doly üpjün edilýändigini dünýä jemgyýetçiligine dogry düşündirmegi başarmalydyrlar».

Daşary ýurtlarda BitarapTürkmenistan barada hakyky habary ýaýratmakda Türkmen döwlet habarlar agentligine (2014-nji ýylyň 21-nji noýabrynda Türkmen döwlet habarlar gullugy (TDHG) Türkmen döwlet habarlar agentligine (TDHA) özgerdildi) uly rol degişlidir. Ýurdumyzyň beýleki köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň – teleradioýaýlymlaryň, gazet-žurnallaryň habarçylary ýaly, Türkmen döwlet habarlar agentliginiň habarçylary hem Türkmenistanda amala aşyrylýan döwlet ähmiýetli işleri, gazanylan üstünlikleri, özgerişlikleri öz wagtynda we ýokary derejede beýan etmek boýunça işleri alyp barýarlar. Şeýle hem olaryň ençemesi daşary ýurtlarda geçirilýän çärelere gatnaşýarlar.

2010-njy ýylyň 21-nji awgustynda medeniýet we köpçülikleýin habar beriş serişdeleri ulgamyny ösdürmegiň meseleleri boýunça geçiren maslahatynda Türkmenistanyň Prezidenti bu barada, hususan-da, şeýle diýdi: «Garaşsyz Watanymyzyň dünýäde eýeleýän ornuny we abraýyny has-da berkitmek, ýurdumyzyň köp döwletler we halkara guramalary bilen gatnaşygyny we hyzmatdaşlygyny giňeltmek, Bitarap Türkmenistan barada dogruçyl halkara pikirini döretmek maksady bilen Türkmen döwlet habarlar gullugynyň habarçylaryny halkara ähmiýetli wakalary we maglumatlary giňden beýan etmäge gönükdirmeli. Dünýäniň habarlar giňişliginde döwletimiziň özboluşly halkara habarlary ýaýradyjysyny döretmeli, bu ugurda Türkmen döwlet habarlar gullugy Daşary işler ministrligi bilen bilelikde iş alyp barmaly».

Şu ýerde Türkmenistan bilen beýleki ýurtlaryň, halkara guramalaryň arasyndaky hyzmatdaşlykda habar çäkdäki alyş-çalşygyň hem esasy orunlaryň birini tutýandygyny nygtap geçeliň. Elbetde, bu ugur boýunça özara hereketde esasy rol möhüm habarlary ýaýratmagyň esasy guraly hökmünde köpçülikleýin habar beriş serişdelerine degişlidir. Mysal üçin, 1995-nji ýylyň iýun aýynda «Нейтральный Туркменистан» gazetiniň şol wagtky baş redaktory B. Gapurowyň ýolbaşçylygynda Türkmenistanyň wekiliýetiniň Hytaý Halk Respublikasyna sapary bolupdy we şol

sapar «Türkmenistanyň döwlet habarlary» we Hytaýyň «Sinhua» habar agentlikleriniň arasynda hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagyna ýardam edipdi. Gepleşikleriň gidişinde «Sinhua» agentliginiň ýolbaşçylygy türkmen tarapyna Sinhuanyň habar maglumatlaryny kabul edýän tehniki enjamy muzdsuz bermäge taýýardygyny mälim edipdi, şeýle hem Türkmenistanyň Sinhua öz hususy habarlaryny bermekliginiň kanallary ylalaşylypdy. Bu bolsa iki ýurduň habar çägindäki hyzmatdaşlygynyň täze döwre aýak basýandygyndan habar berdi.

Soňky ýyllarda biziň ýurdumyzyň şu günki güni, onuň gazananlary we üstünlikleri barada halkara jemgyýetçiliginiň habarlylygynyň derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen halkara hyzmatdaşlygyny giňeltmek boýunça Türkmenistanda alnyp barylýan iş has-da işjeňleşdi. Mysal üçin, 2011-nji ýylyň noýabrynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Pakistan Yslam Respublikasyna eden saparynyň dowamynda Türkmenistanyň döwlet habarlar agentliginiň we «Associated Press of Pakistan» korporasiýasynyň arasynda hyzmatdaşlyk hakyndaky Ylalaşyga gol çekildi. 2013-nji ýylyň noýabrynda Türkmenistanyň döwlet Baştutanynyň Özbegistana bolan saparynyň çäklerinde Daşkentde şeýle Ylalaşyga Özbegistanyň Milli habar agentligi bilen gol çekildi.

2015-nji ýylyň başlarynda AzerTadž and Trend Türkmenistanyň döwlet habarlar agentliginiň media-hyzmatdaşy boldy. 2015-nji ýylyň fewral aýynyň aýaklarynda Bakuda Türkmenistanyň döwlet habarlar agentliginiň we Azerbaýjanyň döwlet habarlar agentliginiň (AzerTadž) arasynda habar alyşmak baradaky Ylalaşyga gol çekişlik boldy. Şeýle Ylalaşyga Türkmenistanyň döwlet habarlar agentliginiň we Azerbaýjanyň Trend atly halkara habarlar agentligtiniň arasynda hem gol çekildi.

Täze ylalaşyklar Türkmenistan barada hakyky, dürli dillerdäki habarlaryň dünýäde ýaýradylmagyna hyzmat etmelidirler. Mysal üçin, AzerTadž gije-gündiziň dowamynda täzelikleri alty dilde: azerbaýjan, iňlis, rus, fransuz, nemes we arap dillerinde ýaýradýar. Azerbaýjanyň döwlet habarlar agentligi Türkmenistan bilen habar aragatnaşyklaryň ösmegine özüniň agza bolup durýan halkara gurluşlarynyň üsti bi-

len hem ýardam etmegi meýilleşdirýär. Mysal üçin, Aziýa we Ýuwaş umman ýurtlarynyň habar agentlikleriniň Guramasy (AÝUÝHAG), Täzelik agentlikleriň Ýewropa birleşigi (TAÝB), Türki dildäki täzelikleriniň agentlikleriniň Birleşigi (TTAB), GDA gatnaşyjy döwletleriň milli habar agentlikleriniň Assosiasiýasy we başgalar şeýle halkara düzümlere degişlidir.

2015-nji ýylyň mart aýynda Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa boýunça döwlet komitetiniň Aziýa-Ýuwaş ummany teleradiogepleşikler birleşiginiň (Asia-Pacific Broadcasting Union, ABU) habar komissiýasynyň agzasy bolmagy ýurdumyzyň KHBS-niň dünýä habar giňişligine goşulmagyna täze itergi berdi. Soýuzyň ştab-jaýy Kuala-Lumpurda (Malaýziýa) ýerleşýär. Ýewropa habar soýuzy hem bu soýuzyň agzasy bolup durýar we munuň özi Ýewropa ýurtlary bilen täzelikleri we başga habar materiallaryny alyşmaklyga mümkinçilik berýär. Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa boýunça döwlet komiteti ABU-nyň dolyhukukly agzalygyna 2012-nji ýylyň aprelinde kabul edilipdi. Soňky geçen döwrüň içinde hyzmatdaşlygyň çäklerinde sport telegepleşikler çäginde ençeme taslamalar durmuşa geçirildi, şol sanda türkmen tomaşaçylary üçin futbol boýunça (2012) Ýewropa çempionatynyň, 2013-nji ýylda Inçhonda (Günorta Koreýa) bolup geçen Aziýa oýunlarynyň alnyp görkezilişi we ş.m. guraldy.

2014-nji ýylyň ýazynda Aşgabadyň özünde kabul etjek Aziada-2017 ýaryşlaryna bagyşlanyp ABU-nyň Sport komissiýasynyň 54-nji halkara mejlisi bolup geçdi. Ýakyn geljek üçin bilelikdäki işiň ugurlaryndan biri türkmen telekanallarynyň operatorlarynyň, sport teswirleýjileriniň, döredijilik we tehniki işgärleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmak, degişli treningleri, seminarlary geçirmek boldy. Şeýle hem 2018-nji ýylda Türkmenistanda ABU-nyň Baş assambleýasynyň mejlisini geçirmek meýilleşdirildi.

2015-nji ýylda KHBS-niň ugry boýunça ençeme döwletler, şol sanda goňşy ýurtlar bilen habar çäginde alyş-çalyş we hyzmatdaşlyk etmek boýunça başga-da ençeme ylalaşyklaryň taslamalarynyň üstünde işlendi. Hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek

ýurdumyzyň KHBS-niň işinde täze konseptual çemeleşmeleri, olaryň maddy-tehniki bazasynyň kämilleşdirilmegini we habar ulgamyny ösdürmek üçin şertleriň döredilmegini talap edýär. Hususan-da, Türkmenistanyň döwlet habarlar agentliginiň işiniň çäginiň giňeldilmegi barada aýtsak, onda bu ýerde wagt tarapyndan öňde goýlan wezipeleriň jähtinden agentlikde möhüm düzüm özgerişleriň geçirilýändigini, täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylýandygyny, wideotäzelikleriň bölüminiň döredilýändigini we ş.m. belläp geçeliň.

Ýurdumyzyň dürli hökümet edaralarynyň we guramalarynyň habar-düşündiriş işine täsirli gatnaşmaklaryny talap etmek bilen, Türkmenistanyň Prezidenti şol bir wagtyň özünde Daşary işler ministrliginiň, daşary ýurtlardaky ilçihanalarymyzyň, umuman, diplomatik wekilhanalarymyzyň, ministrlikleriň we pudak edaralarynyň daşary gatnaşyklar babatda özara sazlaşykly işlemekleriniň zerurlygyny hem aýratyn nygtaýar.

Türkmenistanyň döwlet Baştutanynyň bu talaplary bilen baglylykda degişli edaralar tarapyndan käbir ýagdaýlaryň hemişe göz öňünde tutulmagy zerurdyr. Bu ýerde gürrüň, ozaly bilen, ýurdumyzyň bähbitleriniň ähli edaralara galtaşýandygy we şonuň üçin hem olary üpjün etmek we goramak işinde berk utgaşdyrmagyň zerurlygy, TDIM-niň daşary-syýasy çäkde halkymyzyň bähbitlerine wekilçilik etmäge borçly resmi edara bolup durýandygy, DIM-den başga-da ýurduň daşary syýasatynyň amala aşyrylmagyna, şol sanda habar-düşündiriş işine hem döwlet we hökümet edaralarynyň we guramalaryň öz saldamly goşantlaryny goşýandyklary we goşmalydyklary, munuň bolsa, şol edaralardan özleriniň daşary syýasaty amala aşyrmak boýunça öz hukuklaryny, borçlaryny, wezipelerini anyk kesgitlemeklerini, şonuň esasynda bolsa DIM-i bilen olaryň özara hyzmatdaşlygynyň mehanizminiň döredilmegini talap edýändigi barada barýar. TDIM-i bilen döwlet we hökümet edaralarynyň we guramalaryň arasynda işjeň hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagy iki tarap üçin hem peýdalydyr, sebäbi ol degişli edaralara we guramalara öz daşary-syýasy hereketleriniň, hakykatdan hem, halkyň milli bäh-

bitlerine, halkara hukugyna laýyk gelýändigine has hem doly göz ýetirmäge mümkinçilik berýär. Şeýle hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi jemgyýetiň demokratiýalaşdyrylmagynyň hem häsiýetli aýratynlyklarynyň biri bolup çykyş edýär.

## §2. Türkmenistanyň daşary-syýasy edarasynyň habar-düşündiriş işi

Daşary-syýasy habar, şol sanda habar-düşündiriş işini alyp barmakda esasy rol Türkmenistanyň Daşary işler ministrligine degişlidir. 2008-nji ýylyň 20-nji martynda Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanan TDIM-niň Düzgünnamasyna laýyklykda ministrligiň habar-düşündiriş işi şu aşakdaky wezipelerden, ýagny Türkmenistanyň Prezidentiniň daşary-syýasy başlangyçlarynyň, halkara gatnaşyklary çäginde Türkmenistanyň beýleki hereketleriniň many-mazmuny we maksatlary barada Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň jemgyýetçiligini habardar etmekden; Türkmenistanyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleri üçin halkara gatnaşyklarynyň dürli meseleleri boýunça döwletiň garaýyşlary barada habar taýýarlamakdan; Türkmenistanyň durmuşynyň syýasy, ykdysady, durmuş we beýleki çäklerindäki möhüm wakalar barada resmi habarlary taýýarlamakdan we olary gyssagly ýagdaýda köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde ýaýratmakdan; Türkmenistanyň Prezidentiniň tabşyrmagy bilen halkara gatnaşyklarynyň anyk meseleleri boýunça Türkmenistanyň garaýyşlary barada resmi beýannamany amala aşyrmakdan; daşary ýurt köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň habarçylarynyň akkreditasiýasy bilen bagly işleri etmekden, milli we daşary ýurt habarçylarynyň özara hereketini guramakdan ybarat bolup durýar. “Türkmenistan we türkmen halky barada maglumatlary ýaýratmak, ýurdumyz bilen tanyşdyryş çärelerini geçirmek türkmen diplomatlarynyň esasy wezipeleriniň biridir we olaryň her biriniň gönüden-göni borjudyr» diýip, Türkmenistanyň Prezidenti 2009-njy ýylyň 18-nji fewralynda ýurdumyzyň diplomatik korpusy bilen geçiren maslahatynda sözlän sözünde aýtdy.

Türkmenistanyň DIM-niň çäklerinde habar üpjünçiliginiň meseleleri bilen ministrligiň merkezi diwanynyň funksional bölümlerinden biri bolan Halkara habarlar müdirligi (HHM) meşgul bolýar. Bu bölümiň üstüne TDIM-niň ýolbaşçylygy tarapyndan ýüklenen esasy wezipeler Türkmenistanyň daşary syýasatyny habar bilen üpjün etmek boýunça çäreleri işläp taýýarlamaklyga we amala aşyrmaklyga gatnaşmakdan, ol barada Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň jemgyýetçiligini giňişleýin habardar etmekden, halkara giňişliginde türkmen diplomatiýasynyň many-mazmunyna we başlangyçlaryna dogry we çuňňur düşünilmegini gazanmakdan, halkara habar meselelerini işlemekden we habar meseleleri boýunça halkara guramalarda we forumlarda Türkmenistanyň gatnaşmagyny üpjün etmekden we başga şuňa meňzeş meselelerden durýar.

Bu wezipeleri ýerine ýetirmek üçin HHM Türkmenistanyň daşary syýasatyna degişli bolan meseleler boýunça resmi habarlary ýaýradýar, metbugat maslahatlaryny we brifingleri geçirýär, daşary ýurt wekiliýetleriniň Türkmenistana döwlet saparlarynyň, şeýle hem daşary ýurtlara Türkmenistanyň iň ýokary we ýokary derejedäki döwlet wezipeli adamlarynyň we wekiliýetleriniň saparlarynyň habar taýdan üpjün edilmegine gatnaşýar; daşary ýurt hyzmatdaşlary bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn esasda maslahatlaşmalar geçirýär; habar çägine degişli meseleler boýunça halkara şertnamalaryň we ylalaşyklaryň taýýarlanylmagyna gatnaşýar; Internetde Türkmenistanyň DIM-niň web-saýtyny habar bilen üpjün edýär we ş.m. Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllaryndan başlap HHM çärýekde bir gezek rus dilinde «Вестник МИД Туркменистана», soňra bolsa »Архив МИД Туркменистана» atlandyrylan žurnaly ençeme ýyllaryň dowamynda çykardy. 2011-nji ýyldan bäri HHM «Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy» atly DIM-iň žurnalynyň çykarylmagyna ýardam edýär.

Internetiň peýda bolmagy bilen döwletleriň daşary syýasatyny habar taýdan üpjün etmegiň mümkinçilikleri düýpli ýokarlandy. Internetde Türkmenistanyň DIM-niň web-saýtynyň açylmagy hem hut şunuň bilen düşündirilýär we bu web-saýt barha döwrüň talabyna laýyk getirilýär. Has takygy, ol türkmen we daşary ýurt diplomatlary, halkara

guramalarynyň, jemgyýetçilik, syýasy we işewir toparlaryň wekilleri, syýasatçylar, žurnalistler, talyplar we başgalar üçin özüne çekiji, peýdaly we amatly bolar ýaly edilýär. Ministrligiň web-saýty şeýle hem daşary-syýasy işler, ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň, umuman, halkara gatnaşyklaryň meseleleri bilen gyzyklanýan türkmen we daşary ýurt raýatlarynyň isleglerini kanagatlandyrmaga gönükdirilendir.

Türkmenistanyň DIM-niň web-saýtynyň many-mazmunynyň esasyny, ozaly bilen, Türkmenistanyň Prezidentiniň daşary-syýasy, daşary-ykdysady we medeni-gumanitar meseleler boýunça çykyşlary, dokladlary tutýar. Türkmenistanyň DIM-niň web-saýty Türkmenistanyň içeri we daşary syýasatynyň esas goýujy resminamalarynyň döwletara we hökümetara şertnamalaryň we ylalaşyklaryň tekstlerini, Türkmenistanyň halkara we sebitleýin guramalardaky işi, ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň derejesi barada habar berýän habar materiallary we başga ençeme peýdaly materiallary özünde jemleýär.

2010-njy ýylyň 24-nji dekabrynda Türkmenistanyň Prezidenti DIM-niň «Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy» atly çärýekde bir gezek türkmen, rus we iňlis dillerinde neşir edilýän ylmy-tejribe žurnalyny döretmek hakynda taryhy Karara gol çekdi. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyga esaslanýan daşary syýasatynyň we giň gerim bilen ösýän halkara hyzmatdaşlygynyň baş ugurlarynyň iş ýüzünde üstünlikli amala aşyrylyşyny açyp görkezmek, ýurdumyzda bolup geçýän halkara ähmiýetli wakalara döwürleýin syn bermek hem-de olary milli we dünýä okyjylar köpçüligine ýetirmek, şeýle hem türkmen diplomatiýasynyň parahatçylyk söýüjilikli ýörelgelerini, häzirki zamanyň sebit we giň halkara meselelerini ylmy-tejribe taýdan beýan etmek täze neşiriň esasy wezipeleri edilip goýuldy.

«Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy» žurnalynyň döredilmegi milli diplomatik mekdebiň kemala gelýän döwründe, hakykatdan hem, taryhy waka boldy we bu täze ylmy neşiriň toplanan tejribäni öwrenmekde we möhüm meselelere düşünmekde ynamdar ýol görkeziji bolup hyzmat edip, hakyky maglumata bolan barha artýan islegi kanagatlandyryp başlandygyny nygtap geçmek gerek. Žurnalda Türkmenistanyň Prezidentiniň daşary-syýasy işleri, makalalar we seljeriş synlary, ýaş diplomatyň sahypasy, diplomatiki

durmuşyň senenamalary, halkara forumlary we maslahatlary, ýyl ýazgylary ýaly bölümler bar. Geliň, «Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy» žurnalynyň 2011-nji ýyldaky 3-nji sanyna gysgaça syn bereliň.

Bu san Türkmenistanyň Prezidentiniň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 66-njy mejlisiniň işine gatnaşmagy we onda ýurdumyzyň döwlet Baştutanynyň täze halkara başlangyçlarynyň toplumyny öňe süren we sentýabrda Nýu-Ýork şäherine bolan saparynyň çäklerinde geçiren ikitaraplaýyn duşuşyklary bilen açylýar. Hususan-da, syýasy ýagdaýlar, ykdysadyýet, energetika, ekologiýa we gumanitar meseleler ýaly global ösüşiň binýatlyk ugurlaryny öz içine alan şol başlangyçlar Milletler Birleşiginde giň seslenme döretdi, BMG-niň çäklerinde ähli adamzadyň abadançylygynyň bähbitlerine we bu gurama tarapyndan jar edilen Müňýyllygyň giň möçberli Maksatnamasyna laýyk gelýän oňyn hyzmatdaşlygy hemmetaraplaýyn çuňlaşdyrmaga hem-de giňeltmäge türkmen tarapynyň taýýardygynyň nobatdaky tassyklanmasy boldy.

2008-nji ýylda döredilen Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň täze binasynyň açylmagy 2011-nji ýylyň sentýabr aýynyň ähmiýetli wakalaryndan biri boldy. Açylyş dabarasynda Türkmenistanyň Prezidentiniň eden çykyşy ýurdumyzyň içerki ösüşiniň aýrylmaz bölegi hökmünde dünýäniň syýasy, ykdysady we beýleki ugurlar boýunça proseslerine işjeň gatnaşmak ýaly strategiki ugry saýlap alandygynyň ýene-de bir subutnamasy boldy.

Žurnalyň şol sanynda «Redaksion sahypa» atly bölüm boýunça ýerleşdirilen makalada Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi ýurdumyzyň daşary syýasatyny ösdürmegiň esasy ugurlaryny häsiýetlendirmek bilen, halkara meselelerini çözmekde, energetika, ulag, ekologiýa boýunça başlangyçlary öňe sürmekde syýasy-diplomatik serişdeleriň ileri tutulmagy baradaky türkmen tarapyndan öňe sürülýän teklipleriň parahatçylygyň we hyzmatdaşlygyň filosofiýasyny şöhlelendirmek bilen, sebitde we ondan daşarda döwletara gatnaşyklarynyň häsiýetine we mazmunyna oňyn täsir edýär diýlip bellenilýär. Şeýle hem, halkara giňişliginde biziň

ýurdumyzyň strategiýasynyň özünde türkmen halkynyň taryhy ýolunyň özboluşlylygyny we ösüşiň ilkinji derejeli wezipeleriniň çözülmegine häzirki zaman çemeleşmeleri utgaşdyrýandygy bellenmek bilen, yzygiderliligiň we täzeçilligiň Türkmenistanyň daşary-syýasy ugrunyň kesgitleýji taraplary bolup durýandygy nygtalýar.

Žurnalda şeýle hem Türkmenistanyň we BMG-niň özara hyzmatdaşlygynyň ösüşine bagyşlanan makala, BMG-niň Merkezi Aziýada öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebit merkeziniň ýolbaşçysy Miroslaw Ýençiň interwýusy çap edildi. «Ilçiniň sahypasy» atly bölümde Hytaý Halk Respublikasynyň, Russiýa Federasiýasynyň, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Türkmenistandaky ilçileriniň çykyşlary ýerleşdirildi we olarda şol ýurtlaryň Türkmenistan bilen gatnaşyklarynyň taryhy beýan edildi.

Dünýäniň dürli ýurtlarynyň wekiliýetleri bilen geçirilýän köp sanly syýasy maslahatlaşmalar we gepleşikler Türkmenistanyň daşary-syýasy ugrunyň işjeň durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň subutnamasy bolup durýar. «Diplomatiki durmuşyň senenamalary» atly bölüm 2011-nji ýylyň üçünji çärýeginde Aşgabatda geçirilen ikitaraplaýyn duşuşyklara bagyşlandy.

### Soraglar:

**1.** Daşary-syýasy edaralar, diplomatik wekilhanalar tarapyndan habar-düşündiriş işiniň alnyp barylmagynyň zerurlygyny nämede görýärsiňiz?

**2.** Türkmenistanyň dünýäniň maglumatlar giňişliginde özüniň ornuny berkidýändigi barada näme aýdyp bilersiňiz?

**3.** Daşary syýasaty amala aşyrmak, şol sanda habar-düşündiriş işini alyp barmak diňe TDIM-niň işi bolup bilermi?

**4.** Döwlet we hökümet edaralarynyň TDIM bilen özara hyzmatdaşlygynyň mehanizminiň döredilmegine nähili düşünýärsiňiz?

**5.** TDIM-niň habar-düşündiriş işi haýsy wezipeleri öz içine alýar?

**6.** Türkmenistanda habar-düşündiriş işini alyp barmakda ýurdumyzyň Daşary işler ministrligine nähili rol degişlidir?

## §3.Diplomatik wekilhanalaryň we konsullyk edaralaryň habar-düşündiriş işi

Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynyň we konsullyk edaralarynyň habar-düşündiriş işi olaryň umumy işiniň aýrylmaz düzüm bölegi bolup durýar. Diplomatik wekilhanalaryň habar-düşündiriş işiniň esasy wezipesi özleriniň bolýan ýurtlarynda Türkmenistan, onuň içeri we daşary syýasaty, ýurdumyzyň ösüşiniň esasy ugurlary, iri daşary-syýasy başlangyçlary barada hakyky habary ýaýratmakdyr. Diplomatik wekilhanalaryň habar-düşündiriş işiniň esasy aýratynlyklaryndan biri hem bu iş bilen, ozaly bilen, Ilçiniň, şeýle hem wekilhananyň beýleki operatiw-diplomatik düzüminiň meşgul bolmagydyr. Bu barada Türkmenistanyň Prezidenti 2010-njy ýylyň 17-nji dekabrynda ýurdumyzyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde eden çykyşynda şeýle diýdi: «Ýurdumyzda maglumatlar ulgamynyň işini has-da güýçlendirmekde biziň daşary ýurtlardaky ilçihanalarymyzyň öňünde hem uly wezipeler durýar. Ýurdumyzyň daşary ýurtlardaky ilçihanalarynyň we wekilhanalarynyň ýolbaşçylary öz işleýän ýurtlarynda maglumatlar ulgamy bilen bagly işlere ýakyndan gatnaşmalydyrlar, brifingleri we metbugat maslahatlaryny yzygiderli geçirmelidirler. Abraýly köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde makalalar, interwýular bilen çykyş etmelidirler, ýurdumyzyň gazanan üstünliklerini giňden wagyz etmelidirler».

Habar-düşündiriş işi, ilkinji nobatda, diplomatik wekilhananyň bolýan ýurdunyň döwlet we hökümet toparlarynyň, şeýle hem diplomatik korpusyň wekilleri bilen gündelik işçi aragatnaşyklaryň gidişinde alnyp barylýar. Diplomatik wekilhanalarda habar-düşündiriş işini alyp barmagyň görnüşleri hem dürlüdir we olara kabul edişlikler, ertirlikler, nahar berişlikler we başga protokol çäreleri geçirilýän wagtyndaky söhbetdeşlikler, metbugat maslahatlary, köpçülikleýin leksiýalar, dokladlar, çykyşlar we başga-da ençeme çäreler degişlidir.

Diplomatik gullukda habar-düşündiriş işi barada gürrüň etmek bilen, ilkinji nobatda, bu işiň görnüşleri we usullary baradaky gürrüňi Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatk wekilhanalary tarapyndan ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllarynda

toplanan gymmatly tejribeden başlamak hem gyzyklydyr hem-de peýdalydyr. Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasy biziň ýurdumyzyň daşary ýurtlarda açylan ilkinji diplomatik wekilhanasy boldy. Şu jähtden, geliň, bu meselä, ozaly bilen, Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasynyň, Türkmenistanyň Hytaý Halk Respublikasyndaky Ilçihanasynyň mysalynda seredip geçeliň.

Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň arhiwindäki degişli materiallar ýurdumyzyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasynyň hereket edip başlan ilkinji günlerinden daşary syýasy habar işine, ýagny Türkmenistanyň döwlet we hökümet ýolbaşçylygyny, jemgyýetçiligini BMG-niň işi barada yzygiderli habardar etmäge, şeýle hem dünýä bileleşiginiň wekillerini ýaş türkmen döwletiniň içerki we daşary syýasaty bilen tanyşdyrmaga, ilkinji nobatda bolsa, olara Türkmenistanyň saýlap alan bitarap syýasatynyň, ýurdumyzda amala aşyrylýan içerki we daşary syýasy çäreleriň manymazmunyny yzygiderli düşündirmäge örän uly ähmiýet berendigine aýdyň şaýatlyk edýärler.

Mysal üçin, 1992-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda Türkmenistanyň öz garaşsyzlygyny yglan edenine bir ýyl doldy. Bu şanly sene mynasybetli, Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky ilkinji Hemişelik wekili, Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi uly kabul edişlik gurady. Oňa BMG-niň ýolbaşçylaryndan, jogapkär işgärlerinden, BMG-ä agza döwletleriň hemişelik wekilhanalarynyň ýolbaşçylaryndan, ABŞ-nyň işewür toparlarynyň wekillerinden ybarat bolan 500 golaý adam gatnaşdy. Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekili kabul edişlige gelenleri Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk syýasaty, onuň ösüş tejribesi bilen tanyş etdi. BMG-niň Baş sekretarynyň orunbasary W.F. Petrowskiý, daşary ýurtlaryň BMG-niň ýanyndaky diplomatik wekilhanalarynyň baştutanlary Türkmenistany bu taryhy gün bilen gutladylar, türkmen halkyna uly üstünlikler arzuw etdiler.

Bu möhüm syýasy çärä gatnaşanlaryň oňa beren bahalaryna görä, kabul edişlik üstünlikli geçdi we ol uly syýasy-amaly ähmiýete eýe boldy. Bu möhüm çäre Türkmenistanyň we BMG-niň, bu Gurama

agza-döwletleriň, ABŞ-nyň işewür toparlarynyň arasynda dostlukly, işjeň aragatnaşyklarynyň ýola goýulmagyna we pugtalanmagyna ýardam etdi.

Türkmenistanyň öz garaşsyzlygyna eýe bolmagynyň bir ýyllygy mynasybetli şeýle hem ýurdumyzyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekiliniň adyna BMG-niň Baş sekretaryndan, diplomatik korpusyň baştutanlaryndan, ABŞ-nyň dürli guramalaryndan köpsanly gutlaglar gelip gowuşdy.

Dünýäniň halklaryny Türkmenistan, türkmen halkynyň köp asyrlyk taryhy we medeniýeti bilen tanyşdyrmaga Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasynyň we «Skranton» atly amerikan kompaniýasynyň ABŞ-da Türkmenistanyň döwlet poçta markalarynyň çykarylmagy mynasybetli bilelikde geçiren kabul edişligi hem uly ýardam etdi (1992-nji ýylyň 27-nji awgusty). Bu möhüm waka baradaky habarlar soňra dünýäniň köp sanly filatelistik neşirlerinde hem giňden ýaýradyldy.

Halkara bileleşiginiň, dünýä jemgyýetçiliginiň wekillerini Türkmenistanyň bitaraplygynyň halkara-hukuk ýagdaýy bilen tanyşdyrmak maksady bilen Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasy 1993-nji ýyldan başlap iňlis dilinde metbugat relizlerini hem çykaryp başlady. Şeýle hem, şol ýyl Hemişelik wekilhananyň we BMG-niň Sekretariatynyň maglumatlar Departamentiniň arasynda bu departamentiň habar merkezleriniň üsti bilen Türkmenistan barada habarlary dünýäniň dürli ýurtlarynda ýaýratmak barada ylalaşyk gazanyldy.

Netijede, dünýä jemgyýetçiliginiň Türkmenistana bolan gyzyklanmasy barha artyp we ösüp başlady. ABŞ-nyň ähli künjeklerinden, hatda Kanadadan, Angliýadan, Germaniýadan… (şol döwürde Türkmenistanyň ilçihanalary entäk şol döwletlerde, şeýle hem ABŞ-da açylmandy) Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasyna jaň etdiler, hat ýazdylar. Hususan-da, diňe bir 1992-nji ýylyň 10 aýynyň içinde Türkmenistanyň degişli guramalary bilen dostlukly işewür gatnaşyklary ýola goýmaklyga ýardam etmegini, Türkmenistan barada habar materiallaryny ibermegini sorap, ýurdumyzyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekiliniň adyna ameri-

kan edaralaryndan, firmalaryndan, mekdeplerinden we dürli guramalaryndan 300-den hem gowrak hat gelip gowuşdy. Hemişelik wekilhana öz esasy işi – BMG we onuň ulgamy bilen hyzmatdaşlygy ýola goýmak, çuňlaşdyrmak we giňeltmek meseleleri bilen doly meşgul bolan hem bolsa, ol ýurdumyzyň amerikan jemgyýetçiligi bilen giň gatnaşyklary ýola goýmagyna we ösdürmegine ýardam etmek üçin hemişe wagt tapmaga çalyşdy. Bu bolsa dünýä bileleşiginiň Türkmenistana bolan gyzyklanmasynyň barha artmagyna getirdi. Şol bir wagtyň özünde hem Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekili şol gyzyklanmanyň döwletimiziň milli bähbitleriniň peýdasyna doly ulanylmagyna barha saldamly ýardam etmek maksady bilen uly tagallalar etdi.

Ýokarda hem nygtalyp geçilişi ýaly, 1995-nji ýylda Hytaý Halk Respublikasynda Türkmenistanyň ilçihanasynyň açylmagy bilen, bu diplomatik wekilhana hem turuwbaşdan diňe bir işjeň habar-seljeriş däl, eýsem yzygiderli habar-düşündiriş işini hem alyp bardy. Şu ýerde, ozaly bilen, Türkmenistanyň öz garaşsyzlygyna eýe bolmagy bilen, onuň öz syýasatynyň esasy hökmünde hemişelik bitaraplyk syýasatyny saýlap alandygyny, bitaraplyk hukuk ýagdaýyny halkara bileleşigi tarapyndan BMG-niň derejesinde resmi taýdan ykrar etdirmekligiň bolsa şol döwürde biziň daşary syýasatymyzyň we diplomatiýamyzyň esasy wezipesine öwrülendigini, bu maksada ýetmek üçin bolsa, ençeme ýyllaryň dowamynda döwlet derejesinde uly daşary-syýasy we diplomatik işleriň amala aşyrylandygyny nygtap geçeliň.

Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygynyň taryhy barada has dolurak durup geçsek, onda, ozaly bilen, XX asyrda Türkmenistanyň öňki Sowet Sosialistik Respublikalary Soýuzynyň bir bölegi hökmünde onuň düzüminde ýaşandygyny we bu totalitar döwletiň synmagy netijesinde Türkmenistanyň Garaşsyz döwlet bolandygyny belläp geçeliň.

Şeýle şertlerde biziň döwletimiz türkmen halkynyň asylly däpleriniň esasynda hemişelik, oňaýly bitarap syýasaty işläp taýýarlamagy we ony kabul etmegi karar etdi. Şol bir wagtyň özünde şol bitarap syýasatyň parahatçylyk söýüjilik, beýleki döwletleriň içerki işlerine goşulmazlyk, olaryň özbaşdaklygyny we territorial bitewiligini hormatlamak, özara hormat, özara peýdaly gatnaşyklar, halkara

harby guramalara we ylalaşyklara gatnaşmazlyk, halkara meseleleri syýasy we diplomatik serişdeler arkaly çözmek ýaly esas goýujy düzgünlerini hem işläp taýýarlady.

Beýle etmek bilen, biziň döwletimiz, ozaly bilen, halkymyzyň, döwletimiziň milli bähbitlerini göz öňünde tutdy, diňe şeýle syýasatyň ýurdumyzyň milli bähbitlerine has doly laýyk geljekdiginden, onuň biziň halkymyza öz goňşylary bilen parahatlykda we sazlaşyklykda ýaşaşmaga, ähli ýurtlar bilen dostlukly we deňhukukly gatnaşyklary saklamaga we ösdürmäge mümkinçilik berjekdiginden ugur aldy.

Türkmenistanyň hemişelik, oňyn bitaraplyk syýasatyny saýlap almagy bilen, biziň döwletimiz indi öz hemişelik bitaraplygynyň BMG-sy tarapyndan ykrar edilmegini isledi we şol dowürde bu iş Türkmenistanyň daşary syýasatynyň we diplomatiýasynyň esasy ileri tutulan wezipesi boldy.

Elbetde, bu wezipäniň üstünlikli çözülmeginde ençeme sebit guramalarynyň goldawynyň saldamly rol oýnandygyny belläp geçeliň. Mysal üçin, 1992-nji ýylyň 10-njy iýulynda Türkmenistan Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasyna agza ýurtlaryň döwlet we hökümet baştutanlarynyň Helsinkide (Finlýandiýa) bolan duşuşygyna gatnaşdy we onda ilkinji gezek syýasatda oňyn bitaraplygy we ykdysadyýetde açyklygy öz syýasatynyň esasy ýörelgesi hökmünde yglan etdi. Sammitde ÝHHG agza döwletler Türkmenistanyň bitarap daşary syýasatyny goldadylar.

1995-nji ýylyň 15-nji martynda Türkmenistan Pakistanyň paýtagty Yslamabatda bolan Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasyna agza döwletleriň baştutanlarynyň 3-nji duşuşygyna gatnaşdy. Sammitde Türkmenistan hemişelik bitarap döwletiň halkara-hukuk ýagdaýyndan gelip çykýan ähli borçnamalary öz üstüne alýandygyny mälim etdi. Kabul edilen Yslamabat Jarnamasynda YHG gatnaşyjy döwletler Türkmenistanyň bitarap daşary syýasatyny makulladylar.

1995-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda Türkmenistan Kolumbiýanyň Kartahen şäherinde bolup geçen Goşulyşmazlyk hereketine gatnaşyjy ýurtlaryň döwlet we hökümet baştutanlarynyň 11-nji maslahatyna gatnaşdy we onda bu halkara bileleşigiň 114-nji agzasy boldy. Masla-

hata gatnaşyjy döwletler biziň ýurdumyzyň hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyny biragyzdan ykrar etdiler.

Türkmenistanyň bitarap syýasatynyň dünýä bileleşigi tarapyndan Ykrar edilmegini gazanmak ugrunda işjeň diplomatik hereketler ýurdumyzyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalaryň derejesinde, şol sanda Türkmenistanyň Hytaý Halk Respublikasyndaky ilçihanasy tarapyndan hem alnyp baryldy.

Türkmenistanyň HHR-däki ilçihanasynyň, şeýle hem Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň arhiw materiallary bu ilçihananyň Türkmenistanyň milli ösüşi we halkara başlangyçlary barada habarlary ýaýratmak, şol başlangyçlary düşündirmek bilen bir hatarda, ýurdumyzyň bitarap syýasatynyň dünýä bileleşigi, şol sanda hytaý ýolbaşçylygy tarapyndan resmi taýdan ykrar edilmegi üçin özüniň esasy tagallalaryny şol syýasaty öňe sürmäge gönükdirendigine şaýatlyk edýär. Türkmenistanyň HHR-däki Ilçisiniň Hytaýyň döwlet we hökümet baştutanlary, daşary işler ministri, daşary ýurtlaryň Pekindäki diplomatik wekilhanalaryň ýolbaşçylary bilen geçiren resmi duşuşyklary we olarda ýurdumyzyň bitarap syýasaty saýlap almagynyň sebäpleri, şol syýasatyň esasy ýörelgeleri, onuň maksatlary we ähmiýeti barada pikir alyşmagy, bu ýokary wezipeli türkmen diplomatynyň bolýan ýurdunyň edaralarynda, radio we telewideniýesi boýunça, merkezi gazet-žurnallaryň sahypalarynda , «Ilçileriň klubunda» dürli temalar boýunça eden çykyşlary, ilçihananyň metbugat-relizini̇ň çykarylmagy we ş.m. bu diplomatik wekilhananyň habar-düşündiriş işiniň täsirli görnüşleri boldular.

Şunlukda, dünýä bileleşiginiň köp döwletleriniň, şol sanda HHR-niň ýokary ýolbaşçylygynyň Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk syýasatyny goldamagy biziň döwletimize Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy hakyndaky meseläni Birleşen Milletler Guramasynyň derejesine çykarmaga mümkinçilik berdi.

Elbetde, degişli kararyň kabul edilmezinden ozal, Türkmenistanyň bu başlangyjynyň BMG-de, şeýle hem beýleki halkara guramalary we döwletler tarapyndan öwrenilendigi düşnüklidir. Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ilkinji ekspertizäniň geçirilmegi BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan 1995-nji ýylyň 12-nji deka-

brynda № 50\80 A belgili «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly ýörite rezolýusiýanyň kabul edilmegine mümkinçilik berdi.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy barada kabul eden bu rezolýusiýasynda BMG-niň BA-sy Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň sebitde parahatçylygyň we howpsuzlygyň pugtalanmagyna öz goşandyny goşjakdygyna ynam bildirdi we Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk syýasatyny doly goldady. Bu möhüm resminamanyň halkara bileleşigi tarapyndan kabul edilmegi Türkmenistanyň Bitarap döwlet hökmünde ykrar edilendigini, onuň ýurdumyzyň Bitarap syýasatynyň hukuk esasyny has-da kämilleşdirýändigini aňlatdy.

Watanymyzyň taryhyna giren bu şanly waka türkmen diplomatiýasynyň, şol sanda Türkmenistanyň HHR-däki Ilçihanasynyň uly tagallalarynyň netijesi boldy. Şonuň üçin hem Türkmenistanyň HHR-däki Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisiniň adyna ýurdumyzyň Prezidenti tarapyndan 1995-nji ýylyň 28-nji dekabrynda ýollanan Gutlag hatynyň mazmuny bilen tanyşmak hem gyzykly bolsa gerek. Onda, hususan-da, «Watanymyz Türkmenistanyň Bitarap döwlet hökmünde ykrar edilmegine ýurdumyzyň Hytaý Halk Respublikasyndaky Ilçisiniň we onuň ýolbaşçylygynda ilçihananyň işgärleriniň janaýamazakly netijeli zähmeti bilen goşan uly goşantlary üçin Size tüýs ýürekden hoşallyk bildirýärin» diýlip aýdyldy.

Türkmenistanyň Bitarap döwlet hökmünde tutuş halkara bileleşigi tarapyndan resmi taýdan ykrar edilmegi ýurdumyzyň diplomatik işine aýratyn itergi berdi. Şol bir wagtyň özünde hem Türkmenistanyň diplomatik gullugynyň öňünde ýurdumyzyň bitaraplyk hukuk ýagdaýyny berkitmek, ony yzygiderli durmuşa geçirmegiň ugurlaryny işläp taýýarlamak wezipesi ýüze çykdy. Türkmenistanyň Hytaý Halk Respublikasyndaky Ilçihanasy, mysal üçin, şu halkara-hukuk statusynyň maksatlary, mehanizmi we wezipeleri barada Ýatlama işläp düzdi we şonuň esasynda hytaý jemgyýetçiliginiň arasynda işjeň daşary-syýasy habar işini ýaýbaňlandyrdy. BMG-niň BA-synyň rezolýusiýasyna, umuman, ýurdumyzyň bitarap syýasatyna bolan garaýyşlar baradaky habarlar resmi Aşgabada yzygiderli ýollanyp duruldy.

1995-nji ýylyň dekabrynda Türkmenistanyň HHR-däki Ilçisiniň hytaý jemgyýetçiliginiň halk arasynda giňden tanalýan wekilleri bilen geçiren köp sanly duşuşyklary we söhbetdeşlikleri Türkmenistan baradaky BMG-niň BA-synyň rezolýusiýasynyň Hytaýyň resmi toparlarynda, jemgyýetçiliginde giň seslenme döredendigini, olaryň BMG-niň BA-synyň Türkmenistan baradaky rezolýusiýasyny özleriniň doly goldaýandyklaryny kesgitli mälim edendiklerini görkezdi. Hytaý jemgyýetçiligi Türkmenistanyň bitarap hukuk ýagdaýy bilen diňe bir Aziýada däl, eýsem tutuş dünýäde hem syýasy ýagdaýyň has-da gowulaşjakdygy barada özleriniň ynamlaryny mälim etdiler. Geliň, HHR-iň jemgyýetçiliginiň käbir wekilleriniň Türkmenistanyň HHR-däki ilçisi bilen bolan duşuşyklarynda bu mesele bilen bagly mälim eden oý-pikirlerine ýüzleneliň.

Hytaýyň ylmy jemgyýetçiliginiň adyndan gepläp, özüniň professional işiniň çägi halkara durmuşynyň meselelerini öwrenmek bolan, **HHR-iň Halkara gatnaşyklary institutynyň Alymlar geňeşiniň başlygy Sin Imin şeýle diýdi:** «BMG tarapyndan resmi taýdan ykrar edilen Türkmenistanyň bitaraplyk hukuk ýagdaýy Aziýada parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnuklylygyň pugtalanmagyna ýardam eder. Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ýörelgesi bolan syýasatda oňyn bitaraplyk we ykdysadyýetde açyklyk HHR-iň garaýyşlary bilen örän kybapdaş we olar halkara giňişliginde ähli döwletleriň öz hususy garaýyşlaryny we ugruny saýlap almak babatda deň hukuklarynyň bolmalydygy barada çykyş edýän resmi Pekin tarapyndan makullanýar».

**«Çaýna Fiçers» býulleteniniň baş redaktory Çen Gentao:** «Kämilleşmek ýoluna düşen Aziýa yklymynyň ýurtlaryna, şol sanda Hytaýa hem durnukly we parahatçylykly ýaşaýyş gerek. Şunlukda, Aşgabadyň ilkinji parahatçylyk dörediji tagallalary onuň sebitleýin parahatçylyk dörediji merkeziň roluny öz üstüne almak isleginiň doly esaslandyrylandygynyň subutnamasy bolup hyzmat edýär»

Türkmenistanda we Hytaýda geçmişde-de, häzir hem umumy zatlar köpdür. Gadymda biziň döwletlerimiziň gülläp ösmegine Beýik Ýüpek ýoly ýardam edipdir. XXI asyryň bosagasynda Ýuwaş we Atlantik ummanlarynyň basseýnleriniň arasyndaky köpri

hökmünde Ýüpek ýoluny täzeden dikeltmek wezipesi ýüze çykdy. Şonuň üçin hem **Telekeçilik boýunça hytaý assosiasiýasynyň Ýerine ýetiriji Komitetiniň başlygy Çžan Peýiň** pikiriçe, «BMG tarapyndan resmi taýdan ykrar edilen Türkmenistanyň bitaraplyk hukuk ýagdaýy Hytaýyň diňe bir syýasy däl-de, eýsem ykdysady bähbitlerine hem laýyk gelýär we şonuň üçin ol onuň goldawyna mynasyp bolýar».

Amyderýadan Tigre we Ýewfrata çenli uzalyp giden Parfiýa patyşalygy diňe bir Ýewropanyň we Aziýanyň taryhy çatrygy bolman, eýsem ol Gündogaryň we Günbataryň antik siwilizasiýalarynyň ähli iň gowy däplerini özüne siňdirendir – diýip, belli hytaý ýazyjysy Gao Man aýtdy – Parfiýanyň aýratyn sarpa goýulýan taryhy zatlary biziň halklarymyzyň geljekki gülläp ösüşiniň kepilnamasy boljak Ýüpek ýoluny dikeltmegiň ruhlandyryjy mysalydyr. Türkmenistanyň bitaraplyk statusy – bu ýolda möhüm ädimdir we sebitleýin durnuklylygyň ýagdaýy bolmak bilen, medeni özara hereketi işjeňleşdirmäge hem mümkinçilik berer.

Türkmenistanyň Hytaýdaky ilçihanasynyň ýurdumyzyň bitarap syýasatynyň ähmiýetini hemmetaraplaýyn görkezmek, şol syýasaty durmuşa geçirmek we ony ýaýratmak boýunça daşary-syýasy habar işinde ýurdumyzyň Garaşsyzlyk güni, Bitaraplyk güni mynasybetli geçirilýän çäreleriň çäginde hytaý telewideniýesiniň redaksiýasy bilen bilelikde türkmen Ilçisiniň interwýusy bilen ýörite telegepleşikleriň guralmagy, onuň hytaý diplomatlary we ýurduň ylmynyň we medeniýetiniň wekilleri bilen duşuşyklary we söhbetdeşlikleri, onuň olaryň öňünde leksiýalar bilen çykaş etmegi, hytaý gazetleriniň we žurnallarynyň sahypalarynda, «Sinhua» (Täze Hytaý) agentliginiň ugry boýunça çykyşlary, Hytaýyň görnükli işgärleriniň ýurdumyzyň bitarap syýasatynyň üstünlikleri barada seslenmeleriniň guralmagy, Hytaýda Türkmenistan barada hytaý dilinde kitaplaryň çykarylmagy ýaly we başga görnüşler hem möhüm orun tutdy.

Mysal ücin, 1996-njy ýylda Hytaýyň «Dunfan» («Gündogar») neşirýatynda «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy – asyrlarboýy abadançylyk» atly göwrümli kitabyň hytaý dilinde çapdan çykmagy Türkmenistanyň HHR-däki ilçihanasy we «Dunfan» neşirýaty

bilen bilelikde guralan we üstünlikli amala aşyrylan möhüm syýasy çäreleriň biri boldy.

Şeýle kitaby Hytaýda çap etdirmek pikiri şu kitabyň awtorynda, Türkmenistanyň Hytaýdaky ilkinji Ilçisinde onuň bolýan ýurduna gelen ilkinji aýlarynda döräpdi we ýokarda ady agzalan hytaý neşirýaty bilen işewür gatnaşyklaryň gidişinde ony bilelikde çap etmek baradaky ylalaşyk gazanylypdy. 1996-njy ýylyň maýynda gol çekilen şertnama laýyklykda Türkmenistanyň Ilçisi öz tarapyndan üç aýyň içinde kitaby düzmekligi tamamlamaga we ony çapa taýýarlamaga, neşirýat bolsa gysga möhletde göwrümi 191 müň ieroglif (265 sah.) bolan kitaby rus dilinden hytaý diline terjime we neşir etmekligi borç edindiler.

«Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy – asyrlarboýy abadançylyk» kitabynyň çap edilmegi türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň taryhynda möhüm waka boldy. Kitabyň Pekiniň «Kempinski» atly kaşaň halkara myhmanhanasynda guralan tanyşdyryş dabarasynda (1996-njy ýylyň 11-nji oktýabry) hytaý ýolbaşçylygynyň we DIM-niň wekilleri, daşary ýurtly diplomatlar boldular. Dabara Türkmenistanyň we Hytaýyň KHBS tarapyndan giňden şöhlelendirildi. Mysal üçin, 12-nji oktýabrda tanyşdyryş dabara barada Hytaýyň «Sinhua» agentligi habar ýaýratdy. 1996-njy ýylyň 16-njy oktýabryndaky sanynda Hytaýyň «Ženmin žibao» («Halk gazeti») atly merkezi gazeti «Bu kitabyň Hytaýda çap edilmegi Türkmenistanyň bitaraplyk syýasatyny hytaý halkyna düşündirmekde, däp bolan hytaý-türkmen dostlugynyň pugtalanmagynda oňaýly rol oýnar» diýip ýazdy.

Ilçihananyň ykdysady işinde HHR-iň işewür toparlarynyň arasynda ýurdumyzyň «Açyk gapylar» syýasatyny beýan edýän habarlary ýaýratmak,olary Türkmenistanyň ykdysady kuwwatynyň aýratynlyklary, kanun çykaryjy esasy, maýa goýumyň ýagdaýy we ykdysady hyzmatdaşlygyň mümkinçilikleri bilen tanyşdyrmak möhüm orun tutdy. Mysal üçin, munuň üçin 1999-njy ýylda «Gündogar Ýewropa we Merkezi Aziýa ýurtlarynyň bazarlarynyň öwrenilmegi» atly žurnalyň 4-nji sanynyň Türkmenistana bagyşlanandygyny we onuň Türkmenistanyň ilçihanasy tarapyndan taýýarlanylandygyny, Türkmenistanyň ilçisiniň Hytaýyň «Ykdysady gazetinde», «Ekspres» žurnalynda eden çykyşlaryny, şeýle

hem onuň şol ýylyň sentýabrynda Pekinde bolup geçen «Hytaý we Merkezi Aziýa ýurtlary» atly ylmy-amaly halkara maslahatynyň başlygynyň orunbasarynyň wezipesini ýerine ýetirendigini belläp geçmek ýeterlikdir.

Halkymyzyň şöhratly taryhyny we baý medeni mirasyny düýpli öwrenmekligiň, ony aýawly saklamaklygyň hem-de bütin dünýäde giňden wagyz etmekligiň döwlet syýasatymyzyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýandygy mälimdir. Şonuň üçin hem Türkmenistanyň HHR-däki ilçihanasy ýurdumyzyň we Hytaýyň arasynda medeni alyş-çalyşlary ösdürmek üçin degerli çäreleriň işlenip taýýarlanylmagyna, medeni hyzmatdaşlygyň ösmegine ýardam etdi, hytaý jemgyýetçiliginiň arasynda ýurdumyzyň medeni durmuşy barada habarlary, türkmen halkynyň medeni mirasyny ýaýratmak boýunça hem esli işler etdi. Hususan-da, 2000-nji ýylyň fewral aýynda Pekiniň “Halk edebiýaty“ neşirýatynda beýik akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň hytaý dilinde goşgular ýygyndysynyň çap edilmegi munuň aýdyň subutnamasy boldy.

2000-nji ýylyň 12-nji fewralynda Magtymguly Pyragynyň goşgular ýygyndysynyň Hytaýda ilkinji gezek neşir edilmegi mynasybetli Türkmenistanyň Hytaýdaky ilçihanasynda guralan kabul edişlikde Türkmenistanyň Ilçisi türkmeniň beýik şahyrynyň we akyldarynyň goşgularynyň hytaý diline terjime edilmeginiň we olaryň çap edilmeginiň uly taryhy-medeni waka bolup durýandygyny, kitabyň hytaý okyjylaryna Magtymgulynyň döredijiligi bilen tanyşmaga, şahyryň döreden ölmez-ýitmez nusgalyk goşgularyna çuňňur baha bermäge mümkinçilik berjekdigini bellemek bilen, bu kitabyň neşir edilmegine özüniň çuňňur minnetdarlygyny bildirdi. Öz gezeginde, neşirýatyň ýolbaşçylygy hem Magtymguly Pyragynyň goşgular ýygyndysyny Hytaýda hytaý dilinde çap etmek barada beren teklibi, ýygyndyny çapa taýýarlamaklyga eden saldamly ýardamy, şol sanda kitaba ýazan göwrümli «Girişi» üçin Ilçä neşirýatyň çuňňur minnetdarlygyny bildirdi, bu minnetdarlygyň ýygyndynyň «Netijesinde» hem ýazmaça bildirilendigini mälim etdi.

Hytaý jemgyýetçiliginiň arasynda Türkmenistan barada işjeň habar-düşündiriş işini alyp barmaklyga ilçihananyň Hytaýyň ýokary okuw mekdepleri we ylmy-barlag institutlary bilen ýola goýan işewür gatnaşyklary hem uly ýardam etdi. Uniwersitetlerde we ylmy-barlag merkezlerinde hyzmatdaşlygyň başga görnüşleri bilen bir hatarda türkmen ilçisiniň Türkmenistanyň içeri we daşary syýasatyna degişli leksiýalar giň gerim aldy.

Soňky ýyllarda, taryh üçin juda gysga döwürde türkmen Bitaraplygyna, ýagny döwletimiziň halkara-hukuk ýagdaýyna barha kämilleşmek, tebigatyna birsyhly açylmak, netijeliligine bolsa ýokarlanmak mahsus boldy. Häzirki wagtda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy biziň döwletimiziň daşary-syýasy ugruny kesgitleýär, bu syýasaty durmuşa geçirmegiň esasy şerti bolup durýar, beýleki döwletler bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýmakda we ösdürmekde, halkara hyzmatdaşlygy berkitmekde biziň döwletimiz üçin syýasy hem-de hukuk taýdan berk binýat bolup hyzmat edýär.

Şunlukda, Türkmenistanyň Bitaraplygynyň halkara-hukuk ýagdaýynyň ýurdumyzyň halkara gatnaşyklaryna aýratyn itergi berýändigini nygtap geçeliň. Häzirki wagtda biziň ýurdumyzyň 130-dan gowrak halkara konwensiýalara gatnaşmagy, dünýäniň 140-a golaý döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýmagy we olary dürli çäklerde ösdürmegi, şeýle hem halkara hökümetara guramalaryň 44-siniň agzasy bolmagy munuň aýdyň subutnamasydyr.

Ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, şu günki gün Türkmenistan möhüm sebitleýin we ählumumy meseleleriň çözülmeginde işjeň rol oýnaýar. Şol bir wagtyň özünde hem ýurdumyzyň Bitaraplyk syýasaty uly parahatçylyk dörediji güýje eýe bolup durýar.

Umuman, Bitarap Türkmenistanyň Garaşsyzlyk ýyllarynda, aýratyn hem, soňky ýigrimi ýylyň içinde içerki we daşarky syýasatda toplan tejribesi türkmen Bitaraplygynyň mümkinçilikleriniň çäksizdigini we durmuşa ukyplydygyny, bu nusganyň häzirki şertlerde milli bähbitleri üpjün etmek üçin has täsirli syýasatdygyny aýdyň görkezýär, şeýle hem onuň halklaryň arasynda

özara düşünişmegiň we hyzmatdaşlygyň hakyky guralyna öwrülendigine şaýatlyk edýär. Şu jähtden, ýurdumyzyň mundan beýläk hem içeri syýasatda täze ägirt uly üstünliklere eýe boljakdygy, halkara giňişliginde bolsa onuň abraýynyň has-da ýokary göteriljekdigi aýdyňdyr.

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň işjeňliginiň birsyhly ýokarlanmagy ýurdumyzyň diplomatik işiniň, onuň habar-düşündiriş işiniň hem barha işjeňleşmegini, onuň görnüşleriniň bolsa duşuşyklar, «tegelek stoluň» başyndaky duşuşyklar, maslahatlar, sergiler, sport ýaryşlary we ş.m. ýaly çäreleriň hasabyna yzygiderli baýlaşmagyny şertlendirdi. Bu iş Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň halkara bileleşigi tarapyndan ykrar edilmeginiň 20 ýyllygynyň giňden we dabaraly bellenip geçilmegi we bu taryhy sene bilen baglylykda 2015-nji ýylyň Bitaraplyk we Parahatçylyk ýyly diýlip yglan edilmegi bilen aýratyn işjeňlige eýe boldy. «Kabul edilen bu karar Türkmenistanyň ilçihanalarynyň we konsullyk edaralarynyň, halkara guramalarynyň ýanyndaky hemişelik wekilhanalarynyň üstüne uly jogapkärçiligi ýükleýär we olaryň öňünde aýratyn möhüm wezipeleri goýýar – diýip, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2014-nji yylyň 11-nji dekabrynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde eden çykyşynda aýtdy. – Daşary işler ministrligi, ilçilerimiz we konsullarymyz Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň ägirt uly ähmiýetini bütin dünýäde giňden açyp görkezmelidirler.

Ýurdumyzyň Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň halkara syýasatynyň, durnukly ösüşi üpjün etmegiň düýpli we oňyn şertdigini giňden wagyz etmelidirler.

Asudalygy goramagyň we özara düşünişmegiň, dünýäde döreýän ähli halkara meselelerini parahatçylykly, syýasy-diplomatik ýollar bilen çözmegiň netijeli guraly hökmünde möhüm ähmiýetiniň bardygyny bütin dünýä ýaýmalydyrlar.

Şoňa görä-de, 2015-nji ýylyň Bitaraplyk we Parahatçylyk ýyly diýlip yglan edilmegi bilen bagly geljek ýylda Türkmenistanda we daşary ýurtlarda giň gerimli çäreleri guramak we geçirmek boýunça alnyp barylýan işleri utgaşdyrmagy Daşary işler ministrligine tabşyrýaryn».

Şunlukda, tutuş 2015-nji ýylyň bütin dowamynda ýurdumyzda, şeýle hem daşary ýurtlarda Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalary tarapyndan şol ýurtlaryň degişli döwlet edaralary we jemgyýetçilik guramalary bilen bilelikde ýurdumyzyň Bitaraplyk syýasatyna, onuň gazanan ajaýyp üstünliklerine bagyşlanyp 500-den gowrak çäre geçirildi we olar Bitaraplygyň türkmen nusgasynyň ähmiýetini, onuň gazanan ägirt uly üstünliklerini dünýä bileleşigine, dünýä jemgyýetçiligine giňden açyp görkezmäge mümkinçilik berdiler, Türkmenistanyň beýleki ýurtlar bilen dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny mundan buýana hem ösdürmek we pugtalandyrmak jähtinden örän uly ähmiýete eýe boldular. Geliň, käbir mysallara ýüzleneliň.

2015-nji ýylyň 19-njy martynda Türkmenistanyň Hindistandaky Ilçihanasy Hindistanyň Beýik Ýüpek ýoluny öwrenmek boýunça Maksatnamasy, Jawaharlal Neru adyndaky Döwlet uniwersiteti bilen bilelikde Nýu-Deli şäherinde «2015-nji ýyl – Bitaraplyk we Parahatçylyk ýyly: Ýüpek ýoly sebitinde parahatçylygyň we ösüşiň hatyrasyna hyzmatdaşlyk – Türkmenistan we Hindistan» atly halkara maslahatyny ýokary derejede geçirdi.

Halkara maslahatyň çäklerinde türkmen halkynyň amaly-haşam sungatynyň sergisi hem guraldy. Maslahata gatnaşyjylara Türkmenistan bilen tanyşdyrýan wideofilmiň görkezilmegi, şeýle hem ýurdumyzyň belli sungat ussatlarynyň çykyşlary hindi jemgyýetçiligini Türkmenistan, onuň Bitaraplyk syýasaty, türkmen halkynyň gazanan ajaýyp üstünlikleri, baý medeniýeti, özboluşly däpleri bilen ýakyndan tanyşdyrmaga mümkinçilik berdi.

Ýokary hil we guramaçylyk derejesinde geçirilen maslahatyň işine Türkmenistanyň we Hindistanyň ylmy merkezleriniň we ýokary okuw jaýlarynyň belli alymlary, professor-mugallymlary, diplomatlar, şol sanda daşary ýurt döwletleriniň Nýu-Delide ýerleşýän diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylary, Birleşen Milletler Guramasynyň, onuň ulgamyndaky halkara guramalaryň we beýleki halkara guramalaryň wekilleri, Hindistanyň ýokary okuw jaýlarynda okaýan hindi we türkmen talyplary, žurnalistler, umuman, 500-e golaý adam gatnaşdy.

Halkara maslahatynyň işi üç bölekde – umumy mejlis we iki bölümçe boýunça geçirildi. Birinji bölümçede energiýa howpsuzlygy, ulag-üstaşyr geçirijiler we ekologiýa ölçegi, Türkmenistanyň daşary-syýasy başlangyçlary ýaly meselelere seredildi; ikinji bölümçe «Parahatçylygyň we sazlaşyklylygyň ideallary: Türkmenistanyň we Hindistanyň taryhy we medeni aragatnaşyklary» ady bilen işledi.

Halkara maslahatynyň umumy mejlisinde gutlag sözi bilen Türkmenistanyň Hindistandaky Ilçisi Parahat Durdyýew, Hindistanyň daşary işler boýunça Sekretary hanym Sujata Mehta, Jawaharlal Neru adyndaky Döwlet uniwersitetiniň rektory, professor Sughir Kumar Sopoty, Hindistanyň Türkmenistandaky öňki ilçisi Muhammad Afzal we başgalar çykyş etdiler.

Umumy mejlisde şu kitabyň awtoryna ylmy maslahytyň Hormatly myhmany hökmünde «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň taryhy we ýurdumyzyň daşary syýasy ugruny kesgitlemekde, daşary syýasatyny durmuşa geçirmekde onuň roly we ähmiýeti» atly tema boýunça ýörite doklad bilen çykyş etmek teklip edildi. Çykyşda hemişelik Bitaraplygyň türkmen nusgasynyň taryhy barada, bitaraplyk syýasatyny saýlap almagyň, şol syýasaty we onuň düzgünlerini işläp taýýarlamagyň esasynda türkmen halkynyň asylly däpleriniň ýatandygy, diňe şeýle syýasatyň halkymyzyň, döwletimiziň milli bähbitlerine has doly laýyk geljekdiginden ugur alnandygy, BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda bolup geçen 50-nji mejlisinde «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly rezolýusiýany kabul edendigi barada-da aýdyldy.

Maslahatda Türkmenistanyň Bitaraplygynyň aýratynlyklaryna uly üns berildi. Şu jähtden, ozaly bilen, biziň ýurdumyzyň öz bitaraplygynyň BMG tarapyndan ykrar edilmegini gazanan ilkinji ýurt bolup durýandygy, şeýle hem Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň beýleki sypatlarynyň şu aşakdakylardan, ýagny Türkmenistanyň Bitaraplygynyň ýurdumyzyň taryhyny, onuň häzirki içerki hakykatyny, geografiki we geosyýasy ýagdaýyny, türkmen halkynyň asylly däplerini şöhlelendirýänliginden; Türkmenistanyň Bitaraplygynyň özüniň gelip çykyşy boýunça ykrar edilenliginden we muny BMG-niň BA-synyň «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly rezolýusiýasynyň hem

doly tassyklaýandygyndan; Türkmenistanyň Bitaraplygynyň özüniň görnüşi boýunça hemişelikdiginden, başgaça aýdylanda, wagt boýunça çäklendirilmedikliginden we harby ýagdaýda-da, parahatçylykly döwürde hem hereket edýänliginden; Türkmenistanyň Bitaraplygynyň özüniň mazmuny boýunça oňyndygyndan ýa-da konstruktiwdigindenden we munuň özüniň parahatçylygy we durnuklylygy saklamak, döwletleriň arasynda dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmek meselelerinde döwletiň işjeň hereketini aňladýandygyndan ybarat bolup durýanlygy aýdyldy.

Türkmenistanyň Bitaraplygynyň esasy ugurlarynyň seljerilmegi hem maslahatda uly orun tutdy. Bu uly çärä gatnaşyjylar şeýle hem Türkmenistanyň bitarap daşary syýasatynda ileri tutulýan ugurlar hasaplanylýan söwda, ykdysady, medeni, daşky gurşawy gorap saklamak we başga çäklerdäki hyzmatdaşlyk bilen hem tanyşdyryldy. Türkmenistanyň bitarap daşary syýasatynyň uly parahatçylyk döredijilik güýjüniň bardygy hem aýratyn nygtaldy. Hususan-da, 1990-njy ýyllarda Owganystandaky ýagdaýy gowy tarapa özgertmekligi maksat edinen gepleşikleriň geçirilmeginde, şeýle hem Täjigistanda raýat gapma-garşylyklarynyň parahatçylykly ýollar bilen çözülmeginde Türkmenistanyň oýnan möhüm rolunyň hemmelere mälimdigi aýdyldy.

Türkmen we hindi halklaryny gözbaşlaryny müňýyllyklaryň jümmüşinden alyp gaýdýan dostlukly, taryhy we medeni gatnaşyklar, umumy ruhy gymmatlyklar birleşdirýär. Özüniň hemişelik Bitaraplyk syýasatynyň ýörelgelerine esaslanmak bilen, Türkmenistan türkmen-hindi dostlugyny we hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmaga uly üns berýär, täze taryhy eýýamda iki ýurduň däbe öwrülen dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklary hil taýdan täze ösüşe eýe bolýar.

Häzirki wagtda Türkmenistan we Hindistan Respublikasy BMG-niň Düzgünnamasynda bellenilen üýtgewsiz ýörelgeleri ykrar etmek bilen, ählumumy parahatçylygyň we howpsuzlygyň üpjün edilmegine, BMG-niň rolunyň pugtalanmagyna özleriniň goşantlaryny barha artdyrýarlar, dünýäniň ösen we ösüp barýan ýurtlarynyň arasynda deňhukukly hyzmatdaşlyk üçin şertleri döretmek, döwletleriň özlerini kesgitleme hukugyny hormatlamak ýaly möhüm meseleler boýunça

hem Türkmenistanyň we Hindistanyň garaýyşlary meňzeşdir. Häzirki wagtda Türkmenistanyň we Hindistanyň Goşulyşmazlyk hereketine agza bolmaklary hem halkara giňişliginde türkmen-hindi hyzmatdaşlygynyň işjeňleşmegine oňaýly täsir edýär.

Türkmenistanyň we Hindistanyň arasynda söwda-ykdysady, ylmy-tehniki, medeni hyzmatdaşlyk hem barha işjeňleşýär. Şol bir wagtyň özünde hyzmatdaşlygy giňeltmek we çuňlaşdyrmak üçin uly mümkinçilikleriň bardygy bellidir. Galyberse-de, hyzmatdaşlygyň käbir ugurlary boýunça, hususan-da, energiýa sektorynda, Türkmenistanyň Hindistany özüniň strategiki hyzmatdaşy hasaplaýandygy mälimdir. Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gaz geçirijisiniň taslamasyna gatnaşyjylaryň biri bolmak bilen, elbetde, Hindistan bu taslamanyň işjeň öňe gitmegine gyzyklanýar.

Maslahatyň işine işjeň gatnaşan hindi döwlet işgärleriniň, köpsanly hindi alymlarynyň Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 20 ýyllygy bilen baglylykda eden çykyşlary hem özleriniň ýokary ylmylygy, amalylygy, Bitaraplygyň türkmen nysgasyna we onuň netijelerine bolan oňyn garaýyşlary, has takygy, ýokary bahalary bilen tapawutlandy. Professor Nirmala Joşi öz çykyşynda Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasatyna, Bitarap Türkmenistan tarapyndan öňe sürülýän daşary syýasy başlangyçlara ýokary baha berdi. Jawaharlal Neru adyndaky merkeziň professory Manu Mittal hindi we türkmen halklaryny taryhy geçmişde Beýik Ýüpek ýolunyň birleşdirendigini aýtmak bilen, bu iki halkyň medeniýetinde, dilinde, mentalitetinde umumylyklaryň köpdügini, umuman, Hindistanyň taryhynda türkmen halkynyň wekilleriniň uly rol oýnandyklaryny, iki ýurduň arasyndaky medeni gatnaşyklary hil taýdan täze esasda ösdürilmeginiň uly ähmiýetini, şu jähtden, hususan-da, Jawaharlal Neru adyndaky özleriniň merkezinde türkmen dilini öwrenmegiň gün tertibinde durýandygyny belledi. Ençeme hindi alymlary, şol sanda Türkmenistanyň «Magtymguly Pyragy» medalynyň eýesi, professor Akhtarul Wasseý, Magtymgulynyň eserlerini urdu diline geçiren professor Nasim Ahmad Şah öz çykyşlaryny Magtymguly Pyragynyň döredijiligine bagyşladylar.

Şunlukda, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň halkara bileleşigi tarapyndan ykrar edilmeginiň 20 ýyllygynyň hormatyna

Türkmenistanyň Hindistandaky ilçihanasynyň geçiren bu möhüm çäresi türkmen Bitaraplygynyň ägirt uly ähmiýetini dostlukly Hindistanda giňden açyp görkezmäge, türkmen-hindi dostlugyny we hyzmatdaşlygyny has-da pugtalandyrmaga uly goşant goşdy.

Bitaraplygyň türkmen nusgasynyň örän uly ähmiýeti, onuň soňky ýyllarda gazanan ajaýyp üstünlikleri bilen hytaý jemgyýetçiligini içgin tanyşdyrmak, türkmen-hytaý dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny has-da pugtalandyrmak jähtinden Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 20 ýyllygyna bagyşlanyp 2015-nji ýylyň 7-nji aprelinde Türkmenistanyň Hytaý Halk Respublikasyndaky ilçihanasynyň Hytaýyň dostluk jemgyýeti bilen bilelikde Pekinde geçiren «Türkmenistanyň Bitaraplygy – parahatçylygyň we durnuklylygyň kepili» atly «tegelek stoluň» başyndaky duşuşyk hem uly rol oýnady.

«Tegelek stoluň» başyndaky duşuşyga Hytaý Halk Respublikasynyň Daşary işler ministrliginiň ýolbaşçy, jogapkär işgärleriniň, şol sanda HHR-iň Türkmenistanda işlän öňki ilçileriniň, Hytaýyň daşary ýurtlar bilen dostluk jemgyýetiniň ýolbaşçylarynyň, belli hytaý alymlarynyň, syýasatşynaslaryň, Türkmenistandan baran wekiliýetiň, daşary ýurtlaryň Pekinde ýerleşýän diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylarynyň, Hytaýyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň, Pekiniň ýokary okuw jaýlarynda okaýan türkmen talyplarynyň wekilleri topary gatnaşdylar.

«Tegelek stoluň» başyndaky duşuşykda edilen çykyşlarda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň taryhyna, aýratyn hem, onuň soňky ýigrimi ýylyň içinde türkmen halkyna, şeýle hem dünýä bileleşigine beren miwesi barada hemme taraplaýyn durlup geçildi. Mysal üçin, HHR-iň Daşary işler ministriniň orunbarary Çen Gopin özüniň eden çuň manyly, giňişleýin çykyşynda «Taryh eýýäm Türkmenistanyň Bitarap syýasatyny dogry saýlap alandygyny doly subut etdi – diýip aýtdy. – Häzirki wagtda Bitarap Türkmenistan sebitde we bütin dünýäde durnuklylygy saklamakda möhüm güýje öwrüldi, halkara parahatçylyk işine oňaýly goşant goşýar. Türkmen halky ýaly, hytaý halky hem parahatçylygy söýýär. HHR-iň özbaşdak we garaşsyz daşary syýasaty we Türkmenistanyň hemişelik Bita-

raplyk syýasaty Ýer ýüzünde parahatçylygy saklamagyň we ony pugtalandyrmagyň möhüm ýagdaýlary bolup durýarlar».

Öz çykyşynda bu ýokary wezipeli hytaý diplomaty şeýle hem hytaý-türkmen gatnaşyklarynyň dürli ugurlar boýunça çalt ösýändigini, şol sanda medeni-gumanitar hyzmatdaşlygyň şol gatnaşyklaryň täze aýdyň halkasyna öwrülendigini belledi, ýaňy-ýakynda Ählihytaý ýygnagynyň Halk Wekilleriniň (ÄÝHW) 2014-nji ýylyň maýynda gol çekilen «Dostluk hakynda» hytaý-türkmen Şertnamasyna seredendigini we ony tassyklandygyny mälim etdi, Şertnamanyň güýjne girmeginiň bolsa hytaý-türkmen strategiki hyzmatdaşlygynyň hemme taraplaýyn has-da ýokary göterilmegini üpjün etjekdigini belledi.

Ençeme çykyşlarda Türkmenistanyň parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň üpjün edilmegine gönükdirilen iri daşary-syýasy başlangyçlary yzygiderli öňe sürýändigi we olaryň halkara bileleşiginiň giň goldawyna mynasyp bolýandygy, Türkmenistanyň daşary syýasatynda söwda, ykdysady, medeni-gumanitar çäklerdäki hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlar bolup durýandyklary, Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasatynyň uly parahatçylyk dörediji güýje eýe bolup durýandygy, Birleşen Milletler Guramasynyň Türkmenistanda gapma-garşylyklary tertibe salmak boýunça özüniň ynamdar we bitarap hyzmatdaşyny görýändigi bellenip geçildi. «Munuň özi, aýratyn hem, Türkmenistanyň Bitaraplygynyň ilkinji ýyllarynda, haçanda Aşgabat özüniň taryhynda täjigara gapma-garşylyklaryň tertibe salynmagyna ýardam etmek üçin ilkinji gezek özünde wekiliýetleri kabul edende ýüze çykdy – diýip, Täjigistanyň HHR-däki Ilçisi R. Alimow «tegelek stoluň» başynda eden çykyşynda aýtdy. – Bu 1995-nji ýylyň 30-njy noýabryndan başlap, 1996-njy ýylyň 21-nji iýulyna çenli üç basgançakda bolup geçen gepleşikleriň bäşinji we iň dowamly tapgyry bolupdy. Gepleşikler diňe bir kyn dialoga gatnaşýanlar üçin däl, eýsem gepleşikleriň gidişine goşulman, netijäniň gazanylmagy üçin ähli mümkin bolan zatlary eden kabul edýän tarap üçin hem synag bolupdy. Hut Aşgabatda täjigara gapma-garşylygyň taraplary gepleşiklerden başga çykalga ýok, raýat urşunda ýeňijiler bolmaýar we dawalaryň parahatçylykly tertibe salynmagynyň milli ylalaşyga we ýurduň dikel-

dilmegine tarap alyp barýan ýeke-täk ýol bolup durýandygy baradaky logiki netijä geldiler.

Täjigara gepleşikleriniň bäşinji tapgyrynyň jemleri boýunça harby hereketleri bes etmek barada Aşgabatda kabul edilen Bilelikdäki Beýannama uzak garaşylan parahatçylyga we Täjigistanda gandöküşikli gapma-garşylygy gutarnykly tertibe salmaga ýol açdy. Täjigara gapma-garşylygyny tertibe salmak boýunça toplanan tejribe dünýä diplomatiýasynyň taryhyna girdi we BMG tarapyndan öňüni alyş diplomatiýasynyň täsirli nusgasy hökmünde ykrar edildi.

Täjigistanda meniň ýurduma parahatçylygy we milli ylalaşygy gaýtaryp getirmek boýunça umumy tagallalarda Türkmenistanyň roluny we ornuny hemişe minnetdarlyk bilen ýatlaýarlar».

«Tegelek stoluň» başynda edilen çykyşlarda şeýle hem biziň şu günki günlerimizde Beýik Ýüpek ýolunyň täzeden dikeldilmeginiň täze taryhy wezipe, biziň halklarymyzyň gülläp ösmeginiň kepili bolup durýandygy bellenip geçildi. Şeýle şertlerde, şu kitabyň awtorynyň çykyşynda, sebitleýin durnuklylygyň we howpsuzlygyň esasy düzümleriniň biri hökmünde Türkmenistanyň bu meseläniň çözgüdine ýardam etmek maksady bilen özüniň syýasatyny we diplomatiýasyny gönükdirýändigi aýratyn nygtalyp geçildi. Netijede, Türkmenistanyň işjeň gatnaşmagynda şu günki gün Beýik Ýüpek ýolunyň demir ýol, gaz geçiriji we beýleki görnüşlerde täzeden dikeldilýändigi, munuň bolsa biziň halklarymyzy has hem ýakynlaşdyrýandygy, döwletleriň, iki yklymyň arasyndaky däp bolan söwda-ykdysady we beýleki gatnaşyklar üçin uly mümkinçilikleri açýandygy aýdyldy.

HHR-iň Döwlet Geňeşiniň ýanyndaky ösüş meselelerini öwrenmek boýunça merkeziniň institutynyň işgärleriniň adyndan Ýüpek ýoly bilen bagly meseleler barada gepläp, bu institutyň uly ylmy işgäri In Sunlin şeýle diýdi: «Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşýän ýurt, onuň merkezi çatryklarynyň biri hökmünde Türkmenistan – taryhy, ykdysady we ulag aragatnaşyklaryň täzeden dikeldilmegine uly üns berýär we bu ugur boýunça dünýä bileleşigine hyzmatdaşlygyň täze mümkinçiliklerini teklip edýär. Türkmenistan geografiýa taýdan amatly ýerde ýerleşýär we ol ägirt uly üstünden

geçiriji we energetika kuwwatyna eýe bolup durýar. Şol bir wagtyň özünde hem Türkmenistan özüniň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny sebitleýin we sebitara derejelerde deňhukukly we özara peýdaly ykdysady hyzmatdaşlygyň giňelmegine we çuňlaşmagyna ýardam etmek üçin barha işjeň ulanýar.

HHR-iň Başlygy Si Szinpin 2013-nji ýylyň sentýabrynda Türkmenistana eden döwlet saparynyň gidişinde Ýüpek ýoluň ykdysady zolagyny döretmek baradaky teklibi öňe sürdi. Bu pikir Prezident Gurbanguly Berdimuhamedowyň Dostlugyň we Hyzmatdaşlygyň taryhy ýoluny täze manyda dikeltmek boýunça başlangyçlary bilen sazlaşykly utgaşýar. Dünýäde iň uzyn Türkmenistan-Hytaý gaz geçirijisi iki ýurduň ýolbaşçylarynyň başlangyçlarynyň birligi, özara peýdalylyk, özara utuş ýörelgelerine esaslanýan biziň ýurtlarymyzyň arasyndaky uzakmöhletleýin, durnukly energetiki hyzmatdaşlygyň kepilnamasy bolup durýar».

Çykyşlarda şeýle hem soňky iki onýyllygyň içinde dünýäde ähmiýetli özgerişlikleriň bolup geçendigi, Hytaýyň we Türkmenistanyň halkara bileleşigi bilen bilelikde howplara we wehimlere garşy durýandyklary bellenip geçildi. «Hytaý tarapy ähli çäklerde hytaý-türkmen ikitaraplaýyn gatnaşyklarynyň derejesini yzygiderli ýokary götermek, hytaý-türkmen gatnaşyklarynyň strategik hyzmatdaşlygynyň many-mazmunyny baýlaşdyrmak, iki ýurduň we halklarynyň hatyrasyna has köp eşreti döretmek, Ýer ýüzünde parahatçylygy we durnuklylygy saklamaklyga we pugtalandyrmaklyga täze goşant goşmak üçin Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk halkara-hukyk ýagdaýynyň ykrar edilmeginiň 20 ýyllygynyň bellenilmeginden peýdalanmaga taýýardyr» diýip, Hytaýyň daşary-syýasy edarasynyň başlygynyň orunbasary Çen Gopin aýtdy.

Ýurdumyzyň Bitaraplygynyň 20 ýyllygy mynasybetli geçirilýän çärelere gatnaşmak üçin Türkmenistandan Pekine baran wekiliýetiň agzalarynyň Türkmenistanyň Bitaraplyk halkara-hukuk ýagdaýyny saýlap almagynyň taryhy, BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» hakyndaky rezolýusiýanyň kabul edilmeginiň ähmiýeti, Bitaraplygyň türkmen nusgasynyň aýratynlyklary, döwletimiziň

daşary-syýasy ugruny kesgitlemekde, onuň daşary syýasatyny durmuşa geçirmekde Bitarap syýasatymyzyň roly we orny barada «tegelek stoluň» başynda eden çykyşlary hem diňleýjiler tarapyndan diýseň gyzgyn garşylandy.

Şeýle hem şu kitabyň awtorynyň esasy çäräniň çäklerinde HHR-nyň halkara gatnaşyklary boýunça ylmy-barlag instituty, Hytaýyň daşary işler boýunça uniwersiteti, Häzirki zaman halkara gatnaşyklary boýunça Hytaý Akademiýasy, Hytaýyň merkezi milletler uniwersiteti ýaly ylmy-barlag merkezleriň we ýokary okuw jaýlarynyň ýolbaşçylary bilen bolan duşuşyklarynyň ylym, okuw meseleleriň goýluşy barada özara pikir alyşmaga, umuman, Türkmenistanyň we Hytaýyň arasynda dostlukly strategiki hyzmatdaşlygyň mundan beýläk hem ösmegine oňaýly ýardam edendigi barada hem ynamly aýtsa bolar.

Diplomatik wekilhanalaryň habar-düşündiriş işi baradaky gürrüňi dowam etdirmek bilen, islendik adamyň bulaşyk geplemäni başarýandygy, aýdyň geplemäni bolsa az adamlaryň başarýandygy baradaky hakykaty ýene-de bir gezek ýatlap geçeliň. Biziň pikirimizçe, diplomatlaryň köpçülikleýin çykyşlaryna hut su ölçeg bilen çemeleşilmegi maksada laýykdyr. Şunlukda, habar-düşündiriş işi, ozaly bilen, ilçiniň (wekiliň) we metbugat-attaşesiniň işi bolup durýar. Eger diplomatyň hiç hili ýa-da ýeterlik dilewarlyk delilleri we tejribesi bolmasa, onda oňa daşary ýurt auditoriýasynyň öňünde çykyş etmek tabşyrygynyň berilmeginiň gaty bir dogry bolmazlygy ahmaldyr. Uzak bolmadyk taryhymyzdan bilşimiz ýaly, sowet döwründe sowet diplomatlary daşary ýurt auditoriýasynda çykyş etmeklige mejbur edilipdi. Köp halatlarda, sözüň doly manysynda, özleriniň hiliniň pesligi bilen tapawutlanan şeýle leksiýalar, umuman, peýdanyň ýerine zyýan getiripdi.

Şol bir wagtyň özünde hem habar-düşündiriş işiniň ähli görnüşlerine, ozaly bilen bolsa, leksiýalar, dokladlar ýaly çärelere öňünden düýpli taýýarlanylýandygyny aýratyn belläp geçeliň. Adatça, leksiýalar we beýleki köpçülikleýin çäreleriň tekstleri işlenip taýýarlanylýar we olar ýerli ýa-da umumy, kabul edilen dile terjime edilýär. Diňe bir tema boýunça däl, eýsem, umuman, ýurt we ondaky ýagdaý barada berlip bilinäýjek soraglara hem taýýarlanylýar.

Eger çykyşyň gidişinde degişli audiowizual materiallar peýdalanylsa, çykyşyň täsiriniň has-da artýandygyny tejribe görkezýär.

Şeýle çärelerde ol ýa-da başga žurnalistiň ýa-da diňleýjiniň çäreleriň temalaryna aýratyn gyzyklanma bildirýän halatlary seýrek bolmaýar. Şonuň üçin soralan halatynda bermek üçin, çykyşyň tekstiniň birnäçe nusgasynyň öňünden taýýar edilip goýulmagy peýdalydyr.

Şeýle hem, leksiýalarda diňleýjileriň berýän ähli soraglarynyň berk hasaba alynmagy hem zerurdyr, sebäbi şol soraglar jemgyýetçilik pikiriniň gyzyklanmasynyň anyk görkezijisi bolup durýar.

Islendik garaşylmadyk ýagdaýyň bolmagynyň çäräni geçirmekligiň meýilnamasyny bozup bilmezligi üçin, leksiýa, aýratyn hem, gürrüň çykyşyň welaýatda ýa-da başga şäherde bolmagy barada barýän bolsa, onda oňa, mümkin boldugyça, iki ýa-da üç adam bolup gidilmegi maksadalaýykdyr.

Tejribe şeýle hem **radio we telewideniýe boýunça çykyşlaryň** aýratyn taýýarlygy talap edýändiklerini görkezýär. Çykyşyň ähli bölekleri – çykyşyň özi we soraglara jogaplar – interwýu alýan žurnalist bilen ylalaşylyp öňünden işlenip taýýarlanylsa, ol täsirli geçer. Auditoriýa niýetlenen habar gysga we anyk bolmalydyr. Gepleşik üçin beriýän wagtyň çäginden çykylmaly däldir. Çykyş edýäniň egineşigi we özüni alyp baryş täri ýerli ilatyň islegine we endigine laýyklykda özüne çekiji bolmalydyr.

Köpçülikleýin çykyşlaryň ähli görnüşlerinde iň ähmiýetli zat, ol hem berilýän habaryň mazmunydyr, manysydyr. Diňleýjileriň ýadynda galar ýaly çykyşyň esasy pikiri aýdyň berilmelidir, çykyşyň soňunda bolsa ol iki-üç jümle bilen nygtalmalydyr.

Işjeň, başarnykly alnyp barylýan habar-düşündiriş işi işewür gatnaşyklaryň giňelmegine ýardam edýär, dostlaryň sanyny, zerur bolan habary almak üçin mümkinçilikleri artdyrýar.

Umuman, dünýäniň habar asyryna ymykly girmegi we şunlukda, diplomatik gullukda habaryň we habar işiniň rolunyň, ornunyň we ähmiýetiniň barha ýokarlanmagy bilen, diplomatlardan diňe bir habary ýygnamak, ony seljermek boýunça däl, eýsem ony beýan etmek işinde hem ýokary ussatlyk talap edilýär.

**Metbugat maslahatlary, ýerli KHBS-ne interwýu bermek** ýaly habar-düşündiriş işiniň görnüşleri hem Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasy, Türkmenistanyň Hytaýdaky Ilçihanasy tarapyndan olaryň işleriniň ilkinji döwürlerinde ýygy-ýygydan ulanyldy we olary hem, adatça, ilçiniň özi geçirdi. Işiň bu görnüşleriniň her haýsysy ýeterlik özboluşly taýýarlygy talap edýär, sebäbi bu çäreler gönüden-göni auditoriýa niýetlenen çäreler bolman, eýsem habarçylar, teležurnalistler üçin geçirilýän çärelerdir we şunlukda, soňkylaryň berilýän maglumatlary dogry kabul etmekleri we olary teletomaşaça ýa-da okyja dogry ýetirmekleri örän möhümdir. Şonuň üçin hem metbugat maslahatynda berlen esasy maglumatyň tekstiniň ýerli ýa-da iňlis diline terjimede köpeldilmegi we onuň çagyrylan her bir žurnaliste berilmegi çäräniň täsirliligini ýokarlandyrar.

Metbugat maslahatynda habarçylar tarapyndan berlip bilinmegi ahmal diýlip hasaplanylýan soraglar öňünden işlenilip we olara degişli jogaplar taýýarlanylyp bilner. Eger-de sorag berilmez diýen pikir bolan ýagdaýynda, onda olaryň taýýarlanylmagy we tanyş žurnalistleriň üsti bilen olaryň metbugat maslahatynda berilmeginiň guralmagy maksadalaýykdyr.

Metbugat maslahatyna gatnaşýan žurnalistleriň kimdir biri tarapyndan türkmen tarapynyň wekiliniň ol ýa-da başga aýdan zadyna ýalňyş düşündiriş bermegini aradan aýyrmak üçin, çäräniň magnitofon ýazgy bilen üpjün edilmegi hem peýdalydyr. Çärä gatnaşyjy her bir žurnalistiň metbugat maslahatynyň temasy boýunça goşmaça habar materiallary bilen üpjün edilmegi hem çäräniň täsirliliginiň hasda ýokarlanmagyna ýardam edýär.

Indi diplomatik wekilhanalardaky **metbugat attaşesiniň wezipeleri** barada gysgaça durup geçeliň. Iri we orta göwrümli ýurtlaryň diplomatik wekilhanalarynyň habar-düşündiriş işiniň tejribesini umumylaşdyrsak, onda, ozaly bilen, şeýle birligiň diplomatik wekilhanalaryň ählisinde diýen ýaly bardygyny we onuň wezipesiniň wekilhanada has tejribeli, üstesine-de, çet ýurt dilini suwara bilýän diplomatlaryň biriniň üstüne ýüklenilýändigini belläp geçmek gerek. Iri döwletleriň ilçihanalarynda metbugat attaşesi ýa-da habar boýunça

geňeşçi tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän ýörite metbugat topary hereket edýär. Şol bir wagtyň özünde metbugat attaşesiniň işini goşmaça tabşyryk hökmünde tejribeli diplomatlardan biriniň ýerine ýetirýän ilçihanalar hem bardyr.

Şu ýerde habar-düşündiriş işiniň, şol sanda metbugat-attaşesiniň işiniň örän jogapkärçilikli we möhüm işdigini ýene-de bir gezek aýratyn nygtap geçeliň. Sebäbi metbugat attaşesiniň aýdan zatlarynyň ählisi ýerli gazetleriň sahypalarynda çap edilip, halkara telegraf agentlikleriniň habar lentalaryna düşüp ýa-da telewideniýäniň we radionyň efirinde ýaňlanyp biler. Hut şonuň üçin hem metbugat attaşesi diňe bir taýýarlykly, tejribeli we hemmetaraplaýyn bilimli diplomat bolman, eýsem onuň ýiti akyly hem bolmalydyr. Metbugat attaşesi öz sözüne gözegçilik etmegi başarmalydyr, onda öz ýurdunyň garaýşyny parahat we mertebe bilen beýan etmek ukyby bolmalydyr.

Elbetde, artykmaç bir zat aýtmaklyga ýa-da jogapkärçiliksiz gürlemeklige diplomatyň, ozaly bilen bolsa, metbugat attaşesiniň haky ýokdur. Ol hemişe hüşgär bolmalydyr, özüniň göýberen islendik ýalňyşynyň ýakymsyz netijelere getirip biljekdigi barada özüne hasabat bermelidir. Bu talaplar diňe bir metbugat attaşesine degişli bolman, eýsem habar-düşündiriş işi bilen meşgul bolýan wekilhananyň islendik işgärine degişlidir.

Işiň üstünligi üçin metbugat attaşesiniň diňe bir habara eýe bolmagy ýeterlik däldir. Ol şeýle hem gowy guramaçy bolmalydyr, zerur bolan tanyşlygy açmaklygy we peýdaly işçi aragatnaşyklary ýola goýmaklygy başarmalydyr. Metbugat attaşesiniň işiniň täsirliligi, netijeliligi we çaltlygy köp derejede onuň ýerli we daşary ýurt žurnalistleri bilen gowy şahsy aragatnaşyklary ýola goýmagy başarýandygyna, esasy ýerli çap neşirleriň baş redaktorlary we telewideniýäniň kanallarynyň ýolbaşçylygy bilen aragatnaşyklarynyň ýagdaýyna baglydyr.

Daşary ýurtlaryň diplomatik wekilhanalarynyň iş tejribesi şeýle hem metbugat attaşesiniň ýa-da habar boýunça geňeşçiniň üstüne ençeme başga borçlaryň hem ýüklenip bilinýändigini görkezýär. Şunlukda, olar metbugat üçin habarlary we ilçihananyň

metbugat relizlerini hem taýýarlaýarlar we ýaýradýarlar, ýerli KHBS-de çap etmek üçin redaktora makalalar we hatlar ýazýarlar, öz ýurdundan ilçihananyň bolýan ýurduna gelýän wekiliýetleriň saparlaryny habar taýdan üpjün edýärler, diplomatik wekilhananyň baştutanynyň interwýusyny guraýarlar, onuň metbugat maslahatlaryny geçirýärler.

Mundan hem başga, metbugat attaşesiniň borçlaryna brifingleri we metbugat maslahatlaryny geçirmek, ýerli telewideniýe boýunça çykyş etmek, daşary ýurt habarçylary üçin interwýu guramak ýaly işiň görnüşleri hem girýär. Metbugat attaşesi bolýan ýurdunda dürli auditoriýalarda leksiýalar bilen çykyş edýär, öz ygtyýarlygyna girýän meseleler boýunça degişli guramalar bilen hat alyşýar, bolýan ýurdunyň KHBS-niň wekilleri bilen işjeň aragatnaşyklary saklaýar we ş.m. Ol şeýle hem bolýan ýurdunyň KHBS-niň işini we şol ýurtda akkreditlenen daşary ýurt žurnalistleriniň işini tertibe salýan ýerli kanunlary öwrenýär.

Şunlukda, daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalaryň öňünde bolýan ýurtlarynda habar-seljeriş, şeýle hem habar-düşündiriş işini alyp barmak ýaly örän möhüm wezipeler durýar. Ýokarda biz eger siziň söhbetdeşiňiz sizden Türkmenistan barada özüni gyzyklandyrýan maglumatlary alsa, siziň özüňiziň hem peýdaly habar ýygnamak boýunça işiňiziň şowly boljakdygy barada nygtap geçipdik. Diňe bir diplomat däl, eýsem ol ýa-da başga žurnalist, telekeçi, umuman, Türkmenistanyň islendik raýaty daşary ýurtlarda gyzyklanmanyň obýektine öwrülip biler we şunlukda, eger ol Türkmenistan barada ýerlikli, başarnykly gürrüň bermegi başarsa, onda daşary ýurtlularyň gözüniň öňünde onuň özüne çekijiligi artýar. Mundan işgäriň aragatnaşyklary ýola goýmak, habar toplamak babatdaky mümkinçilikleri hem esli derejede bagly bolýar. Gyzyksyz, az bilýän işgäriň, adatça, hatda işiniň başynda ýola goýan köp bolmadyk tanyşlaryny hem gysga wagtyň içinde ýitirip biljekdigi düşnüklidir.

Daşary ýurtlarda habar-düşündiriş işini üstünlikli alyp barmagyň kepilnamasy, ozaly bilen, diplomatyň öz ýurdunda bolup geçýän wakalar barada doly habarly bolmagydyr.

Şu jähtden, türkmen diplomatlary tarapyndan, hususan-da, ýurdumyzyň radiostansiýalarynyň, teleýaýlymlarynyň Watanda bolup geçýän wakalar baradaky maglumatlaryň çeşmesi hökmünde hemişe diňlenilmegi, olara tomaşa edilmegi, olaryň habar maksatnamalarynyň bolsa ýazylmagy örän maksadalaýykdyr. Audioýazgy täzeden diňlemek üçin zerurdyr. Şol bir wagtyň özünde hem diplomat özüniň söhbetdeşi ýa-da diňleýjileri tarapyndan Türkmenistan, onuň syýasaty barada beren habarlarynyň oňaýly kabul edilmegini gazanmalydyr. Diňe şeýle ýagdaýda biziň habar-düşündiriş işimiz öz maksadyna ýeter.

**Soraglar:**

**1.** Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynyň we konsullyk edaralarynyň habar-düşündiriş işiniň esasy maksady nämeden ybarat?

**2.** Diplomatik wekilhanalarda habar-düşündiriş işi bilen kimler meşgul bolýarlar?

**3.** Diplomatik wekilhananyň habar-düşündiriş işiniň nähili görnüşlerini we usullaryny bilýärsiňiz?

**4.** Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasynyň işiniň ilkinji ýyllarynda habar-düşündiriş işi boýunça toplan tejribesi barada näme bilýärsiňiz?

**5.** Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk syýasatyny saýlap almagy bilen ýurdumyzyň daşary syýasatynyň we diplomatiýasynyň esasy wezipesi nämeden ybarat boldy?

**6.** Türkmenistanyň Bitarap döwlet hökmünde halkara bileleşigi tarapyndan ykrar edilmegi bilen ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň öňünde nähili wezipe ýüze çykdy?

**7.** Hytaý Halk Respublikasynda Magtymguly Pyragynyň ilkinji goşgular ýygyndysynyň çap edilmegi barada näme bilýärsiňiz?

**8.** Diplomatik wekilhanalardaky metbugat attaşesiniň wezipesi nämeden ybarat?

13 Sargyt № 2671

## VIII BAP

# DIPLOMATIÝA WE HABAR TEHNOLOGIÝALARY

XX asyryň 80-nji ýyllaryndan başlap dünýä görlüp-eşidilmedik derejede habar rewolýusiýasy, şol sanda habar tehnologiýasyndaky rewolýusiýa bilen gurşalyp alyndy we ol eýýäm 90-njy ýyllaryň ikinji ýarymynda adamzat siwilizasiýasynyň ösüşiniň tutuş gidişine täsir edýän täze özbaşdak ähmiýetli hadysa öwrüldi. Habar näçe doly, hakyky we çalt bolsa, onda ol jemgyýetde bolup geçýän ýagdaýlary barabar dolandyrmaga şonça-da köp mümkinçilik berýär.

Aýratyn hem, ylmyň we tehnikanyň okgunly ösýän häzirki döwründe jemgyýetiň durmuşyny telekommunikasiýasyz göz öňüne getirmek mümkin däldir. XXI asyr has çalt tizlikleriň we habarlaryň ägirt uly akymlarynyň eýýamydyr. Şonuň üçin hem telekommunikasiýa ulgamlary häzirki zaman maglumatlar giňişliginde öz ornuny barha işjeň eýeleýärler.

Şu jähtden, maglumat jemgyýetiniň tehnologiki binýady hökmünde täze habar we telekommunikasiýa tehnologiýalarynyň okgunly ösüşiniň halkara syýasata, ykdysadyýete, dolandyrylyşa, ylma, medeniýete, umuman, adamzat ýaşaýşynyň beýleki çäklerine özüniň düýpli täsirini ýetirýändigini aýratyn nygtap geçeliň. XXI asyrda jemgyýetiň ýaşaýşyna hemmetaraplaýyn täsirini ýetirjek esasy wajyp ýagdaýlaryň biriniň maglumat-telekommunikasiýa tehnologiýalary bolup durýandygy 2000-nji ýylyň iýulynda döredilen global maglumat jemgyýetiniň Okinawa Hartiýasynda hem bellenip geçildi.

Elbetde, daşary syýasat hem bu global ýagdaýdan çetde galyp bilmedi. Habar tehnologiýalary daşary-syýasy edaralara hem barha işjeň aralaşdy. Täze tehnologiýalar arkaly propaganda daşary syýasatyň esasy serişdesine öwrüldi (şu ýerde käbir hünärmenleriň propagandany diplomatiýa däl-de, eýsem daşary ýurt hökümetini ilçihana üçin zerur bolan pikiri kabul etmekligi maksat edinýän syýasy reklama, ýagny bir zady belli etmek üçin şol zat hakynda maglumat ýaýratmak hasaplaýandyklaryny belläp geçmek gerek. Bu ýerde

başga döwletiň içerki işlerine goşulmak hökmünde düşündirilip bilinjek propagandanyň, şeýle hem öz garaýyşlaryny, başarnyklaryny, öz hökümetiniň içerki we daşarky syýasatyny dogry düşündirýän propagandanyň bardygyny belläp geçmek gerek. Propagandanyň soňky görnüşi diplomatiýadyr).

Telewideniýäniň ýaýramagy döwlet işgärlerine ekrana çykmak mümkinçiligini berdi. Hatda ilçiler hem «kölegeden çykdylar» we öz ýurtlarynyň syýasatyny beýan etmek üçin telewideniýe boýunça, umuman, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde çykyş edip başladylar. Gysgaça aýdanymyzda, diplomatik habaryň alynmagy we ýaýradylmagy barha köp derejede habar tehnologiýalaryna daýanyp başlady.

Jemgyýetiň durmuşyny kesgitleýän sosial ýagdaýyň – ykdysadyýetiň, syýasatyň, tehnikanyň, ideologiýanyň, medeniýetiň, diniň we ş.m. halkara gatnaşyklaryna ýetirýän täsiriniň has çuňňurdygyny we köp hereketlidigini nygtap geçeliň. Şu jähtden, daşky çägiň halkara gatnaşyklaryna ýetirýän täsiri barada näçe diýseň anyk mysallary getirip bolar. Mysal üçin, XX, aýratyn hem, XXI asyrda dürli ýurtlaryň syýasy ýolbaşçylary özleriniň arasynda gönüden-göni şahsy aragatnaşyklary guramazdan, tehniki serişdelerden peýdalanmak bilen, gepleşikler arkaly ençeme halkara meselelerini çözýärler.

Ýöne mundan tapawutlylykda, aýdaly, b.e. öňki 356-323-nji ýyllarda ýaşap geçen patyşa Aleksandr Makedonskiý, şol döwürde degişli tehniki serişdäniň bolmanlygy sebäpli, pars patyşasy Dariýa telefon edip, öz meselelerini çözüp bilmändir. Ýa-da başga bir mysal: agressiw daşary syýasata eýeren, Germaniýada totalitar-faşistik düzgüni berkarar eden, şahsy ynanjy adamy gyrmaklygyň islendik elhenç serişdelerini ulanmaklyga ýol beren Adolf Gitler (1889-1945 ýý.) ahyrky netijede ýadro ýaragyny edinip bilmedi. Eger Germaniýadaky «uran taslamasy» soňuna çenli ýerine ýetirilen ýagdaýynda, onda Ikinji jahan urşunyň netijeleriniň nähili boljakdygyny göz öňüne getirmek kyn bolmazdy. Umuman, soňky ýüzýyllykda ulag we habar tehnologiýalarynyň ösüşi halkara gatnaşyklaryň ewolýusiýasyna aýratyn täsir etdi.

Häzirki zaman maglumatlar giňişligi, aýratyn hem, habarlary we täzelikleri alyşmagyň elektron görnüşleriniň hasabyna barha

giňelýär. Habarlaryň esasy bölegi maglumatlary bermegiň ýokary tehnologiki ulgamlary boýunça ýaýradylýar we bu işde elektron serişdeleriň paýynyň artmak meýli örän çalt ýokarlanýar. Mysal üçin, eýýäm XX asyryň 90-njy ýyllarynyň birinji ýarymynda elektron göterijilerde habar alyş-çalşygyny etmek Birleşen Milletler Guramasynda, BMG-niň bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça Guramasy (UNESCO) ýaly onuň ýöriteleşdirilen edarasynda, Atom energiýasy boýunça halkara agentliginde (IAEA), Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasynda we beýleky halkara guramalarda giňden ulanyldy.

Ýokarda biz şeýle hem soňky ýyllarda Türkmenistanda maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň jemgyýetimiziň ösüşine tasir edýän möhüm şertleriň biri bolandygyny, ýurdumyzyň halkara maglumat-aragatnaşyk gatnaşyklaryna mynasyp goşulmagy üçin degişli şertleriň döredilýändigini belläp geçipdik. Mysal üçin, maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryny ösdürmek we öňdebaryjy, şol sanda kompýuter tehnologiýalaryny dolandyryş ulgamyna yzygiderli ornaşdyrmak Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşi boýunça 2012-2016-njy ýyllar üçin Maksatnamasyny durmuşa geçirmekde merkezi orunlaryň birini eýeleýär. Şol tehnologiýalar bolsa döwletimiziň we jemgyýetimiziň häzirki we geljekki ösüşiniň möhüm guraly bolup durýar.

Häzirki wagtda ýurdumyzda elektron resminamalarynyň peýdalanylyş tertibini düzgünleşdirýän belli bir hukuk binýat hem emele getirildi. Hususan-da, 2000-nji ýylyň 19-njy dekabrynda kabul edilen «Elektron resminama hakynda» Türkmenistanyň Kanuny ýurdumyzyň kanunçylygynda elektron görnüşdäki resminamalary peýdalanmak hem-de elektron sanly goly ulanmak bilen baglanyşykly gatnaşyklary düzgünleşdirdi. «Häzirki wagtda ýurdumyzda ösen tehnologiýalaryň mümkinçilik berýän täze goşmaça hyzmatlaryndan, Internetden kompýuter ulgamlarynyň maglumatlar toruna birikdirmek hyzmatlaryndan peýdalanmak islegi barha artýar – diýip, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Telearagatnaşyk, telemetriýa, habar beriş tilsimatlarynyň «Türk-

mentel – 2010» atly IV halkara sergisine hem-de «Türkmenistan we dünýä informasion-telekommunikasiýa ulgamlary» atly maslahata gatnaşyjylara ýollan Gutlagynda aýtdy (15.09. 2010 ý.). – Şonuň üçin Internetiň we aragatnaşygyň häzirkizaman tehnologiýalarynyň Türkmenistanyň her bir raýatyna elýeterli bolmagy üçin biz ähli mümkinçilikleri döredýäris we telekommunikasiýanyň çalt depginde ösdürilmegine uly üns berýäris».

Türkmenistanyň daşary-syýasy edarasynda, ýagny Daşary işler ministrliginde hem dünýä habar kiber giňişligine girmek işi işjeň alnyp barylýar: ministrligiň habar we propagandistik işini utgaşdyrmak, oňa maksada okgunly we manyly häsiýet bermek, habary elektron ýaýratmagyň iň täze usullary bilen baglanyşdyrmak ýaly meseleler bu işiň esasy wezipesi bolup durýar. Başgaça aýdylanda,ýurdumyzyň ýolbaşçylygyny ýokary hilli seljeriş materiallary, daşky dünýäni bolsa – Türkmenistanyň daşary syýasy ugry baradaky habar bilen üpjün edýän häzirki zaman elektron tehnologiýalarynyň esasynda daşary syýasy edara barha güýçli habar merkezine öwrülýär.

Geljek Internete goşulmak bilen ondan has gymmatly we ähmiýetli habary «çekip almaga», ony seljermäge we takmynan doly taýýarlanan habar materialyny almaga ukyply bolan intellektual maksatnamalara bagly bolup durýar. Has öňe giden «softner» resminama boýunça habary, tabşyrylan ugurlar boýunça uly bolmadyk awtoreferaty, ýagny ylmy eseriň awtoryň özi tarapyndan gysgaça beýan edilmegini özbaşdak taýýarlamaga ukyplydyr. Soňky ýyllarda habaryň göwrümi juda artdy we esasy mesele habary tapmak bolman, eýsem şol bir wagtyň özünde milli bähbitleriň hatyrasyna sowatly we esaslandyrylan kararlar kabul edilende nazarda tutular ýaly ähmiýetli delilleri nädip saýlap almak bolup durýar.

Ýagdaýlaryň köpdürlüligini hasaba alýan, halkara hyzmatdaşlygyň gidişine täsir edýän we şu esasda ol ýa-da başga kararlar kabul edileninden soň ýagdaýyň ösüş meýilleriniň we görnüşleriniň nusgalaryny taýýarlaýan, hyzmatdaşlaryň özüni alyp barşyny çaklaýan maksatnamalaryň döredilmegi we ösdürilmegi örän möhüm bolup durýar.

Ahyrky maksat – açyk delilleriň esasynda DIM-iň kuwwatly, köpugurly we özara utgaşykly hereket edýän habar meýdanynyň

döredilmegidir. Dürli habarlar bilen doldurylan şeýle meýdanyň doly göwrümde intellektual maksatnamalaryň üsti bilen daşary syýasat çäginde işleýänleriň hemmesine elýeterli bolmagy talap edilýär.

Habar tehnologiýalary, ozaly bilen, ABŞ-da uly gerime eýe boldy. Bu ýurtda telewideniýe XX asyryň 30-njy ýyllarynda peýda boldy we ol diňe ikinji jahan urşundan soň giňden ýaýrap başlady. Mysal üçin, 1949-njy ýylda ABŞ-da her aýda olaryň 250000 sanysy satyldy. 1960-njy ýyla çenli amerikanlaryň maşgalalarynyň her dörtden üçüsiniň iň azyndan bir telewizory boldy.

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda hyzmat ediş ulgamynyň (edara gullukçylarynyň, mugallymlaryň, saglygy goraýyş işgärleriniň, hökümet işgärleriniň, hukuk we maliýe hünärmenleriniň we ş.m.) işi kompýuterleriň elýeterliliginden we köpçülikleýin ulanylmagyndan peýda tapdy. Federal hökümet 1950–1960-njy ýyllarda özüniň harby we älem maksatnamalarynyň bir bölegi hökmünde kompýuter tehnikasyna ummasyz uly serişde goýberdi. 1970-nji ýyllaryň ahyrynda iki sany ýaş Kaliforniýaly telekeçi garažyň daşynda işläp, öýde peýdalanmak üçin niýetlenen we soňra köp möçberde satylan birinji kompýuteri ýygnapdyrlar we oňa «Äpple» diýip at beripdirler. Şeýlelik bilen, olar öňe gidişlige itergi beripdirler. 1980-nji ýyllaryň başyna çenli kiçi kompýuterleriň millionlarçasy ABŞ-nyň telekeçilik pudagyna we öýlerine ýol tapypdyr hem-de 1982-nji ýylda «Taým» žurnaly kompýuteri «Ýylyň abzaly» diýip atlandyrdy. Netijede, eýýäm 1997-nji ýylda ABŞ-da adam biliminiň ähli pudaklary boýunça iri kompýuter delilleriniň banklarynyň 7 müňisi boldy we şolardan 10-dan gowragy daşary syýasatda ýöriteleşdi. Olaryň hyzmatlaryndan ABŞ-nyň Döwlet departamenti, Pentagon, ýurduň Kongresi peýdalandy.

Internetiň döreýşi bilen bagly başga-da bir çeşmäniň bardygyny belläp geçeliň. Şol çeşmä laýyklykda Internet toruň islendik ýa-da birnäçe bölekleriniň işlemeýän ýagdaýynda habar alyşmak üçin ABŞ-nyň Goranmak ministrliginiň tory hökmünde geçen asyryň 60-njy ýyllarynda döredilipdir. Soňra şol tor başga pudaklarda, şol sanda söwda maksatlary üçin ulanylyp başlapdyr. Umuman, toruň ýaşaýşa ukyplylygy gaty ýokary bolupdyr. Eýýäm 90-njy ýyllaryň ikinji

ýarymynda bu ulgam döwlet edaralarynyň gözegçiliginden çykdy we ol bütin dünýäde ondan peýdalanýanlaryň arasynda dürli habarlary alyşmakda iň iri paýlaýjy tor boldy.

Internet XX asyryň soňunyň ýöne bir täsin tehnologiki üstünligi bolman, eýsem ol, ozaly bilen, dürli, hatda sazlaşygy bolmadyk maksatlara ýetmek üçin peýdalanylyp bilinjek köptaraplaýyn habar guraly boldy. Internete şu günki günde ukybynyň ýokary çägi görünmeýän, global derejede öz-özi ösýän we öz-özüni guraýan intellektual ulgam hökmünde kesgitleme berse bolar. Internet özi baradaky ylymdan has çalt ösýär.

Dünýäde Internetden peýdalanýanlaryň sany barha artýar. Baryp 1996-njy ýylda dünýäde Internetden 65 million adam peýdalanypdyr we ondan peýdalanýan adamlaryň sany bolsa her aýda 150-180 müň köpelipdir. Şol ýyl, mysal üçin, ABŞ-da Internetden 20 milliondan gowrak adam, Russiýada bolsa bary-ýogy 50 müň adam peýdalandy. 1996-njy ýylda her aýda Internet boýunça 30 terabaýt habar geçipdir (her terabaýtyň göwrümi hersiniň 700 sahypasy  bolan 30 million kitaba barabardyr[1].)

Habar tehnologiýalarynyň, şol sanda Internetiň kämilleşmegi daşary syýasaty habar bilen üpjün etmekde barha oňaýly rol oýnaýar. Global kompýuter tory, ozaly bilen, açyk syýasy we ykdysady habary toplamak we seljermek, syýasy toparlarda we KHBS-de ýurduň resmi garaýyşlaryny işjeň ýaýratmak üçin peýdalydyr. Şol bir wagtyň özünde habar rewolýusiýasy diplomatlardan döreýän mümkinçiliklerden doly peýdalanmak üçin olaryň täze tehnologiýalary ele almaklaryny, Internet boýunça ýokary derejeli hünärmenleriň işjeň taýýarlanmagyny talap edýär.

Habaryň elektron serişdelerinden peýdalanmagyň täze we çeýe ýollaryny gözlemeklige daşary-syýasy edaralaryny olaryň ýüzbe-ýüz bolýan maliýe meseleleri ýa-da bähbitleri hem itekleýär, sebäbi habar tehnologiýalary wagt we pul tygşytlamaga ýardam edýärler. Başgaça

[1] Agramy ortaça 1,4 kg bolan adam beýnisiniň näçe göwrümli habary ýatda saklap bilmek ukyby alymlar tarapyndan häzirlikçe anyk kesgitlenilmedik hem bolsa, elektron adalgalary boýunça onuň özünde 3-den 1000 terabaýta çeni göwrümdäki habary ýerleşdirip bilýändigi eýýäm bellidir.

aýdanymyzda, ilçihanalaryň we daşary-syýasy edaranyň bölümleriniň işgärleriniň köp wagtlardan bäri habary toplamaklygy dürli ýollar, şol sanda gündelik neşirlere we habar agentlikleriniň materiallaryna ýazylmak we şol materiallaryň esasynda habarlary taýýarlamak arkaly amala aşyrandyklary mälimdir. Häzirki wagtda gündelik çykýan esasy gazet-žurnallar we habar agentlikleri Internetde özleriniň hususy saýtlaryny edinýärler we muňa zerurlyk bolan halatynda olardan habary bada-bat çykaryp almak mümkinçiligi bardyr. Umuman, Internetiň hyzmatlarynyň görnüşi dürlüdir. Gözleg ulgamlary habar beriji neşirlere, ensiklopediýalara, ýagny sözlük görnüşinde bilimleriň ähli ýa-da aýry-aýry pudaklary boýunça ylmy habar beriji neşirlere degişli guramalaryň saýtlaryna çykmak bilen, meseläni doly barlamaga kömek edýär.

Çuňňur umumylaşdyrylan we seljerilen habary çalt almaklyk hem wagty tygşytlaýar, bu bolsa karary işläp taýýarlamaklygyň deňagramlylygyny we yzygiderliligini üpjün edýär. Kompýuterler we Internete çykmak adaty bir zat hasaplanýan ministrliklerde diplomat öz iş gününi elektron poçta boýunça gelip gowşan materiallar bilen tanyşmakdan başlaýar. Internet daş aralary ýakyn edýär. Üstesine-de, şeýle poçtanyň bahasy gaty arzandyr. Elektron poçta boýunça býulletenleri, metbugat relizleri, resmi resminamalary bada-bat islendik sanly ministrliklere, wekilhanalara, guramalara ýollap bolýar.

Ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, häzirki wagtda iň täze habar tehnologiýalary bilen üpjün edilen edaralaryň, guramalaryň hataryna, ozaly bilen, BMG we onuň ulgamyna girýän guramalar degişlidir we olar has oňaýly tejribe topladylar.

Mysal üçin, BMG-niň web-saýty Baş sekretar tarapyndan edilen doklad, BMG-niň Sekretariatynyň täze resminamalary barada zerur bolan habary bada-bat berýär. BMG-niň gumanitar meseleleri boýunça departamenti ähli daşary syýasy edaralara we diplomatik missiýalara dünýäniň dürli ýerlerindäki adatdan daşary ýagdaýlar barada elektron poçta boýunça operatiw habar ugradýar.

Täze tehnologiýalaryň girizilmegi kagyz aýlanyşygynyň göwrüminiň peselmegine hem getirýär. Mysal üçin, bary-ýogy iki ýylyň içinde, ýagny 1995–1997-nji ýyllar aralykda BMG-niň ştab-

jaýynda kagyz aýlanyşygy 30% azalypdyr. Habary ýollamaklygyň wagty hem esli gysgalypdyr. Mysal üçin, diplomatik waliza bilen Şweýsariýadan Italiýa ýollanan we 300 sözden ybarat bolan tekst salga azyndan bir gije-gündiziň dowamynda, kähalatlarda bolsa 4-6 günden gowuşýar. Bu tekstiň teleks bilen berilmegi alty minutdan gowrak wagta çekýär. Tekstiň faks bilen salga ýetirilmegi üçin kyrk dokuz sekund gerek bolýar. Elektron poçta boýunça tekstiň berilmegi 20 sekunda çekýär. Degişlilikde, teksti ýollamagyň bahasy teleks boýunça – 12, faks boýunça – 0,42, elektron poçta boýunça bolsa 0,16 şweýsar frankyna deňdir.

Ýewropa birleşigi, Ýewropa Geňeşi, ÝHHG, NATO we beýleki halkara guramalary hem öz işi barada gyssagly habarlary ýollaýarlar. Häzirki wagtda ähli ähmiýetli halkara maslahatlar, sammitler we forumlar, adatça, dünýä jemgyýetçilik pikirini işleriň gidişi barada degişli web-saýtlarda ýerleşýän habar bilen tanyşdyrýarlar. Daşary işler ministrlikleriniň aglaba köpüsiniň hem web-saýtlary bardyr we olaryň üsti bilen ministrlikleriň taryhy, gurluşy, işgärleri, diplomatik gulluga işe girmek üçin bäsdeşligiň şertleri bilen tanyşmak mümkindir. Ministrlikler şeýle hem Interneti metbugat relizleri, edaralaryň ýolbaşçylarynyň sözleri, belli meseleler boýunça garaýyşlaryň beýany bilen doldurýarlar. Mysal üçin, häzirki wagtda iňlis Forin-ofisi özüniň täzelikler saýtyny günde ençeme gezek täzeleýär.

Ilçihanalaryň, konsullyklaryň we halkara guramalarynyň ýanyndaky hemişelik wekilhanalaryň internet-saýtlary bilen tanyşmaklyk hem peýdalydyr: habaryň bu serişdesi ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ýagdaýy bilen tanyşmaga, ilçihanany akkreditlän, ýagny açan ýurt barada köp zatlar bilmäge, wiza almak üçin zerur bolan zatlar bilen tanyşmaga mümkinçilik berýär.

Ilçihanalar we konsullyklar özleriniň ýerleşýän ýeri we özlerine gelýän adamlaryň kabul edilýän wagty barada maglumatlar berýärler. Ençeme ýurtlaryň konsullyklary Internet boýunça interaktiw, ýagny özara aragatnaşyklary ýola goýdular we munuň özi konsullyklara barmazdan giriş wizasyny almaklyga mümkinçilik berýär. Gyzyklandyrýan edaranyň elektron salgysyny çalt almak üçin degişli umumy saýta ýüzlenilmelidir. Halkara guramalarynyň ýanyndaky

hemişelik wekilhanalaryň şeýle saýtlary degişli ýurduň şol bir gurama bilen gatnaşyklary barada doly habar berýär. Şunlukda, täze habar tehnologiýalary diplomatlaryň işiniň häsiýetini esli üýtgedýär.

Telekommunikasiýalar boýunça Halkara birleşigiň Baş sekretarynyň orunbasary D. Kasiýa Ženewada ilçileriň öňünde eden çykyşynda elektron serişdeleriniň gaty köp habar materiallaryndan gyzyklanma bildirilýän habary saýlap almak başarnygyny talap edýändigini we şunlukda, diplomatlaryň işiniň usulyny üýtgedýändigini belläp geçdi. Şunlukda, täze uly mümkinçilikleri açýan diplomatik işiň hil taýdan täze derejesi peýda bolýar. Şol bir wagtyň özünde hem resminamalaryň elektron görnüşinde elýeterli bolmagy, Internetiň BMG-ni dünýäniň ýurtlarynyň köpüsi bilen baglaşdyrmagy diplomatlaryň Ženewada alýan habarynyň şol bir çaltlykda ýurtlaryň ministrlikleriniň kompýuterlerinde hem peýda bolmagyna getirýär. Bu bolsa habary toplamak we merkeze ýollamak bilen bagly hemişelik wekilhanalaryň däp bolan wezipeleriniň bir böleginiň eýýäm öz ähmiýetini ýitirendiginden habar berýär.

Şu ýerde käbir tejribeli diplomatlaryň habar tehnologiýalarynyň roluna bolşundan hem artyk baha berilýän halatlaryň bardygyny, hakykatda bolsa, diplomatiýada tehnologiýalaryň diňe kömekçi roly ýerine ýetirýändigini nygtaýandyklaryny hem aýtmak gerek. Elbetde, habary işlemek boýunça häzirki zaman tehnologiýalary diplomatyň, barlagçynyň döredijilik azabyny esli ýeňilleşdirýär. Olar ägirt uly göwrümli delillerden möhüm meseleler boýunça peýdaly maglumatlary saýlap almaga, strategiki kararlary kabul etmek üçin zerur bolan habary ýygnamaga we umumylaşdyrmaga, taslamanyň ykbalyna täsir edýän iň möhüm ýagdaýlar barada islendik ylmy çaklamany tapmaga, barlamaga we anyklamaga, gizlin meýilleri we shemalary ýüze çykarmak üçin habary barlamaga mümkinçilik berýärler. Şol bir wagtyň özünde hem işgärleriň seljeriş başarnyklaryndan esli derejede delilleriň özleriniň esasynyň gurluşy bagly bolup durýar. Başga sözler bilen aýdanymyzda, habar işi bilen adamlar meşgul bolýarlar. Onuň üstünligi adamlaryň bilimlerine we bilimleriniň häsiýetine bagly bolup durýar. Elbetde, ýolbaşçylygyň syýasaty hasaba alynmalydyr. Ýene bir aýgytly ýagdaý –wagtdyr.

Hakykatdan hem, maşyn gaty köp habarlardan gündelik habara baha bermek üçin zerur bolan delilleri çalt we anyk almaga ukyplydyr. Arhiw materiallaryny gözlemek we öwrenmek üçin seljerijä birnäçe hepde wagt gerek bolsa, onda maşyn bu işi sanly sekundyň içinde ýerine ýetirýär. Şol bir wagtyň özünde hem habaryň hilini gowulandyrmak meselesi, esasan, çeşmäniň ähtibarlylygyna we seljerijiniň başarnygyna bagly bolup durýar, sebäbi diňe sabyrly seljeriji delilleri deňeşdirmäge, olar barada pikir ýöretmäge, ylmy çaklamalary barlamaga, netije çykarmaga we maslahatlar bermäge ukyplydyr.

Her niçik-de bolsa, elektron we internet habar ulgamynyň ösdügiçe, diplomatiýa üçin täze mümkinçilikleriň peýda bolýandygyny tejribe görkezýär. Muňa ýurtdan çykmazdan we sosial torlara işjeň gatnaşmak arkaly köpçülikleýin diplomatiýany ösdürmek, wirtual web-ilçihanalary döretmek ýaly we başga ençeme özüne çekiji ideýalaryň döremegi hem şaýatlyk edýär. Şonuň üçin täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagynyň hünärmenlerden has ýokary taýýarlygy talap edýändigi aýdyňdyr. Olar elektron gözlegleriň öňdebaryjy usullary bilen hökmany suratda tanyş bolmalydyrlar.

BMG-niň Baş sekretarynyň öňki orunbasary M. Gulding habar rewolýusiýasynyň meseleleri, globallaşmak şertlerinde habaryň aýlanyş meseleleri we BMG-niň wezipeleri babatda öz garaýşyny şeýle beýan edýär: «Habaryň erkin akymyny we ideýalaryň bütindünýä alyş-çalşygyny diňe gutlamak gerek. Jezaly düzgünleriň indi öz halklaryndan gurşap alýan dünýäde bolup geçýän zatlary we şol dünýäniň özleri barada näme pikir edýändigini gizläp bilmezlikleri örän gowudyr. Maýalaryň, çig malyň we harytlaryň aýlanmagynyň ýolunda päsgelçilikleriň azalmagy hem gowudyr. Ýöne medalyň beýleki tarapy hem bardyr. Habar tehnologiýalary ahlaksyz ideýalary hem ýaýradýarlar... Syýahatçylyk keselleriň ýaýramagynyň ugry bolup durýar..., ol gurşap alýan tebigata hem zyýan ýetirýär. Döwlet – biz häzirlikçe döwletleriň dünýäsinde ýaşaýarys – öz raýatlaryny täze tehnologiýalaryň ýaramaz netijelerinden goramaga we olaryň getirýän gowy zatlaryna raýatlaryň düşünmeklerine ýardam etmelidir».

Habary saýlap almagyň, rejelemegiň we umumylaşdyrmagyň häzirki zaman usullarynyň ösmegi taryhy-diplomatik arhiwleriň me-

selelerine hem galtaşman bilmez. Şu jähtden, diplomatiýa tarapyndan geçilen ýola düşünmek diňe hakyky taryhy çeşmeleriň esasynda mümkindir.

Soňky ýyllaryň dowamynda kagyz arhiwlerinden işjeň ýagdaýda elektron arhiwlerine geçilýändigi barada habar köpelýär. Şeýle habary saklamaklygyň ulgamlarynyň arzanlamagy we göwrüminiň artmagy dünýäniň ösen ýurtlarynyň kärhanalarynyň we guramalarynyň saklanylýan resminamalary gyssagly täze görnüşe geçirmeklerine we kagyz asyl nusgalaryň ýerine gündelik işde olaryň ähli möhürleri, wizalary, rezolýusiýalary we ş.m. bilen bilelikde anyk elektron nusgalaryň ulanylmagyna getirdi.

Şol bir wagtyň özünde bilermenler elektron arhiwini döretmekde ony doldurmaklygyň iň kyn mesele bolup durýandygyny belleýärler. Munuň sebäbi öňden bar bolan resminamalaryň tutuş göwrümini, şeýle hem gündelik gelýän resminamalary degişli görnüşe geçirmek bilen bagly bolup durýar. Ýöne elektron ulgamlar örän kiçi meýdançada habaryň ägirt uly göwrümini ýazmaga we bada-bat gözlegi üpjün etmäge ukyplydyrlar. Olar şeýle hem rugsat berlen peýdalanyjylara delilleriň bazalaryna belli bir aralyk boýunça elýeterlilige mümkinçilik berýärler.

Ýöne kompýuterleriň ýatda saklaýan gurluşlarynyň gowşak goralýandygy we olary başga göterijilere ýazmak arkaly materiallary çalşyrmaklygyň zerurlygy hemişe ýatdan çykarylmaly däldir. Hökümet resminamalaryny saklamak üçin ulanylýan dürli habar göterijileriň garaşylýan gulluk hyzmatynyň möhleti takmynan şeýledir: şol möhlet magnit lentasy üçin – 5 ýyldan 15 ýyla çenlidir; CD-ROM üçin – 50 ýyla çenlidir; mikrofilme geçirilende – 20 ýyla çenlidir; arhiw mikrofilmine geçirilýän plýonkada – 100 ýyldan 200 ýyla çenlidir; gazet kagyzynda – 10 ýyldan 20 ýyla çenlidir; ýokary hilli kagyzda – 100 ýyla çenlidir; ýörite kagyzda – 500 ýyla çenlidir.

Şu ýagdaýyň göz öňünde tutulmagy, şeýle hem delillere gözegçilik etmek habary saklamaklygyň möhleti we ony goramaklyk babatda kadalaýjy görkezijileriň bolmagyny talap edýärler. Mysal üçin, käbir materiallar belli wagt geçeninden soň ýok edilip bilner, başgalar,

eger özleriniň tebigaty boýunça arhiw taýdan gyzyklandyrýan bolsalar, olar uzak wagtyň dowamynda ýa-da anyk möhlet görkezilmezden saklanylyp bilner.

Habaryň täsirliligini we howpsuzlygyny şol bir wagtyň özünde üpjün etmek üçin resminamalaryň saklanylyşyna berk gözegçilik etmek zerurdyr. Şu jähtden, habary goramaklyga hem ýeterlik üns berilmelidir. Muňa kompýuter habaryna bolup biljek howplary bilmek hem peýdalydyr. Tötänlik bilen goýberilen ýalňyşlyklar, başgaça aýdylanda, sowatsyzlyk we düzgünsizlik, delilleriň ýalňyş alnyp barylmagy, meýilnamalardaky ýalňyşlyklar we ş.m. ähli ýitgileriň 55 göterimine, habaryň ýaýramagy, ogurlyklar, resminamalaryň galplaşdyrylmagy we ş.m. 30 göterimine, kabel ulgamynyň bozulmagy sebäpli näsazlyklar we energiýanyň pesligi 13 göterimine sebäp bolup biler. Galan ýitgiler tebigy betbagtlyklar, ýangynlar we kompýuter wiruslary bilen baglydyr.

Habarlaryň saklanylmagynda dosýe, ýagny olarda resminamalar we başga materiallar toplanan papkalar möhüm rol oýnaýar.

Şol bir wagtyň özünde habary saklamak boýunça soňky ýyllarda gazalylan belli üstünliklere seretmezden, daşary syýasatyň resminamalaryny saklamaklygyň häzirlikçe daşary-syýasy edaranyň has çylşyrymly wezipelerinden biri bolup durýandygyny nygtap geçeliň. Munuň şeýledigine, ençeme ýurtlaryň daşary işler ministrliklerinde taryhy-diplomatik arhiwler ýerleşdirilen şkaflaryň umumy uzynlygynyň ençeme kilometre ýetýändigi, üstesinede, resminamalaryň sanynyň barha köpelýändigi şaýatlyk edýär. Şunlukda, habary elektron görnüşinde uzak wagtyň dowamynda saklamak meselesiniň häzirlikçe özüniň gutarnykly çözgüdini tapmandygy we däp bolan arhiwleriň bu meseläniň çözgüdinde ozalkylary ýaly esasy serişde bolup galýandygy sebäpli, arhiw işini ýokary derejede alyp barmak we bilimleri häzirki zaman serişdeleri arkaly ulgama salmaklygy özleşdirmek birinji derejeli ähmiýetli wezipe bolmagynda galýar.

Elbetde, daşary-syýasy işi hemme taraplaýyn habarlaşdyrmak belli bir wagty ýa-da döwri talap edýär. Ýöne onsuz, häzirki zaman ölçeglerine laýyk gelýän diplomatik gullugyny saklamak

we ösdürmek mümkin däldir. Şu jähtden, habarlaşdyrmagyň strategiýasynyň paýhasly saýlanyp alynmagy we onuň yzygiderli durmuşa geçirilmegi aýratyn möhümlige eýe bolýar, sebäbi ol köp derejede türkmen diplomatiýasynyň intellektual taýdan üpjünligini, onuň wagtyň talaplaryna başarnykly seslenmek ukybyny kesgitleýär. Dünýä bileleşiginiň ösüşi bilen aýakdaş gitmekde ýurdumyzyň telekommunikasion ulgamyny kämilleşdirmegiň ähmiýeti barada «Türkmenistan» gazeti özüniň 2014-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky sanynda şeýle ýazdy: «Halkara ölçegleriniň ýokary derejesine laýyk gelýän hem-de maglumatlar arkaly gatnaşyk etmegiň hilini üpjün edýän aragatnaşygyň kämil telekommunikasion ulgamyny döretmek ýurdumyzyň dünýä bileleşiginde abraýyny pugtalandyrmaga ýardam edýär we diňe bir Merkezi Aziýa sebitinde möhüm baglanyşdyryjy halka hökmünde däl, eýsem Gündogar bilen Günbataryň arasynda möhüm habar beriş – kommunikasion köpri hökmünde hem Türkmen döwletini mundan beýläk-de ösdürmegiň ugruny kesgitleýär».

### Soraglar:

**1.** Habar rewolýusiýasy dünýäni haçan gurşap aldy we ol adamzadyň ýaşaýşynyň çäklerine nähili täsir edýär?

**2.** Daşary syýasat şol global ýagdaýdan çetde galyp bildimi?

**3.** Türkmenistan, şol sanda onuň daşary-syýasy edarasy dünýä habar kibergiňişligine girmek maksady bilen nähili işleri alyp barýarlar?

**4.** Internetiň döreýşi barada näme bilýärsiňiz?

**5.** 1 terabaýt habaryň göwrümine nähili düşünýärsiňiz?

**6.** Habar tehnologiýalary wagt we pul tygşytlamaga ýardam edýärmi?

**7.** Täze habar tehnologiýalarynyň diplomatlaryň işiniň usulyny üýtgedýändigine nähili düşünýärsiňiz?

**8.** Daşary syýasatyň resminamalaryny uzak döwrüň dowamynda saklamak meselesi nähili çözülýär?

## IX BAP

# DAŞARY-SYÝASY HABARY TOPLAMAK, SELJERMEK WE ULANMAK BOÝUNÇA IŞI DÖWLET DEREJESINDE GURAMAKLYGYŇ HALKARA TEJRIBESINDEN

Daşary-syýasy çäreler meýilleşdirilende, işlenip taýýarlanylanda döwlet ýolbaşçylary, elbetde, haýsy hem bolsa bir edaranyň pikirini göz öňünde tutmaýarlar. Diplomatik wekilhanalar, harby we daşary razwedkalar, söwda wekilhanalary we ş.m., bularyň hemmesi özlerine mahsus bolan habary berýärler. Şol bir wagtyň özünde dürli döwletlerde anyk habar ulgamlary näçe köp bolsa-da, şol ulgamlary ahyrky netijede iki görnüşe ýa-da topara bölüp bolýar. Olaryň bir görnüşi merkezleşdirilen (bir kanally), ikinjisi bolsa merkezleşdirilmedik (köp kanally) ulgamlardyr. Birinji, merkezleşdirilen ulgam biziň şu günki günlerimizde takmynan, sözüň doly manysynda, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda hereket edýär. Bu ulgam döwlet Baştutany tarapyndan karar kabul edilmegini talap edýän möhüm habary bir «elden», ýagny diwanynda ol ýa-da başga derejede daşary-syýasy meselelere degişli ähli edaralar bolan milli howpsuzlyk Geňeşiniň (MHG) üsti bilen alýar. Milli howpsuzlyk Geňeşiniň diwanynyň 200-e golaý işgärleriniň ýarysy hemişelik esasda işleýän işgärler bolup, olaryň ikinji ýarysy MHG-ne edaralardan iş saparyna ugradylýan adamlardan durýar. Üstesine-de, amerikan daşary syýasatynyň ol ýa-da başga wagtda üns merkezinde bolýan meselä baglylykda, şol adamlaryň düzümi üýtgäp durýar. Aýdaly, Pars aýlagynda bolan uruş wagtynda (bu ýerde gürrüň 1990-njy ýylyň 2-nji awgustynda Yragyň Kuweýte çozup girmegi bilen bagly bolan uruş barada barýar (A.R.) edaralar, esasan, Arap Gündogary boýunça hünärmenlerden, owgan urşy ýyllarynda bolsa Orta Gündogar we Günorta Aziýa we ş.m. boýunça ekspertlerden durupdyr.

Milli howpsuzlyk Geňeşine döwlet departamentinden, razwedkaçylyk guramalardan, Barlaglaryň Federal Býurosyndan, ministrliklerden we pudak edaralaryndan köp habar ýollanýar, ýöne Prezidente

welin, eýýäm umumylaşdyrylan, gysgaldylan, köpçülikleýin ara alnyp maslahatlaşylan habar gelip gowuşýar. Kähalatlarda, muňa aýratyn esas bolan ýagdaýynda, edaralar tarapyndan aýry-aýry özbaşdak dokladlar hem ýollanýar. Ýöne, umuman, habarlaryň bir çeşmeden iberilmegi kada bolup durýar. Bilermenleriň pikiriçe, şeýle ulgam edaralaryň arasyndaky haýsy hem bolsa bir habar barada birinji bolup habar bermek boýunça ýiti bäsdeşligi, habaryň gaýtalanmagyny aradan aýyrýar, ynamlylygyny artdyrýar we mundan hem başga, habar berilýän materiallaryň göwrümini tertibe salýar.

«Daşary ýurt edaralarynda habar-seljeriş işi» atly kitapçanyň awtory N.S. Leonowyň tassyklamagyna görä, Russiýada, ýurduň adyna seretmezden, dürli taryhy döwürlerde döwlet Baştutanyna (Imperatora, Baş sekretara, Prezidente...) habar bermekde köpkanally ulgamyň görnüşi döräpdir. Bu ýerde iň düýpli tapawut, ol hem her bir edaranyň ýa-da ministrligiň habary özbaşdak taýýarlaýanlygyndadyr, köp halatlarda habary hökümet boýunça öz işdeşleri bilen ylalaşmazdan, tükenikli, seljerilen görnüşinde birinji wezipeli adama ýollaýanlygyndadyr. Şunlukda, döwlet Baştutany şol bir ýagdaý boýunça dürli bahaly, birnäçe görnüşli teklipli habar materiallaryny alýar. «Beýle ýagdaý ministrlikleriň we edaralaryň arasynda ol ýa-da başga habary ilkinji bolup habar bermek hukugy ugrunda hemişe bäsdeşligi döredýär, – diýip, N.S. Leonow ýazýar. – Munuň özi şeýle hem «Dobçinçkiý-Bobçinçkiý alamatlary» atlandyrylýan arassa rus hadysasynyň ýaşaýjylygyna ýardam edýär. Şeýle ýagdaýda nobatdaky täzeligi ilkinji bolup habar bermek üçin habaryň dolulygy we hakykylygy gurban edilýär. Şeýle tejribede habaryň gaýtalanmagy adaty hadysa öwrülýär, bu bolsa ony ýollamak, okamak üçin wagtyň ýitirilmegine alyp barýar. Habar maglumatlary köp halatlarda döwlet Baştutanyna habaryň gymmaty boýunça däl-de, eýsem şol habara gol çeken wezipeli adamyň möhümligi bilen gelip gowuşýar».

Seredýän meselämiz bilen bagly mysallary soňky ýyllarda Sowet Soýuzy barada çap edilen neşirleriň materiallaryndan peýdalanmak bilen näçe diýseň getirip boljak. Mysal üçin, SSSR-iň ýaşan döwründe SSKP MK-niň Syýasy býurosynyň agzalary ýa-da Merkezi Komitetiň sekretarlary tarapyndan gol goýlan resminamalar ýurduň iň ýokary

wezipeli adamsyna hemişe ilkinji nobatda ýetirilipdir, ministrleriň işjeň kagyzlary bolsa bu artykmaçlykdan peýdalanmandyr.

Imperatoryň şahsy kanselýariýasynyň, Sowet Soýuzynyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi Komitetiniň Umumy bölüminiň ýa-da Russiýa Federasiýasynyň Prezidentiniň administrasiýasynyň bolmagy işiň manysyny üýtgetmändir. N.S. Leonowyň tassyklamagyna görä, resminamany beýle hasaba alyş-paýlaýyş mehanizmlerinde uzakmöhletli strategiki we milli bähbitler tarapyndan talap edilýän ol ýa-da başga meselä ýeke-täk garaýşy gözlemek, bitewi maslahatlary hödürlemek üçin umumylaşdyryjy, seljeriş işi hiç wagt alnyp barylmandyr. Habar işiniň şeýle guralmagy bolsa köşkde mekir işlere, şahsy bäsdeşlik üçin giň mümkinçilikler açypdyr, bu bolsa hakykatyň hakyky beýan edilmezliginde öz beýanyny tapýar, ahyrky netijede bolsa, ol ýalňyş kararlaryň kabul edilmegine getirýär.

1995-nji ýylda Moskwada W. Boldiniň «Крушение пьедестала», («Sütüniň ýasgysynyň synmagy») atly kitaby çap edildi. Aýratyn bellemeli zat, ol hem kitabyň awtorynyň ençeme ýyllaryň dowamynda Sowet Soýuzynyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi Komitetiniň Umumy bölüminiň bölüm müdiri bolup işlän adamyň bolmagydyr, Merkezi Komitete, Baş sekretara gelen ähli habaryň şol bölümiň üstünden geçmegidir. Awtor öňki SSSR-iň häkimiýetiniň ýokarky gatlagyndaky habar işiniň bulam-bujarlyk ýagdaýyny şeýle suratlandyrýar: «Baş sekretara onuň razylygy bilen uly möhümligi bolan, şeýle hem onuň şahsy alyp baran ugurlaryna degişli bolan materiallar we habarlar gelip gowuşýardy. Bular Döwlet howpsuzlygy komitetiniň, Daşary işler ministrliginiň, Goranmak we Içeri işler ministrlikleriniň, ýurduň harby-senagat toplumy bilen bagly guramalaryň resminamalarydy, şeýle hem partiýanyň ugrundan – respublikalaryň kommunistik partiýalarynyň Merkezi Komitetleriniň, SSKP-niň ülke we oblast komitetleriniň birinji sekretarlarynyň hatlarydy.

Baş sekretary, partiýanyň beýleki ýolbaşçylaryny habardar etmegiň aýratyn kanaly şifrlenen telegrammalar bolupdy we olar Daşary işler ministrliginiň, Döwlet howpsuzlygy komitetiniň, Baş ştabyň we seýrek halatlarda – daşary ýurtlardaky ykdysady wekilhanalaryň... üsti bilen daşary ýurtlardan gelip gowuşýardy. Şifrlenen telegramma-

lar ähli basgançaklaryň üstünden böküp geçip, Baş sekretaryň şahsy sekretarlarynyň üsti bilen M.S. Gorbaçewe, şeýle hem olar kime niýetlenen bolsa, beýleki ýolbaşçylara gowşurylýardy. Şifrlenen telegrammalary salgylara ýollamak meselesi hökmany suratda Baş sekretar bilen ylalaşylýardy we diňe şondan soň şol telegrammalary SSKP MK ýollan edaralaryň ýolbaşçylary tarapyndan olary salgylara ýollamak babatda bellik goýulýardy.

Beýleki resminamalaryň arasynda Baş sekretaryň – Prezidentiň stoluna soýuz respublikalaryň kommunistik partiýalarynyň MK, ülke we oblast komitetleriniň, hökümetiň we ministrlikleriň, Ýaşlaryň bütinsoýuz leninçilik kommunistik birleşiginiň MK-synyň, profsoýuzlaryň (kärdeşler arkalaşyklarynyň) Bütinsoýuz merkezi soweti ýaly jemgyýetçilik guramalaryň, SSSR-iň Ylymlar akademiýasynyň we käbir başga edaralaryň materiallary hem goýulýardy. Bu resminamalaryň ählisiniň gelip gowuşýan pursaty hasaba alynýardy we olaryň karar kabul edilmegi talap edýändikleri sebäpli, adatça, olar gözegçilige goýulýardy.

Baş sekretar – Prezident üçin gelýän habaryň ugurlary köpdürli bolupdy we köp halatlarda olar bir-birini gaýtalaýardy. Ozaly bilen, habar SSKP MK-nyň sekretarlaryndan we Syýasy býuronyň agzalaryndan, howpsuzlyk Sowetiniň agzalaryndan, Ministrler Kabinetiniň Prezidiumyndan, ençeme ministrlerden we edaralaryň ýolbaşçylaryndan gelýärdi. B.A. Krýuçkowyň (Döwlet howpsuzlygy komitetiniň başlygy) M.S. Gorbaçewe ýollaýan habary dürli taraplylygy bilen tapawutlanýardy. Aýratyn resminamalar bilen ol Baş sekretaryň ýanyna özi gelýärdi we olar barada onuň özi habar berýärdi. Ençeme meseleler boýunça poçta ýapyk bukjalarda gelýärdi we olary Mihail Sergeýewiçiň özi açýardy, özi-de ýapýardy, öz sekretarlaryny bu işe seýrek çekerdi. Ençeme resminamalar barada Baş sekretaryň görkezmesi boýunça oňa meniň özüm habar bererdim (Boldin –Umumy bölümiň müdiri – A. R.)

Habarlaryň gelip gowuşýan beýleki möhüm ugry, ol hem kömekçileriň işi bilen bagly bolupdy. Olaryň MK-nyň agzalary, ministrler, ýazyjylar, suratkeşler, harbylar, diplomatik işgärler bilen giň aragatnaşyklary bardy. Bu bolsa Baş sekretara diňe bir

edaralaryň ýolbaşçylarynyň däl, eýsem jemgyýetçilik guramalarynyň, medeniýetiň, ylmyň, bilimiň belli işgärleriniň şahsy pikirini bilmäge mümkinçilik berýärdi. Geňeşçileriň we kömekçileriň sany köp bolansoň, olaryň maglumatlary hem Baş sekretaryň habarynyň esli bölegini tutýardy.

Resminamalaryň gelmeginiň üçünji möhüm ugry Umumy bölüm bolupdy. Umumy bölüme respublikalaryň, ülkeleriň we oblastlaryň partiýa komitetleriniň materiallary ugradylýardy we olarda resmi taýdan seredilmegini talap edýän meseleler bardy. Olar barada hut Umumy bölümiň müdiri, onuň birinji orunbasary tarapyndan ýa-da sekretarlarynyň üsti bilen M.S. Gorbaçewa habar berilýärdi, şeýle hem ýapyk bukjalarda oňa daçasyna, – dynç alýan ýerine ugradylýardy. Baş sekretaryň bolmadyk wagtynda şeýle poçta barada ony çalyşýan wezipeli adamlara habar berilýärdi».

W. Boldiniň ýokarda ady agzalan kitabyndan getirilen parçadan SSKP MK-nyň Baş sekretaryna habar bermegiň ulgamynyň bulam-bujar bolanlygy, onda hakyky ileri tutulýan ugurlar üçin ýeriň bolmandygy, hökmürowanlygyň höküm sürendigi görünýär. Habar bulam-bujarlygy dolandyryjylyk kararlarynyň kabul edilmeginde hem bulam-bujarlyk döredýär.

Öz kitapçasynda N.S. Leonow 1991-nji ýylyň awgustyndan soň habar işiniň ýagdaýy barada durup geçip, şeýle ýazýar: «Ozalky Döwlet howpsuzlygy komitetiniň ýeke-täk kanalynyň ýerinde dört sany täze, özbaşdak kanal: Daşarky razwedka gullugy, Howpsuzlygyň federal gullugy, Federal serhet gullugy, Hökümet aragatnaşygynyň we habarynyň federal agentligi peýda boldy. Döredilen RF-niň howpsuzlyk Geňeşi habary döredýän ýene-de bir edara boldy. Öz wezipeleri we gurluşy boýunça ol amerikan milli howpsuzlyk Geňeşine az çalym edýär. Prezidentiň administrasiýasy hem habar bilen üpjün ediji boldy. Olar boýunça öňki habar gelýän kanallaryň sany has-da artdy.

Häkimiýetiň ähli derejelerindäki habar işiniň ýagdaýy demokratiýanyň umumy ösüşiniň derejesini we kämilligini şöhlelendirýär. Kanuna gulak salyjylyk we döwlet maşynynyň ähli halkalarynyň ýurduň ýokary milli bähbitlerine hyzmat etmeklige tabyn edilmegi döwlet Baştutanyny habar bilen üpjün etmek ul-

gamyndaky bulaşyklygy aklamak üçin getirilýän ähli delilleri aradan aýyrýar».

Häzirki zaman syýasy edebiýatda Ikinji jahan urşunyň tamamlanmagy bilen 1947-nji ýylda SSSR-iň Halk Komissarlar Sowetiniň we Döwlet Goranyş Komitetiniň Başlygy bolan I.W. Staliniň, iň bolmanda, daşary-syýasy habaryň gelip gowuşmagyny merkezleşdirmäge synanyşyk edendigi bellenip geçilýär. Onuň görkezmesi bilen habar boýunça Komitet döredilip, onuň ilkinji başlygy bolsa SSSR Daşary işler ministrliginiň halk komissary W. M. Molotow bolupdyr.

Şol döwürde ilçileriň ygtyýarlyklary düýpli giňeldilipdir, olara harby we daşary-syýasy razwedkanyň işgärleri we mümkinçilikleri esli derejede tabyn edilipdir. Habar Komitetinde daşary ýurt metbugaty, daşary ýurt radiostansiýalarynyň gepleşikleriniň fonogrammalary, ýagny ýüzüne ses ýazylan plýonkalar işlenipdir. Belli bir döwrüň dowamynda onda ähli daşary-syýasy habar jemlenipdir. Bu ýagdaý ençeme ministrlere we edara ýolbaşçylaryna ýaramandyr, sebäbi olar habarlar barada gönüden göni habar bermek we täsir etmek hukugyny ýitiripdirler. I.W. Staliniň ýogalmagy bilen 1953-nji ýylda Habar Komiteti ýapylypdyr we habar akymy ýene-de edaralar boýunça akyp başlapdyr.

Öň Russiýa Federasiýasynyň Döwlet Dumasynyň halkara işleri boýunça Komitetiniň başlygynyň, 2014–2015-nji ýyllarda bolsa RF-niň premýer-ministriniň orunbasarynyň wezipesinde işlän D.O. Ragoziniň sözlerine görä, häzirki wagtda Russiýada döwlet ýolbaşçysy bäş-alty sany habar çeşmesini esas edip alýar (olar RF-niň Daşary işler ministrligi, Daşarky razwedka gullugy, Goranmak ministrliginiň Baş ştabynyň esasy razwedka müdirligi, Howpsuzlygyň federal gullugy, Hökümet aragatnaşygynyň we habarynyň federal agentligi, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, şol sanda habar agentlikleridir), ony deňeşdirýär we bar bolan meýilleri ýüze çykarýar. Bu çeşmeleriň ählisi ilkinji habary almak üçin hususy resmi we resmi däl, tehniki we gaýry mümkinçiliklerden peýdalanýarlar. Olaryň her haýsysynyň öz özboluşlylygy, öz bähbitleriniň ugry, hünäre ugrukdyrylan işgärleri bardyr. Olaryň işgärleriniň esli bölegi Moskwa döwlet halkara gatnaşyklary institutynyň (uniwersitetiniň)

uçurymlarynyň hasabyna toplanýar, sebäbi diňe şu okuw jaýynda talyplar daşary-syýasy häsiýetli habar-seljeriş wezipelerini çözmek üçin gowy toplumlaýyn bilimleri alyp bilýärler.

Daşary-syýasy habar işinde işleýän tejribeli daşary ýurt bilermenleriniň tassyklamaklaryna görä, sagdyn habar ulgamynyň kanallary boýunça ýokarky gatlaga ýurduň milli bähbitlerine laýyk gelýän hakyky habar berilse we döwlet ýolbaşçysy şol habardan çykýan kararlary kabul edýän bolsa, onda bu ýagdaýy nusga ýakyn hasap etse bolar. Şol bir wagtyň özünde hem olar ekspert-professionallaryň pikirine kembaha garalmagynyň, şeýle hem syýasaty döredýän adamlaryň subýektiw erkiniň we erkin hereketleriniň ençeme halatlarda özünde delilsiz, esaslandyrylmadyk, ýalňyş kararlaryň kabul edilmegi üçin esas döredýändigini tejribäniň görkezýändigini belleýärler.

Öňki SSSR-iň taryhy munuň nusgawy mysallaryny köp berdi. Soňky ýyllarda ýüze çykan köp sanly ygtybarly deliller I.W. Staliniň öz hususy ýalňyş konsepsiýalarynyň ýesiri bolmak bilen, gitlerçileriň Sowet Soýuzyna çozmak üçin taýýarlyk görýändigi barada şaýatlyk edýän giň razwedka habaryna hakyky baha berip bilmändigini görkezdi. Gyzyl Goşunyň çeken ägirt uly ýitgileri, gaty uly territoriýalaryň basylyp alynmagy we weýran edilmegi, urşuň uzaga çekmegi we ýurduň tapdan düşmegi munuň gözgyny netijesi boldy.

Birtaraplaýyn, ýoýulan habaryň we wezipeli adamlaryň dar toparynyň basyş etmegi esasynda, bu barada biziň ýokarda has giňişleýin durup geçişimiz ýaly, 1979-njy ýylyň ahyrynda sowet goşunlarynyň Owganystana girizilmegi barada sowet ýolbaşçylary tarapyndan kararyň kabul edilmegi we owgan urşunyň başlanmagy, şol ýolbaşçylaryň sowet halkynyň öňünde eden gödek, jenaýatçylykly ýalňyşlygy boldy.

1982-nji ýylda Argentinada harby hunta tarapyndan Malwin (Folklend) adalaryny basyp almak boýunça harby hereketlere başlamak barada karar kabul edildi. Bu hunta şeýle operasiýanyň şowsuzlyga uçrajakdygy baradaky harby we syýasy razwedkalaryň habaryny we pikirini äsgermezlik etdi.

Ýene-de bir mysal. Eýran bilen ABŞ-nyň arasyndaky gatnaşyklar yslam rewolýusiýasyna çenli, umuman, dostlukly ýagdaýda boldy. 1979-njy ýylda Eýranda para ýugrulan şa düzgüni ýykyldy. 1976-njy ýyldaky saýlawlarda ABŞ-nyň nobatdaky Prezidenti bolan, Jorjiýa ştatynyň öňki gubernatory, demokrat Jimmi Karter tagtdan agdarylan şanyň saglygyny bejertmek üçin Amerika girmegine rugsat berdi. ABŞ-dan şany yzyna gaýtaryp bermegi talap eden Eýran Amerikanyň Tährandaky ilçihanasynyň işgärlerini zamun aldy.

Karteriň adminisrtasiýasy 1979-njy ýylda amerikan ilçihanasyny eýeländigi we amerikalylary zamun alandygy üçin Eýrana temmi bermekligi talap eden ABŞ-daky harby-syýasy toparlarynyň basyşyna egilişik etdi we Eýrandaky ýagdaý barada habaryň ýiti ýetmezçilik edýän şertlerinde zamunlary güýç bilen azat etmek ýaly hatarly işe ýüz urdy. Netijede, bu operasiýa gaty uly şowsuzlyk bilen tamamlandy,bu bolsa Karteriň saýlawlarda ýeňilmegine getirdi.

Geliň, bar bolan delilleriň esasynda bu eýran-amerikan dawasy barada has jikme-jik durup geçeliň.

Amerikanyň Tährandaky ilçihanasy 1979-njy ýylyň 4-nji noýabrynda eýran studentlerinden bolan demonstrasiýaçylar tarapyndan eýelendi. Ilçihananyň jaýynda onuň işgärleriniň 60-a golaýy saklanyldy. Aýallara we negr işgärlere jaýy taşlap gitmeklige mümkinçilyk döredildi. Saklananlaryň esasy bölegi (52 adam) zamun alnanlaryň ýagdaýynda bolmaklaryny dowam etdirdi.

Ilçihana eýelenende öz gulluk işi bilen baglylykda Eýranyň Daşary işler ministrliginde bolan ABŞ-nyň ilçihanasynyň wagtlaýyn işler ynanylany Lengen girew alnan ilçihananyň beýleki işgärleriniň arasynda bolmakdan halas bolupdyr. Lengen (eger muny şertli şeýle häsiýetlendirip bolýan bolsa, Eýranyň DIM-niň bir jaýynda bendi edilipdir, soňra bolsa şol ýerde onuň üçin gowy ýaşaýyş jaýy abzallaşdyrylypdyr, şeýle hem oňa Waşington bilen aragatnaşyk saklamak mümkinçiligi döredilipdir.

Eýranyň hökümeti ABŞ-dan onuň üstünden sud edilmegi üçin ýurtdan gaçyp giden öňki şanyň yzyna gaýtarylyp berilmegini, şa we onuň maşgala agzalary tarapyndan äkidilen ähli baýlyklaryň we kapitallaryň eýran tarapyna gaýtarylmagyny, eýran kontrrewolýu-

sionerlerini goldamaklygy we ýurduň içerki işine goşulmagyň ähli görnüşlerini bes etmekligi talap etdi. ABŞ-nyň hökümeti bu talaplary kanagatlandyrmady we Eýranyň garşysyna diplomatik gatnaşyklary bozmak, ABŞ-nyň banklaryndaky we onuň daşary ýurt filiallaryndaky umumy göwrümi 12 milliard dollar bolan Eýranyň döwlet emläklerini tussag etmek, ykdysady gabawy yglan etmek, ýurtdan eýran studentlerini çykarmak ýaly ençeme syýasy we ykdysady hereketler etdi.

1979–1980-nji ýyllaryň dowamynda ABŞ Eýranyň kenarlarynda, başgaça aýdanymyzda, Pars aýlagynyň sebitinde özüniň onlarça harby gämilerden ybarat bolan harby-deňiz güýjüni jemledi. 1980-nji ýylyň 25-nji apreline geçilen gijede amerikan zamunlaryny «halas etmek» maksady bilen eýran territoriýasyna amerikan desantyny taşlamaklyga synanyşyk edildi. Ýöne ol şowsuz tamamlandy.

Bu eýran-amerikan gapma-garşylygy uzaga çekýän häsiýete eýe boldy. Diňe 1980-nji ýylyň ahyrynda Alžiriň araçy bolmagynda taraplaryň wekilleriniň arasynda gepleşikler başlandy we olar 1981-nji ýylyň 19-njy ýanwarynda Alžirde we Tähranda zamunlaryň boşadylmagy bilen bagly özara talaplaryň tertibe salynmagy baradaky amerikan-eýran ylalaşygynyň gol çekilmegine getirdi.

Gazanylan ylalaşyklara laýyklykda, Eýran 1981-nji ýylyň 20-nji ýanwarynda 444 gün zabunlykdan soň, ABŞ-nyň ilçihanasynyň ähli işgärlerini zamunlykdan boşatdy we olar ýurtden gitdiler. ABŞ-nyň hökümeti Eýran babatda gatyşmazlyk syýasatyny alyp barmaklygy niýet edinýändigini aýtdy: eýran emläklerine edilen tussagy aýyrmagy we olary Eýrana gaýtaryp bermegi, Eýrana ABŞ-nyň raýatlarynyň we edaralarynyň maliýe talaplary bilen bagly kazyýyet işlerini bes etmekligi, bu mesele babatda ozal amerikan kazyýetleri tarapyndan kabul edilen kararlary ýatyrmagy, 1979-njy ýyldan soň Eýran babatda girizilen söwda sanksiýalary (jezalandyryş çäreleri) ýatyrmaklygy, Eýranyň öňki şasyna we onuň maşgalasyna degişli bolan ABŞ-daky we olar tarapyndan gözegçilik edilýän mülkleriň we emläkleriň olara berilmegini gadagan etmekligi borç edindi (Alžiriň töwellaçylygynda).

Amerikan tarapyndan gaýtarylyp berlen pullardan Eýran döwleti bergisini üzmekligi, şeýle hem amerikan kompaniýalarynyň we

aýry adamlaryň mümkin bolan talaplaryny kanagatlandyrmagy borç edindi.

Şunlukda, biziň bu bapda sereden meselämiz döwleti dolandyrmagyň medeniýetiniň derejesi näçe ýokary bolsa, onda habary toplaýan we ony seljerýän gurluşlaryň arasyndaky aragatnaşygyň şonça-da ysnyşykly bolýandygyny görkezýär. Bu bolsa habary almak, taýýarlanylýan habara wagtly-wagtynda baha bermek, habar toplaýan diwany täze wezipelere öz wagtynda we başarnykly ugrukdyryp durmak boýunça anyk tabşyryklary bermekde öz beýanyny tapýar.

## Soraglar:

**1.** Habar ulgamlaryny näçe görnüşe ýa-da topara bölüp bolar?

**2.** Habaryň merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik ulgamlaryna nähili düşünýärsiňiz?

**3.** Biziň şu günki günlerimizde merkezleşdirilen ulgam haýsy ýurtda hereket edýär?

**4.** Öňki SSSR-de habar boýunça Komitet haçan döredildi we onuň soňky ykbaly nähili boldy?

**5.** W.Boldiniň «Sütüniň ýasgysynyň synmagy» atly kitabynda haýsy mesele açylyp görkezilýär?

**6.** Nähili habar ulgamy we kabul edilýän kararlar nusga ýakyn hasap edilip bilner?

**7.** Ekspert-professionallaryň pikirine kembaha garalmagy nähili netijelere getirip biler?

# GOŞMAÇA

## Daşary syýasatda habar resminamalarynyň nusgalary

Resminama № 1

SSSR-iň Beýik Britaniýadaky doly ygtyýarly wekili I.M. Maýskiniň SSSR daşary işler Halk Komissarlygyna ýollan telegrammasy.

1938-nji ýylyň 30-njy sentýabry.

Şu gün, Galifaksyň düýnki maňa beren sözüne laýyklykda bolsa gerek, meni Kadogan ýanyna çagyrdy we Mýunhen ylalaşygynyň esasy punktlary barada habar berip (elbetde, olar bize gazetlerden mälimdi), ol barada meniň näme pikir edýändigim hakynda menden tutanýerli sorap başlady. Men ylalaşyk babatda meniň bahalarymyň häsiýeti barada Kadogan mümkin aňýandyr diýip jogap berdim we öz gezegimde şertnamanyň käbir jikme-jikleri barada sorap başladym. Kadoganyň jogaplaryndan, hususan-da, şu aşakdakylar aýdyňlaşdy:

1. Çehleriň Mýunhen şertnamasy boýunça tabşyrylýan etraplardan ýarag, imunisiýany, gozgalýan emlägi we ş.m çykarmaga hukugy bardyr we bu hukuk 23-nji sentýabrda Gitleriň Çemberlene eden hemleli talaby tarapyndan gadagan edilipdi.

2. Halkara komissiýanyň ähli halkyň ses bermegi guralmaly etraplaryny kesgitlemäge hukugy bardyr.

3. Düýn maňa Galifaksyň düşündirişi ýaly, kepilnamanyň iňlis görnüşiniň taslamasy, ozaly bilen, Angliýanyň, Fransiýanyň we SSSR-iň kepilnamasyny göz öňünde tutýar. Mýunhende mesele başgaça çözüldi: Angliýanyň we Fransiýanyň, şeýle hem (wenger we polýak azlyklarynyň meselesi «tertibe salnandan» soň bolsa) Germaniýanyň we Italiýanyň kepilnamalary göz öňünde tutulýar. Bu ýerde SSSR ýatlanylmaýar.

Çehoslowakiýa üçin öwezini dolma hökmünde haýsydyr bir ykdysady we maliýe töleg barada mesele, häzirlikçe, hiç kim tara-

pyndan goýlanok. Meniň soragyma jogapdan soň Kadogan gazanylan ylalaşyk barada ýene-de meniň pikirim bilen gyzyklanyp başlady. Şonda men ylalaşyk täze dünýä urşunyň turmagyna gutarnykly ýol açýar diýip nygtamak bilen, ylalaşygy ýiti tankyt etdim. Kadogan ylalaşygy tutanýerlilik bilen bolmasa-da, goramaga synanyşdy. Iň soňunda, ol Mýunheniň netijesiniň ýakyn geljekde täze we has güýçli ýewropa çylşyrymlaşmalaryna getirmeginiň gaty ahmaldygy bilen ylalaşdy. Söhbetdeşligimiziň soňunda Kadogan menden eger maňa merkezi ýewropa çökgünligi bilen bagly haýsydyr bir habaryň ýa-da düşindirişiň zerur bolan halatynda özüne ýa-da Galifaksa çekinmän ýüz tutmagy sorady.

**Bellikler:**

– Bu ýerde gürrüň 1938-nji ýylyň 29-njy sentýabrynda Mýunhende gol çekilen Çehoslowakiýany bölüşmek baradaky 1938-nji ýylyň Mýunhen ylalaşygy barada barýar (A.R.);

– Çemberlen – N. Çemberlen – Beýik Britaniýanyň premýer-ministri (A.R.);

– Galifaks – E. Galifaks –Beýik Britaniýanyň daşary işler ministri (A.R.);

– Kadogan –A. Kadogan - Beýik Britaniýanyň daşary işler ministriniň orunbasary (A.R.).

Resminama № 2

SSSR-iň Germaniýadaky wagtlaýyn işler ynanylany G.A. Astahowyň Germaniýanyň Daşary işler ministrliginiň ykdysady syýasat bölüminiň Gündogar Ýewropa referenturasynyň müdiri Ýu Şnuppe bilen söhbetdeşliginiň ýazgysy.

1939-njy ýylyň 15-nji maýy.

Men ministrlikde Şnuppe biziň Pragadaky söwda wekilligimizi Berlin söwda wekilligimiziň bölüminiň çäginde täzeden guramak niýetimiziň bardygyny habar berýärin we şonuň bilen birlikde,

SSSR-iň we Çehoslowakiýanyň arasyndaky 1935-nji ýylyň söwda ylalaşygy tarapyndan göz öňünde tutulan ähli hukuklaryň bölümde saklanylmagyny isleýändigimizi, şeýle hem 1939-njy ýylyň 22-nji martyndaky reýhiň (parlamentiň – A.R.) Çehoslowakiýa Respublikasynyň hökümetiniň beýleki ýurtlar bilen baglaşan ykdysady şetrtnamalarynyň güýjünde galýandygyny ykrar edendigini aýdýaryn. Şnuppe söwda wekilligiň eksterritoriallykdan peýdalanandygy barada menden sorady we menden makullaýjy jogap almak bilen, biziň goýan meselämizi ýokary instansiýalara geçirjekdigini we birnäçe günden gutarnykly karary habar berjekdigini aýdýar. Ýöne öz tarapyndan ol biziň nukdaýnazarymyz bilen razylaşýandygyny we meseläniň oňaýly çözüljekdigi barada pikir edýändigini nygtaýar.

Soňra ol sowet-german gatnaşyklaryny gowulandyrmak baradaky temany galdyrýar. Men metbugatyň äheňiniň gowy tarapa özgerýändigni boýun almak bilen, german syýasatynyň özgerýändigi barada delilleriň ýokdygyny belleýärin. Şnuppe SSSR babatda Germaniýada haýsydyr bir agressiw ymtylmalaryň ýokdygy barada ynandyrmaga başlaýar we ynamsyzlygy aradan aýyrmak üçin nämäniň zerurdygyny soraýar. Men gatnaşyklarda başga ýagdaýyň döredilmeginiň german hökümetine baglydygyny, biziň bolsa gatnaşyklary gowulandyrmakdan hiç wagt ýüz öwürmeýändigimizi aýdýaryn. Soňra Şnuppe indiki hepde-de özüniň SSSR-e gitmeginiň mümkindigi barada aýdýar we täzeden anketa doldurmazdan wiza almakda ýardam bermegimi soraýar. SSSR-e bolmagy ahmal sapary ol biziň gatnaşyklarymyzy gowulandyrmak meselesine sowet toparlarynyň garaýşyna göz ýetirmek üçin peýdalanmaklyga synanyşmakçy. Litwinowyň gitmegi bilen munuň üçin şertler artdy. Mikoýan Moskwadamyka? Ol onuň bilen hökman görüşmek isleýär. Şnuppe bu dabaraly nutuklary öz-özi bilen gürleşýän görnüşde aýdansoň we göni jogap talap etmänsoň, men SSSR-iň we Germaniýanyň arasyndaky ýaramaz gatnaşyklar biz tarapdan däl-de, eýsem Germaniýa tarapyndan döredilendigi, german hökümetiniň olary gowulandyrmagyň usullary barada pikirlenmelidigi ýaly adaty delilleri gaýtalaýaryn.

Şnuppe Germaniýanyň SSSR babatda hiç hili agressiw meýilleriniň ýokdugyny we olary (gatnaşyklary) gowulandyrmak is-

leýändigini ýene-de tutanýerli gaýtalaýar. Indiki hepdede Praga bilen bagly meniň goýan meseläm we kabul edilen karar barada, şeýle hem öz sapary barada habar bermek üçin meni ýanyna çagyrmagynyň ahmaldygyny Şnuppe maňa mälim etdi.

G. Astahow.

Resminama № 3

Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň ýanyndaky ilkinji Hemişelik wekiliniň, Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisiniň Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasynyň 1993-nji ýyldaky işi barada ýyllyk Hasabaty.

1994-nji ýylyň 7-nji ýanwary.

(Gysgaldylan görnüşi).

Hasabat ýyly Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhananyň (geljekde: Wekilhana ýa-da HW) işi Türkmenistanyň BMG we onuň ulgamyna girýän guramalar bilen hyzmatdaşlygyny bu Bütindünýä guramasynda Türkmenistanyň ileri tutýan ugurlaryna laýyklykda biziň ýurdumyzyň öňünde durýan meseleleri çözmek üçin onuň mümkinçiliklerinden doly peýdalanmak maksady bilen mundan beýläk hem çuňlaşdyrmaga we giňeltmäge gönükdirildi.

Hemişelik wekilhana Türkmenistanyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 48-nji mejlisindäki wekiliýetiniň işine gatnaşdy we onuň täsirliliginiň ýokarlanmagy üçin oňa hemmetaraplaýyn ýardam etdi, BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň we BMG-sy bilen bagly guramalaryň nobatdaky mejlislerine işjeň gatnaşdy, BMG agza döwletleriň missiýalary, BMG-niň ýanyndaky halkara guramalaryň wekilleri, amerikan işewür toparlary we ş.m. bilen aragatnaşyklary ýola goýmagyny we ösdürmegi dowam etdi.

Hasabat ýylynda gündelik, ýagny gyssagly habarlardan hem başga, Wekilhana Aşgabada ýurdumyz üçin gyzyklanma bildirýän 300-den gowrak dürli materiallary, şol sanda BMG-niň Baş

Assambleýasynyň biziň ýurdumyz üçin has wajyp rezolýusiýalarynyň nusgalaryny, möhüm meseleler boýunça BMG-de bar bolan we özünde ylmy-barlaglaryň netijelerini jemleýän, şeýle hem ylmy forumlarynyň materiallaryny yzygiderli ugratdy.

Hemişelik wekilhana köptaraplaýyn diplomatiýa gatnaşmakda, ony alyp barmakda ýylyň dowamynda esli tejribe toplady we şunlykda, ol BMG-niň üsti bilen anyk netijeleri gazanmaklyga gönükdirilen biziň döwletimiziň daşary syýasatyny durmuşa geçirmekde öz goşandyny ýokarlandyrmak jähtinden köp işler etdi. Şu ýyllyk hasabat BMG-niň BA-synyň 48-nji mejlisiniň netijeleri aýratyn doklad hatynda şöhlelelendirilýändigini nazarda tutmak bilen taýýarlanyldy.

***

Türkmenistanyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlisleriniň işine täsirli gatnaşmagy Nýu-Ýorkda, şeýle hem Aşgabatda uly taýýarlyk işleriniň alnyp barylmagyny talap etdi. Şu jähtden, bu işe doly ýardam etmek maksady bilen, Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasy ýurdumyzyň wekiliýetiniň BMG-niň BA-synyň 48-nji mejlisine gatnaşmagy bilen bagly uly taýýarlyk işini alyp bardy: mejlis barada öz wagtynda iş meýilnamasy düzüldi we ol yzygiderli amala aşyryldy. Hususan-da, eýýäm 1993-nji ýylyň mart – maý aýlarynda Wekilhana Baş Assambleýanyň nobatdaky mejlisi bilen bagly maksada okgunly işiň alnyp barylmagy üçin nazarda tutulmagy we kömek hökmünde Aşgabada degişli habarlary, materiallary, teklipleri, şol sanda mejlisiň işiniň mehanizmini, onuň gün tertibine goşulmak üçin ýollanan ilkinji meseleleriň sanawyny, umumy-syýasy çekişmede çykyş etjek agza döwletleriň döwlet, hökümet baştutanlarynyň we beýleki ýokary wezipeli adamlarynyň ilkinji sanawyny we ş.m. ugratdy, şeýle hem umumy-syýasy çekişmede Türkmenistanyň wekiliýetiniň baştutanynyň çykyşynyň tekstiniň taslamasy boýunça özünde käbir pikirleri jemleýän haty ýollady.

BMG-niň BA-synyň 48-nji mejlisinde Türkmenistanyň wekiliýeti Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan şu aşakdaky düzümde tassyklanyldy: Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň

orunbasary (wekiliýetiň baştutany); Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekili (wekiliýetiň baştutanynyň orunbasary); Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň daşary aragatnaşyklary utgaşdyrmak boýunça bölüminiň müdiri (wekiliýetiň agzasy); Türkmenistanyň Stambuldaky (Türkiýe) Baş konsuly (wekiliýetiň agzasy).

Türkmenistanyň wekiliýeti onda umumy-syýasy çekişme bolup geçen sessiýanyň mejlislerine gatnaşdy. Türkmenistanyň wekiliýetiniň baştutanynyň çykyşynda ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatynyň esasy ugurlary beýan edildi we çykyş dünýä bileleşiginiň wekilleri tarapyndan uly gyzyklanma bilen garşylandy. Wekiliýet şeýle hem ikitaraplaýyn duşuşyklara işjeň gatnaşdy. Wekiliýetiň baştutany we onuň orunbasary tarapyndan Eýranyň, Owganystanyň, Pakistanyň, Türkiýäniň, Fransiýanyň daşary-syýasy edaralarynyň we başga ençeme ýurtlaryň wekiliýetleriniň, BMG-niň departamentleriniň, BMG-niň ulgamyna girýän halkara guramalaryn ençemesiniň ýolbaşçylary bilen söhbetdeşlikler geçirildi we olar ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň anyk meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga mümkinçilik berdiler. Wekiliýetiň Nýu-Ýorkda bolan wagtynda şeýle hem Türkmenistanyň we Ysraýylyň arasynda diplomatik gatnaşyklary ýola goýmak hakyndaky Protokola gol çekildi.

Bu çäreleriň üstünlikli amala aşyrylmagyna Hemişelik wekilhananyň gowy guralan guramaçylyk işi uly ýardam etdi.

Türkmenistanyň wekiliýetiniň baştutanynyň we wekiliýetiň agzalarynyň 10-njy oktýabrda Nýu-Ýorkdan Watana gaýtmaklary bilen 46-nji mejlis tamamlanýança Baş Assambleýanyň sessiýasynyň umumy mejlislerinde, şeýle hem sessiýanyň 6 sany esasy baş komitetleriniň mejlislerinde wekiliýetiň baştutanynyň orunbasary Türkmenistanyň wekiliýetine ýolbaşçylyk etdi.

BMG-niň BA-synyň 48-nji mejlisiniň esasy böleginde gün tertibiniň 170-den gowrak punktuna seredildi we şolar boýunça 347 rezolýusiýa we 19 sany karar kabul edildi. Şol rezolýusiýalar we kararlar kabul edilende Türkmenistanyň wekiliýeti ýurdumyzyň oňyn bitaraplyk syýasatyna laýyklykda, biziň milli bähbitlerimizden gelip çykmak bilen, şol resminamalara ses berdi, olaryň konsensus ar-

kaly kabul edilmegine gatnaşdy ýa-da ses bermekden saklandy. Şol bir wagtyň özünde hem biziň wekiliýetimiz mejlisde Watanymyz üçin möhüm syýasy we amaly ähmiýeti bolan meseleleriň ara alnyp maslahatlaşylmagyna we şolar boýunça rezolýusiýalaryň kabul edilmegine aýratyn üns berdi ( BMG-niň BA-synyň 48-nji mejlisiniň has möhüm rezolýusiýalarynyň we kararlarynyň tekstleriniň nusgalary olar bilen tanyşmak, şolar boýunça anyk çäreleriň amala aşyrylmagy üçin Wekilhana tarapyndan ýakyn günlerde Aşgabada ýollanar).

Türkmenistanyň wekiliýeti şeýle hem «Sebitleýin ýaragsyzlanmak», «Sebitleýin derejede adaty ýaraglara gözegçilik etmek», «Ýaragsyzlanmak hepdeligi»,«Ýadro synaglaryny hemme taraplaýyn gadagan etmek hakyndaky Şertnama», «Geçiş ykdysadyýetli ýurtlaryň dünýä hojalygyna goşulmagy», «Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň aýratyn zerurlyklary we meseleleri bilen bagly anyk hereketler» we başga ençeme rezolýusiýalaryň awtordaşy bolup çykyş etmek bilen, ençeme rezolýusiýalaryň taýýarlanylmagyna we kabul edilmegine öz goşandyny goşdy.

Täze demokratik döwlet bolan Türkmenistan üçin BMG tarapyndan kabul edilen halkara hukuk kadalarynyň hukuk döwletiniň esasyny döretmegiň nazaryýeti we amalyýeti hökmünde örän uly ähmiýeti bardyr. Biziň döwletimiziň öňünde öňki SSSR tarapyndan gol çekilen köptaraplaýyn şertnamalara, şeýle hem soňky döwrüň resminamalaryna öz hususy garaýyşlarymyzy işläp taýýarlamak ýaly meseleleriň durýandygyny nazara almak we bu işe ýardam etmek maksady bilen, Hemişelik wekilhana Aşgabada şol resminamalaryň ençemesiniň tekstleriniň nusgasyny we şolara degişli materiallary, şeýle hem Türkmenistanyň halkara guramalara agza bolup girmeginiň möhümligi we düzgünleri baradaky habarlary, materiallary hem ýollady. Dürli ýurtlaryň kanunlarynyň tekstleri, zähmeti, saglygy goramak, başga-da ençeme meseleler boýunça degişli materiallar Türkmenistanyň Mejlisine hem yzygiderli ýollanyp duruldy.

Hasabat döwründe Wekilhana köptaraplaýyn şertnamalaryň depozitarisi hökmünde olary saklamak üçin BMG-niň Baş sekretary Butros Galä Türkmenistanyň ýol hereketi; ýol belgileri we signallary; çaganyň hukuklary; ozon gatlagyny goramak baradaky Wena

konwensiýasy; ozon gatlagyny dargadyjy jisimler baradaky Monreal Protokoly ýaly konwensiýalara goşulýandygy baradaky resminamalary; 1994-nji ýylyň jyns kemsitmeleriň ähli görnüşlerini ýok etmek hakyndaky konwensiýany; ozon gatlagyny dargadyjy jisimler boýunça Monreal protokolyna düzedişleri; halkara ýol hereketinde Türkmenistanyň tapawutlandyryjy belgisini üýtgetmek hakyndaky we başga resminamalara Türkmenistanyň goşulýandygy baradaky resminamalary hem gowşurdy.

Türkmenistanyň Hökümeti şeýle hem ençeme köptaraplaýyn resminamalara gol çekdi. Mysal üçin, 1993-nji ýylyň 13-nji ýanwarynda Parižde himiki ýaragyň işlenip taýýarlanylmagynyň, öndürilmeginiň, toplanmagynyň we ulanylmagynyň gadagan edilmegi baradaky Konwensiýa gol çekilmek üçin açyldy. Ähli döwletleriň oňa gol çeken we ony ratifisirlän, ýagny tassyklan halatynda, bu konwensiýa himiýa ýaragynyň ýaýramagynyň ýolunda degerli böwet bolup biljekdi. 1993-nji ýylyň 13-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Prezidentiniň tabşyrygy boýunça Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekili bu konwensiýa gol çekdi. Bu bolsa Türkmenistanyň Hökümetiniň dünýäde ýaragsyzlanmak, himiýa ýaragyny ýok etmek ýörelgesine goldaw bermeklige bolan tagallalarynyň subutnamasy boldy.

Hasabat ýylynda Hemişelik wekilhana biziň ýurdumyza dürli halkara goldawyny guramaga ukyply bolan BMG-niň degişli düzümleri, ýagny gaznalar, maksatnamalar bilen hyzmatdaşlygy ýola goýmagyny we ösdürmegi işjeň dowam etdirdi. Mysal üçin, 1993-nji ýylyň 26-njy apreli – 7-nji maýy aralygynda Nýu-Ýorkda **BMG-niň Çagalar gaznasynyň** (UNICEF) dolandyryjy edarasynyň nobatdaky mejlisi bolup geçdi. Mejlisde çykyş etmek bilen, Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekili A. Rahmanow öz ýurdunda çagalaryň hatyrasyna ösüşi mundan beýläk hem üpjün etmek boýunça alnyp barylýan iş bilen mejlise gatnaşyjylary tanyşdyrdy, Türkmenistanyň Hökümetiniň çagalaryň sosial meselelerini çözmekde dünýä tejribesini edinen UNICEF bilen hyzmatdaşlygy giňeltmäge gyzyklanýandygyny nygtady.

UNICEF-iň dolandyryjy edarasynyň bu mejlisi Türkmenistan üçin 1993-1994-nji ýyllara niýetlenen gysga möhletli Maksatnamany

tassyklady, 4 million amerikan dollary göwrümde bu Maksatnamany maliýeleşdirmek boýunça teklibi goldady. Şu Maksatnamany durmuşa geçirmek boýunça toplanjak tejribe bolsa 1995-1999-njy ýyllar üçin Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygyň täze Maksatnamasyny işläp taýýarlamagyň esasyny tutar diýlip ynam bildirildi.

1993-nji ýylda şeýle hem **BMG-niň Ilat gaznasy (UNFPA)** tarapyndan maşgalany meýilleşdirmek meselesi boýunça Türkmenistanyň ileri tutulýan strategiýasy we zerurlyklary kesgitlenildi. Bu mesele boýunça taýýarlanylan doklad (Maksatnama) zerur bolan resurslary toplamak üçin halkara donorlaryň birleşigine berildi. 1993-nji ýylyň awgust aýynda Wekilhana ýokarda agzalan Maksatnama tassyklanylýança, Türkmenistanda Eneleriň we çagalaryň saglygy, maşgalany meýilleşdirmek boýunça biziň hökümet maksatnamamyza ýardam bermegini sorap, UNFPA ýüz tutdy (Şol ýylyň sentýasbr aýynda UNFPA ýurdumyza bahasy 300 müň amerikan dollaryna barabar waksina berdi).

Hasabat ýylynda Hemişelik wekilhananyň we BMG-niň **Ösüş maksatnamasynyň** (UNDP) arasynda hem ysnyşykly işjeň gatnaşyklar ýola goýuldy. Ýurdumyzyň bilermenlerine Türkmenistanyň syýasatynyň we ileri tutýan ugurlarynyň esasynda dolandyrmagyň täsirliligini ýokarlandyrmak üçin strategiki maksatnamany işläp taýýarlamaklyga ýardam bermek üçin Aşgabada UNDP-niň dolandyrylyşy ösdürmek boýunça Maksatnamasynyň (DÖM) ikinji missiýasy ugradyldy. Netijede, «Türkmenistanda dolandyrylyşy ösdürmek» boýunça taslamasy taýýarlanyldy we ol Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan makullanyldy. Bahasy 3,6 million amerikan dollary bolan bu taslama 1994-nji ýylyň fewralynda bolup geçjek BMG-niň ÖM-niň dolandyryjylar Geňeşiniň mejlisinde tassyklanar.

Şol bir wagtyň özünde Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasy UNDP-niň ölçeglerine laýyk gelýän Türkmenistana BMG-niň ulgamyndan toplumlaýyn kömegi almak jähtinden UNDP bilen hyzmatdaşlygy giňeltmeklige bolan ugry hem ösdürdi. Netijede, 1993-nji ýylda «BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň Türkmenistandaky hereketleriniň gysga möhletleýin Meýilnamasy» taýýarlanyldy we ol biziň Hökümetimiz tarapyndan makullanyldy.

1994-nji ýylyň fewralynda bolsa bu Meýilnama BMG-niň ÖM-niň Dolandyryjylar Geňeşiniň nobatdaky mejlisinde tassyklanar. Meýilnamada ençeme çäklerde kuwwatlary ösdürmeklige ilkinji derejeli üns berilýär we bu üns uzakmöhletli ösüşe niýetlenen ýurt maksatnamasynda öz beýanyny tapar.

BMG-niň ulgamynyň köptaraplaýyn ýardamynyň häsiýetini nazarda tutmak we onuň täsirliligini üpjün etmek maksady bilen bu kömegi utgaşdyrmak meselesi örän möhüm ähmiýete eýe boldy. Hut şonuň üçin hem Hemişelik wekilhana özüniň 1992-nji ýyl boýunça hasabatynda biziň ýurdumyzda BMG-niň ÖM-niň wekilhanasynyň açylmagynyň maksadalaýykdygyny öňe sürdi we şeýle wekilhananyň açylmagy bilen bagly meselelere seredilmegini teklip etdi. Başga sözler bilen aýdylanda, Aşgabatda BMG-niň ÖM-niň wekilliginiň bolmagy ösüş jähtinden, şol sanda ýurdumyzda bolup geçýän geçiş ýagdaýyny goldamak jähtinden Türkmenistanyň zerurlyklaryny kanagatlandyrmakda täsirli roly oýnap bilerdi.

1993-nji ýylyň 6-njy oktýabrynda Nýu-Ýorkda Türkmenistanyň Hökümetiniň we BMG-niň ÖM-nyň arasynda hyzmatdaşlyk hakyndaky Ylalaşyga gol çekildi. Biziň Hökümetimiz Türkmenistanda BMG-niň wekilhanasyny açmak baradaky Hemişelik wekilhanamyzyň pikirini hem goldady (Bu mesele BMG-niň ÖM-niň 1994-nji ýylyň ilkinji aýlarynda Aşgabatda boljak wekiliýetiniň saparynyň gidişinde doly ara alnyp maslahatlaşylar.)

Elbetde, Türkmenistan BMG bilen hyzmatdaşlykdan islendik çäkde peýda görüp biler. Mysal üçin, Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasynyň pikiriçe, hususan-da, şäher we oba gurluşygyny ösdürmek boýunça biziň hökümet maksatnamalarymyza BMG-niň ilatly punktlar boýunça Merkeziniň täsirli ýardamynyň ähmiýeti uly bolup bilerdi. Daşky gurşawy goramak çäginde biziň milli kuwwatymyzyň pugtalanmagyna BMG-niň durnukly ösüş boýunça Komissiýasynyň uly ýardam edip biljekdigi aýdyňdyr. Gepiň gysgasy, BMG-ä, ozaly bilen, Türtkmenistanyň içerki işini guramak, BMG-ä we onuň ulgamynyň edaralaryna ýurdumyzy gyzyklandyrýan maksatnamalary we pikirleri öňe sürmek bilen bagly köpdürli mümkinçilikler bardyr.

Ýene-de bir zady aýratyn nygtap geçeliň: bu ýerde gürrüň täze wezipeleri çözmekde ýurdumyzyň öňünde ýüze çykan kynçylyklaryň wagtlaýynlygyny, şeýle hem ýurdumyza dürli maksatnamalardan berilýän ýeňillikli ýardamyň gaty bir uzak bolmadyk häsiýetiniň bardygyny nazarda tutmak bilen, biziň has ýokary gyzyklanmamyzy we çakganlygymyzy görkezmegiň zerurlygy barada barýar.

Hemişelik wekilhana Türkmenistan üçin aýratyn bähbidi bolan meseleler boýunça dürli ýurtlarda BMG-niň edaralary tarapyndan geçirilýän seminarlar, maslahatlar barada Aşgabady yzygiderli habardar edip durdy, sebäbi BMG-niň bu we başga dürli çärelerine işjeň gatnaşmak dürli çäklerde biziň syýasatymyzy we maksatnamalarymyzy baýlaşdyryp biljekdi.

BMG-niň sebitleýin (Aziýa) toparynyň mejlislerine gatnaşmak Wekilhananyň köp wagtyny aldy. Türkmenistanyň olaryň agzasy bolup durýan Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasyna, Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasyna Baş Assambleýanyň 48-nji mejlisiniň rezolýusiýasyna laýyklykda BA-da synçy statusynyň berilmegi HW üçin bu sebitleýin guramalaryň BMG-niň edaralary bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýmaklaryna we ösdürmeklerine gatnaşmaklyk bilen bagly täze wezipeleriň peýda bolmagyna getirdi.

Döwletleriň, şol sanda Türkmenistanyň BMG-ä agzalygy, elbetde, belli çykdajylar bilen bagly bolup durýar. BMG-niň Düzgünnamasynyň 17-nji maddasyna laýyklykda BMG-niň çykdajylaryny çekmeklik Guramanyň her bir agza döwletiniň borjy bolup durýar. Bellenilen tölegleriň wagtynda tölenmezligi döwletiň syýasy abraýyna zeper ýetirýär, berginiň belli göwrümlere çenli köpelmegi bolsa döwletiň BA-da ses bermek hukugyndan mahrum edilmegine getirip biler. Şu jähtden, Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasy 1992–1993-nji ýyllar üçin BMG-niň ýyllyk býujetine, parahatçylygy saklamak boýunça operasiýalarynyň býujetine Türkmenistanyň tölegleri, şeýle hem ýurdumyzyň tölegleriniň göwrüminiň tölegukyplylyk ýörelgesine laýyk gelýändigi ýa-da gelmeýändigi, ýurdumyzyň tölegleriniň göwrümini azaltmak jähtinden BMG-niň tölegler boýunça Komiteti bilen alyp barýan işleri barada Aşgabady yzygiderli habardar edip durdy.

Şu ýerde, eýýäm Baş Assambleýanyň 47-nji mejlisinde 20-den gowrak ýurt, şol sanda Türkmenistan üçin olaryň BMG-niň býujetine tölegleriniň göwrümini peseltmek meselesiniň möhüm ähmiýete eýe bolandygyny belläp geçmek gerek. Munuň sebäbi, öňki SSSR-iň düzüminde bolan ähli döwletleriň BMG-niň býujetindäki paýlarynyň şol döwletleriň geçiş döwründe başdan geçiren ykdysady kynçylyklarynyň ýeterlik derejede hasaba alynmazdan kesgitlenilmegi boldy. Şonuň üçin hem Türkmenistanyň wekiliýeti BMG-niň tölegler boýunça Komitetinden Türkmenistanyň töleginiň göwrümine onuň töleg ukyplylygyna laýyklykda täzeden seretmekligi haýyş etdi.

Baş Assambleýanyň 48-nji mejlisi töleglere täzeden seretmek barada anyk karar kabul etmedik hem bolsa, ol tölegler boýunça Komitetden şol mesele boýunça BA-nyň 49-njy mejlisine teklipler bermegi sorady. Netijede, ençeme agza döwletleriň wekiliýetleriniň bilelikdäki tagallalarynyň we olary BA-nyň goldamagy bilen, bu mesele soňra ýuwaş-ýuwaşdan özüniň çözgüdini tapyp başlady.

Hemişelik wekilhananyň işinde ýurdumyzyň Nýu-Ýork şäheriniň işewür dünýäsi bilen aragatnaşyklary ýola goýmak we ösdürmek meselesi hem belli orun tutdy. Nýu-Ýorkyň (şeýle hem ABŞ-nyň beýleki şäherleriniň) işewür toparlarynyň wekilleri Türkmenistanyň döwlet we hususy edaralary bilen hyzmatdaşlygy ýola goýmaklyga uly gyzyklanma bildirdiler. Hususan-da, 1993-nji ýylyň 13-nji maýynda Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekili Nýu-Ýorkyň merisinda olaryň haýyşy bilen şäher geňeşiniň agzalarynyň topary bilen duşuşdy. Duşuşygyň gidişinde geňeş agzalary iki taraplaýyn hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagyna işjeň ýardam bermäge özleriniň taýýardyklaryny aýtdylar.

Hemişelik wekilhana şeýle hem Türkmenistan bilen ABŞ-nyň Oba hojalyk ministrliginiň arasynda hyzmatdaşlygyň ösmegine öz goşandyny goşdy. Mysal üçin, 1992-nji ýylyň 28-nji dekabrynda Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekili ABŞ-nyň Oba hojalyk ministrliginde (Waşington) Türkmenistanyň hökümetiniň adyndan hökümetara ylalaşyga gol çekdi. Bu resminama laýyklykda 1993-nji ýylda ABŞ biziň ýurdumyza 100 müň tonna iýmlik däne sowgat berdi. 1993-nji ýylyň 6-njy aprelinde bolsa Hemişelik wekil

ABŞ-nyň Söwda-karz pul korporasiýasy bilen ylalaşyga gol çekdi. Bu ylalaşyga laýyklykda korporasiýa Türkmenistana 48 müň tonna azyk dänesini satyn almak üçin 10 million amerikan dollary möçberinde uzak möhletleýin ýeňillikli karz pul berdi.

Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasy hasabat ýylynda öz öňünde goýlan wezipelerini öz wagtynda we ýokary hilli ýerine ýetirmek üçin hemişe uly tagallalar etdi. BMG ýaş Türkmen döwleti üçin diňe bir parahatçylygyň we howpsuzlygyň nyşany we täsirli kepilnamasy bolman, eýsem ol biziň ykdysady we durmuş wezipelerimizi çözmegiň örän gowy forumy bolup durýar. Şeýle hem bu abraýly halkara hökümetara gurama özüniň ençeme artykmaçlyklary bilen Bitarap Türkmenistana bolan garaýyşlary emele getirmek üçin özünde ähli zerur bolan şertleri jemleýär. Hut şonuň üçin hem Hemişelik wekilhana hemişe oýlanylyşylan teklipleri öňe sürmek, olaryň çözgüdini gazanmak bilen, 1994-nji ýylda özüniň iş Meýilnamasyna laýyklykda turuwbaşdan BMG-niň işine biziň ýurdumyzyň gatnaşmagynyň täsirliligini ýokarlandyrmaga gönükdirilen işjeň işi alyp barýar.

Resminama № 4

Türkmenistanyň wekiliýetiniň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 48-nji mejlisiniň esasy böleginiň işine gatnaşmagy barada BMG-niň BA-synyň 48-nji mejlisinde Türkmenistanyň wekiliýetiniň ýolbaşçysynyň orunbasary, Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekiliniň ýyllyk Hasabaty.

1994-nji ýylyň 26-njy ýanwary.
(Gysgaldylan görnüşi).

BMG-niň BA-synyň 48-nji mejlisiniň esasy bölegi 1993-nji ýylyň 21-nji sentýabryndan 23-nji dekabry aralygynda bolup geç-

di we ol halkara durmuşynyň möhüm wakasy boldy. Mejlisiň işine BMG agza döwletleriň 184-niň wekiliýeti gatnaşdy. BA-nyň 48-nji mejlisinde umumy-syýasy çekişme 1993-nji ýylyň 27-nji sentýabry we 13-nji oktýabry aralygynda bolup geçdi we onda 175 sany ýokary wezipeli adam: şol sanda 28 döwlet ýolbaşçysy, 13 premýer-ministr, 2 sany täç geýdirilen şazada, 122 sany daşary işler ministri, agza döwletleriň hemişelik wekilleriniň 10-sy çykyş etdiler.

Baş Assambleýanyň 48-nji mejlisinde gün tertibiniň 170-den gowrak punkty boýunça 347 rezolýusiýa we 19 sany karar kabul edildi.

***

BMG-niň BA-synyň 48-nji mejlisiniň gün tertibi örän çylşyrymly we durnuksyz bolan halkara ýagdaýyny şöhlelendirdi. «Sowuk urşuň» tamamlanmagy halkara bileleşigi parahatçylygy we gülläp ösüşi gazanyp biler diýen giňden ýaýran ynamyň döremegine ýardam etdi. Şol bir wagtyň özünde dünýäniň käbir etraplarynda bolup geçen soňky oňaýly wakalar hem munuň üçin esas döretdiler.

Hususan-da, mejlis Kambodjada parahatçylygy we durnuklylygy dikeltmekde we şol ýerde saýlawlaryň üstünlikli geçirilmeginde BMG-niň tagallalaryny gutlady, Ýakyn Gündogarda parahatçylygyň gazanylmagynda täze ädim hökmünde ysraýyl-palestin ylalaşygynyň gol çekilmegine ýokary baha berdi.

Günorta Afrikada parlament tarapyndan ýerine ýetiriji geçiş geňeşiniň döredilmegi we gara köpçülige ýurdy dolandyrmaklyga gatnaşmaga hukuk berjek saýlawlaryň 1994-nji ýylyň aprelinde geçiriljekdigi mejlisde ýokary baha mynasyp boldy.

Mejlis parahatçylygy pugtalandyrmak boýunça BMG-niň işiniň netijesinde toplanan tejribäniň umumylaşdyryljakdygyna we onuň dünýäniň başga asuda däl, BMG-niň kömegi zerur boljak etraplarynda peýdalanyljakdygyna ynam bildirdi.

Şol bir wagtyň özünde mejlis «sowuk urşuň» tamamlanmagy bilen dünýä bileleşiginiň öňünde täze wezipeleriň peýda bolandygyny, şol wezipeleriň öňkülerden has toplumlaýyn häsiýete eýe bolup

durýandyklaryny, olaryň has çylşyrymlydygyny we ähmiýetlidigini nygtady. Şu jähtden, 1993-nji ýylda BMG-niň özi hem geçiş döwründe boldy, halkara giňişliginde özüniň roluny ýerine ýetirmek üçin täze şertlerde öz ornuny tapmaga synanyşdy.

Hut şonuň üçin hem, muny ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, BA-nyň 48-nji mejlisinde halkara durmuşyna degişli bolan ähli uly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Munuň özi diňe bir dünýä ýagdaýyny anyk suratlandyrman, eýsem deňhukuklylyk we milli özbaşdaklyk esasynda ýurtlaryň hyzmatdaşlyga bolan barha artýan isleglerininiň hem subutnamasy boldy.

Türkmenistan BMG-niň BA-synyň 48-nji mejlisiniň işine hem işjeň gatnaşdy. Möhüm halkara meseleleri ara alyp maslahatlaşmaga we olar boýunça rezolýusiýalary we kararlary kabul etmäge netijeli gatnaşmak bilen, Türkmenistanyň wekiliýeti ýurdumyzyň oňyn bitaraplyk syýasatyndan, onuň milli bähbitlerinden ugur aldy.

Parahatçylyk bolmasa, ösüşem, demokratiýa-da bolmaýar. XX asyryň 80-nji ýyllarynyň aýaklaryndan, soňra olar, galapyn diýen ýaly, döwletleriň içindäki agzalalyklar bilen çalşan halkara gapma-garşylyklaryň sany esli köpeldi. Şonuň üçin hem parahatçylygy saklamak boýunça BMG-niň işi barha giň gerim aldy. 1993-nji ýylda bütin dünýä boýunça BMG-niň 17 sany parahatçylygy saklamak boýunça operasiýalary amala aşyrylyp, olara ençeme ýurtlardan 80 müňe golaý raýat we harby işgärleri gatnaşdylar. Şol bir wagtyň özünde parahatçylygy saklamak boýunça BMG-niň ençeme operasiýalarynyň gazanan üstünliklerine seretmezden, ýurtlaryň köpüsiniň wekilleriniň BA-nyň 48-nji mejlisinde eden çykyşlarynda şol operasiýalarynyň (hususan-da, Bosniýadaky we Gersegowinadaky, Somalidäki) täsirliligi babatda ynjalyksyzlyk bildirildi.

Şonuň üçin BA-nyň soňky mejlisleriniň esasy aýratynlyklaryndan biri, ol hem olarda, öňki ýyllara seredeniňde, parahatçylygy berkitmeklik meselelerine ünsüň has-da artmagy boldy. Muňa BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň haýyşy bilen 1992-nji ýylyň iýunynda BMG-niň Baş sekretary Butros Gali tarapyndan BA-nyň 47-nji mejlisi üçin «Parahatçylyk üçin gün tertibi» atly dokladyň taýýarlanylmagy hem şaýatlyk etdi. Bu resminamada gürrüň BMG-ni täze üýtgeýän

şertlere uýgunlaşdyrmaklyga iş ýüzünde girişmek barada bardy. Onda şeýle hem ilkinji gezek **öňüni alyş diplomatiýasynyň** konsepsiýasy işlenip düzüldi.

BMG-niň Baş sekretarynyň şol doklady BMG-niň agza döwletleriniň ählisiniň ünsüni özüne çekdi. Baş Assambleýanyň şol mejlisinde konsensus arkaly kabul edilen rezolýusiýa öňüni alyş diplomatiýany, parahatçylygy gorap saklamak boýunça operasiýalary ösdürmek we pugtalandyrmak işinde BMG-niň roluny ýokarlandyrmak boýunça ençeme çäreleri özünde jemledi.

90-njy ýyllara çenli BMG özüniň esasy ünsüni syýasy meselelere berdi, şol bir wagtyň özünde hem ol ösüş meselelerine ýeterlik üns bermedi. Hut şol sebäpden BMG-niň ösüş bilen bagly bolan işi ençeme agza döwletleri, ozaly bilen bolsa, ösüp barýan ýurtlary kanagatlandyrmady. Üstesine-de, özünde täsirli ösüş konsepsiýasynyň bolmazlygy üçin hem BMG agza döwletleriň wekiliýetleriniň tankydyna sezewar boldy. Şonuň üçin hem eýýäm BA-nyň 47-nji mejlisinde BMG-niň Baş sekretary tarapyndan **«Ösüş üçin gün tertibi»** atly dokladyň taýýarlanylmagy we onuň nobatdaky mejlisde ara alnyp maslahatlaşylmagy barada karar kabul edildi. BMG-niň Baş sekretarynyň BA-nyň 48-nji mejlisiniň garamagyna ösüş meseleleri boýunça taýýarlan dokladlarynda ösüşiň bäş ugry - parahatçylyk, ykdysadyýet, daşky gurşaw, jemgyýet we demokratiýa bir-biri bilen baglylykda garaldy.

«Sowuk urşuň» tamamlanmagy **ýaragsyzlanmak ýagdaýyna we köpçülikleýin howpsuzlyk ulgamynyň döredilmegine** bahasyna ýetip bolmajak badalga berdi. Ýaragsyzlanmak we halkara howpsuzlygy meselelerine seredilmegi BA-nyň 48-nji mejlisinde hem görnükli orny eýeledi. Mejlisde Türkmenistanyň wekiliýeti eger köpçülikleýin gyryş ýaragynyň ýaýradylmagy ýaly howply ugry yzyna öwürmek başartmasa, eger ýadro ýaragy bolmadyk ýurtlaryň bähbitleriniň nazara alynmagy bilen şol ýaragy ýaýratmazlygyň anyk halkara kadalary berkidilmese, eger dünýäniň güýç ulanmaklygyň we gapma-garşylyklaryň has köp bolýan ýerlerinde dawalaryň parahatçylykly ýollar arkaly tertibe salynmagyna düýpli goşant goşulmasa, eger „sowuk urşuň” galyndylaryny ömürlik ýok etmek başartmasa, onda

dünýä bileleşiginiň has durnukly we asuda dünýäni gurmak maksadyna ýetip bilmejeginden gelip çykdy.

Türkmenistanyň wekiliýetiniň baştutanynyň Türkmenistan ýadro ýaragynyň ýaýradylmazlygy baradaky Şertnamanyň möhletsiz uzaldylmagy (1995-nji ýylda bu Şertnamanyň möhleti dolýar), şeýle ýaragyň doly ýok edilmegi ugrunda çykyş edýär we biziň himiýa ýaragynyň gadagan edilmegi boýunça Konwensiýa gol çekmäge, bakteriologiki (biologiki) we toksin ýaragyny işlemekligi, öndürmekligi we toplamaklygy gadagan edýän we olaryň ýok edilmegi baradaky Konwensiýa goşulmaga taýýardygymyz baradaky beýannamasy dünýä bileleşigi tarapyndan oňaýly kabul edildi we oňa ýokary baha berildi.

Ýadro ýaragynyň ýaýradylmazlygy baradaky Şertnama bilen häzir işlenilýän ýadro synaglaryny hemmetaraplaýyn gadagan etmek baradaky Şertnama hem baglydyr. BA-nyň 48-nji mejlisinde ençeme wekiliýetler öz çykyşlarynda bu Şertnamanyň işlenilmeginiň 1995-nji ýyldaky ýaragsyzlanmak boýunça Maslahat başlanýança tamamlanmagynyň zerurdygyny bellediler. BA-nyň bu mejlisinde ilkinji gezek oňa Türkmenistan hem goşulan «Ýadro synaglaryny hemmetaraplaýyn gadagan etmek baradaky Şertnama» atly rezolýusiýa kabul edildi.

Biziň wekiliýetimiz soňky ýyllarda ýaragsyzlanmak çäginde bolup geçen oňaýly öňe gidişlikleri gutlady. Mysal üçin, 1993-nji ýylda himiki ýaragyň işlenip taýýarlanmagynyň, öndürilmeginiň, toplanylmagynyň we ulanylmagynyň gadagan edilmegi we onuň ýok edilmegi baradaky Konwensiýa gol çekildi. Türkmenistan bu mesele baradaky rezolýusiýany diňe bir goldaman, eýsem onuň awtordaşy bolup hem çykyş etdi. Konwensiýa takmynan 160 döwletiň, şol sanda Türkmenistanyň gol çekmegi köpçülikleýin gyryş ýaragynyň ýaýramagynyň öňüni almakda edilen ýene bir möhüm ädim boldy.

Umuman, Türkmenistanyň wekiliýeti «Sowuk uruş» tamamlanandan soňky döwürde ýaraglanmagyň we ýaragsyzlanmagyň üstünden gözegçilik etmekde täze ölçegler» atly Baş sekretaryň dokladyny goldady. Şeýle hem biziň wekiliýetimiz ýurdumyzyň milli bähbitlerinden we özüniň ýaragsyzlanmaga sebitleýin çemeleşmäniň sebitleýin,

global derejelerde parahatçylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmakda örän möhüm ähmiýetiniň bardygyna bolan berk ynamyndan gelip çykmak bilen, «Sebitleýin ýaragsyzlanmak», «Sebitleýin derejede adaty ýaraglara gözegçilik etmek», «Ýaragsyzlanmak hepdeligi» ýaly ençeme rezolýusiýalaryň awtordaşy bolup hem çykyş etdi.

Şu ýerde BMG-niň BA-sy tarapyndan adaty ýaraglaryň Görkezijisiniň (Registriň) döredilmeginiň taryhy möhümligi bolan waka bolandygyny hem nygtap geçeliň. Türkmenistan 1992-nji ýylda bu Görkezijiniň herekete girizilmegini gutlady. Haçanda özara ynamyň harby meselelerde has köp derejede açyklygyň hasabyna pugtalandyrylýan häzirki şertlerinde bu Görkezijiniň öz häsiýeti boýunça seýrek güýji bardyr. Başga sözler bilen aýdylanda, Görkeziji ýaraglaryň hakyky kemeldilmeginiň ýerini tutup bilmese-de, ol harby çäkde özüňi alyp barmakda aýdyňlygyň artmagyna ýardam etmäge ukyplydyr. 1993-nji ýylda örän uly harby gorlary bolan 80 ýurduň satan ýaraglary bu ýerde hasaba alyndy.

Ýene-de bir täze möhüm mesele, ol hem pyýada goşunlaryň garşysyna niýetlenen minalaryň eksport edilmegine moratoriýa girizilmegidir (BA-nyň 48-nji mejlisinde bu mesele boýunça rezolýusiýanyň taslamasy ABŞ tarapyndan hödürlendi, Ýewropa bileleşiginiň agzalary bolsa minasyzlaşdyrmak göreldesi bilen çykyş etdiler).

Häzirki wagtda dünýäde ýaragly çaknyşyklaryň bolan sebitlerinde onlarça million zyýansyzlandyrylmadyk minalar bardyr. Mysal üçin, BMG-niň 1993-nji ýyldaky maglumatlaryna görä, dünýäde ýaragly çaknyşyklaryň bolan ýerlerinde galdyrylan minalaryň sany 85 million töweregi bolup, olardan 10 milliony Owganystanda, 9 milliony Angoloda, 5 milliondan 10 milliona çenlisi Yrakda, 4 milliondan 7 milliona çenlisi Kambojada, 5 milliony Kuweýtde, Günbatar Saharada we Mozambikde bolsa 4 million mina bolupdyr. Ýerüsti minaralaryň häsiýetli alamatlaryndan biri, ol hem şol ýaragyň uruşdan soň yzyna alnyp, ýerine äkidilip bolmaýanlygydyr, şonuň üçin onuň gurnalan ýerinde galdyrylýanlygydyr, ýaragyň, ozaly bilen, raýat ilatyndan bolan adamlary maýyp-müjrüp etmegini, öldürmegini dowam edýänligidir.

BMG-niň BA-synyň 48-nji mejlisi tarapyndan kabul edilen «Pyýada goşunlara garşy niýetlenen minalaryň eksport edilmegine moratoriýa girizmek» atly rezolýusiýada Baş Assambleýa döwletleri raýat ilata uly howp döredýän pyýada goşunlara garşy niýetlenen minalaryň eksport edilmegine moratoriýa girizilmegine razylyk bermeklige we olary şeýle moratoriýany berjaý etmeklige tutanýerlilik bilen çagyrdy. «Minasyzlaşdyrmaklyga kömek» atly rezolýusiýanyň kadalarynyň durmuşa geçirilmegi minalary zyýansyzlandyrmak boýunça meýilnamalaryň işlenip taýýarlanmagyna we amala aşyrylmagyna degerli ýardam edip biler. Biziň wekiliýetimiz şol resminamalaryň taslamalarynyň konsensus arkaly kabul edilmegine goşuldy.

BMG-niň BA-synyň 48-nji mejlisinde birnäçe rezolýusiýa Ýakyn Gündogarda halkara howpsuzlygyň meseleleri boýunça kabul edildi. Biziň wekiliýetimiz sebitda möhüm özgerişlikleri şöhlelendirýän üç döwletiň - Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň, Norwegiýanyň we Russiýa Federasiýasynyň «Ýakyn gündogar parahatçylyk prosesi» atly rezolýusiýasynyň taslamasyny işjeň goldady.

Mejlisde çykyp geplän wekiliýetleriň wekilleriniň takmynan ählisi has durnukly we adalatly dünýä düzgüniniň berkarar edilmeginiň esli derejede dünýä ykdysadyýetiniň ýagdaýyna bagly bolup durýandygyny, ony janlandyrmagyň geljeginiň bolsa käbir kadadan çykmalary göz öňünde tutmazdan, näbelli bolup durýandygyny bellediler. Senagat taýdan ösen ýurtlarda, hususan-da, Günbatar Ýewropada, giň gerimlerde ykdysadyýetiň pese düşmegi we işsizligiň artmagy dowam edýär, planly hojalygy bolan öňki ýurtlardaky geçiş ýagdaýy hem dünýä ykdysadyýetine agyr ýük bolup düşýär. Günorta-Gündogar Aziýanyň ösüp barýan ençeme ýurtlarynyň yzygiderli ösüşi ýokarky umumy ýagdaýdan görnüp duran kadadan çykma bolup durýar.

Soňky ýyllarda käbir latinoamerikan ýurtlarynda bolup geçen ewolýusiýa, ýagny oňaýly özgerişlikler hem oňatlyga bolan şatlykly duýgyny döredýär. Olaryň köpüsi Afrikada Saharadan günorta tarapda ýerleşýän iň pes ösen ýurtlarda howsalaly ýagdaý dowam edýär. Ösüp barýan ýurtlaryň wekiliýetleriniň çykyşlarynda dünýäniň bu sebitlerinde ýagdaýyň gowulanmaýandygy, baýlaryň we garyplaryň

arasyndaky tapawudyň barha artýandygy bellenip geçildi. Şeýle ýagdaýyň esasy sebäpleriniň biri hökmünde olar köp ýurtlara dünýä söwda ulgamyna azda-kände gatnaşmaga päsgel berýän proteksionistik, ýagny howandarlyk çäreleriň bolup durýandyklaryny görkezdiler.

Şol bir wagtyň özünde halklaryň aglaba köpüsiniň öňünde duran möhüm ykdysady we sosial meseleleri çözmek üçin «Parahatçylyk üçin gün tertibini» ösüş üçin gün tertibi bilen doldurmak boýunça ählumumy isleg bildirildi. Wekiliýetleriň çykyşlarynda global ykdysadyýetini, has takygy, ösüp barýan ýurtlarda amatsyz ýagdaýy gowulandyrmak üçin halkara ykdysady hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmegiň zerurlygy nygtaldy. Bu ähli zady öz içine alýan seljermäniň netijesinde bergi, ösüş üçin kömek bermek, söwda we daşky gurşaw bilen bagly meseleleri öz içine alýan ençeme oňaýly pikirler peýda boldy.

BMG-niň BA-synyň 48-nji mejlisinde seredilen meseleler boýunça 60-dan gowrak rezolýusiýa we kararlar kabul edildi. Üstesine-de, şol rezolýusiýalaryň hemmesi diýen ýaly konsensus arkaly kabul edildi.

Mysal üçin, şol rezolýusiýalaryň arasynda geçiş ykdysadyýeti bolan ýurtlaryň, ýagny Gündogar Ýewropa ýurtlarynyň we SSSR-iň synmagy netijesinde öz garaşsyzlygyna eýe bolan ýaş döwletleriň dünýä ykdysadyýetine goşulmak ugrundaky tagallalaryna kömek etmeklige gönükdirilen „Geçiş ykdysadyýetli ýurtlaryň dünýä hojalygyna goşulyşy” atly rezolýusiýa aýratyn orun tutdy. Bu resminamada şol döwletleriň düýpli içerki özgerişliklerine ýardam etmekligiň möhümligi, olaryň harytlarynyň we hyzmatlarynyň dünýä bazarlaryna has giň elýeterliliginiň üpjün edilmeginiň zerurlygy tassyklanyldy. Şeýle hem rezolýusiýa döwletleriň şol toparynyň içinde, şeýle hem olaryň arasynda we ösüp barýan dünýä bilen ykdysady hyzmatdaşlygyň täze çäklerini gözlemeklige ýardam etmeklige BMG-ni gönükdirdi.

Bu rezolýusiýanyň kabul edilmegi ýokarda agzalyp geçilen meseleleri global forumyň gün tertibinde ykjam berkidýär, BMG-niň ulgamynyň edaralarynyň, guramalarynyň amaly işiniň işjeňleşmegine ýardam edýär. Rezolýusiýanyň kabul edilmegi bilen şeýle hem esasy dünýä hojalyk meseleleleri boýunça BMG-niň ykdysady sektorynyň işine ugur görkezýän BA-nyň rezolýusiýalarynda şol döwletleriň

özboluşly zerurlyklarynyň şöhlelendirilmegi üçin goşmaça mümkinçilikler açylýar.

«Ykdysady kuwwatlanmagyň we durnukly ösüşiň bähbitleri üçin telekeçilik we priwatizasiýa» atly rezolýusiýanyň hem möhüm ähmiýeti bardyr. Hususan-da, şol resminama BMG-niň ulgamynyň degişli edaralaryny, guramalaryny we maksatnamalaryny, muňa haýyş bolan halatynda, agza döwletler bilen tehniki hyzmatdaşlygy giňeltmeklige, onuň degişli maksatnamalarynyň we çäreleriniň ownuk we orta kärhanalary guramak we ösdürmek, ýerli telekeçileri goldamak üçin amatly ýagdaýyň döredilmegine ýardam etmek ýaly ençeme anyk maksatly çäreleri göz öňünde tutmaklyga çagyrdy.

BMG-niň söwda we ösüş Maksatnamasynyň maglumatyna görä, 1993-nji ýylda dünýäde 28 sany deňze göni çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurt boldy. Şu jähtden, üstaşyr ýa-da başgaça aýdylanda, ýolagçylary, ýükleri bir ýurtdan başga bir ýurda ýoldaky ýurduň üsti bilen geçirmek ulgamyny kämilleşdirmekligiň hereketleriň maksatnamalaryny bilelikde amala aşyrmak üçin halkara hyzmatdaşlygyň zerurlygyny turuwbaşdan kesgitländigi düşnüklidir.

1993-nji ýylyň maýynda Nýu-Ýorkda deňze çykalgasy bolmadyk ýurtlaryň meselesi boýunça Maslahat bolup geçdi we onuň materiallary we teklipleri BMG-niň BA-synyň 48-nji mejlisinde ençeme rezolýusiýalaryň, hususan-da, «Merkezi Aziýada deňze çykalgasy bolmadyk döwletlere kömek» atly rezolýusiýanyň taslamasynyň taýýarlanylmagyna we kabul edilmegine ýardam etdi. Bu rezolýusiýada BA deňze çykalgasy bolmadyk täze garaşsyz we ösüp barýan döwletlerde, Merkezi Aziýa we goňşy ösüp barýan tranzit ýurtlarynda tranzitiň täsirliligini ýokarlandyrmak üçin halkara tehniki we maliýe kömeginiň dürli görnüşleriniň zerur bolup durýandygyny we şu jähtden, BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşi, Ykdysady hyzmatdaşlyk gurasmasy tarapyndan alnyp barylýan işiň uly ähmiýete eýe bolup durýandygyny tassyklady. Şonuň üçin hem Baş Assambleýa BMG-niň söwda we ösüş Maksatnamasynyň Baş sekretaryna BMG-niň Ösüş maksatnamasy bilen hyzmatdaşlykda deňze çykalgasy bolmadyk täze garaşsyz we ösüp barýan döwletlerde, Merkezi Aziýadaky we goňşy ösüp barýan tranzit ýurtlarynda tranzit ulgamynyň ýagdaýy-

na baha bermekligi, olaryň tranzit infrastrukturasynyň obýektlerini kämilleşdirmegiň maksatnamasyny işläp taýýarlamaklygy we şu rezolýusiýanyň durmuşa geçirilişi barada BA-nyň 49-njy mejlisine çenli doklad taýýarlamaklygy teklip etdi.

BA-nyň 48-nji sessiýasynda mejlisiň garamagyna BMG-niň Baş sekretarynyň haty hödürlendi. Bu hatda «Ösüş üçin gün tertibi» babatda ençeme agza döwletleriň pikirleri barada habar berildi. Bu hat ösüş meseleleri boýunça Ikinji komitetde çuňňur ara alyp maslahatlaşmalaryň geçirilmegine ýardam etdi. Bu mesele boýunça kabul edilen rezolýusiýada Baş Assambleýa Baş sekretaryň 1994-nji ýylyň ilkinji aýlarynyň dowamynda «Ösüş üçin gün tertibi» dokladyny çap etmekligi meýilleşdirýändigini gutlady we ösüş üçin gün tertibine we bu mesele boýunça Baş sekretaryň dokladyna seretmek üçin hökümetara çekişmäniň BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşinde (1994 ý.) we 49-njy mejlisde geçirilmelidigi barada karar etdi, şeýle hem ýardam bermegiň ýollaryna seretmek we ösüş üçin gün tertibine syýasy itergi bermek maksady bilen özüniň 49-nji mejlisinde ýokary derejede umumy mejlisi geçirmek barada karar kabul etdi.

**BA-nyň 48-nji mejlisinde durmuş, gumanitar we medeni meseleler boýunça onlarça rezolýusiýa kabul edildi.**

Başgalary ykrar etmeklik we olara dogry düşünmeklik, başgalar bilen bilelikde ýaşap bilmek ukyby we olara gulak salmak babatdaky takatlylyk islendik siwilizlenen jemgyýetiň we dünýäniň sagdyn esasy bolup durýar. Hut şonuň üçin hem BA 1995-nji ýyly sabyrlylyga bagyşlanan BMG-niň Ýyly diýip yglan etdi we agza-döwletleri Ýylyň milli we halkara maksatnamalaryny taýýarlamakda UNESCO bilen hyzmatdaşlyk etmäge we Ýylyň çäginde guraljak çäreleri amala aşyrmaklyga işjeň gatnaşmaklyga çagyrdy.

Maşgalanyň jemgyýetiň ilkinji ownuk topary bolup durýanlygyndan gelip çykmak bilen, BMG 1994-nji ýyly Maşgalanyň halkara ýyly diýip yglan etdi.

Türkmenistan jenaýatçylygyň, terrorçylygyň, neşe serişdeleriniň bikanun dolandyrylmagynyň garşysyna aýgytly çykyş edýär we bu ýaramaz hadysalaryň ýok edilmegi ugrunda halkara bileleşigi bilen ysnyşykly hyzmatdaşlyk alyp barýar. Muňa hususan-da, BA-nyň 48-

nji mejlisiniň gidişinde bikanun neşe serişdeler bilen göreş boýunça halkara hyzmatdaşlygyň meselesine Baş Assambleýanyň 4 sany umumy mejlisiniň bagyşlanmagy, oňa Türkmenistanyň işjeň gatnaşmagy hem şaýatlyk edýär.

Adam hukuklary döwletiň milli bähbitleri bilen ýakyndan özarabaglanyşykdadyr. Adam hukuklaryny we esasy azatlyklary höweslendirmekde we ösdürmekde halkara hyzmatdaşlygynyň amala aşyrylmagy aýratyn ähmiýete eýedir we munuň özi BMG-niň möhüm düzgünnamalaýyn maksatlarynyň biri bolup durýar. BMG-de şu meseleler bilen meşgul bolýan edaralaryň örän giň ulgamy bardyr. Baş Assambleýa her ýyl öz mejlisinde adam hukuklary meselesi boýunça takmynan 40-a golaý rezolýusiýa kabul edýär

Baş Assambleýanyň 48-nji mejlisi Owganystanda, Yrakda, Kambojada, Kubada, Sudanda, Eýranda we başga käbir ýurtlarda adam hukuklarynyň ýagdaýy barada rezolýusiýalary kabul etdi.

Türkmenistan çagalaryň hukuklaryny höweslendirmek we goramak, şeýle hem aýallaryň ýagdaýyny gowulandyrmak bilen bagly rezolýusiýalary hem işjeň goldaýar.

Aýallaryň deňhukuklylygy baradaky meseleler BMG-e döredileni bäri onuň işiniň üns merkezinde bolup gelýär. Gurama aýallar babatda adam hukuklaryny ösdürmek we goramak ugrundaky global işde, şeýle hem jemgyýetçilik durmuşynda, ykdysady we durmuş ösüşiniň ähli çäklerinde aýallara deň-derejeli mümkinçilikleri üpjün etmek boýunça tagallalarda esasy roly oýnady we oýnaýar. Şu ýerde diňe bir Baş Assambleýanyň 48-nji mejlisiniň aýallar meselesi boýunça, üstesine-de, sese goýmazdan 8 rezolýusiýa kabul edendigini nygtap geçmek ýeterlikdir. Şolardan birisi «Aýallar babatda zorlugy ýok etmek baradaky Jarnama» boldy. Bu resminamanyň kabul edilmeginiň aýallaryň hukuklarynyň doly hormat edilmeginiň üpjün edilmegi üçin örän möhüm ähmiýeti boldy. Hususan-da, Jarnamanyň 4-nji maddasynda «Döwletler aýallar babatdaky zorlugy ýazgarmalydyrlar we zorlugy ýok etmek babatda özleriniň borçnamalaryny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmak üçin hiç hili däp-dessurlara, adatlara we dini sebäplere salgylanmaly däldirler» diýlip aýdyldy.

Mejlisde esasy meseleleriň biri adam hukuklary boýunça BMG-niň Ýokary komissarynyň wezipesiniň döredilmegi boldy. BA bu mesele boýunça rezolýusiýany sese goýmazdan kabul etdi. Rezolýusiýanyň karar kabul edýän böleginde, hususan-da, adam hukuklary boýunça Ýokary komissaryň BMG-niň Düzgünnamasynyň, adam hukuklary boýunça ählumumy Jarnamanyň, adam hukuklary boýunça beýleki halkara resminamalaryň we halkara hukugynyň kadalarynyň çäklerinde hereket edýändigi, şeýle hem şol çäklerde döwletleriň özbaşdaklygyny, territorial bitewiligini we milli ýurisdiksiýasyny hormatlaýandygy aýdylýar.

Türkmenistanyň wekiliýeti şeýle hem medeniýetiň möhüm meseleleri boýunça BMG-niň BA-synyň mejlislerinde uly ähmiýeti bolan resminamalaryň ara alnyp maslahatlaşmagyna we kabul edilmegine işjeň gatnaşýar. Mysal üçin, BMG-niň BA-synyň 48-nji mejlisinde kabul edilen «Medeni gymmatlyklaryň olaryň gelip çykan ýurtlaryna gaýtarylyp berilmegi ýa-da restitusiýa edilmegi» atly rezolýusiýa goldanyldy. Onda Baş Assambleýa, hususan-da, agza döwletlere öz hususy miraslaryny we beýleki halklaryň miraslaryny goramak üçin zerur bolan kanunlary kabul etmekligi we olary pugtalandyrmaklygy, UNESCO bilen hyzmatdaşlykda öz territoriýalarynda, daşary ýurtlarda we ş.m. ýerleşýän medeni gymmatlyklaryň yzygiderli ýazgylaryny etmekligi teklip etdi. .

BMG-niň BA-synyň 48-nji mejlisiniň gün tertibinde **administratiw, býujet, halkara-hukuk meseleleri hem uly orun tutdy** we olar mejlisde giňden ara alnyp maslahatlaşyldy. BMG-niň has ähmiýetli gazananlaryndan biri, ol hem halkara hukugynyň kanunlarynyň ýygyndysynyň – konwensiýalaryň, şertnamalaryň we nusgalaryň işlenip düzülmegidir. Şol resminamalar ykdysady we durmuş ösüşine, şeýle hem halkara parahatçylygyna we howpsuzlygyna ýardam etmekde esasy rol oýnaýarlar. BMG tarapyndan işlenip taýýarlanylan ençeme şertnamalar döwletleriň arasyndaky gatnaşyklary tertibe salýan hukuk esasy döredýärler.

Türkmenistan halkara bileleşiginiň ähli gatnaşyjylarynyň bähbitlerini goramaklygy üpjün etmäge borçly bolan kadalaryň işlenilmegine aýratyn üns bermek bilen, halkara hukugynyň prog-

ressiw, ýagny öňdebaryjy ösmegi ugrunda BMG-niň çäklerinde turuwbaşdan işjeň çykyş edýär. Mysal üçin, BA-nyň 48-nji mejlisi şol sanda Türkmenistanyň wekiliýeti tarapyndan hem goldanan «BMG-niň halkara hukugynyň Onýyllygy barada (1990–1999 ý.ý.); «Halkara hukugynyň ýörelgeleriniň we kadalarynyň öňdebaryjy ösüşi barada» we başga rezolýusiýalary kabul etdi. Elbetde, bu resminamalaryň kabul edilmeginiň halkara hukugynyň dünýä jemgyýetçiliginiň bähbitlerine laýyklykda ösmegine gymmatly goşant bolandygy gürrüňsizdir.

Özüni dünýädäki täze ýagdaýlara uýgunlasşdyrmak üçin BMG geçen asyryň 90-njy ýyllarynyň başyndan öz esasy edaralarynyň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen ençeme ädimler ätdi. Hususan-da, eýýäm 47-nji mejlisiň gidişinde BMG-niň **Howpsuzlyk Geňeşini** özgertmek boýunça iş giň gerim alyp başlady. BA-nyň 48-nji mejlisinde ösüp barýan, goşulyşmaýan ýurtlar HG-niň düzüminiň giňeldilmegine, esasan hem, onuň işiniň usulyna uly ähmiýet berdiler. Döwletleriň aglaba köpüsi HG-niň düzüminiň giňeldilmegini dogry hasaplaýar. Käbir ýurtlar onuň düzüminiň 20-den 25 agza çenli köpeldilmegini teklip edýärler. Ýöne «HG-niň hemişelik agzalarynyň sanyny näçe köpeltmeli, ýa-da, umuman, olaryň sanynyň köpeldilmegi zerurmy?» ýaly soraglar hem gelip çykýar. Ençeme döwletler, aýratyn hem Ýaponiýa we Germaniýa eýýäm özleriniň hemişelik agza bolmalydyklary barada aýdýarlar. Soňra, eger hemişelik agzalyk barada gürrüň gidýän bolsa, onda başga bir sorag hem peýda bolýar: Afrikadan, Aziýadan, Günorta Amerikadan... haýsy ýurt hemişelik agza bolar? Şu nukdaýnazardan meseläniň çözgüdi ýeňil bolmajaga meňzeýär.

Howpsuzlyk Geňeşi boýunça ýene-de bir mesele. Täze agzalara weto hukugynyň berilmegi maksadalaýykmy? Ençeme döwletler wetony ulanmagyň çäklerini çäklendirmegi teklip edýärler, ösüp barýan ýurtlaryň aglaba köpüsi bolsa weto hukugyny demokratik däl institut hasaplaýarlar we geljekde onuň ýatyrylmagy ugrunda çykyş edýärler.

Mejlisde kabul edilen rezolýusiýa laýyklykda Baş Assambleýa HG-ni özgertmek bilen bagly ähli meselelere seretmek üçin açyk düzümden ybarat işçi toparyny döretmekligi karar etdi.

16 Sargyt № 2671

BMG-ni özgertmek meselesi boýunça Türkmenistanyň nukdaýnazary barada gysgaça aýdanymyzda, onda Türkmenistan BMG-niň global we sebitleýin derejelerde howpsuzlygy saklamak, durnukly ösüşe ýardam bermek boýunça onuň başarnygyny artdyrýan, Türkmenistanyň garaýyşlaryny pugtalandyrýan täzelenmesi ugrunda çykyş edýär.

BMG-niň BA-synyň 48-nji mejlisiniň esasy böleginiň jemini jemlemek bilen, şu aşakdaky umumy netijeleri etse bolar:

48-nji mejlis örän öndürijilikli işledi we adamzadyň durmuşynda BMG-niň barha ýokarlanýan roluny we ähmiýetini ýene bir gezek tassyklady. Gün tertibindäki meseleler boýunça çekişme ýiti, ynam esasynda bolup geçdi we ol özüniň uzakdan görüjiligi we mazmunlylygy bilen tapawutlandy. Umuman, BA-nyň mejlisinde özara düşünişmekligiň we gün tertibiniň esasy meseleleri boýunça ylalaşyk gazanmaklyga bolan islegiň ruhy agdyklyk etdi.

Mejlis «sowuk urşuň» tamamlanmagynyň halkara syýasatynda iki polýarly harçaňlaşmagyň aradan aýrylmagyna getiren hem bolsa, munuň netijesinde howpsuzlyk çäginde bolup geçen ýagdaýyň dürlüliginiň täze kynçylyklaryň peýda bolmagyna getirendigini belledi.

Köpçülikleýin gyryş ýaraglarynyň mundan buýana ýaýradylmagyny togtatmak üçin has hem köp işleriň edilmegi zerur bolup durýar. Adaty ýaraglar barada aýdylanda bolsa, onda gapma-garşylyklaryň öňüni almakda ýaraglaryň üstünden gözegçilik etmek boýunça çäreler we ynamy pugtalandyrmak boýunça çäreler esasy roly oýnamalydyrlar.

Halkara ykdysadyýeti babatda mejlis dürli sebitlerde we ýurtlarda ykdysady işjeňligiň derejesi birmeňzeş bolmasa-da, dünýä ykdysadyýetinde durgunlygyň ýa-da, başgaça aýdylanda, hereketsizligiň dowam edýändigini tassyklady.

Ykdysadyýeti güýçli depginler bilen ösýän Gündogar we Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlarynda olaryň hökümetleri hususy sektoryň kärhanalaryny we eksport işini işjeň goldaýarlar.

Hytaýyň ykdysadyýetiniň çalt depginler bilen ösmegi esli derejede merkezleşdirilip meýilleşdirmek ulgamynyň özgerdilme-

gi bilen şertlendirilendir. Ýöne bu ýagdaý ykdysadyýet boýunça bilermenleriň ykdysadyýeti geçiş döwründe bolan ýurtlara maslahat berýän «şok terapiýasyndan» tapawutlylykda ýuwaş-ýuwaşdan bolup geçdi.

BMG-da ykdysady meseleler barha möhüm we amaly ähmiýete eýe boldy. Munuň özi esli derejede mejlisiň dünýäniň durmuş-ykdysady ösüşiniň täze meýillerini we talaplaryny kabul edijiliginiň barha artmagy netijesinde mümkin boldy.

Adam hukuklary babatda adam hukuklaryny höweslendirmegiň we goramagyň halkara bileleşigi üçin iň möhüm wezipe bolup durýandygy nygtaldy, ähli ýurtlaryň, aýratyn hem, ösüp barýan ýurtlaryň ösüşe bolan hukugynyň möhüm ähmiýeti bellenip geçildi.

Mejlisiň netijeleri BMG-niň tapylgysyz guramadygyny, diňe onuň işiniň köptaraplaýyn häsiýete eýedigini we ähli halklaryň hyzmatyna goýulan global guramaçylykly güýç bolup durýandygyny görkezdi. Şol bir wagtyň özünde BMG-niň hereketlendiriji güýji we goldawynyň çeşmesi bolup agza-döwletler çykyş edýärler. Olar hereketleri ylalaşmagyň we utgaşdyrmagyň merkezi hökmünde BMG-niň mümkinçiliklerini doly derejede durmuşa geçirmäge tüýs ýürekden gyzyklanýandyklaryny aňlatdylar. Agza döwletler tarapyndan görkezilen syýasy erkiň ýokary derejesi soňra özüniň beýanyny BA-nyň rezolýusiýalarynda tapdylar.

Türkmenistanyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 48-nji mejlisiniň işine gatnaşmagy BMG-da onuň doly hukukly agzalygynyň başlangyç ugurlaryndan biri boldy. Bu bolsa biziň ýaş döwletimiziň garaşsyzlygynyň pugtalanmagyna ýardam etdi, şol bir wagtyň özünde hem ol dünýäde iň iri we abraýly Gurama bolan BMG-ni esli baýlaşdyrdy.

Resminama № 5

Türkmenistanyň Hytaý Halk Respublikasyndaky ilkinji Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisiniň daşary ýurtlarda ýaşaýan hytaýlylar («Huasýao») hakyndaky Habary («information», «справка»).

1999-njy ýylyň 25-nji iýuly.

Huasýao – munuň özi daşary ýurtlarda hemişelik ýaşaýan etniki hytaýlylardyr. Günorta-Gündogar Aziýa (GGA) ýurtlarynda hytaý diasporasynyň emele gelmegi XIV–XVII asyrlara, has takygy, 1368-1644-nji ýyllar aralygyna degişlidir. XIX asyryň ikinji ýarymynda we XX asyryň birinji ýarymynda has güýçli ösen migrasiýa ýagdaýlaryň netijesinde Hytaýdan, ozaly bilen bolsa, onuň günorta welaýatlaryndan ykdysady we syýasy sebäplere görä, başga ýurtlara millionlarça adamlar gidipdirler. 1980-nji ýyllaryň ortalarynda etniki hytaýlylar dünýäniň 90-dan gowrak ýurdunda ýaşapdyrlar.

Hytaý Halk Respublikasynda ykdysady özgertmeleriň üstünligi ençeme ýagdaýlar bilen şertlendirilendir. Ýöne şol ýagdaýlaryň arasyndaky bir hadysa barada welin, ol muňa doly mynasyp bolsa-da, adatça, seýrek ýazylýar. Bu ýerde gürrüň ykdysadyýeti, umuman, durmuşy kämilleşdirmek işinde hytaý diasporasynyň, ýagny huasýaonyň roly barada barýar. Şonuň üçin hem daşary ýurtlarda ýaşaýan hytaýlylar barada has dolurak durup geçmek hem gyzykly, hem-de peýdaly diýip pikir edýärin.

Delilleriň şaýatlyk etmegine görä, 1984-nji ýylda daşary ýurtlarda ýaşan hytaý diasporasynyň umumy sany 20 milliondan artypdyr, XX asyryň 90-njy ýyllarynda bolsa huasýaonyň umumy sany 60 million adam diýlip hasap edildi. Ýone olaryň roly san taýdan däl-de, eýsem, ozaly bilen, hil taýdan kesgitlenýär. Işjeň telekeçilik we söwda-süýthorlyk işi bilen huasýao ençeme döwletleriň, ozaly bilen bolsa, Günorta-Gündogar Aziýa döwletleriniň ykdysadyýetine esli täsir etmegi başardy.

Mysal üçin, 1995-nji ýylda Hytaý Halk Respublikasynda 1 milliard 200 million adam üçin öndürilen umumy içerki önüm (UIÖ) 650 milliard amerikan dollaryna barabar boldy. Şol ýyl huasýao 450 milliard dollarlyk önüm öndürdi we dürli hyzmatlar etdi. Başga sözler bilen aýdanymyzda, Hytaý Halk Respublikasynyň ilatynyň 5% düzmek bilen, huasýao onuň umumy içerki önüminiň 75% -ne barabar önüm öndürdi.

Ýene-de bir mysal. Hytaý Halk Respublikasynyň welaýaty hasaplanylýan we ilaty 23 million adamdan gowrak bolan Taýwandan soň (HHR häzirlikçe Taýwanyň üstünden özbaşdak hukuklaryny dikeldenok) sany boýunça iň uly hytaý diasporasy Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda ýerleşýär (1999-njy ýylda ABŞ-daky huasýaonyň sany 13 million adamdan artdy (1984-nji ýylda ol 1 million adam töweregi bolupdy). Gelip çykyşy hytaýly bolan amerikanlaryň ortaça bilim derejesi gelip çykyşy ýewropaly amerikanlaryňkydan ýokarydyr.

Huasýaonyň köpüsi Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlarynda jemlenendir we ol bu ýurtlarda özleriniň işjeň aragatnaşyklarynda özlerine mahsus bolan etniki ildeşlik raýdaşlygyndan doly derejede peýdalanýar. Mysal üçin, 1995-nji ýylda huasýao Singapurda bu ýurduň 4,5 mln adam bolan umumy ilatynyň 80%-ni, Malaýziýanyň 29,2 mln adamly ilatynyň 40%-ne golaýyny, Taýlandda bolsa ýurduň ilatynyň 20% tutdy. 248,2 mln ilaty bolan Indoneziýada şol döwürde 3,5% ýaşaýjy-hytaýlylar ýurtdaky hususy kapitalyň 73%-niň eýesi boldylar; Filippinlerde 2% husýaonyň elinde ýurdyň hususy kapitalynyň 50% boldy.

Pekinde hytaý diasporasynyň nähili uly kuwwatynyň bardygyna, onuň bilen işjeň gatnaşyklary alyp barmagyň nähili möhümdigine gowy düşünýärler. Şonuň üçin hem hytaý diasporasy üçin Hytaýyň gapylary hemişe açyk boldy we häzir hem şonlugyna galýar. Syýasy ugruň ähli egrem-bugramlyklarynda Hytaý ýolbaşçylygy huasýao bilen hoşniýetli gatnaşyklary üýtgewsiz saklap geldi we gelýär.

Şonuň üçin hem, haçanda XX asyryň 70-nji ýyllarynyň aýaklarynda Hytaý özgertmeler we açyklyk syýasatyny başlanda, daşary ýurtly telekeçileriň arasynda ilkinji hyzmatdaşlar huasýao boldylar. 1989-nji ýyldan soň, haçanda Amerikanyň Birleşen Ştatlary, Ýaponiýa, Günbatar Germaniýa Pekiniň merkezi meýdany bolan Týananmen meýdanynda bolan wakalar sebäpli Hytaýy ýkdysady sanksiýa sezewar edenlerinden soň, diasporadan gelýän maýanyň akymy aýratyn hem artdy  1997-nji ýylda materik Hytaýda Gonkong we Taýwan maýasynyň gatnaşýan kärhanalarynda 14 million hytaýly işledi. Özgertmeleriň ýyllarynda huasýao öz ata-babalarynyň ýurduna

ABŞ-nyň, Günbatar Ýewropanyň we Ýaponiýanyň bilelikde goýan maýalaryndan hem köp maýa goýdular. 1999-njy ýylda, mysal üçin, Hytaý ykdysadyýetine goýlan daşary ýurt maýalarynyň 55% huasýao degişli boldy. Umuman, hytaýyň ykdysadyýetine goýulan daşary ýurt maýalarynyň 60% huasýao degişli boldy. Daşary ýurtly hytaýlylar HHR-de diňe bir pul gazanman, eýsem bu ýurda muzdsuz kömek hem berýärler. Metbugat delillerine görä, 1978-1988-nji ýyllarda olaryň HHR-e beren mugt kömegi 800 million dollardan hem gowrak boldy. Munuň özi diňe bir etniki hytaýlylaryň däbe öwrülen watançylygy bolmady. Täze sebitleýin birleşiginiň –uly Hytaýyň ykdysady zolagynyň (UHYZ) emele gelmegi bolup geçdi.

Hytaý Halk Respublikasynyň işçi güýji, tebigi gorlary, alyjylar bazary, Taýwanyň maliýe, tehnologiýa we dolandyryş kuwwaty, Gonkongyň söwda tejribesi – bularyň ählisi, tutuşlygyna alnanda, geçen asyryň 90-njy ýyllarynyň aýaklarynda Bütindünýä bankynyň beren bahasyna laýyklykda, uly Hytaýyň ykdysady zolagyna dünýä ykdysadyýetiniň ösüşiniň dördünji polýusy bolmaga mümkinçilik berdi. Gonkongyň we Taýwanyň ilatlarynyň HHR-iň ilatynyň 2%-den hem azlygyna seretmezden, olar Hytaýyň häzirki zaman ykdysady gatnaşyklarynyň hil taraplaryna uly täsir edýärler. Munuň üçin, ozaly bilen, olaryň özleriniň ýeterlik kuwwata eýediklerini belläp geçmek gerek. 1979-njy ýyldan 1996-njy ýyla çenli gonkonglylaryň HHR-iň ykdysadyýetine goýan göni maýalarynyň göwrüminiň 99 milliard amerikan dollary bolandygyny aýtmak ýeterlikdir. (munuň özi şol döwürde çekilen daşary ýurt göni maýalaryň takmynan 50%-ne deň boldy). 1998-nji ýylda Gonkongyň we Taýwanyň pul gorlary 300 milliard dollardan geçdi. Uly Hytaýyň ykdysady zolagynyň ägirt uly maliýe kuwwaty XXI asyrda Aziýanyň ösüşiniň esasy hereketlendiriji güýji bolmagynyň ahmaldygyndan habar berdi.

Hytaý Halk Respublikasy üçin daşary ýurt hytaýlylar bilen ylmy-tehniki hyzmatdaşlyk hem uly ähmiýete eýe bolup durýar. XX asyryň 50-60-njy ýyllarynda HHR-e dolanyp gelen 400 müňden gowrak hytaý hünärmen-emigrantlary ýurduň ylmy-tehniki işgärleriniň esasyny düzýärler. HHR-iň Ylymlar akademiýasynyň prezidiumynyň agzalarynyň 50% golaýy, esasy institutlaryň

ýolbaşçylarynyň 3-den bir bölegi hytaý emigrasiýasynyň wekilleridir. Ýokary okuw mekdepleriniň dosentden başlap ýokary ylmy derejeli mugallymlarynyň üçden biri daşary ýurtly hytaýlylardyr. Belli amerikan alymlary, Nobel baýragynyň eýeleri, fizikler Ýan Çženmin, Li Çžendao, matematik Sýu Çentun her ýyl diýen ýaly Hytaýa gelýärler. Huasýaonyň güýji bilen döredilen gaznalaryň umumy gory 1990-njy ýylda 500 million dollar boldy. Şeýle gaznalar HHR-iň ýaşlarynyň ABŞ-nyň, Günbatar Ýewropanyň uniwersitetlerinde bilim almaklaryny maliýeleşdirýär.

Daşary ýurtly hytaýlylaryň HHR bilen hyzmatdaşlygynyň netijeliligi, elbetde, emigrantlaryň diňe bir ata-babalarynyň ýurduna bolan gyzgyn duýgulary bilen düşündirilmeýär. Bu ýerde köp zat hytaý häkimiýetleriniň syýasatyna bagly bolup durýar.

Watançylykly meýilli, hormata mynasyp daşary ýurtly hytaýlylaryň wekilleriniň atlary kitaphanalara, mekdeplere, köçelere, seýilgählere we ş.m. dakylýar. Emigrasiýanyň has görnükli wekilleri HHR-iň häkimiýetiniň ýokary edaralaryna saýlanýarlar, hökümet geňeşçileri bolup çykyş edýärler.

Watana dolanan daşary ýurtly hytaýlylara «medeni rewolýusiýa» döwründe olaryň ellerinden alnan maddy baýlyklary we öýleri gaýtarylyp berilýär, Hytaý Kompartiýasyna girmek üçin päsgelçilikler aradan aýrylýar. Huasýaonyň zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin gerek bolan ýerlerde ýörite banklar, dükanlar, myhmanhanalar, dynç alyş öýleri döredilýär. Emigrantlaryň garyndaşlaryna hem üns berilýär (Hytaýda şeýle adamlaryň 20 milliona golaýy bardyr). Olar, ilkinji nobatda, işe ýerleşmek hukugyndan peýdalanýarlar, olara ýokary okuw mekdeplerine girmekde, ýaşaýyş jaýlaryny almakda hem ýeňillikler berilýär, ençeme garyndaşlar özleriniň daşary ýurtlarda ýaşaýan ýakynlarynyň kompaniýalaryna ýolbaşçylyk edýärler.

Şunlukda, özgertmeler syýasatyny alyp barmakdaky öz üstünliklerini HHR huasýao tarapyndan berilýän goldaw bilen berk baglaýar. Şonuň üçin hem hytaý ýolbaşçylygy hytaý milletiniň geljegi we ykbaly barada aladanyň we Hytaýyň ösüşine bolan ünsüň hytaý diasporasynyň iň gowy däbi bolup durýandygyny belleýär, ýurdy

kämilleşdirmek işinde huasýaonyň tagallalaryny geljekde hem goldajakdygyny tassyklaýar.

Resminama № 6

Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň ýanyndaky ilkinji Hemişelik wekiliniň BMG-niň Baş sekretarynyň orunbasary – BMG-niň Sekretariatynyň Aziýa ýurtlary boýunça bölüminiň direktory, BMG-niň Baş sekretarynyň aýratyn tabşyryklar boýunça Ilçisi Raýmond Sommerins bilen söhbetdeşliginiň ýazgysy.

1993-nji ýylyň 9-njy marty.

Men jenap ilçi R. Sommerinse birnäçe gün mundan ozal türkmen halkynyň Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasyna girmeginiň bir ýyllygyny dabaraly belläp geçendigi barada gysgaça gürrüň berdim. Türkmenistanyň Hemişelik wekilhanasynyň BMG-niň işiniň mehanizmini çuňňur öwrenýändigi, BMG-niň Sekretariaty, Guramanyň ulgamynyň edaralary we guramalary bilen hyzmatdaşlygy ýola goýýandygy we ösdürýändigi, ýurdumyzyň wekiliýetiniň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 47-nji mejlisiniň işine işjeň gatnaşýandygy, umuman, Türkmenistanyň dünýä bileleşiginiň, şol sanda Türkmenistanyň bähbitleriniň hatyrasyna bu abraýly halkara guramasynyň täsirliliginiň barha ýokarlanmagy ugrunda uly tagallalar edýändigi hakynda aýtdym. Soňra men Türkmenistanyň Prezidentiniň we BMG-niň Baş sekretary Butros Burtos Galiniň ýakyn wagtda bolup geçjek duşuşygynyň Türkmenistanyň we BMG-niň arasyndaky hyzmatdaşlygyň mundan buýana çuňlaşmagyna nähili itergi berip biljegi hakynda jenap Ilçiniň pikirini bilmek isledim.

Jenap R. Sommerins meniň bu soragyma jogap bermek bilen, ýakyn wagtda boljak şol duşuşygyň gidişinde Türkmenistanyň BMG-niň işine gatnaşmagyna degişli meseleleriň tutuş toplumyna seredilip geçiler diýip, pikir edýändigini aýtdy. Beýleki anyk meseleler bilen bir hatarda sebitleýin parahatçylygynyň we howpsuzlygynyň

çägine degişli meseleleriň düýpli ara alnyp maslahatlaşylmagyna uly ünsüň beriljekdigini, sebäbi Baş sekretaryň sebitleýin parahatçylygy we durnuklylygy pugtalandyrmak boýunça tagallalara ileri tutulýan ähmiýet berýändigini nygtady.

Jenap R. Sommerins şeýle hem Baş sekretaryň Türkmenistan ýaly golaýda BMG-niň agzasy bolan ýaş garaşsyz döwletlerdäki ýagdaýa aýratyn üns berýändigini aýtdy. Şu jähtden, Merkezi Aziýany hem goşmak bilen, Orta Gündogar sebitinde emele gelýän ýagdaýyň örän ynjalyksyzlyk döredýändigini, owgan dawasynyň Ýer togalagynyň iň gyzgyn nokatlarynyň biri bolmagynda galýandygyny, Täjigistandaky ýagdaýyň hem uly birahatlyk döredýändigini nygtady.

BMG-niň Baş sekretarynyň orunbasary bularyň hemmesiniň – Türkmenistanyň ýakyn goňşulary bolup durýandyklaryny bellemek bilen, Hazar deňziniň beýleki tarapynda hem ýagdaýyň dartgynlydygy – bäş ýyldan gowrak wagtyň dowamynda halkara bileleşiginiň muňa howsala bilen syn edýändigi we Daglyk-Garabag gapma-garşylygynyň syýasy ýollar arkaly tertibe salynmagyna ýardam etmeklige çalyşýandygy barada gürrüň berdi, bar bolan sebitleýin we etniki gapma-garşylyklaryň ýaýramaklygyň hakyky howpuny özlerinde jemleýändigini nygtady.

Şu jähtden, jenap R. Sommerins BMG-niň Baş sekretarynyň durnuklylygyň adalary bolup durýan sebitiň sanly döwletleriniň tejribesine aýratyn gyzyklanma bildirýändigi, şeýle döwletlere Türkmenistanyň hem degişlidigini, şunuň bilen baglylykda Türkmenistanyň Prezidentiniň Nýu-Ýorka etjek saparynyň we onuň BMG-niň Baş sekretary Butros Butros Gali bilen duşuşygynyň gidişinde sebitdäki ýagdaýy durnuklaşdyrmak boýunça tagallalara Türkmenistanyň has-da işjeň goşulmagynyň mümkinçiliklerine we ýollaryna, parahatçylygyň we durnuklylygyň bähbitleri üçin Türkmenistanyň we Birleşen Milletler Guramasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmagyň meselelerine hökmany suratda serediljekdigini aýtdy.

BMG-niň Sekretariatynyň Aziýa ýurtlary boýunça bölüminiň direktory, BMG-niň Baş sekretarynyň aýratyn tabşyryklar boýunça Ilçisi hökmünde R. Sommerinsiň şahsy borçlaryna, elbetde, Mer-

kezi Aziýa döwletlerini hem goşmak bilen, tutuş Aziýa-Ýuwaş umman sebitinde syýasy ýagdaýlary yzarlamak boýunça iş, şeýle hem bişişýän gapma-garşylykly ýagdaýlary tertibe salmak boýunça Baş sekretara degişli maslahatlary, teklipleri taýýarlamak degişli bolup durýardy. Türkmenistanyň goňşusy bolan Owganystandaky dowam edýän gapma-garşylygy göz öňünde tutmak bilen, BMG bu meseläni çözmeklige ýardam etjek täsirli öňüni alyş çäreleriň hem gözleginde-di. Şonuň üçin hem R. Sommerinsiň haýyşy boýunça söhbetdeşligiň gidişinde biz şeýle hem Owganystandaky ýagdaý barada pikir alyşdyk.

Söhbetdeşligiň soňunda men BMG-niň Baş sekretarynyň orunbasaryny Owganystan babatda Türkmenistanyň resmi nukdaýnazary bilen hem tanyş etdim. Hususan-da, men Türkmenistanyň Owganystanyň içerki işlerine gatyşmazlyk syýasatyna eýerýändigini, ýurduň bitewiliginiň saklanylmagy ugrunda milletara, etnikara esasda gan döküşikligiň güýjemegine garşy çykyş edýändigini, owgan çökgünliginiň çözgüdiniň Owganystanyň halkynyň özüniň elindeliginden gelip çykýandygyny aýtdym, Türkmenistanyň Owganystanda milli ylalaşygyň, raýdaşlygyň bolmagyny we şu esasda ähli meseleleriň çözgüdini görmek isleýändigini, Owganystanda parahatçylygyň gazanylmagynda Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasyny ileri tutýandygyny, şol bir wagtyň özünde hem biziň döwletimiziň bu abraýly bütindünýä hökümetara guramasyna geljekde hem onuň owgan ugrundaky işinde hemmetaraplaýyn ýardamy berjekdigini nygtadym.

## NETIJE

Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan türkmen halkynyň çuňňur pähim-paýhasyna, onuň asyrlaryň dowamynda kemala gelen asylly däp-dessurlaryna hem-de ynsanperwer ýörelgelerine esaslanýan, ýurduň içerki ösüşiniň üpjün edilmegi üçin amatly daşky şertleriň döredilmegine, döwletiň garaşsyzlygynyň we howpsuzlygynyň pugtalandyrylmagyna, ykdysadyýetiň, halkyň abadançylygynyň we durmuşynyň hiliniň ýokarlanmagyna, dünýäde ählumumy parahatçylygyň, howpsuz we durnukly ösüşiň üpjün edilmegine gönükdirilen hemişelik, oňyn bitarap daşary syýasaty alyp barýar. Şol maksatlar üçin ähli döwletler, abraýly halkara we sebitleýin guramalary bilen ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn esasda syýasy, ykdysady, medeni-gumanitar we başga çäklerde dostlukly we özara ylalaşylan gatnaşyklary yzygiderli ösdürýär. Şu oňyn syýasatyň netijesinde şu günki gün biziň ýurdumyz halkara gatnaşyklarynyň ulgamynda öňdebaryjy orunlara çykdy, özüni ählumumy ýagdaýlara möhüm strategiki gatnaşyjy hökmünde tanatmagy başardy. «Biziň Bitarap döwletimiziň halkara hyzmatdaşlygynyň çäkleri hemişe giňelýär we köptaraplaýyn häsiýete eýe bolýar – diýip, Türkmenistanyň Prezidenti Ministrler Kabinetiniň 2014-nji ýylyň 11-nji dekabrynda bolup geçen giňeldilen mejlisinde eden çykyşynda aýtdy – Şunlukda, dünýä syýasy giňişliginde onuň roly we täsiri güýçlenýär».

Şol bir wagtyň özünde parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň bähbitleriniň hatyrasyna Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2013–2017-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynyň mundan beýläk hem üstünlikli durmuşa geçirilmegi, daşary syýasatymyzyň işjeňleşdirilmegi şol strategiýany durmuşa geçirmegiň tärleriniň, usullarynyň we serişdeleriniň jemi hökmünde ýurdumyzyň diplomatiýasynyň hem işjeňleşdirilmegini talap edýär. Şu jähtden, daşary-syýasy, diplomatik işiň esasy ugurlarynyň biri hökmünde daşary-syýasy habar işiniň ýa-da, başgaça aýdanymyzda,

habar-seljeriş-düşündiriş işiniň roly we ähmiýeti hem barha artýar. Şonuň üçin şu günki gün daşary-syýasy habar işini alyp barmaýan daşary-syýasy edarany, şeýle hem onuň diplomatik wekilhanalaryny göz öňüne getirmek mümkin däldir. Munuň sebäbi diplomatik wekilhanalaryň we konsullyk edaralaryň habar-seljeriş işiniň netijeleriniň daşary syýasatyň meseleleri boýunça döwlet derejesinde çözgütleri kabul etmek üçin esas bolup hyzmat edýänligindedir.

Hut şonuň üçin hem diplomatik işiň täsirliligini yzygiderli ýokarlandyrmagyň zerurlygy daşary-syýasy işiň, şol sanda onuň daşary-syýasy habar işiniň döwrüň talabyna laýyklykda alnyp barylmagyny, diplomatik işgärleriň seçilip alynmagyna we taýýarlanylmagyna aýratyn talaplar bildirýär. Şonuň üçin hem şol has möhüm talaplaryň esasylarynyň üstünde gysgaça durup geçeliň.

– Ozaly bilen, diplomatik işgär öz döwletine, halkyna, Prezidentine jan-dilden wepaly bolmalydyr. Hut şu sypat oňa ýüze çykýan ýagdaýlar seljerilende, şol sanda habar-seljeriş işinde hem öz halkynyň we döwletiniň bähbitlerine laýyk gelýän dogry kararlary tapmaga, hatda edermenlik görkezmäge kömek edýär.

– Türkmenistanyň milli bähbitleri döwletimiziň içeri, şeýle hem daşary syýasatynyň strategiki maksatlaryny we gündelik wezipelerini kesgitleýär. Şonuň üçin hem ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň işgärleri döwletimiziň bähbitlerini özleriniň ähli zehinleri we başarnyklary bilen goramalydyrlar, üpjün etmelidirler. Munuň üçin her bir diplomat ýurdumyzyň milli bähbitleriniň nämedigine anyk göz ýetirmäge, öz döwletiniň zerurlyklaryny dogry kesgitlemäge borçludyr. Habar-seljeriş-düşündiriş işi bilen diplomatik işgärleriniň ählisiniň meşgul bolýandyklary sebäpli, olaryň daşary-syýasy habar işinde hem Watanymyzyň we halkymyzyň düýpli bähbitlerinden gelip çykmaklary örän möhümdir. Bu talaby ýüreginiň emri bilen diplomatik gulluga gelen her bir diplomat hiç wagt ýatdan çykarmaly däldir.

– Muny biziň ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, haýsydyr bir halkara meselesi bilen baglylykda Türkmenistanyň saýlap almagy maksadalaýyk garaýşy barada teklipler işlenip taýýarlanylýan wagtynda, ozaly bilen, ýurduň bähbitleriniň üpjün edilmegi barada

pikir edilmelidir. Şol bir wagtyň özünde umumy ykbal bilen baglylyk dünýä bileleşigini siwilizasiýanyň aman galmagyny we onuň ösüşini üpjün etmek ýaly umumyadamzat bähbitlerini ileri tutmaga gönükdirmek bilen, ony giň gerimli oýlanmaga mejbur edýär. Şeýle şertlerde ýurtlaryň milli bähbitleri hamana umumysiwilizlenen bähbitleriň saýawanynyň aşagynda bolýarlar we şunlukda, olar halkara hyzmatdaşlygynyň ulgamynda, bähbitleriň dürli – ýerli, sebitleýin we ählumumy görnüşleriniň utgaşdyrylmagynda üpjün edilýärler.

– Türkmenistanyň diplomatik gullugynyň diplomatik işgärleri tarapyndan taýýarlanylýan habar özüniň ýokary hili bilen tapawutlanmalydyr. Sebäbi diplomatik habar diňe bir ýagdaý baradaky hasabat bolman, eýsem ol, ozaly bilen, professional seljermedir, ähmiýetli çaklamadyr. Şeýle hem diplomat ol ýa-da başga habary taýýarlamagyň zerurlygy barada Merkezden soramanyň gelip gowuşmagyna garaşmaly däldir – diplomatik habarlar ýurdumyzyň milli bähbitlerine laýyklykda diplomatyň başlangyjy we döredijiligi esasynda yzygiderli taýýarlanylmalydyr we Merkeze ýollanylmalydyr.

– Diplomatik habar bir ýa-da iki däl, eýsem köpsanly we dürli, şeýle hem has ygtybarly çeşmeleriň esasynda taýýarlanylmalydyr. Galyberse-de, adatça, diplomatiýany, ozaly bilen, hökümetiň syýasaty gyzyklandyrýar we şunlukda, ol, ilkinji nobatda, hökümet resminamalaryna, hökümetiň kanunlaryna we kararlaryna, onuň ýolbaşçylarynyň aýdanlaryna daýanmalydyr.

– Ýokary hilli habar-seljeriş materialyny taýýarlamak üçin diplomatyň uly syýasy, ýörite we umumybilim gözýetimi bolmalydyr, onuň şeýle hem bolýan ýurtduny gowy bilmegi, habar taýýarlaýan meselesinden düýpli baş çykarmagy zerurdyr. Sebäbi diplomatyň bolýan ýurduny ýüzleý bilmeginiň onuň syýasatyna ýüzleý häsiýetnama bermegine getirjekdigi düşnüklidir. Diplomatyň şeýle hem öz Watanynda - Türkmenistanda bolup geçýän zatlary bilmegi, ondaky syýasy ýagdaýyň ösüşiniň içerki sebäplerine gowy düşünmegi möhümdir. Elbetde, diplomat ýurdumyzyň öňünde durýan wezipeleriň tutuş dünýädäki ýagdaý bilen baglanyşygyna anyk düşünmelidir.

– Diplomatyň habar-seljeriş işi boýunça edýän netijeleri we öňe sürýän teklipleri sap ýüreklilik bilen oýlanylyşylan, saldamly,

çuňňur we gowy esaslandyrylan bolmalydyr, diňe şeýle edilende şol netijeleriň esasynda Merkezde kabul edilýän kararlar dogry we täsirli bolar.

– Ynsanyň, ilkinjileriň hatarynda bolsa, diplomatyň ahlak kämilliginiň derejesi onuň özenini tutýandyr. Ýokary ahlaklylyk diplomatik habar taýýarlanylanda hem diplomatyň öz mertebesini saklamagyny, wyždanly we sap ýürekli bolmagyny, şeýle hem käbir sebäplere görä, diplomatik habaryň ýoýulmagyna ýol berilmeginiň ahyrky netijede döwletiň bähbitlerine, onuň howpsuzlygyna zeper ýetirjekdigi barada onuň hemişe oýlanmagyny üpjün edýär.

– Men hemişe geljekki, şeýle hem diplomatik gullukda işe başlan diplomatlara «Diplomat hemişe hakykaty aýtmalydyr», diýip, sargyt edýärin. Sebäbi ýalan zat ir-u-giç ýüze çykýar. Şonda diplomatyň öz ýurduny we özüni nähili ýagdaýa saljagyny göz öňüne getireliň.

– Diplomatlara bildirilýän umumy talaplar barada gürrüň edilende, onda häzirki döwrüň diplomatynyň durmuşy gowy bilmeginiň, adamlaryň häsiýetine düşünmeginiň, täze syýasy, ykdysady, hukuk, maglumat jähtinden täzeçe pikirlenmäni başarmagynyň, daşary ýurt dillerini kämil derejede bilmeginiň zerurdygy hem aýratyn nygtalyp geçilmelidir. Şeýle hem geljekki diplomat ylmy seljerme we çaklama endiklerini ele almalydyr, ol ýokary medeniýetli, ýokary ahlakly, öz işine ýokary jogapkärçilik duýguly bolmalydyr, ýokary iş ukyplylygy bilen tapawutlanmalydyr.

– Diplomatyň beden sagdynlygy hem onuň maşgalasy we döwleti üçin örän möhümdir, sebäbi onuň saglygynyň bozulmagy diplomatik gullugyň bähbitlerine özüniň oňaýsyz täsirini ýetirip biler.

– Diplomat, elbetde, gaharlanmaly däldir. Başgaça aýdanymyzda, onuň nerwi hemişe ýerinde bolmalydyr, diplomat islendik ýagdaýda özüni sowukganly alyp barmalydyr. Onsuz diplomat ýagdaýy sagdyn, dogry, pähimli, parahat seljerip bilmez.

– Şeýle hem, diplomatyň şol bir meseläni çözmegiň dürli ýollarynyň bardygyny hemişe ýatda saklamagy gerekdir. Çykalgasyz ýagdaýyň ýoklugy her bir diplomatyň içerki şygary bolmalydyr.

– Daşary ýurtlarda diplomat özüni edepli we örän seresaply alyp barmalydyr. Şeýle hem döwletleriň, dürli ýurtlaryň adamlarynyň

arasynda aragatnaşyklaryň ösýän, «açyklyk» zamanynda beýleki döwletleriň syrlaryny bilmek tabşyrylan edaralaryň ozalkylary ýaly hereket edýändikleri ýatdan çykarylmaly däldir. Munuň özi agyr hakykatdyr we bu ýagdaýa hemişe üns berilmelidir.

– Belki-de, ýeňillik bilen aragatnaşyklara girmek maksady bilen bolsa gerek, daşary ýurtly diplomatlaryň arasynda özlerini aladasyz, hemişe şadyýan adam edip görkezmäge çalyşýanlar hem bolýar. Meniň pikirimçe, diplomat aktýor ýaly kimde bolsa biriniň roluny oýnamaly däldir. Ol bolşundan üýtgeşik boljak bolmaly däldir, özünde söhbetdeşine bolan açykgöwünlilik, sypaýyçylyk, ünslilik ýaly sypatlary jemlemelidir.

– Söz bilen işiň çapraz gelmegine hem ýol berilmeli däldir. Öz hakyky mümkinçiligiňi hasaba almazdan, hyzmatdaşa soňra ýerine ýetirip bolmajak zatlar barada söz bermeklik gowy däldir. Şeýle ýagdaýda diňe bir diplomatyň özi däl, eýsem onuň wekilçilik edýän edarasy, döwleti syýasy taýdan abraýdan düşüp biler.

– Diplomatyň işi, aýratyn hem, biziň häzirki döwrümizde diňe bir jogapkärçilikli we kyn iş bolman, eýsem ol howpludyr. Adatdan daşary şertlerde hereket etmegi başarmaklyk – häzir daşary aragatnaşyklaryň ähli görnüşlerindäki işgärlere bildirilýän talaplaryň biridir.

– Diplomatik gullukda ownuk zadyň bolmaýandygy hemişe ýatda saklanylmalydyr. Munuň özi diňe bir diplomatik protokola, diplomatik hat alşygyň kadalaryna we düzgünlerine, diplomatyň özüňi alyp barmagynyň we söhbetdeşligiň endiklerine we ş.m. däl, eýsem habar-seljeriş materiallaryň taýýarlanylyşyna hem degişlidir.

– Geljekki diplomatlar täze maglumat tehnologiýalarynyň ähli artykmaçlyklaryny bilmelidirler we habar üpjünçiliginiň serişdeleri bilen ýeterlik derejede işläp bilmek ukybyny edinmelidirler. Onsuz diplomatik işini, şol sanda daşary-syýasy habar işini üstünlikli alyp barmak mümkin däldir.

– Professional diplomat barada aýdanymyzda, onda ol habar bilen başarnykly işlemegiň sungatyny kämil ele alan adam bolmalydyr, ýagdaýa hakyky baha we düýpli oýlanylyşylan teklipler bermelidir.

– Habaryň kenarsyz ummanynda ondan çalt baş çykaryp bilmegi öwrenmek, delilleri dogry saýlamak, toplamak, olary başarnykly umumylaşdyrmak, olardan hakykatda gelip çykýan netijeleri etmek we olaryň esasynda öz teklipleriňi taýýarlamak – munuň özi Türkmenistanyň DIM-niň Halkara gatnaşyklary institutynyň uçurymlarynyň iň möhüm professional sypaty bolmalydyr.

Eger-de biziň şu günki talybymyz özüniň habar bilen işläp bilmek ukybynyň üstüne dürli adamlar bilen aragatnaşygy ýola goýmak we ösdürmek başarnygyny hem goşup bilse, onda onuň gymmatynyň has-da artjakdygy düşnüklidir.

– Biziň tejribämiz, şeýle hem halkara tejribesi haçanda daşary syýasat we diplomatiýa ýokary hünär derejesinde amala aşyrylanda, olaryň zerur bolan netijäni berýändiklerini aýdyň görkezýär. Şu jähtden, beýleki serişdeler bilen bir hatarda, türkmen diplomatlaryny taýýarlamakda ýurdumyzyň diplomatiýasynyň milli mekdebinde taýýarlanylýan, ylmyň we diplomatik tejribäniň häzirkizaman talaplaryna doly laýyk gelýän okuw kitaplaryň, okuw gollanmalaryň hem uly ähmiýeti bardyr. Hut şonuň üçin hem awtor «Diplomatik wekilhanalar we habar-seljeriş-düşündiriş işi» atly şu okuw kitabynyň hem geljekki türkmen diplomatlarynyň habar-seljeriş-düşündiriş işiniň esaslaryny we esasy ýörelgelerini, başgaça aýdanymyzda, habar taýýarlanyljak mesele barada habary ýygnamaklygyň we ony işläp taýýarlamagyň usullaryny, olary kesgitlemegiň, seljermegiň özboluşly tärlerini, şeýle hem daşary-syýasy we başga kararlaryň dürli görnüşleriniň kabul edilmeginiň netijelerine baha bermekligiň usullaryny ele almaklaryna özüniň saldamly goşandyny goşjakdygyna ynam bildirýär.

# DIPLOMATIK ADALGALARYŇ WE DAŞARY ÝURT SÖZLERINIŇ GYSGAÇA SÖZLÜGI

**Agent** – (lat. agens (agentis) – hereket edýän. 1) gözleg ýa-da razwedkaçylyk gullugynyň işgäri; 2) iş bilen baglanyşykly tabşyryklary ýerine ýetirýän wekil.

**Agentura** – gizlin maglumatlary toplamak maksady bilen guralýan agentleriň tory.

**Agitasiýa** – (lat. agitatio –herekete getirmek). 1. Köpçüligiň aňyna, keýpine we jemgyýetçilik işjeňligine täsir etmek üçin syýasy pikirleriň ýaýradylmagy; 2. Näme-de bolsa bir zada ynandyrmak wezipesini yzarlaýan hereket.

**Aksent** –(lat. accentus) – 1) basyş; haýsydyr bir zada basyş etmek – haýsy-da bolsa bir pikiri nygtamak, nämede bolsa bir zada üns çekmek.

**Amazonka** (gr. amazones – döş, kükrek) (gadymy rowaýatlara görä, ýaýy ynjalykly atmak üçin amazonkalar gyzlaryň sag göwsüni ýakypdyrlar). 1) gadymy grek rowaýatlarynda amazonkalar Gara deňziniň kenarlarynda ýaşan we goňşy ýurtlara ýörişler eden söweşjeň aýallar bolupdyr; 2) atly aýal.

**Analiz** (gr. analysis –bölme,böleklere bölme, türkm. seljerme) - bitewi zady pikiriňde we hakykatda aýry böleklere bölmekden ybarat ylmy barlagyň usuly; seljermäniň sintez (birleşdirmek, sazlaşdyrmak) bilen bir hatarda ylmy akyl ýetirişde uly ähmiýeti bardyr.

**Aragatnaşyk** – dürli tehniki serişdeleriň kömegi bilen habary bermek we kabul etmek. Ulanylýan serişdeleriň häsiýetine laýyklykda aragatnaşyk poçta we elektrik aragatnaşygyna bölünýär.

**Brifing** (iňlisçe sözme-söz – görkezme) - daşary syýasy edaralaryň we beýleki döwlet edaralarynyň, halkara we beýleki guramalaryň wekilleriniň metbugatyň, radionyň, telewideniýäniň wekillerini möhüm wakalar, halkara gepleşikleriň, maslahatlaryň, simpoziumlaryň, mejlisleriň gidişi, olara gatnaşyjylaryň garaýyşlary

we gazanylan netijeler bilen habardar etmek maksady bilen geçirýän duşuşyklary, söhbetdeşlikleri. Metbugat maslahatyndan brifing özüniň gysgalygy bilen tapawutlanýar, şeýle hem metbugat maslahaty bilen deňeşdirilende brifingiň resmiligi pesräkdir we onuň habarçylary habardar etmek häsiýeti bardyr.

**Gerakl** – grek mifologiýasynyň gahrymany, Zewsiň we ömürlik ýaşamaýan Alkmen atly aýalyň ogly. Adatdan daşary güýje eýe bolan Gerakl köp sanly edermenlikler edýär.

**Gippokrat** – ( b. e. öňki 460 – 370-nji ýyllar töweregi). Gadymy grek lukmany, antik medisinasynda özgertme geçiren adam. Gippokratyň ady bilen lukmanyň ýokary ahlak keşbi we onuň ahlak taýdan özüni alyp barmagynyň nusgasy baradaky düşünje baglydyr.

**Grif** – (fr. griffe) 1) gol nusgaly ýa-da haýsydyr bir golýazma tekstli möhür, bellik; 2) resminamadaky ýa-da neşirdäki olardan peýdalanmak boýunça aýratyn tertibi kesgitleýän ýazgy. Mysal üçin, «Gulluk maksatlary boýunça peýdalanmak üçin» atly bellik.

**Daşary-syýasy habar** – döwletiň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynyň esasy gündelik wezipelerinden biridir. Daşary-syýasy habaryň iki hili wezipesi bardyr: olaryň biri diplomatik wekilhananyň bolýan ýurdundaky ýagdaý we wakalar barada öz hökümetini habardar etmegidir; ikinjisi bolsa, bolunýan ýurdy diplomatik wekilhana tarapyndan wekilçilik edilýän döwletiň syýasaty barada habardar etmekden ybaratdyr.

Daşary-syýasy habaryň möhüm çeşmeleri ilçiniň premýer-ministr, daşary işler ministri we hökümetiň beýleki agzalary, diplomatik işgärleriň daşary ýurt diplomatik işgärleri bilen söhbetdeşligidir, ýurt boýunça saparlardyr, metbugat maslahatlarydyr, döwletiň içeri we daşary syýasatynyň meseleleri boýunça resmi resminamalaryny, resmi çap edilen işleri, döwürleýin neşirleri öwrenmekdir.

Ilçihana tarapyndan taýýarlanylýan daşary-syýasy habar syýasy bahalar berlen, kanunalaýyklyklar, geljekki ösüşiň meýilleri ýüze çykarylan oýlanyşykly seljerilen maglumat bolmalydyr.

**Daşary-syýasy meýilleşdirme** – döwletiň özüniň daşary-syýasy maksatlaryna ýetmegine gönükdirilen halkara çäginde onuň çäreleriniň, hereketleriniň geljege niýetlenip işlenip düzülmegidir.

Döwletleriň daşary-syýasy işiniň meýilleşdirilmegi şu aşakdaky esasy ugurlary öz içine alýar. Munuň özi, **birinjiden,** halkara gatnaşyklarynyň ulgamynyň, şeýle hem şol bir döwletiň we beýleki döwletleriň arasyndaky gatnaşyklaryň ösüşiniň çaklamasyny düzmekdir; **ikinjiden,** döwletiň daşary-syýasy maksatlara ýetmegi üçin onda bar bolan we peýdalanylyp bilinjek gorlaryň we serişdeleriň göwrüminiň kesgitlenilmegidir; **üçünjiden,** şol bir döwletiň ykdysady we syýasy bähbitlerinden gelip çykmak bilen, dürli ugurlarda onuň daşary syýasatynyň wezipeleriniň kesgitlenilmegidir; **dördünjiden,** şol wezipeleriň durmuşa geçirilmegine gönükdirilen daşary-syýasy çäreleriň toplumlaýyn meýilnamalarynyň işlenip düzülmegidir; **bäşinjiden,** hökümet tarapyndan tassyklanan daşary-syýasy çäreleriň meýilnamalarynyň iş ýüzünde amala aşyrylmagynyň maksatnamalarynyň işlenip düzülmegidir.

**Daşary-syýasy çaklaýyş** – munuň özi, umuman ýa-da aýry-aýry sebitlerde halkara gatnaşyklarynyň ösüşiniň ähtimallygyny kesgitlemekdir, halkara gatnaşyklarynyň ulgamynyň ol ýa-da beýleki bölekleriniň bolmagy ähtimal özgermeleriniň ugurlaryny seljermekdir; şol bir döwletiň daşary-syýasy hereketsleriniň bolmagy mümkin netijelerine baha bermekdir.

Halkara gatnaşyklaryň çäginde öňünden çaklamak sosial çaklaýşyň has çylşyrymly görnüşlerinden biridir.

**Dezinformasiýa** – nädogry habar, ýalan maglumat. Ýalan habar bermegiň üç sany görnüşi bardyr we olar: belli bir adamy ýa-da adamlaryň toparyny, şol sanda tutuş milleti ýalňyşlyga alyp barmak; manipulirlemek, ýagny hilegärlik, pirim etmek; haýsydyr bir mesele ýa-da obýekt babatda jemgyýetçilik pikirini döretmek bolup durýar.

**Diaspora** (gr. diaspora – dumly-duşa ýaýratmak) – halkyň esli böleginiň (etniki umumylygyň) gelip çykan ýurdunyň daşynda bolmagy; diasporalar ýurtdan mejbury çykarylmalaryň, genosit howpunyň bolmagy, belli sosial-taryhy ýagdaýlaryň hereketiniň netijesinde emele gelipdir.

**Diwersifisirlemek** (lat. diversus – dürli + facere – etmek) - dürlülik, köptaraplaýyn ösüş; önümçiligi diwersifisirlemek – şol bir wagtyň

özünde önümçiligiň biri-biri bilen bagly bolmadyk köp görnüşlerini ösdürmek, öndürilýän harytlaryň sanyny giňeltmek.

**Duýgy synalary** – munuň özi görüş, eşidiş, ys alyş, tagam duýuş, duýuş synalarydyr we olar duýuş nerw öýjüklerinden we kömekçi gurluşlardan durýarlar. Beden tarapyndan daşarky we içerki çäkden alynýan dürli gyjyndyryjylary kabul edýärler we seljerýärler, habary merkezi nerw ulgamyna geçirýärler. Duýgy synalary bedeniň daşky dünýä has kämil uýgunlaşmagyna ýardam edýärler.

**Döwletiň habar taýdan howpsuzlygy** – munuň özi döwletiň habar gorlarynyň saklanylmagynyň ýagdaýydyr we habar çäginde şahsyýetiň we jemgyýetiň kanuny hukuklarynyň gorawlylygydyr. Habar howpsuzlygy – şeýle hem habaryň gizlinliginiň, bitewiliginiň we elýeterliliginiň üpjün edilmek ýagdaýydyr.

**Eksterritoriallyk** – bir döwletde ýaşaýan diplomatik wekilleriň ýerli kanunlara däl-de, diňe öz döwletiniň kanunlaryna tabyn bolmaklyk hukugy; Eksterritoriallyk hukugy.

**Habar agentlikleri** – bular özleriniň hususy habar torlary arkaly habar ýygnamak bilen meşgul bolýan ýa-da habary başga çeşmelerden alýan we täzeliklerini KHBS-niň üsti bilen ýurduň içinde, şeýle hem daşary ýurtlarda ýaýradýan döwlet, kooperatiw ýa-da hususy-söwda guramalarydyr. Häzirki wagtda döwletleriň, takmynan, hemmesiniň habar agentlikleri bardyr. Frans Press (Fransiýa), Reýter (Beýik Britaniýa), Assoşieýted Press we Ýunaýted Press Interneşnl (ÝUPI) (ABŞ) we käbir başga ýurtlaryň habar agentlikleri aýratyn möhüm rol oýnaýarlar, sebäbi şol rol olaryň habary ýygnamak we ýaýratmak ulgamlarynyň uly göwrümleri we tehniki mümkinçilikleri bilen kesgitlenilýär.

**Habar urşy** *(iňlisçe - Information war)*. Bu adalganyň iki wezipesi bardyr. Onuň birinjisi, beýleki döwletiň raýat ilatyna we harby gullukçylaryna belli bir habary ýaýratmak bilen täsir etmek bolup, durýar. Adalganyň ikinji wezipesi bolsa, maglumat taýdan artykmaçlygy gazanmak maksady bilen özüniň hususy habaryny, habar ulgamlaryny gorap saklamak bilen bir wagtyň özünde garşydaşyň habaryna, habar ulgamlaryna zyýan ýetirmek üçin edilýän maksada gönükdirilen hereketlerdir.

Adatça, habar urşuny alyp barmagyň usullary nädogry habary ýaýratmak ýa-da habary özi üçin peýdaly görnüşde bermek bolup durýar. Şu usullar garşydaşyň territoriýasyndaky ilat tarapyndan bolup geçýän hadysalara berilýän bahany üýtgetmäge mümkinçilik berýär, şol ilatda ýeňliş duýgyny ösdürýär, soňra bolsa onyň habar taýdan täsir edýäniň tarapyna geçmegini üpjün edýär.

**Hunta** – (isp. junta, sözme-söz – ýygnak, birleşme) 1) Ispaniýada we Latyn Amerikasy ýurtlarynda jemgyýetçilik-syýasy guramalaryň ady; 2) käbir Latyn Amerikasy ýurtlarynda häkimiýetiň ýerine ýetiriji, hökümet edarasy; 3) häkimiýeti bikanun ýollar bilen basyp alýan we döwleti diktatorçylyk usullary bilen dolandyrýan dildüwüşijileriň topary.

**Imunisiýa** – harby gullukçylaryň ýarag bilen geýiminden beýleki enjamlary, şeýle hem harby atlaryň esbaby.

**Innowasiýa** – täzelik, täzelikçilik.

**Informatika** – ylmy habaryň düzümini we umumy häsiýetlerini, şeýle hem habary gözlemek, ýygnamak, saklamak, täzeden işlemek, adam işiniň dürli çäklerinde ýaýratmak we peýdalanmak bilen bagly meseleleri öwrenýän ylmyň pudagy.

**Instansiýa** –(lat. instantia –gönüden-göni, ýakynlyk) – döwlet edaralarynyň, partiýa we kärdeşler guramalarynyň ulgamyndaky basgançak, halka.

**Korrespondent** (fr. correspondant, lat. correspondere) -jogap bermek, habardar etmek) - ýerlerden maglumatlar ýollaýan köpçülikleýin habar beriş edaralarynyň işgäri.

**Kosmowideniýe** – kosmos telewideniýesi – kosmos giňişliginde ýa-da haýsy hem bolsa bir planetada ýerleşýän kosmos apparatynyň bortundan şekilleriň, suratlaryň berilmegi we olaryň telewizion gepleşiginiň tory boýunça kabul edilmegi.

**Köpçülikleýin kommunikasiýa** – metbugatyň, radionyň, telewideniýäniň, kinonyň, sesi ýazmanyň, wideo ýazgynyň üsti bilen şol bir jemgyýetiň ruhy gymmatlyklaryny tassyklatmak we adamlaryň bahalaryna, pikirlerine we özlerini alyp baryşlaryna ideologiki, syýasy, ykdysady taýdan täsir etmek maksady bilen maglumatlaryň yzygiderli ýaýradylmagy. Dolandyrmagyň, propagandanyň, mede-

niýeti ýaýratmaklygyň, reklamanyň serişdesi hökmünde köpçülikleýin kommunikasiýanyň häsiýeti we maksady jemgyýetiň sosial tebigaty bilen kessgitlenilýär.

**Mif** – 1. mif, rowaýat, erteki; Prometeý barada rowaýat 2. Sözüň göçme manysynda - toslama, hyýaly zat, ýalan zat.

**Mifologiýa** – 1. gahrymanlar, hudaýlar baradaky rowaýatlaryň toplumy 2. Mifleri, rowaýatlary, ertekileri öwrenýän ylym.

**Monolog** – öz-özüň bilen gürrüň etmek.

**Moratoriý** (lat. moratorius –saklaýan) – belli möhlete çenli ýa-da haýsydyr bir adatdan daşary wakalar tamamlanýança döwlet häkimiýetiniň ýörite resminamasy tarapyndan jar edilýän haýsydyr bir borçnamalaryň ýerine ýetirilmeginiň möhletiniň yza süýşürilmegi.

**Mýunhen ylalaşygy (1938)** – 1938-nji ýylyň 29-30-njy sentýabrynda Mýunhende Beýik Britaniýanyň premýer-ministri N. Çemberlen, Fransiýanyň premýer-ministri E. Dalade, Germaniýanyň faşistik diktatory A. Gitler we Italiýanyň faşistik diktatory B. Mussolini tarapyndan baglaşyldy. Ylalaşyk Çehoslowakiýadan Sudet oblastyny zor bilen almak we ony Germaniýa bermekligi, şeýle hem Wengriýanyň we Polşanyň hökümetleriniň Çehoslowakiýa territorial talaplarynyň kanagatlandyrylmagyny göz öňünde tutdy. Ylalaşyk Germaniýa tarapyndan tutuş Çehoslowakiýanyň basylyp alynmagyny (1939) öňünden kesgitledi, ikinji jahan urşunyň turmagyna ýardam etdi.

**Olimp** – Gresiýadaki has ýokary dag belentligi (2911 m.). Grek mifologiýasynda Olimp – mukaddes dag, Zewsiň ýolbaşçylygynda hudaýlaryň ýygnanýan ýeri.

**Pentagon** (gr. Pentagonon) – 1) bäşburçlyk; 2) Waşingtonyň golaýynda ABŞ-nyň Goranmak ministrligi ýerleşýän bäşburçly jaý.

**Plebissit** - (lat. plebisçitum- halkyň karary) – umumyhalk ses berişligi, referendum.

**Pressa** (fr. presse) –gündelik metbugat (gazetler, žurnallar).

**Press-attaşe** (fr.presse-attaçhe) – metbugat meselelerini alyp barýan attaşe.

**Press-býuro** (türkm. metbugat-býurosy) – ilçihanalaryň, metbugat agentlikleriniň we ş.m. ýanyndaky habar bölümi.

**Press-konferensiýa** ( iňlisçe, press-conference, türkm., metbugat maslahaty) - syýasy, jemgyýetçilik, ylmy işgärleriň uly jemgyýetçilik gyzyklanmasy bolan meseleler boýunça metbugatyň, radionyň, telewideniýäniň wekilleri bilen duşuşygy.

**Press-centre** – kongreslerde, festiwallarda we ş.m. žurnalistlere habar we guramaçylyk meseleleri boýunça hyzmat edýän bölüm.

**Prognostika** (gr. prognöstike) – çaklaýşy düzmegiň, kesgitlemegiň usullary.

**Prometeý** – grek mifologiýasynda Olimpdäki hudaýlardan ot ogurlap, ony adamlara beren pälwan. Munuň üçin ol Zewsiň buýrugy boýunça dagyň bir gaýasyna zynjyrlanyp berkidilipdir we müdimilik süteme sezewar edilipdir: her gün uçup gelen bürgüt onyň bir gijäniň içinde ýene-de ösüp ýetişen bagryny çokupdyr. Gerakl Prometeýi azat edipdir we bürgüdi öldüripdir.

**Propaganda** (lat. – propadare - ýaýratmak) – haýsy hem bolsa pikirleri, taglymatlary, garaýyşlary, bilimleri ýaýratmak we olary çuňňur düşündirmek; giň halk köpçüligine ideýa taýdan täsir etmek.

**Folklend (Malwin) adalary** – Günorta Atlantikada Argentinanyň kenaryndan 500 kilometrlikde ýerleşýärler, 200-e golaý ownuk adalardan durýarlar. Argentinanyň çeşmelerine laýyklykda, bu adalary 1520-nji ýylda ispan deňiz syýahatçysy E. Gomes açypdyr we Malwin adalary diýip atlandyrypdyr. Iňlisler bu adalary ilkinji gezek 1592-nji ýylda iňlis deňiz syýahatçysy Dž. Dewisiň açandygyny tassyklaýarlar. 1722-nji ýylda Parižde çap edilen kartada bu adalar Fransiýa degişli edilip görkezilipdir. 1764-nji ýylda fransuzlar bu adalarda jaý gurup başlapdyrlar, 1766-njy ýylda bolsa olar adalary ispanlylara 25 müň funt sterlinge satypdyrlar.

1816-njy ýylda La-Platynyň (häzirki Argentina) Birleşen welaýatlary ispan täjinden garaşsyzlygy yglan edipdirler. 1820-nji ýylda adalarda argentina baýdagy galdyrylypdyr we gubernator bellenipdir. Ýöne 1833-nji ýylda Beýik Britaniýa Günorta Atlantika harby ekspedisiýa ýollapdyr we adalary öz koloniýalary hökmünde yglan edipdir.

Şol döwürden bäri Argentina Beýik Britaniýadan adalaryň gaýtarylyp berilmegini gazanjak bolýar. 1982-nji ýylyň aprelinde Argen-

tinada Folklend (Malwin) adalarynyň üstünden öz özbaşdaklygyny berkarar etmek maksady bilen ol ýere özüniň harby kontingentini düşürdi we adalary özüniň 24-nji welaýaty yglan etdi. Britan hökümeti dörän dawany harby ýol bilen çözmekligi karar etdi we adalaryň etrabyna güýçli harby-deňiz eskadrony ýollady. Gazaply, ýöne uzaga çekmedik harby hereketlerden soň britan goşunlaryna adalaryň üstünden britan administrasiýasyny dikeltmeklik başardýar.

**Radiogramma** – radio boýunça berilýän maglumat.

Restitusiýa (lat. restitutio) – halkara hukugynda bir döwletiň beýleki döwlete uruş döwründe bikanun alan emläklerini gaýtaryp bermegi.

**Stenogramma** – haýsy-da bolsa bir dokladyň, sözüň we ş.m. stenografik ýazgysy.

**Teletaýp** (iňlisçe-teletype) – ýazuw maşynkasy ýaly klawiaturaly we ýazýan mehanizmli harp ýazýan telegraf apparaty; kabul edilýän habar gelen badyna kabul edýän apparatda lenta ýazylýar.

**Transformirlemek** (lat.trunsformare) – özgertmek, üýtgetmek, täze görnüşe öwürmek.

**Çaklama** (gr. prognösis) – öňden görmek, belli delillere esaslanýan näme-de bolsa bir zadyň ösüşi barada öňünden bir zat aýtmak, mysal üçin, howany çaklamak.

**Seýf** – (iňlisçe – safe) - resminamalary, pullary, gymmat bahaly kagyzlary saklamak üçin otda ýanmaýan polat şkaf ýa-da ýaşşik

**SSKP MK-nyň Syýasy býurosy** – Merkezi Komitetiň plenumlarynyň arasynda partiýanyň işine ýolbaşçylyk etmek üçin Merkezi Komitet tarapyndan saýlanýar. Ilkinji gezek 1917-nji ýylyň 10-njy oktýabrynda ýaragly gozgalaňa syýasy ýolbaşçylyk etmek üçin döredildi. Hemişelik hereket edýän edara hökmünde 1919-njy ýyldan başlap işläp başlady. (1952-1966-njy ýyllarda SSKP MK-nyň Prezidiumy diýlip atlandyryldy). Syýasy býuronyň mejlislerinde iň möhüm syýasy, hojalyk we içeripartiýa meseleler çözüldi. Şeýle meseleleriň esasy bölegi SSKP MK-nyň Sekretariaty tarapyndan taýýarlanyldy.

**Ekspert** – haýsy-da bolsa bir meselä seretmek bilen oňa netije berýän hünärmen.

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. Выступление Президента Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова на открытии нового здания Института международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана (1 сентября 2011 года). – Ашхабад, 2011.
2. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde eden çykyşy (2012-nji yylyň 10-njy dekabry). //Türkmenistan, 2012-nji ýylyň 11-nji dekabry.
3. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Bitaraplyk we öňüni alyş diplomatiýasy: parahatçylygyň we howpsuzlygyň esaslary» atly halkara maslahatynda eden çykyşy (Aşgabat, 2012-nji yylyň 11-nji dekabry). //Türkmenistan, 2012-nji ýylyň 12-nji dekabry.
4. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynyň mejlisinde sözlän sözi (Daşoguz, 2013-nji yylyň 23-nji oktýabry). //Türkmenistan, 2013-nji ýylyň 24-nji oktýabry.
5. Выступление Президента Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова на расширенном заседании Кабинета Министров Туркменистана. 20 декабря 2013 года. //Нейтральный Туркменистан, 21 декабря 2013 года.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň Bitaraplygy: parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň strategiýasy» atly halkara maslahata gatnaşyjylara Gutlagy. //Türkmenistan, 2013-nji ýylyň 11-nji dekabry.
7. Выступление Президента Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова на расширенном заседании Кабинета Министров Туркменистана. 20 декабря 2013 года. //Нейтральный Туркменистан, 21 декабря 2013 года.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynda sözlän sözi. (Türkmenabat, 2014-nji yylyň 20–nji oktýabry.//Türkmenistan, 2014-nji ýylyň 21-nji oktýabry.
9. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2014-nji yylyň 11-nji dekabrynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde eden çykyşy. //Türkmenistan, 2014-nji ýylyň 12-nji dekabry.

10. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynda sözlän sözi. (Türkmenbaşy, 2015-nji ýylyň 10-njy sentýabry). //Türkmenistan, 2015-nji ýylyň 11-nji sentýabry.
11. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Bitaraplyk syýasaty: Parahatçylygyň, howpsuzlygyň we ösüşiň ugrunda halkara hyzmatdaşlygy» atly halkara maslahatda sözlän sözi (Aşgabat, 2015-nji ýylyň 12-nji dekabry). //Türkmenistan, 2015-nji ýylyň 13-nji dekabry.
12. «Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. //Türkmenistan, 2013-nji ýylyň 4- nji ýanwary.
13. Türkmenistanyň daşary syýasatynyň we diplomatiýasynyň ileri tutulýan ugurlary hereketde. //Türkmenistan, 2013-nji ýylyň 18-nji fewraly.
14. Parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň strategiýasy: türkmen Bitaraplygynyň ýörelgeleri we ileri tutulýan ugurlary. //Türkmenistan, 2013-nji ýylyň 11-nji dekabry.
15. Дипломатия Туркменистана на службе интересов страны и международного сотрудничества . //Нейтральный Туркменистан, 18 февраля 2015 года.
16. XI JINPING. The governance of China. -2014, Foreign languages press. ABŞ-nyň gysgaça taryhy. ABŞ-nyň Döwlet departamentiniň Halkara maglumat maksatnamalary boýunça edarasy, 2008.
17. Багатуров А.Д. Очерки теории и политического анализа международных отношений. – Москва, 2002.
18. Барановский Е.Г., Владиславлева Н.Н. Методы анализа международных конфликтов. -Москва, 2002.
19. Бажанов Е.П. Китай и внешний мир.- Москва, 1990.
20. Бердиниязов С. Информационно-аналитическое обеспечение дипломатической деятельности. //Внешняя политика и дипломатия Туркменистана, 2013, № 2.
21. Болдин В.И. «Крушение пьедестала»: Разд. «Документы партии». -Москва, 1995.
22. Бессмертных А.А. Посол супердержавы // Междунар.жизнь. – 1999, № 12.
23. Виноградов В.М. Дипломатия: люди и события. – Москва,1998.
24. Внешнеполитическая информация и современная дипломатия. – Москва, 2001.

25. Внешняя политика Российской Федерации. 1992-1999. – Москва, 2000.
26. Гасанов Р.М. «Шпионаж особого рода». - Москва, Мысль 1989. Государственная служба за рубежом. Государственная информационная политика. – 2001, № 3.
27. Громыко А.А. Памятное. - Москва, 1988, Кн. 2.
28. Дегтярев А.А. Методологические подходы и концептуальные модели в интерпретации политических решений. // Политические исследования. 2003, № 1.
29. Демидов В.В. Информационно-аналитическая работа в международных отношениях. Учебное пособие. - Новосибирск: НГАЭиУ, 2004.
30. Добрынин А.Ф. Сугубо доверительно. - Москва, 1997.
31. Дубинин Ю.В. Дипломатическая быль. - Москва, 1997.
32. Загладин Н.В. История успехов и неудач советской дипломатии.- Москва, 1990.
33. Замятин Л.М. «Горби и Мэгги».- Москва, 1995.
34. Ермоленко Д.В. Социология и проблемы международных отношений. - Москва, 1977.
35. Иванов О.П. Военная сила в глобальной стратегии США. -Москва, 2008.
36. Информационно-аналитическая работа. Технология и опыт дипломатов, экспертных сообществ и спецслужб - Москва, 2008.
37. Иванов И.С. Новая российская дипломатия. Десять лет внешней политики страны. -Москва, 2002.
38. История дипломатии. Т.5. –Москва, 1979.
39. Ф-де Калер. О способах ведения переговоров с государями. -Москва, 2000.
40. Камбон Ж. Дипломат - Москва, 1976.
41. Karaýew B. Türkmenistan –BMG: parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň hatyrasyna hyzmatdaşlyk. //Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy, 2014, №3.
42. Капица М.С. На разных параллелях. Москва, 1976.
43. Карнеги Д. Как завоевать друзей и оказывать влияние на людей.- Минск, 1997.
44. Концептуальные основы национальной стратегии России. – Москва, 2007.

45. Концептуальное моделирование безопасности государств. – Москва, 2008.
46. Леонов Н.С. Информационно-аналитическая работа в загранучреждениях. – Москва, 1996.
47. Ли В.Ф. Теория международного прогнозирования. – Москва, 2002.
48. Майский И.М. Воспоминания советского дипломата. -Москва, 1987.
49. Никольсон Г. Дипломатия. - Москва, 1941.
50. Нисневич Ю.А. Информация и власть.- Москва, 2000.
51. Пальгунов Н.Г. Тридцать лет. Воспоминания журналиста и дипломата. - Москва, 1964.
52. Панов А.Н. Японская дипломатическая служба. -Москва, 1988.
53. Попов В.И. Современная дипломатия: теория и практика. Ч. 1.- Москва, 2000.
54. Примаков Е. Мир после 11 сентября. - Москва, 2002.
55. Процесс принятия внешнеполитических решений: исторический опыт США, Государства Израиль и стран западной Европы. – Ниж. Новгород, 1992.
56. Rahmanow A. Diplomatik gullugyň esaslary. –Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.
57. Rahmanow A. Birleşen Milletler Guramasy we onuň ulgamy. –Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.
58. Rahmanow A. Bitaraplygyň türkmen nusgasy.//Türkmenistan, 2015-nji ýylyň 4-nji fewraly.
59. Rahmanow A. Hindi topragynda türkmen bitaraplygynyň waspy. // Türkmenistan, 2015-nji ýylyň 8-nji apreli.
60. Rahmanow A. Bitaraplyk, //Türkmen dünýäsi, 2015-nji ýylyň 23-nji apreli.
61. Сатоу Э. Руководство по дипломатической практике. - Москва,1947.
62. Севостьян Ив. Внешнеполитическое планирование в США (Некоторые вопросы теории, практики и организации). - Москва, 1974.
63. Сергиев А.В. Предвидение в политике.- Москва, 1974.
64. Симонов К.В. Политический анализ.- Москва, 2002.
65. Советско-китайские отношения. 1945-1977.- Москва, 1977.
66. Fisher G.H. Public diplomacy and the behavioral sciences. Bloomington: Indiana University Press, 1972.

## MAZMUNY


Giriş .......................................................................................... 7

**I bap**
**Diplomatik gullukda habar işi**

§1.Häzirki zaman durmuşynda habaryň roly we orny..................... 14
§2. Diplomatik gullukda habar-seljeriş işi...................................... 23

**II bap**
**Bitarap Türkmenistanyň milli bähbitleri we onuň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary**

§1. Milli bähbitleriň emele gelmegi. «Milli bähbitler», «Daşary syýasatyň ileri tutulýan ugurlary» adalgalary barada düşünje ..................................................................... 30
§2. Türkmenistanyň milli bähbitleri. Ýurduň daşary syýasatynda ileri tutulýan ugurlar we olaryň durmuşa geçirilmegi ..................................................................... 34

**III bap**
**Diplomatik habara bildirilýän esasy talaplar**

§1. Diplomatik habaryň möhümligi we dogrulygy.......................... 58
§2. Diplomatik habaryň dolulygy we täzeligi................................. 66

**IV bap**
**Diplomatik wekilhanalaryň işgärleri tarapyndan taýýarlanylýan habarlaryň esasy çeşmeleri**

§1. Habaryň radio we telewideniýe, gazetler, ylmy-barlag merkezleriniň ýörite neşirleri, hökümet edaralarynyň maglumat materiallary esasynda taýýarlanylmagy.......................... 71
§2. Diplomatik habaryň işjeň çeşmeleri .......................................... 81
§3. Nädogry habar. Gönükdirilen habar ......................................... 107

**V bap**
**Diplomatik wekilhanalaryň habar resminamalarynyň görnüşleri**

§1. Diplomatik resminamalaryň ýyllyk syýasy hasabat, syýasy hat, habar haty, habar ýaly görnüşleri ........ 113
§2. Söhbetdeşligiň ýazgysy. Syýasy häsiýetnama. Şifrlenen telegramma ........ 123

**VI bap**
**Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalarynyň habar-seljeriş işiniň tejribesinden ........ 138**

**VII bap**
**Diplomatik gullukda habar-düşündiriş işi**

§1. Habar-düşündiriş işiniň ähmiýeti. Türkmenistanyň dünýäniň maglumatlar giňişliginde öz ornuny pugtalandyrmagy ........ 151
§2. Türkmenistanyň daşary-syýasy edarasynyň habar-düşündiriş işi ........ 162
§3.Diplomatik wekilhanalaryň we konsullyk edaralaryň habar-düşündiriş işi ........ 167

**VIII bap**
**Diplomatiýa we habar tehnologiýalary ........ 193**

**IX bap**
**Daşary-syýasy habary toplamak, seljermek we ulanmak boýunça işi döwlet derejesinde guramaklygyň halkara tejribesinden ........ 207**

Goşmaça ........ 217

Netije ........ 251

Diplomatik adalgalaryň we daşary ýurt sözleriniň gysgaça sözlügi ........ 257
Peýdalanylan edebiýatlar ........ 265

*Amangeldi Rahmanow*

# DIPLOMATIK WEKILHANALAR WE HABAR-SELJERIŞ-DÜŞÜNDIRIŞ IŞI

Ýokary okuw mekdepleri üçin
okuw kitaby

| | |
|---|---|
| Redaktor | *N.Kakabaýew* |
| Teh. redaktor | *O.Nurýagdyýewa* |
| Surat redaktory | *G.Orazmyradow* |
| Neşir üçin jogapkär | *B.Karaýew* |
| Kompýuter bezegi | *M.Ataberdiýewa* |

Çap etmäge rugsat edildi 15.03.2016. Ölçegi 60x90 $^{1}/_{16}$.
Edebi garniturasy. Şertli çap listi 17,0. Şertli reňkli ottiski 52,19.
Çap listi 17,0. Hasap-neşir listi 16,03.
Sargyt. № 2671. Sany 500.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat. Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.